**N. Batyrow, B. Soltanow, A. Gurbanow,**
**A. Gurbanmämmedow, R. Poladow, K. Taňryberdiýew,**
**O. Atadurdyýewa**

# TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝA

Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat–2011

UOK 373. 167. 1:616 – 001
B 32

**Batyrow N. we başg.**
B 32 **Trawmotologiýa we ortopediýa.** Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

«Trawmotologiýa we ortopediýa» okuw kitaby süňk şikesleri we ortopediki keselleri doly beýan edýär. Kitapda şikesleriň we zeperleriň öňüni alyş hem bejergi çärelerini saýlap almaklyga uly orun berilýär.

TDKP № 259, 2011 KBK 54.58 ýa 73

© Batyrow N. we başg., 2011 ý.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmen döwleti Garaşsyzlyk ýyllary içinde gysga wagtyň içinde tanalmaz ýaly özgerdi.

Mertebesi belent Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagy netijesinde saglygy goraýyş ulgamy düýpgöter üýtgedi we täze Galkynyş eýýamyna gadam basdy. Ýurtda dünýä derejesindäki lukmançylyk merkezleriň we hassahanalaryň birnäçesi guruldy we gurulýar.

Döwlet derejesinde 1995-nji ýylda kabul edilen “Saglyk“ döwlet maksatnamasy bu gün ýurdumyzda doly çözgüdini tapdy. Saglygy goraýyş ulgamy maşgala lukmançylyk gullugyna doly geçdi we ol amaly lukmançylykda öz mynasyp ornuny tapdy.

Keselleriň öňüni almakda uly işler amala aşyryldy, birnäçe ýokanç keselleri ýurtda düýpgöter ýok edilendigi hakynda sertifikatlar alyndy.

Şikesleriň sebäplerini öwrenmeklik olaryň öňüni alyş çärelerini düzmek, şikeslerde ýüze çykýan gaýrüzülmeleriň öňüni almak, maýyplygyň sanyny azaltmak boýunça geçirmeli işleriň 2008-2010-njy ýyllar üçin döwlet strategýasy kabul edildi we durmuşa geçirildi.

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň maglumatlaryna görä dünýäniň ähli ýurtlarynda şikesleriň sany ýylsaýyn artýar. Uly şäherlerde ulag serişdeleriniň has artmagy ulag-ýol heläkçiliginiň we howply hadysalarynyň artmagyna getirip şikesleriň sanyny artdyrýar.

Ýurt garaşsyzlygy ýyllary içinde şikesleriň we ýol hadysalarynyň azalmagyna başgaça çemeleşildi. Dünýä derejesindäki gurlan iki taraplaýyn köp hatarly ýollar, çatyryklardaky sowalga ýollar, köçeleriň gowy yşyklandyrylmagy, oba hojalygynda ulanylýan kämil tehnikalar, howa ýollarynda uçýan uçarlar, döwlet derejesinde täzelendi we şikesleriň, zeperleriň sanynyň düýpli peselmegine getirdi.

Biziň ýurdumyz dünýä halklarynyň arasynda şikesler-trawmatizmiň ähli görnüşleri boýunça pes görkezijisi bolan döwletleriň hataryna goşuldy.

Şikesleriň sanyny azaltmak we trawmatologiýa hem ortopediýa kömegini has-da döwrebaplaşdyrmak we talyplaryň şu ugurdan bilim derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen trawmatologiýa hem-de ortopediýa kitaby türkmen dilinde ýazyldy.

Trawmatologiýa we ortopediýa kitaby türkmen dilinde ýazylanda şu ugurdan internet täzeliklerine, ösen ýurtlaryň edebiýat çeşmelerine, Gündogaryň belli alym lukmanlary Ibn Sinanyň, Gürgenliniň, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň we beýlekileriň ylmy işlerine salgylanyldy.

# I bölüm

# UMUMY TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝA

## I bap

## TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝA YLMYNYŇ TARYHY

Trawmatologiýa, bu grek sözi bolup, adamynyň synasyna ýeten zeperleri we şikesleri öwrenýän ylymdyr. Adamynyň sütüni bolan süňk skeleti we ony herekete getirýän ýumşak dokumalary bolan muskullaryň, siňirleriň, baglaýjylaryň kesellerini hem şikeslerini bilelikde öwrenmeklige *trawmatologiýa* we *ortopediýa* diýilýär.

Adamynyň süňküne şikes ýetende ony bejermegiň usullary adamzada örän gadymdan mälimdir. Müsürde gazylyp tapylan tapyndylaryň arasynda biziň eýýamymyzdan 2500 ýyl ozalky mumiýalaryň içinde süňk döwülende palma agajynyň ýapragy bilen seýiklenip bejerilenleri tapylypdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki IV asyrda Gippokrat öz işlerinde (döwükler hakynda, bogunlar hakynda, kelläniň şikesleri diýen bölümlerinde) dürli synalarda süňk döwükleriniň, bogun çykyklarynyň esasylary hakynda, olaryň alamatlary, bir-birinden tapawudy, ilkinji kömegi bermek we bejergileri hakynda örän giňişleýin ýazypdyr.

Gippokrat tarapyndan hödürlenen çykyklary ýerine salmagyň usullary, şu günki güne çenli ulanylyp gelinýär. Beýik alym trawmatologiýa ylmyna örän uly goşant goşýar – onuň ulanan oturgyçlary, gurallary, çagalarda gyşyk daban keseli bolanda ony ýuwaş-ýuwaşdan ýerine owkalap (redressasiýa) eltip, soňra gurşundan guýlan ortopediki köwüşleri geýdirmegi, häzirki zamanda trawmatologiýa we orto-

pediýada peýdalanylýan gurallaryň asyl nusgasydyr, ýöne olar häzir has kämilleşendir.

Birinji asyrda ýaşap geçen rimli alym Korneý Sels özüniň işinde (Lukmançylyk hakynda) Gippokratyň ýazan, aýdyp geçen işlerini öwrenip üstüni ýetirýär we käbir süňk keselleri hakynda ýazyp ortopediýadan iki sany operasiýany hem ony amala aşyrmak üçin gurallary hödürleýär.

Şol döwrüň başga bir alymy Galen (131-206-njy ýyllar) oňurga sütüniniň käbir keselleri hakynda ýazyp, ol ilkinji bolup oňurga sütüniniň kesellerinde skolioz, lordoz, kifoz diýen jümleleri ulanýar we şu günki güne çenli peýdalanylyp gelinýär. Lukmançylyk ylmy 900-1000-nji ýyllyklarda arap we Merkezi Aziýa ýurtlarynda has çalt depginde ösýär.



**1-nji surat. Abu Aly ibn Sina (980-1037)**

Trawmatologiýa we ortopediýa ylmy Gündogar, şol sanda türkmen lukmanlarynyň arasynda lukmançylygyň beýleki pudaklarynyň içinde iň gadymy döwürden bäri mälimdir. Gündogaryň belli alymlary Abu Aly ibn Sina, Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Muhammet Gaýmaz Türkmen ýaly alymlar, ussa Haýty ýaly lukman seýikler trawmatologiýa we ortopediýa ylmyny ösdürmekde uly yz galdyran alymlardyr.

Abu Aly Al-Huseýn ibn Abdulla ibn Al-Hasan ibn Aly ibn Sina – Gündogaryň belli alymy 980-nji ýylda Buharanyň golaýyndaky Afşan obasynda dogulýar we 1037-nji ýylda aradan çykýar (*1-nji surat*).

Beýik alym özüniň ýaşan gysga ömründe ylmyň beýleki pudaklary bilen birlikde lukmançylykda öçmejek yz galdyrýar. Alymyň ylmy işleriniň arasynda «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly 5 tomdan ybarat kitaplar toplumy tebipçilik ylmynyň esaslaryny öz içinde jemleýär.

Ibn Sina lukmançylyk hakynda ýazan işlerinde Gippokratyň, Galeniň we Abu Bakr Ar-Razyniň işlerine salgylanýar we öz öňünde ady agzalan alymlaryň işlerindäki ýetmezçilikleri aýyrmagy hem özüniň göz ýetiren ylmy işlerini üstüne goşup, lukmanlara okap öwrener ýaly kitaplary ýazmagy maksat edinýär. Onuň ýazan «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly kitaplar toplumy soňky 100 ýyllyklaryň dowamynda lukmanlaryň, tebipleriň esasy ylmy çeşmesi bolup hyzmat edýär we 1114-nji ýylda Gerard tarapyndan arap dilinden latyn diline terjime edilýär.

Kitap çykaryjy gurallar çykandan soň, çap edilen kitaplaryň arasynda sany boýunça birinji ýerde durýar. XV asyrdan başlap Ibn Sinanyň 5 kitapdan ybarat «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» işi 120 gezekden gowrak täzeden neşir edilýär. Dünýäniň lukmançylyk mekdeplerinde we institutlarynda XVII asyryň ahyryna çenli talyplary okatmakda esasy ylmy çeşme bolyp hyzmat edýär.

Gündogar halklary Rus döwletine ýakyn hem bolsa, alymyň kitaplaryny diňe 1952-nji ýylda, ýagny dünýäniň ähli halklary beýik alymyň 1000 ýyllyk ýaşyny bellän döwründe rus diline terjime etmeklige rugsat berildi we 1961-nji ýylda doly terjimesi halka ýetirildi.

Ibn Sina trawmatologiýa we ortopediýa ylmynyň düýbüni tutujy diýip çekinmän aýdyp bolar, sebäbi onuň ylmy işleriniň içinde adamynyň süňküniň durky, ony herekete getirýän synalar we agzalar, süňkleriň, damarlaryň, nerwleriň, bogunlaryň, baglaýjylaryň şikesleri hem keselleri ýazylyp giňden beýan edilýär. Ol ilkinji bolup keselleri doga we ýolugan görnüşlere bölýär. Beýik alym lukmanlaryň we tebipleriň ilkinji hatarda anatomiýa we fiziologiýa ylmyny amal etmelidiklerini nygtap kitaplarynyň 1-nji tomyny şol pudaklara bagyşlaýar. Kitapda süňkleriň görnüşleri, atlary, olaryň anatomiýasynyň belgileri, deşikleri, çykyntgylary her süňke birigýän muskullary, olaryň sany we ýerine ýetirýän işleri hakynda ussatlyk bilen beýan edilýär.

Ylmy kitaplaryň 4-nji tomy ten ýaralaryna, zeperlere, çykyklara, süňk şikeslerine bagyşlanyp, olaryň öňüni almaklygyň, zeperlenmäni we şikesi anyklamaklygyň usullaryny hem-de bejergi çärelerini aýratyn ýazyp beýan edýär.

Beýik alymyň trawmatologiýa we ortopediýada ulanan usullary, gurallary, abzallary lukmanlaryň şu günki ulanýan enjamlarynyň köpüsiniň asyl nusgasydyr. Ibn Sinanyň zeperlenmeler we şikeslenmeler hakynda aýdanlaryna we ulanan bejergi usullaryna, biz kitabyň her bölüminde salgylanarys hem-de giňişleýin getireris.

Lukmançylygyň trawmatologiýa ulgamynda el bilen seýiklemegiň (konserwatiw bejergileriň) kömek etmedik halatynda, ol operasiýa etmekligi nygtaýar we birnäçe operasiýalaryň ediliş tertibini hödürleýär. Alymyň ylmy işlerine salgylansak operatiw bejerginiň düýbüni tutanlaryň biridir diýsek hakykatdan daş düşmeris.

Lukmançylyk ylmyna uly goşant goşan Gündogaryň tebipçilik ylmyny dünýä tanadan alymlaryň biri Seýit Ysmaýyl Gürgenlidir. Ol 1257-nji ýylda Gürgen şäherinde doglup, 1337-nji ýylda Mary şäherinde aradan çykýar we şol ýerde jaýlanylýar. Beýik alymyň özi türkmen bolsa-da ýazan kitaplaryny pars dilinde ýazypdyr. Tebipçilige degişli 10 tomdan ybarat (Zehire) kitaplar toplumy bolup, öz wagtynda türk, jöhit, urdu, pereň, arap dillerine terjime edilýär. Täze türkmen jemgyýetiniň gurulýan döwründe bu dana alymyň zehininden kemala gelen açyşlary türkmen halkyna elýeterli boldy. Lukmançylyk babatynda ady äleme dolan bu şahsyýet täze Galkynyşlar zamanasynda milli buýsanja, ruhy galkynyşa eýe boldy. Gürgenliniň «Tebipçiligiň ýan kitaby» golýazmasy 1996-njy ýylda türkmen diline terjime edilip, lukmanlara gollanma hökmünde ýetirildi. Gürgenliniň ylmy çeşmelerinde keseli anyklamaklyga, ýakyn dertlerden tapawutlandyrmaklyga uly üns berilýär.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli dertleri, şikesleri bejermek üçin köplenç ýapgylary we derman hökmünde ot-çöpleri, baglaryň miwelerini ulanypdyr. Beýik alym kitaplarynda saglygy goramakda howanyň, suwuň, iýmitiň, egin-eşigiň, ýaşaýan ýeriň, ýyl pasyllarynyň täsiriniň uludygyny nygtap, tebigaty gorap saklamagyň we onuň kanuna laýyklygyna esaslanyp ulanmaklygyň möhümdigini aýdýar.

Gürgenli trawmatologiýa we ortopediýa ylmyna degişli makalalar toplumyny ýazyp, tebiplere çykyklary, süňk döwüklerini, ýaralary hem beýleki şikesleri, zeperleri bejermegiň tärleri barada hem-de seýiklere gündelik işlerinde ulanar ýaly maslahatlar berýär.

Gürgenliniň tebipçilik hakynda ýazan kitaplary yslam döwletleriniň hemmesinde we Ýewropa ýurtlarynyň tebipleri taýýarlaýan mekdeplerinde asyrlaryň dowamynda okuw kitaby bolup hyzmat edýär.

Trawmatologiýa we ortopediýa ylmyny ösdürmekde uly işleri ýerine ýetirenleriň biri-de fransuz alymy Ambruaz Paredir (1510-1590). Onuň oňurganyň kesellerinde ulanan korsetleri, ortopediki köwüşleri, dyzçanak süňküniň döwügini bejermekde hödürlän usuly we beýleki ortopediki enjamlary häzirki günlere çenli ähmiýetini ýitirmän gelýär.

1660-njy ýylda ýaşap geçen alym Glisson rahit keseliniň öňüni alyş çärelerini, konserwatiw bejergisini, oňurganyň boýun böleginiň çykygyny ýerine salmakda, şikesleri seýiklemekde ulanan halkasy (Glissonyň halkasy) şu döwre çenli peýdalanylyp gelinýär.

Fransuz alymy Andri (1658--1742) ortopediýa sözüni girizip, onuň (dogry terbiýelemek) diýen manyny berýändigini ýa-da “çagany fiziki taýdan dogry terbiýelemek” diýip ýazypdyr we şondan bäri trawmatologiýa, ortopediýa jümlesi goşalanyp şu güne çenli ulanylyp gelýär. Alym kiçi ýaşly çagalaryň süňkleriniň maýyşgak bolýandygyny we olaryň gyşyklyklaryny (deformasiýalaryny) paýalap bejerip bolýandygyny ýazypdyr. Andri tarapyndan egri agajy paýalap dogrladylan görnüşli suraty ortopediýanyň çekilen nyşany bolup galdy (*2-nji surat*).



**2-nji surat. Trawmatologiýa we ortopediýanyň nyşany**

1837-nji ýylda Londonly alym Littl tarapyndan birinji ortopediýa hassahanasy açylýar we işläp başlaýar. Littl ysmaz keseliniň täze görnüşini ýazyp, onuň alamatlaryny doly beýan edýär we şu döwre çenli Littliň keseli diýip atlandyrylýar.

Ortoped alym Lorens ortopediýa kesellerini diňe bir konserwatiw usullary arkaly däl-de, operasiýa edip bejerip bolýandygyny aýdyp, gyşyk dabanlary, but çykyklaryny, skolioz, ýasy daban kesellerini operatiw bejermegiň usullaryny işläp düzýär we ýola goýýar.

Russiýada lukmançylygyň beýleki pudaklary bilen birlikde trawmatologiýa we ortopediýa ylmy Pýotr I-iň tagta geçmegi bilen ösüp başlaýar. Ol Peterburgda seýikçilik mekdebini we 1764-nji ýylda Moskwanyň uniwersitetinde seýikçilik bölümini açýar.

1769-1815-nji ýyllarda alym H.H. Salamon trawmatologiýa we ortopediýa degişli birnäçe makalalary ýazýar we şol ugurdan okadyp başlaýar. Ý.O. Muhin 1760-1850-nji ýyllarda 20-den gowrak golýazmalary we okuw kitaplaryny ýazýar. Peterburgda H.H. Salamon, Moskwada Ý.O. Muhin şu ugurdan ilkinji seýikçilik bilen meşgullanýan lukmanlary taýýarlap başlaýarlar. 1810-1881-nji ýyllarda alym, lukman N.I.Pirogow trawmatologiýa we ortopediýa ylmyna uly goşant goşýar, ol ilkinji gezek gips sargylaryny ulanýar, amputasiýa etmekligiň, döwük ýerini hereketsizlendirmegiň we agyryny aýyrmagyň täze usullaryny girizýär.

1885-1892-nji ýyllarda Russiýanyň uly şäherlerinde trawmatologiýa we ortopediýa degişli hassahanalar açylýar, olara dürli ýyllarda N.F. Gagman, K.K. Reýer,W.I. Kuzmin,W.A. Perminow ýaly belli lukmanlar ýolbaşçylyk edýär hem demir plastinalary, süňkleri ulanyp osteosintez operasiýasyny ýola goýýarlar.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda Mary welaýatynda lukman-seýik ussa Haýty tebipçilikde meşgurlyk gazanypdyr. Halkyň arasyndaky ýatlamalara görä, ussa Haýty ýerine barmaýan but çykygy bolan näsagy birnäçe gün suwsuz saklanan öküziň üstünde oturdyp, iki aýagyny öküziň göwresiniň aşagyndan daňyp öküze suw beripdir. Öküziň garny kem-kemden ulalyp, çişip çykyk ýerine salnypdyr. Bulardan başga-da, ussa Haýty döwük süňkleri seýiklemekde öz ýasan çekiji gurallaryny ulanypdyr. Ussa Haýty ujaklaryň döwük süňklerini seýikläp berkidiji ýapgylary ýapanda, ýapgynyň aşagyndan

birhatar inçejik gamyş böleklerini goýupdyr we ujagyň ýapgydan aşaky böleginde çiş ýüze çyksa, gamyş çybyklaryny geregiçe aýryp gysylmanyň öňüni alypdyr.

1900-nji ýylda trawmatolog alym G.I. Turner tarapyndan Peterburgda ilkinji şu ugurdan kafedra açylýar. Alym trawmatologiýa ylmyny ösdürmekde örän köp işleri edip, ol gips sargylarynyň täze görnüşlerini, dyzçanak bognunyň kesellerini, süňk inçekeselini we başga-da köp keselleri bejermekligiň ýollaryny hödürleýär.

1900-nji ýylda alym lukman Roman Romanowiç Wreden ortopediýadan 20-den gowrak täze operasiýa usullaryny hödürläp, trawmatologiýa we ortopediýadan köp gollanmalary ýazýar we şol ugurdan okadýar.

Şunuň bilen birlikde XX asyryň başynda Russiýada iki sany mekdep, ýagny Turneriň we Wredeniň ýoly boýunça işläp başlaýar.

Moskwada trawmatologiýa we ortopediýa instituty 1921-nji ýylda açylyp, oňa N.N.Priorow ýolbaşçylyk edýär.

Ukrainanyň Harkow şäherinde 1927-nji ýyldan başlap trawmatologiýa we ortopediýa žurnaly çap edilip başlandy. Sowetler hökümetinde trawmatologiýa we ortopediýa ylmy 1940-njy ýyldan başlap has depginli ösdi we ady dünýä belli bolan alymlar ýüze çykdy. Olardan W.D.Çaklin operatiw ortopediýadan okuw kitabyny ýazdy, täze gurallary, operatiw usullary özleşdirdi.

O.N.Guduşuari, W.K.Kalnsberg – ilkinji bolup süňk böleklerini seýikleýji, olaryň arasyny geregiçe gysyp we açyp bolýan (kompresiýa we distraksiýa beriji apparatlary) enjamlary oýlap tapdylar. Wolkow bilen Oganesýanyň enjamy öňkülerden has kämil bolup, ol bogunlaryň hereketiniň çäklenmesinde, bogna ýakyn döwüklerde ulanylyp meşgurlyk gazandylar.

Belli rus trawmatology K.M. Siwaş but-çanaklyk bognunyň demirden ýasalan endoprotezini hödürledi, ol soňky döwürlerde kämilleşdirildi we şu günki güne çenli ähmiýetini ýitirenok.

1970-nji ýyllarda alym ortoped G.A.Ilizarowyň oýlap tapan täze kompressiýa we distraksiýa beriji enjamy bütin dünýäni haýran etdi. Ol öz ylmy açyşlarynda enjamyň kömegi bilen süňkleri gerek uzynlygyna ösdürip bolýandygy, süňk ýetmezlerini (defektler) dol-

duryp ol ýeriniň döwük ýerini açman bitirip bolýandygyny mälim etdi. Ilzarowyň enjamy, esasan çagalaryň doga ýetmezlerinde, açyk döwüklerde, ýagny döwülen ýeri iriňlänem bolsa, ol ýerik barman enjamy goýup bitirip bolýandygy, bahasyna ýetip bolmajak açyşdyr. G.S.Ýumaşew, S.S.Tkaçenko, A.A.Korž ýaly alymlar okuw kitaplaryny ýazdylar we uly institutlara ýolbaşçylyk edip geldiler.

Türkmenistanda trawmatologiýa we ortopediýa ugrundan işleýän klinikalar 1960-njy ýyllarda açyldy, soňra welaýat merkezlerinde, Atamyrat, Baýramaly, Türkmenbaşy şäherlerinde işläp başlady. 1965-nji ýylda şol wagtky Türkmen Döwlet lukmançylyk institutynda trawmatologiýa we ortopediýa dersini okadýan özbaşdak ders açyldy, 1972-nji ýylda kafedra boldy, we häzirki wagtda ol trawmatologiýa, ortopediýa we harby meýdan hirurgiýasy diýlip atlandyrylýar.

## II bap

## TRAWMA, TRAWMATIZM WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI

Trawma (şikes) diýlip bir wagtda daşky gurşawyň (mehaniki, termiki, himiki, radiasiýanyň, elektrik togunyň) we beýleki ýagdaýlaryň täsir edip adamyň bedeniniň anatomiýasyna onuň tutuşlugyna zeper ýetirmegine aýdylýar.

Adam tenine şikes ýetip, onuň dokumalaryna, agzalaryna ýetiren täsiri astynda bolup geçýän üýtgemelere (patologiki proseslere) trawma keseli ýa-da şikesi diýip aýdylýar.

1975-nji ýylda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy tarapyndan geçirilen halkara maslahatynda (trawma) şikes adalgasyna gaýtadan seredildi we şu aşakdakylar tassyklandy:

1. Ýeke-täk şikes – adam teniniň bir agzasyna we onuň bölegine ýa-da bognuna ýeten zeperine aýdylýar. Meselem, but süňküniň biriniň döwülmegi, ýa-da diňe bagra zeper ýetmegi.

2. Köp şikesler diýlip adam synasynda bir bada bir görnüşli zeperleriň iki ýa-da ondan hem köp agzalarynda bolmagyna aýdylýar. Meselem, injik süňkleriniň sag we çep taraplarynyň döwülmegi ýa-da süňk döwükleriniň ýokarky hem aşaky ujaklarda bolmagydyr.

3. Utgaşyk şikesler diýlip dürli zeperleriň agzalaryň birnäçesinde

bolmagyna aýdylýar. Meselem, aýagyň süňkleriniň döwülmegi we garyn boşlugyndaky dalaga zeper ýetmegi ýa-da kelläniň şikesleri hem gapyrgalaryň döwülmegi.

4. Goşulşan şikesler diýlip iki ýa-da ondan hem köp sebäpleriň bir wagtda täsir edip ýetiren şikeslenmelerine we zeperlenmelerine aýdylýar. Meselem, süňkleriň mehaniki ýagdaýyň täsiri astynda döwülmegi we termiki zeperiň täsiriniň netijesinde ýanyk zeperleriň ýetmegidir.

Trawmatizm bu belli bir adamlar ýa-da işgärler toplumynyň bir şertde, ýaşaýan, işleýän böleginiň şikes almagynyň sebäpleriniň öwrenilmegidir. Şikesleriň gelip çykyşyny öwrenmek, onuň öňüni alyş çärelerini işläp düzmekde hökmany zerurlykdyr.

Trawmatizm iki bölege bölünýär: iş wagty alnan we iş wagty bolmadyk. Iş wagtyndaky trawmatizme kärhanalalrda, edaralarda, oba hojalyk işinde alnan şikesler girýär. Iş wagtynda bolmadyk trawmatizme köçede, öýde, ýol hereketlerinde, sport ýaryşlarynda we çagalaryň oýnan mahalynda tötänleýin alan şikesleri degişlidir.

*Iş wagtyndaky trawmatizm* – kärhanalarda, gurluşyklarda we beýleki işlerde işläp şowsuz hereket edip ýa-da gurallaryň, enjamlaryň döwülmegi bilen baglanşykly ýa-da iş wagty ýykylyp şikes almagyna, şonuň ýaly-da oba hojalygynda işläp şikesler almagyna aýdylýar.

Şikeslenmeleriň sebäpleri öwrenilende şikes ýetiriji ýagdaýlara görä aşakdakylara bölünýär:

1. Guramaçylyk bilen baglanşykly sebäpler – ýagny, iş dogry guralmadyk ýagdaýynda we enjamlaryň näsazlygy, işçileriň howpsuzlygyny goraýan serişdeleriň düzüw däldigi we beýleki tehniki howpsuzlygynyň kada-kanunlaryny üpjün edilmezligi.

2. Tehniki sebäpler – gurallaryň, enjamlaryň işe ukyply däldigi, goraýjy enjamlaryň bolmazlygy, tokly simleriň açyklygy we ş.m.

3. Üpjünçilik baglanşykly sebäpleri – işgärler belli bir ýöriteleşdirilen geýimler bilen we beýleki çäklendirilen goraw serişdeleri bilen üpjün edilmezligi girýär.

4. Sanitariýa-gigiýena sebäpler – iş ýeriniň ýagty bolmazlygy, garaňkylygy, aşa sowuk ýa-da aşa gyzgyn bolmagynyň täsiri, howanyň geregiçe çalşylmazlygy, iş ýeriniň hapalygy degişli.

5. Şahsy sebäpler – Işgäriň spirtli içgileri içmegi we beýleki neşeleri ulanmagy, keselli bolsa-da işe çykmagy, iş usulyny doly öwrenmänligi girýär. Iş wagtyndaky şikeslenme işçini bir günden artyk işläp bilmezlige getirse, ýörite delilnama ýazylyp iş derňelýär we sebäbini anyklaýarlar.

Iş wagty alnan şikeslenmäniň agyrlygyny lukmanlar anyklaýar we ýörite görkeziji boýunça kesgitleýär. Her ýylyň aýagynda hemme kärhanalar iş wagty bolan şikesler boýunça kärdeşler arkalaşygyna hasabat berýärler.

Trawmatizmi kärhanada anyklamak üçin üç sany görkezijini bilmeli:

1. Şikeslenmeleriň sanyny 100 ýa-da 1000 işçä hasaplanýar.
2. Işçileriň şikesler sebäpli işe çykmadyk günleri hasaba alynýar.
3. Şikeslenmeleriň agyrlygy.

Şu üç sany görkeziji esasynda kärhanada işiň nähili derejede ýola goýlandygyny we şikesleriň sebäplerini kesgitläp bolýar hem-de oňa garşy çäreleri çalt düzüp bolýar.

*Iş wagtynda bolmadyk trawmatizm.*

Iş wagtynda bolmadyk trawmatizmlere şikeslenmeleriň köpüsi girýär we olary aşakdaky görnüşlere bölýärler:

**1. Ulag-ýol** hadysalarynda (UÝH) alnan şikesler:

UÝH – esasy tomus we güýz aýlary, şonuň ýaly-da hepdäniň ahyrynda hem günüň ikinji ýarymynda köp bolýar. UÝH sebäpli şikes alanlaryň aglabasy köp şikeslenmeleri we utgaşyk şikeslenmeleri alýarlar, kelle beýni şikesi 40%-de, gan akma we trawmatiki şok ýagdaýy 30-35%-de gabat gelýär. Köçe trawmatizmine ýol-ulag serişdesi sebäpli bolmaýan şikeslenmeler girýär. Trawmatizmiň şu görnüşinde, esasan bertikler köp bolýar.

**2. Hojalyk trawmatizmi** – öýde, melleginde, öz ussahanasynda, ulagjaýynda işläp alnan we ş.m. şikeslenmeler girýär. Trawmatizmiň şu görnüşinde, kesilen ýaralar, bertikler, ýanyklar köp gabat gelýär.

**3. Bedenterbiýe trawmatizmi.** Trawmatizmiň şu görnüşinde sport türgenleşiklerinde, sport ýaryşlarynda, esasan, futbol, gimnastika oýunlarynda dyz çanak bognunyň şikeslenmeleri köp duş gelýär. Göreş, at çapyşygy, maşyn-motor-tigr ýaryşlarynda süňkleriň döwükleri, çykyklar gabat gelýär.

**4. Çaga trawmatizmi.** Trawmatizmiň şu görnüşine çagalaryň oýun oýnaýan we beýleki seresapsyzlyklary sebäpli alan şikesleri girýär.

**5. Öňüni alyş çäreleri.** Kärhanalarda işgärler toplumynyň arasynda köp gabat gelýän şikeslenmeleriň sebäpleri anyklanandan soňra, onuň öňüni alyş çäreleri işläp düzülýär. Işgärlere işiň tertibini, gurallary, enjamlary, esbaplary işletmegiň ugurlaryny we tehniki gorag serişdeleriniň, ýöriteleşdirilen eşikleriň geýilmegi, iş ýeriniň ýagtylygy hem beýleki iş kadalaryny saklamaklyk öwredilýär.

Işgärleriň arasynda spirtli içgileriň, neşe serişdeleriniň ýetirýän zyýany hakynda wagyz-nesihat işini yzygiderli ýola goýmaly.

Ýurdumyzda gurulýan dünýä derejesindäki gara we demir ýollary, ulag-ýol hadysasynyň peselmegine getirse, täze gurlan sport desgalary, sagaldyş ýollary hem seýilgähleri çagalar trawmatizminiň köp derejede azalmagyna ýardam berýär.

## III bap

## ŞIKESLENME WE ZEPERLENME ÝETEN NÄSAGLARY BARLAMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY WE USULLARY

Şikeslenme alan we zeperlenme ýeten näsaglary barlap, kesgitleme goýmaklygyň beýleki lukmançylygyň kliniki ugurlaryndan käbir aýratynlyklary bar. Näsag barlananda şu aşakdaky yzygiderliligi saklamaly:

1. Näsagyň arzy.
2. Keseliň taryhy.
3. Seretmeklik.
4. Ujaklaryň uzynlygyny we göni oklaryny ölçemek.
5. Bogunlaryň hereketini barlamak.
6. Muskullaryň güýjüni barlamak.
7. Rentgen şekillerini, kompýuter tomogrammasyny görüp öwrenmek.
8. Barlaghana barlaglary.
9. Ýörite gurallar bilen ýa-da ugurlar bilen barlamak (biopsiýa, artroskopiýa).
10. Keseli anyklamak.

1. Näsagyň arzy soralanda ilki agyrynyň barlygyny ýa-da ýoklygyny anyklamaly, eger agyry bar bolsa, hemişe agyrýarmy ýa-da hereket edende ýüze çykýarmy, agyry nirä çenli ýaýraýar, meselem, oňurgalaryň arasyndaky ketirdewükler zaýalananda çüýjük bognunyň hereketi örän agyryly (armyt görnüşli muskulyň alamaty) bolýar ýa-da näsag ýöräp barýarka agyrynyň täsirinden durmaly bolýar (meniskleré zeper ýetende). Mundan başga-da, trawmatologiýa we ortopediýa näsaglary bogunlaryň agyrysyna, hereketiniň çäklenmegine ýa-da ýoklugyna, göze görnüp duran beden agzasynyň kadadan çykmasyna (deformasiýalara), ýörände agsaklaýandygyna, iş ukybynyň peselmegine hem beýleki arzlary aýdýarlar.

2. Anamnez ýa-da keseliň taryhy soralanda şikeslenme ýa-da zeperlenme haçan, nirede, nähili ýagdaýda alandygyny anyklamaly. Nirä ýüz tutupdyr, nähili kömekler berlipdir. Ortopediýa keselleriň başky kliniki alamatlarynyň ýitmegi mümkin, ony näsagyň özüniň ýa-da ýakyn hossarlarynyň kömegi bilen anyklamaly.

3. Seredip barlananda ilki näsagyň nähili ýagdaýda oturyşyna we oturyp turşyna üns bermeli, hereketlerini özi ýa-da biriniň kömegi bilen amala aşyrýarmy, ýa-da özüne amatly ýagdaýy tapýarmy, käbir şikeslerde aýagyny ýa-da elini belli bir agyrsyz ýagdaýda saklap başga hereket etmeýär. Endamyna, deri örtügine seredip onuň reňkine üns bermeli, gan öýülmeler barmy we nirelerinde, meselem, gözüniň töwereginde halkalaýyn gan öýülme bar bolsa, kellä, beýnä şikes ýetendigini aňladýar. Deriň aşagyna gan öýmeler, ýanbaşynda, budunda ýa-da çanaklykda bolsa, aýagyny ýerden göterip bilmeýän bolsa, onda çanaklyk süňkleriň ýa-da but süňküniň boýunjygynyň döwlendiginden habar berýär.

4. Ortopediýa näsaglaryň köplenç ujaklarynda deformasiýalar bolýar, we anyklamak üçin ujaklarda geçirilen göni çyzyklaryň nireden başlap nirede gutarýandygyny hem nämeleriň üstünden geçýändigini bilmeli.

Aşaky ujak barlananda çanaklygyň ýokarky öňki çykyntgysyndan birinji barmaga çenli geçirmeli, şonda çyzyk dyz çanak süňküniň ortasyndan geçýär. Eger çyzyk aýagyň iç tarapyndan geçse, onda *warus*, daş ýüzünden geçse, *walgus* deformasiýasy diýilýär (*3-nji surat*). Ýokarky ujaklarda çyzyk çigin süňküniň kellejiginden tirsek süňküniň

kellejigine çenli geçirilse, onda tirsek bognunda bilek süňküniň kellejiginiň üstünden geçýär. Eliň tirsek bognundan çyzyk içine giden bolsa walgus, daşynda bolsa, warus deformasiýasy diýilýär. Käbir kesellerde, meselem, rahit keselinde iki taraplaýyn deformasiýa bolýar, O-görnüşli warus, X-görnüşli gyşyklyga bolsa, walgus deformasiýasy diýilýär. Ýaňky ýaly deformasiýalar çykyklarda hem duş gelýär.



*a* *b* *ç*

**3-nji surat. Aşaky ujagyň göni oklary**

*a*) kadaly ýagdaý. *b*) warus deformasiýasy. *ç*) walgus deformasiýasy.

Palpasiýa – näsagyň şikes alan ýerlerini emaý bilen barmaklaryň kömegi bilen elläp sypap görmeli. Bu barlagyň kömegi bilen şikes alan ýeriniň gyzgynyny, bogunlaryndaky suwuklygy we endamyndaky çişleri barlap bolýar. Mundan başga-da barmaklaryň ujy bilen tendowaginit, artrozo-artrit kesellerinde sürtülmäni duýmak bolýar.

Barmaklaryň kömegi esasynda emaý bilen sypalap, süňkler seýiklenende ýerbe-ýer barypmy ýa-da çykyklar ýerine barmanmydyr ony hem duýmak bolýar.

Bogunlar barlananda alymlar tarapyndan hödürlenen ýörite çyzyklary hem ulanylýar. Meselem, tirsek boguny barlananda hökman Gýunteriň çyzygyny hem üçburçlygyny, Marksyň çyzygyny, çüýjüklik bogny barlananda Şumaheriň, Rozer-Nelatonyň göni çyzyklaryny bilmeli (*4-nji surat*).



**4-nji surat. Rozel Nelatonyň çyzygy**

1. Kadada. 2. Budyň dogabitdi çykygyndan.

Auskultasiýa-fonendoskopyň kömegi bilen hem käbir şikeslenmeleri anyklap bolýar, şikes ýeten ýeriniň aşak ýanynda ýa-da ýokary ýanynda süňküň üstünde fonendoskopy goýup garşy tarapyndan süňke barmak bilen kakylanda süňk döwlen ýagdaýynda, ýalan bogunlarda, ses çala ýa-da düýpden eşidilmeýär.

5. Bogunlaryň hereketini barlamak. Adaty ýagdaýda adam synalarynyň her bir bognunyň töwerekleýin edýän hereketi bolýar. Bogunlarda näsag tarapyndan özüniň edýän hereketine adaty (işjeň) hereket, başga biriniň ýa-da barlaýanyň kömegi bilen hereketlendirilse gowşak (passiw) hereket hasaplanylýar. Bogunlaryň töwerekdäki göni hereketine (epmek we ýazmak) öňe-yza egmek diýilýär, şonuň ýaly-da bogunlarda gapdal hereketi bolýar, oňa daşlaşdyrmaklyk we getirmeklik diýilýär. Bogunlardaky hereket duran ýerinde töwerekleýin daşyna aýlansa ýa-da daşyna towlansa (daşky rotasiýa ýa-da supinasiýa), eger içine towlansa pronasiýa (içki rotasiýa) hereketi diýip aýdylýar. Bogunlaryň hereketi ýörite gural burç ölçeýji – (uglomer) bilen ölçelýär.

Bogunlaryň hereketi ölçenende ujaklar kadaly ýagdaýda bolup burç ölçeýjiniň taýajyklary, bognuň kadaly ýagdaýynda süňkleriň ugruna goýulýar. Meselem, çigin bognunyň kadaly ýagdaýy eliň göni aşak sallanyp durmagydyr. Tirsek, goşar, barmaklaryň but-ýanbaş we dyz bogunlarynyň kadaly ýagdaýy göni 180°. Bogunlardaky işjeň we gowşak hereketleri keseliň taryhyna geçirip ony şol ýaşdaky we jynsdaky sag adamynyň bolmaly görkezijisi bilen deňeşdirip görülýär. Ilki kadaly (işjeň), soňra gowşak (passiw) hereketdäki burç ýetmezçiligini ölçäp çykarýarlar (*5-nji surat*).

Gowşak-passiw görnüşdäki bogun hereketiniň çäklendirilmegine dartylmasyna-kontraktura diýilýär. Kontrakturalar gelip çykyşyna görä 4 görnüşli bolýar:



**5-nji surat. Çigin bognunyň hereketini barlamagyň usuly**

1. Muskullaryň ýetmezçiligi sebäpli bolsa-miogen kontrakturasy.

2. Nerw damarynyň näsazlygynda ýüze çyksa-newrogen kontrakturasy.

3. Bogunlaryň näsazlygynda ýüze çyksa-artrogen kontrakturasy.

4. Derisinde şikeslenmeden soňky deriniň dokumalarynda çiş emele gelmesi keloid görnüşli dartylmalary bolsa-dismogen kontrakturasy diýip aýdylýar.

Hereketiň çäklenmegine görä kontrakturalar aşakdaky görnüşlere bölünýär: ujagy epmeklik çäklense, ýazylma we ýazylmaklyk çäklense, epilme kontrakturasy diýilýär. Eger ujagy ýokaryk galdyrmaklyk çäklense, getirmeklik we aşak ýatyrmasy çäklense galdyryjy kontrakturasy diýilýär.

Eger bogunda hereket doly ýiten bolsa, onda bu ýagdaýa ankiloz diýip atlandyrylýar we onuň iki görnüşi bolýar:

a) süňk ankilozy ýagny, süňkleriň bir-biri bilen bitip bogunda hereket doly ýitýär;

b) fibroz ankilozy ýa-da bogunlaryň boşlugy fibroz dokumalardan dolýar we bognuň hereketini ýitirýär.

Ankiloz ýagdaýy bogunlarda ujaklaryň dürli ýagdaýlarynda gabat gelýär, daşyna ýa-da içine towlanan ýagdaýda doňup galan bolmagy mümkin.

Eliň ýa-da aýagyň uzynlygyny ölçemeklik trawmatologiýa we ortopediýa taýdan näsaglanlarda hökmandyr hem beýleki ugurlardan esasy aýratynlygydyr. Uzynlyk ölçelinende näsag ýyly otagda eşiksiz bolmaly. Çep we sag taraplary ölçelinende ýalňyşmaz ýaly ýörite hödürlenen görkezijileri ulanmaly we iki deň tarapy deňeşdirilýär. Ujaklaryň muskullarynyň (atrofiýalaryny) inçelmegini, olaryň deň tarapdaky halkalaýyn ölçeglerini ölçäp anyklap bolýar. Eliň uzynlygy ölçelende pilçe süňküniň akromial ösüntgisinden bilek süňkiniň çiş görnüşli aralygy ýa-da orta barmagyň gutaran ýerine çenli ölçelýär.

Çiginiň uzynlygy ölçelinilse pilçe süňküniň akromial ösüntgisinden tirsek süňküniň ösüntgisine çenli aralykdyr. Aýagyň uzynlygy ölçelende ýanbaş süňküniň öňki ýokarky ösüntgisinden injigiň daşky ýa-da içki topugyna çenli aralyk ölçelýär.

Buduň uzynlygy ölçelende uly aýlawajyň ýokary başyndan ýa-da ýanbaş süňküniň öňki-ýokarky ösüntgisinden dyz bognunyň açyklygyna çenli: injigiň uzynlygy dyz bognuň açyklygyndan injigiň daşky ýa-da içki topugy aralyk ölçelýär. Aýagyň ýa-da eliň uzynlygy iki tarapyndan deň ölçelip kelteligi santimetrde (sm) görkezilýär we ony birnäçe görnüşlere bölýärler:

1) Çekilip gysgalmak – bu ýagdaýda ujagyň bölekleri ölçelende gysgalyk duýulmaýar. Ýöne eliň ýa-da aýagyň uzynlygy ölçelende kontrakturalarda, ankilozlarda (eliň ýa-da aýagyň) bogunda nädogry durmagy netijesinde kemterlik ýüze çykýar.

2) Hakyky gysgalyk ýa-da uzynlyk – bu ýagdaý süňkler döwlende bolýar.

3) Bogunlaryň zeperi ýa-da şikeslenmesi netijesinde bolýan uzynlyk ýa-da gysgalyk çykaklarda gabat gelýär. Eger santimetr lenta bolmasa el-aýagyň uzynlygyny ýa-da kelteligini, näsagy düz ýerde ýatyryp, sag tarapy bilen deňeşdirip hem anyklamak bolýar.

4) Muskullaryň güýjüni barlamak ýörite dinamometriň kömegi bilen ölçelýär. Käbir kesellerde, esasan ysmazlarda, poliomiýelit keselini geçiren näsaglarda ýa-da kellä, beýnä şikes ýetende synalaryň, bogunlaryň ýumşak dokumalarynyň güýji peselýär.

Eger muskullaryň hereketi doly bolsa, 5 ball. Eger muskullaryň hereketi we güýji doly, ýöne kynlyk bilen bolsa, 4 ball. Eger hereket doly bolup, güýji diňe öz agramyny göterýän bolsa, 3 ball. Eger

muskullaryň hereketi öz agramyny hem göterip bilmese, 2 ball. Eger muskullarda hereket bolman doly ysmasa, onda 0 ball diýip görkezilýär.

5) Rentgen şekilleriniň kömegi bilen keseli anyklamak.

Trawmatologiýa we ortopediýada näsaglaryň keselini anyklamakda süňkleriň nähili ýagdaýda duruşlary, çykyklary, bogunlaryň kesellerini anyklamakda rentgen şekilleriň bahasyna ýetip bolmajak usuldyr.

Rentgen şekilleri alnanda göni we gapdal tarapdan alnyp, gerek bolan ýagdaýynda goşmaça proýeksiýalarda alynýar. Rentgen şekilleri surata düşürilende berjaý etmeli kadalary bolýar, eger olar saklanmasa lukmanlaryň keseli anyklamakda ýalňyşmagy mümkin, kadalar şulardan ybarat:

1. Şikeslenme alan ýeri rentgen şekiliň ortasynda bolmaly.

2. Ujaklaryň iki süňkli böleklerinde şikeslenme bolsa, iki gapdal bogunlar hökman surata alynmalydyr.

3. Rentgen şekilleri iň azyndan iki göni we gapdal tarapdan alynmaly.

4. Käbir kesellerde deňeşdirmek üçin iki deň tarapy alynmalydyr.

5. Rentgen şekili bir proýeksiýa-da bolsa, kesgitleme goýulanda gutarnykly netijä gelmeli däldir.

**Tomogramma** – bu usul bilen rentgen şekillerini her 0,5 sm alyp zeper ýeten ýeriniň çuňlugyny anyklap bolýar.

Rentgenskopiýa usuly bogunlaryň zeperini barlamakda ulanylýar, eger gapdalynda elektron-optiki ulaldyjy enjam bolsa, ekranda rentgen şekillerini 1000 esse ulaldyp görkezip, ýapyk görnüşli amalyýetleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär.

**Artrografiýa** – bogunlardaky şikeslenmeleri we zeperleri anyklamak üçin ulanylýar.

Bogun boşlugyna kontrast erginleri goýberip, bogunlaryň, bardalarynyň-kapsulalarynyň şikeslenmelerini, esasan oňurga sütüniniň bogunlarynda (diskografiýa) oňurgalaryň arasyndaky diskalaryň şikeslenmelerini ýa-da kerepli boşlugyň aşagyna kontrast erginini goýberip, oňurga diskalarynyň ingilerini anyklap bolýar. Kompýuter tomogrammasy (KT) soňky wagtlarda özleşdirilen usul we keseli anyklaýjy gymmatly rentgen enjamydyr. Onuň kömegi bilen agzalaryň,

ulgamlaryň 1mm aralykdan retgen şekillerine düşürip bolýar ýa-da ekrana çykarýar. Kompýuter ekranyndan lukmanlar özlerine has gerekli proýeksiýalaryna seredip, bejergiden soňra deňeşdirip bilýär we gerek bolsa, kompýuter aňynda saklap bilýär. KT – 90% zeperleriň çuňlygyny, çişleriň gatylygyny, ýumşaklygyny, ölçeglerini anyk aýdýar. Ýöne rentgen şekilleri diňe (frontal) dik tekizlikde alynýar.

Magnit-ýader rezonansy KT apparaty ýaly boşluklary, ýagny döş, garyn, kelle boşlugyna, olaryň içindäki agzalara zeperlenme ýetende keseligine (sagital) 0,1 mm aralykdan surata düşürip bilýär we neýrohirurgiýada has köp ulanylýar.

Elektrofiziologiýa barlaglary muskullaryň hereketini, innerwasiýasyny barlamak üçin ulanylýar.

a) elektromiografiýa – muskullaryň hereketini ölçäp ony kagyzyň ýüzüne geçirip käbir ysmaz kesellerde kesgitleme goýmaklykda ulanylýar. Esasan newropatologlar köp ulanýar.

b) ossilografiýa-damarlaryň urgy tolkunlaryny we arteriýa gan damarlaryndaky gan basyşyny kagyzyň ýüzüne geçirýär. Şikeslenme alanyň ujaklaryndaky gan damarlaryň işleýşini barlamakda kömek beriji usul hökmünde ulanylýar.

ç) reowazografiýa-ýörite gural bolup arteriýa gan damarynyň gandan dolmagyny, ganyň tizligini elektrodlaryň kömegi bilen ölçäp kagyzyň ýüzüne geçirýär.

6. Şikeslenmeleri, zeperleri we keseli anyklamak üçin käbir ýörite usullar ulanylýar:

1) Biopsiýa – ýagny, süňküň näsag ýerinden bir bölejik alyp gistologiýa barlagyny geçirýärler, köplenç süňk täze döremelerinde haýsy görnüşidigini anyklamak üçin peýdalanylýar.

2) Bogny deşmek – bogun boşlugyna gan ýa-da başga suwuklyklar ýygnananda ony aýyrmak üçin we käbir kesellerde bogun içre derman erginlerini goýbermek üçin peýdalanylýar. Her bir bognyň deşilýän nokatlary operatiw hirurgiýa kitabynda görkezilendir.

3) Artroskopiýa – bogunlaryň içindäki şikeslenmeleri anyklamak, keseli takyklamak üçin ulanylýar. Artroskop guralynyň kömegi esasynda lukman öz gözi bilen bognuň içine seredip barlaýar, gerek bolsa, suratyny alýar. Has soňky kämilleşdirilen artroskoplaryň kömegi bilen bogunlarda dürli operasiýalary geçirip bolýar (*6-njy surat*).



**6-njy surat. Dyz bognunyň içki meniskini artroskopyň kömegi bilen aýyrmaklyk**

4) Artropnewmografiýa – ýagny bogunlara kislorod ýa-da kontrast erginini goýberip artrografiýa geçirýärler. Bu usul bilen bogunlaryň kapsulalarynyň zeperlenmelerini we beýleki bogun keselleri anyklanylýar.

7. Barlaghana barlaglary – näsagyň ganyny, peşewini barlaýarlar, eger ýag emboly bolsa, peşewde ýag tegmillerini görmek bolýar. Ýaralardaky ganlary, suwuklyklary barlap mikrobyň görnüşini, haýsy antibiotige duýgurdygyny anyklamak bolýar, bulardan başga-da, süňk inçekeselini, guragyry, bruselýoz we beýleki keselleri bir-birinden tapawutlandyrmak üçin ulanylýar.

8. Kesgitleme goýmaklyk – näsagyň ýagdaýy we keseliň taryhy doly anyklanýar we barlaglaryň, rentgen şekilleriň netijelerini öwrenip lukman kliniki kesgitlemäni goýýar.

Kesgitleme goýlanda her keseliň ýanaşyk, utgaşyk kesellerden tapawudyny anyklmaly. Trawmatologiýada, ýagny täze süňk döwüklerinde kesgitleme goýmak gaty kyn däl. Ýöne şonda-da kesgitlemäniň yzygiderliligini saklamaly we şulara jogap bermeli: süňk döwügi bedeniň haýsy tarapynda, süňküň ady we onuň döwlen ýeri, görnüşi, gozganan tarapyny hem onuň häsýeti (açyk ýa-da ýapyk). Kesgitlemäniň ahyrynda süňk bölekleriniň töweregindäki haýsy agza zeper ýetirilendigi getirilýär.

Süňk döwükleriniň toparlamasy (klassifikasiýasy):

1. Etiologiýasy boýunça

a) Trawmatiki döwük - şikesden soňky döwük;

b) Paotologiki döwük - kesel sebäpli dörän (täze döremeler, osteomelit, osteodistrofiýalardan soň ýüze çykýan döwükler).

2. Görnüşi boýunça:

a) Ýapyk döwük;

b) Açyk döwük.

3. Anatomiki ýerleşýän ýeri boýunça:

a) Diafiziň döwügi;

b) Metafiziň döwügi;

ç) Epifiziň döwügi.

4. Döwük çyzygynyň ugry boýunça:

a) Kese döwük;

b) Gytak döwük;

ç) Aýlanan döwük (wint görnüşli);

d) Dik döwük;

e) Böleklere bölünen döwük.

5. Süňk bölekleriniň ýerinden gozganyşy boýunça:

a) Keseligine (Inine) gozganan;

b) Uzynlygyna gozganan;

ç) Burç görnüşli gozganan;

d) Towlanyp gozganan (rotirlenen).

6. Eger süňk bölekleri golaýyndaky agzalary zeperlese (uly nerw we gan damarlaryny) gaýryüzülen döwük diýilýär.

Kesgitleme goýlanda ilki esasy şikeslenme, soňra olaryň gaýryüzülmelerini we goşmaça keselleri görkezmeli. Meselem, sag çigin süňküniň diafiziniň orta böleginiň keseligine ýerinden gozganan ýapyk döwügi, bilek nerw damaryna zeper ýetirmegi. Süýjili diabet keseli.

## IV bap

# TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝADA BEJERGINIŇ ESASY USULLARY

**Transport hereketsizlendirmesi (immobilizasiýa).** Adamyň ujaklaryna şikeslenme we zeperlenme ýetende esasan, süňkler döwülende, agyrlaşdyrýan beterleşmeler bolan trawmatiki şok, tromb we ýag emboliýalary ýüze çykmazlygy üçin hökman döwülen ýerini şinalaryň kömegi bilen paýalap hereketsizlendirmeli.

Hereketsizlendirmegiň iki görnüşi bolup, olar transport we bejergi hereketsizlendirmesidir. Transport hereketsizlendirmesi, ýagny şikeslenme alan näsagy şikeslenme alan ýerinden kesel bejeriji gospitallara eltilýänçä goýulýar.Aşaky ujaklar üçin Diterihsiň agaç seýigi has talaba laýykdyr.

Ýokarky ujagyň süňkleri döwülende Krameriň merdiwan görnüşli sim seýigi bilen hereketsizlendirmeli. Ýörite ýasalan seýikler bolmadyk wagtynda ýakyn töwerekdäki, el astyndaky şeýigiň deregine ulanyp bolaýjak zatlary ulanmaly.

El astyndaky şeýiklere: agaç bölekleri, faner bölekleri, taýajyklar, agajyň şahalary, saýawanlar we şuňa meňzeşler girýär. Eger ýörite ýasalan we el ýüzünde hereketsizlendirmäge zat tapylmasa ýokarky şikesli ujagy göwresine emaý bilen sarap berkitmeli.

**Transport hereketsizlendirmäniň esasy talaplary:**

1. Şeýik hökmany suratda döwülen ýeriň iki tarapyndaky boguny öz içine almalydyr.

2. Ýokarky we aşaky ujaklaryň hereketsizlendirmesinde olara orta kadaly ýagdaýy berilmelidir.

3. Açyk döwiklerde süňk bölekleri ýerine goýylmaly däldir, steril daňy goýulyp ýokarky we aşaky ujaklar nähili ýagdaýda duran bolsa, şol ýagdaýda hem berkitmelidir.

4. Heläkçilik çekeniň egin-eşigini çykarmaly däldir.

5. Gaty şinany gös-göni endama goýmaly däldir. Onuň aşagyna ýumşak bir zat goýmalydyr (pamyk, polotensa).

6. Näsagy semmerden-semmere geçirilende ýa-da semmerden düşürilende onuň şikes ýeten ujagyny kömekçi tutup durmalydyr.

7. Nädogry ýerine ýetirilen hereketsizlendirme goşmaça zeperlenmä ýetirip biler (ýapyk döwük açyk döwüge öwrülip biler).

**Boýuna şikeslenme ýetende transport hereketsizlendirmesi.** Boýnuň we kelläniň şikeslerinde hereketsizlendirme ýumşak halkanyň, mata-pamyk daňynyň ýa-da Ýelanskiniň ýörite transport seýiginiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

1.Mata pamykdan edilen halka, ýumşak zadyň (düşegiň) üstünde goýýarlar, şikeslenme ýeten kelläniň ýeňsesini şol halkaň ortasyndaky deşigine laýyk bolar ýaly edip goýmalydyr.

2. Haçanda dem almagyň kynlaşmagy bolmadyk halatlarynda, gaýtarmasa, Şansyň ýaka görnüşdäki mata pamykdan edilen daňy hereketsizlendirmesi ulanylýar.

3. Ýelanskiniň seýigi bilen hereketsizlendirme ýerine ýetirilende has-da berk saklamany üpjün edýär. Seýik faneradan ýasalýar. Ol iki bölekden ybarat bolup, bir-birine petle arkaly birleşdirlendir. Seýik açylan ýagdaýynda ol adamyň kellesiniň we göwresiniň konturyny gaýtalaýar. Onuň ýokarky böleginde kelläniň ýeňse tarapy üçin gädik ýeri bolup, gapdallarynda kleýonkadan içi dykylan walik bardyr. Seýigi kemerleriň kömegi bilen göwrä berkidilýär.

**Oňurga zeperlenme ýetende transport hereketsizlendimesi.** Hereketsizlendirme şikeslenme ýeten oňurgalaryň ýerinden süýşmeginiň öňüni alýar we süýşen oňurgalaryň oňurga ýiligine zeper ýetirmez ýaly berkligi üpjün edýär.

Ýokarky döş we aşaky bil oňurgasyna şikes ýeteninde heläkçilik çekeni zemmerde ýüzün ýatyrýarlar, hem-de kellesiniň, döşiniň aşagyna ýassyk ýa-da egin-eşilkerini epläp goýyarlar (*7-njy surat*).

**Egin süňklerine şikeslenme ýetende hereketsizlendirmek.** Ýaýjyk we pilçe süňklerine şikeslenme ýeteninde hereketsizlendirmäni üçburç daňylan ýaglygyň we waligiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin goltugyň aşagyna bir ýumşak zat gysdyryp ýaglygy boýundan asyp Dezonyň sargysy bilen daňmalydyr (*8-nji surat*).



7-nji surat. **Oňurga sütünini hereketsizlendirmek**

**Döş kapasasyna şikeslenme ýeteninde transport hereketsizlendirmesi**. Döş kapasasynyň zeperlerinde, has hem gapyrgalar we döş süňkü döwülende matadan tikilen basyjy goýýarlar hem-de heläkçilik çekene ýarym oturan ýagdaýyny berýärler. Şeýle-de hem hereketsizlendirme ýelmeşiji (plastyr) bilen ýerine ýetirmek mümkindir.

**Ýokarky ujaga şikeslenme ýetende transport hereketsizlendirmesi. Çigine şikeslenme ýetmegi.** Çigin süňküniň ýokarky bölegine zeper ýetende goltugynyň aşagyna pamyk ýa-da matadan ýasalan topjagazy goýýarlar we döşüň üstünden bint bilen sarap sag egne berkidýärler. Ýalykdan edilen daňyny boýundan asyp bilegi salyp goýýarlar. Çigini bolsa, göwrä bint bilen berkleýärler.




**8-nji surat. Dezonyň sargysy**

Çigin süňküniň diafizi döwülende hereketsizlendirmäni merdi-

wan şekilli seýik arkaly amala aşyrýarlar. Hereketsizlendirmeden öňürti seýigi pamyk bilen örtýärler we ony zeperlenme ýetmedik ujagyna deňäp modelirleýärler. Seýik üç boguny berkitmelidir: çigin, tirsek we bilek-goşar bogunlary. Goltyguň aşagyna pamyk ýa-da matadan ýasalan topjagazy goýýarlar. Seýigi ýokarky ujaga we göwrä bint bilen berkidýärler. Kähalatlarda ýokarky ujagy boýundan daňylan ýalykdan asyp goýyarlar. Tirsek bogunyna zeper ýetende seýik eginden başlap tä aýa-barmak bogunyna çenli bolmalydyr (*9-njy surat*).



**9-njy surat. Ýokarky ujagy Krameriň şinasy bilen hereketsizlendirmek**

Hereketsizlendirmäni elasty materiallaryň (taýak, fanera, tagta bölejiginiň) kömegi bilen ýerine ýetirilende iç tarapdan seýigiň ýokarky ujy goltugyň aşagyna çenli, daş tarapdaky seýigiň ýokarky ujy çigin bogunyndan ýokary çykmaly. Aşaky uçlary tirsekden aşak çykyp dyrmalydyr. Seyikleri çigine berkidýärler, bilegi boýundan ýaglyk bilen asýarlar.

**Tirsek we bilek süňklerine şikeslenme ýetende transport hereketsizlendirmesi.** Hereketsizlendirmäni merdiwan ýa-da tor şekilli seýik arkaly amala aşyrylýar.

Ony ýokarky ujagyň daş tarapyndan goýup çigininiň ortasyndan başlap aýa-barmak bogunyna çenli goýmaly. Tirsek boguny göniburç boýunça ýerleşýär we şinany ujaga bint bilen berkidýärler, ujagy ýaglyk bilen boýundan asýarlar. Bilegi hereketsizlendirmek üçin el asty materiallary hem ulanmak bolýar.

**Goşar-bilek bognuny we penjäniň barmaklaryna şikeslenme ýetmegi.** Hereketsizlendirme merdiwan we tor şekilli şinalar arkaly amala aşyrylýar. Seýigi aýa tarapdan goýup ele saraýarlar.

**Çanaklyk süňklerine şikeslenme ýetende transport hereketsizlendirmesi.** Heläkçilik çekeni gaty zemmerde ýatyryp onuň aşaky ujaklaryny çala eplenen we gapdala daşlaşdyrylan görnüşde ýatyrylyp goýulýar. Bu bolsa, myşsalaryň gowşamagyna we agyrynyň azalmagyna alyp barýar. Dyzyň aşagyna topjagaz goýulýar (ýorgan, egin-eşik, ýassyk) (*10-njy surat*).



**10-njy surat. Çanaklyk süňkleri döwülende hereketsizlendirmeklik**

**Aşaky ujaga şikeslenme ýetende transport hereketsizlendirmesi.** But süňkine zeperlenme ýetende, hereketsizlendirme üç boguny öz içine alýar we şinany näsagyň goltugyndan başlap topuga çenli goýmaly. Diterihsiň ýa-da merdiwan görnüşli şinalar ulanylýar (*11-nji surat*).

Diterihsiň şinasy iki sany agaç böleklerinden, ýagny süýşürilýän dürli ululykdaky agaç bölejiklerinden, çekmek üçin dabanyň aşagyna goýulan agaçdan we ýüpli towlaýjy taýajykdan dyrýar. Uzyn agaç bölegini buduň daş tarapyndan goltukdan başlap, kelte agaç bölegini aýagyň iç tarapyndan goýulýar. Iki bölekleriň ýokarsynda direg üçin agaç bar. Agaç bölekler süýşürilýän bolany üçin heläkçilik çekeniň boýuna görä dürli uzynlygy berip bolýar.

3. Sargyt № 260



**11-nji surat. Diterihsiň seýigi bilen aşaky ujagy hereketsizlendirmeklik**

Dabana paşmajygy saraýarlar. Bagjyklyja paşmagy, çekdirer ýaly seýigiň içki plankasynda şarnir usulynda berkidilen içi deşikli direg bar. Ol deşijikden bagjyk geçirilýär. Seýik goýulandan soň bagjygy gowy dartylýança çekýärler. Seýik bedene ýumşak bintler bilen saralýar.

But süňkleriň döwüklerinde hereketsizlendirmek üçin merduwan şekilli seýigi ulanylanda, olaryň üç sanysy gerekdir: onuň ikisini birikdirip uzynlygyna budyň daş tarapyndan goltukdan tä topuga çenli goýulýar. Üçünji seyik bolsa, ýanbaş ýygyrdyndan tä barmaklarynyň ujyna çenli goýulýar.

El astyndaky gabat gelen seýikler dürli materiallardan ybaratdyr. Şeýle-de hem şikeslenme ýeten aýagy sag aýaga sarasaň hem bolýar.

Injigiň transport hereketsizlendirmesi siýmli merduwan şekilli Krameriň, Diterihsiň, ýa-da el astynda gabat gelen seýikler arkaly ýerine ýetirilýär. Merdiwan şekilli seýikler ulanylanda olary injigiň daş we iç tarapyndan ýokarsy dyz bogundan ýokarda bolar ýaly aşagy bolsa, topuklardan geçer ýaly edip goýulýar. Seýikler ýumşak bint bilen berkidilýär.

## Trawmatologiýa we ortopediýa näsaglarynyň döwrebap bejerilişiniň usullary

Bejergi usullary iki topara bölünýär:

1. Konserwatiw bejerliş usullary.

2. Operatiw bejerliş usullary.

Süňk döwükleriniň bejergisinde konserwatiw usullar bejerşiler bejergi çäreleriniň özenini tutýar we olar gips sargylary, skelet ýa-da süňk çekiji ulgam, bejergi beden terbiýesi, owkalama (massaž), mehaniki bejergi usullary, suw bejergileri, şöhle we dürli fizioterapewtiki bejergileri öz içine alýar.

1. Gips sargysy süňk döwüklerinde we ortopediki kesellerde olar bilen bejermekligi ilkinji gezek N.I.Pirogow ulanýar we şol döwürden başlap gitdigiçe kämilleşdirilýär. Süňk döwüklerini berk berkitmek bejerginiň esasy bolup durýar we ony berjaý etmeklik üçin gips sargylary goýmaklygyň kadalaryny bilmeli:

- gips sargysy täze döwüklerde ilki longeta görnüşinde goýulýar;
- gips sargysyny ujagyň kadaly ýagdaýynda goýmaly;
- gips sargysy süňk döwüginiň ýokarsyndaky we aşagyndaky bogny öz içine almaly;
- sargyny ujaga düz goýmaly we ony sypalap modelirlemeli;
- sargy goýulanda ujagy hereketsiz saklamaly;
- hökman sargy goýulan gününiň ertesi lukmanyň gözegçiligi bolmaly.

Her süňk döwügi üçin niýetlenen gips sargylarynyň görnüşleri bar.

1. Çigin süňküni berkitmeklik üçin Turneriň gips sargy usuly ulanylýar.

2. Oňurgalar döwülende gips korsetleri peýdalanylýar.

3. But süňki döwülende koksit gips sargysy peýdalanylýar.

4. Daban süňkleriniň zeperlerinde ädijek we penje, goşar süňkleriniň döwüklerinde ellijek görnüşli sargylar ulanylýar.

Gips sargylaryny goýmaklyk üçin ýörite otag enjamlaşdyrylýar we sargy döwri gerek bolýan pyçaklar, gaýçylar, ýöriteleşdirilen stollar bilen üpjün edilýär. Gips goýuljak näsagyň döwük ýerine gips sargysyny goýmaklyk üçin ölçemeli sargynyň inini uzynlygyny anyklamaly.

Gips sargylary 7-8 gat hasadan gips tozuny siňdirilip her näsag üçin aýratyn taýynlanýar. Ony goýmaklyk üçin dürli ölçegli zawod tarapyndan taýarlanan gips binitleri hem ulanylýar.

Gips sargylaryny göni tene sarap ýa-da sargynyň aşagynda ýumşak işlik tikilip goýulýar. Süňkleriň belli bir çykyntgylary derä golaý ýerleşip, gips sargysynyň içinde gysylyp, ol ýerde ýumşak işlik goýulmasa, onda ýaralar emele gelýär.

Folkmanyň kontrakturasy diýen zeper hem gips daňysynyň nädogry goýulmagynda duşýar. Gips sargysy gysmazlygy üçin süňk döwülende ilki gips longetasy teniň 1/3 açyk goýulýar we ertesi gips sargysynyň gyralary azajyk giňeldilip sargynyň gysmaýanlygyna göz ýetirilýär, döwülen ýeriň çişi 5-6 günden gaýdyşýar, diňe şondan soň aýlawly gips sargysy daňylýar.

Gips sargylary goýulanda käbir ýagdaýda gyzgyn agyry peýda bolýar. Şonuň ýaly ýagdaýda gips sargysynda äpişgejik goýulyp şol ýeri açyk goýulýar. Äpişgejikler amalyýet tikinlerini ýa-da ýaralary günde arassalap daňyp durmak üçin ulanylýar. Eger gips sargylarynyň ugrunda uly ýaralar, şikes bar bolsa, köpri görnüşli gips sargylary goýulýar. Käbir ortopediki çaga keselleri bolan gyşyk daban ýa-da gyşyk penje bolsa, emaý bilen döwürleýin kem-kemden dogrulaýjy gips sargylary goýulýar.

Süňkler döwülip uzak wagtlap haýal bitende bogunlarda kontrakturalar bolmaz ýaly şarnirli gips sargylary goýulýar.

1. *Süňk çekiji ulgam:* gaty gadymdan ulanylýan usul.

Süňk döwüklerini şu usul bilen bejermeklik Pawlowiç, Sitenko, Klimow, Bogdanow, Çaklin, Çernawskiý, Ruskin, Klýuçewskiý tarapyndan gitdigiçe özleşdirildi, ösdürildi we has kämil ýagdaýa getirildi. Süňk çekiji ulgama goýulanda çiş (spisa) süňkden geçirilip gaty dartylýar, çişiň ýerine dürli klemmalar hem ulanylýar. Süňk çekiji ulgam goýulanda ujaga Kirşneriň ortaça fiziologiki, ýagdaýy berilýär we dürli agramlar bilen çekilýär. Süňk çekiji ulgam bilen süňkleri seýiklemek ýerbe-ýer goýmak başardýar, 5-6 hepde geçende süňk döwükleriniň arasyna ýumşak süňk gaýnawy örýär we gips sargysyna geçirilýär.

Injik süňkleri döwülende çiş ökje süňklerinden, but süňkü döwülende uly injik süňküniň tümmüjiginden ýa-da but süňküniň

tümmülerinden (aşyklygyndan) geçirilýär. But süňkleriň merkezi çykygynda çekiji ulgamy gapdala çekip çykygy ýerine salýarlar. Çişleriň giren we çykan ýerleri iriňlemez ýaly günde arassalap spirt ýa-da ýodonat çalmaly. Eger mümkin bolsa, spisany döwülen süňküň özünden geçirmeli ýagny but süňki döwülse aşyklykdan, injik süňki döwülse topuklardan geçirmeli. Çigin süňki döwülse spisany tirsek süňküniň çykyntgysyndan geçirip ýörite şinalarda çekýärler. Süňk çekiji ulgama goýulanda 5-nji güni, 14-nji güni we aýyrjak bolnanda barlag rentgen şekiliniň suratyny alýarlar we süňk ýerine baranyny ýa-da barmanyny barlaýarlar. Çekiji ulgamdan asylan ýükleriň agramyny näsagyň ýaşyna, myşsalaryň güýjüne we süňkleriň bir-birinden sowaşyklygyny göz öňünde tutup injik süňklerine ortaça 9-10 kg, but süňki döwülende 15-16 kg asylýar we kem-kemden süňk bölekleri ýerbe-ýer goýulandan soň azaldyp başlaýarlar. Çykyklarda we ýerinden üýtgemedik döwüklerde leýkoplastyr ýa-da ýörite ýelimleri ulanyp çekiji ulgamda az ýükler bilen çekilýär.

Süňk çekiji ulgama näsaglary amalyýet taýýarlanylýan döwründe hem goýulýar, amalyýet wagtynda süňkleri ýeňil bir-birine elter ýaly ulanylýar. Süňk çekiji ulgam trawmatologiýada häzirki döwre çenli bejeriş usullarynyň iň esasysydyr we dogry amal edilen ýagdaýynda şikesleriň 80%-i şu usul bilen amalyýet geçirmän bejerip bolýar.

2. Bedenterbiýe bilen bejermeklik şikes alan näsaglaryň köpüsine ulanylýar, esasan ýaňy bolan şikesli bäbeklerde (boýny gyşyk bolsa) we şikes alan näsaglara ýatyrka dem alyş we ýürek-damar ulgamynda goşmaça keselleriň ýüze çykmazlygy üçin peýdalanylýar soňky wagtda bedenterbiýe maşklary suwuň içinde ulanylýar, esasan poliomiýelit keselinden galan zeperlerde gowy netijeleri berýär. Beden terbiýe bejegisi beýleki usullar bilen bilelikde ulanylanda has-da ähmiýetlidir.

3. Mehaniki bejeriş usuly: şu usul trawmatologiýa, ortopediýa ulgamynda näsaglary bejermekde gadym wagtdan bäri ulanylyp gelinýär. Maýatnik görnüşli Kruhengerdiň apparatlary, ryçaglar görnüşli Zanderiň apparatlary peýdalanylýar.

Mehaniki apparatlat bilen bejermegiň esasy özeni şol bir hereketi yzygiderli gaýtalamakdyr. Näsaglar öz ýagdaýlaryna görä apparatyň hereketini özleri sazlap bilýärler. Apparatlar esasanam bogunlaryň hereketi çäklenen ýagdaýynda (kontrakturalarda) has-da ähmiýetlidir. Käbir ýöriteleşdirilen apparatlar ýumşak dokumalaryň ysmaz keselinde, myşsalaryň güýjini artdyrmak üçin ulanylýar.

4. Owkalama: ýumşak dokumalar emaý bilen ugruna owkalananda, şol ýerdäki gan damarlarynyň, nerw refleksleriniň işi kadalaşýar. Owka täsiri astynda dokumalardaky alyş-çalyş prosessleri, nerwleriň duýujylygy, muskullaryň ýygrylyp-ýazylma hereketi sazlaşýar, agyry peselýär.

Gidromassaž – soňky döwürlerde suwuň astyndaky owkalama köp üns berilýär. Suw asty owkalama ýöriteleşdirilen ýerlerde wannanyň düýbünde uly basyşly suwy üfleýän apparatlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Owkalamanyň wagty 10-15 minut bolup, 15-20 gezek gaýtalanýar. Owkalama usuly gyzgynlyk bilen bejeriliş usullaryndan soň edilse has-da ähmiýetlidir. Owkalama ysmazlarda, bogunlaryň kontrakturalarynda, oňurga sütüniniň keselletinde, ökjäniň we eliň ýetmezçiliklerinde, muskullaryň we bogun baglaýjylaryň näsazlyklarynda ulanylýar.

5. Ýylylyk bilen bejermek usuly: ýylylyk faktory ýerli gan aýlanyşyny, dokumalarda alyş-çalyş, işleri gowlandyrýar. Çişleriň ýaýramagyna döwülen süňkleriň bitmegine, ýardam berýär. Ýylylygyň täsiri astynda agyry ýeňilleşýär. Ýylylyk bilen bejermek üçin ýörite çyralar, çyra wannalary, ozekerit, parafin ýaly himiki maddalar hem ulanylýar.

Elektro-farez usuly bilen ýoduň, kalsiý-hloryň erginleri her dürli gormonlary bedenimiziň belli bir ýerlerine goýberýärler. Nerwlere zeper ýetende Bernaryň togy, bogunlaryň zeperlerinde ultra sesleriň kömegi bilen ýumşak dokumalara täsir edip bejerilýär. Süňklere şikes ýeten ýagdaýynda (UWÇ, diatermiýa) ýaly usullary ulanylsa süňkleriň çalt bitmegine, ýygnanan ganlaryň ýaýramagyna ýardam berýär.

6. Suw bilen bejermeklik – ýöriteleşdirilen şypahanalarda we bejergi jaýlarynda ulanylyp – radon, hwoý, rapa we dürli minerally

wannalarda ulanylýar. Seýit Ysmaýyl Gürgenli öz işlerinde şor suw we deňiz suwy adamlary arrykladýar. Sowuk şor suw bogun agyry, titrewük, ysmaz ýaly näsaglara peýdalydyr diýip agzap geçýär.

7. Arassa howa bilen bejermek deňiz ýakaly şypahana zolaklarynda bejerilip esasan – rahit, süňk inçekeseli, bogunlaryň kontrakturalarynda, süňk şikesleriniň soňky reabilitasiýalary we beýleki zeperleri bejermek üçin ulanylýar. Gürgenli adama howanyň täsirini giňden düşündirip şeýle diýýär: «Iň amatly howa deňiz we beýleki suwlaryň buglary gatyşan çemenlikleriň we gyrymsy tokaýlaryň otçöpleriň, söwüt, injir, hoz agaçlarynyň ysy çykan howadyr».

8. R-şöhlesi bilen bejermek, rentgen şöhläni süňk täze döremelerinde, osteomiýelitlerde, artrozlarda, süňk inçekeselinde. R-şöhlesi bilen köplenç ýagdaýda amalyýet edip bejerip bolmaýan kesellerde ulanylýar.

9. Ortopediki apparatlar (ortezler) bilen bejermek hem örän gadymdan ulanylýar. Ortopediki apparatlar poliomiýelit keselinden soň dörän bogun näsazlyklarynda, ökjäniň gyşyklarynda, oňurga sütüniniň kesellerinde, ysmaz ýagdaýynda giňden peýdalanylýar. Ýasy daban ökjelerde, aýak doga gysga bolanda, ýalan bogunlar emele gelende hem ortopediki apparatlar näsaglaryň dogry ýöremegini üpjün edýär. Aýagyň ýa-da ökjäň käbir ýetmezçiliklerinde ortopediki köwüşler hem peýdalanylýar.

*Protezler:* esasan, el ýa-da aýak amputasiýa edilip aýrylanda ulanylýar we näsaglara maýyplara ýöremegi käbir halatlarda iş bilen üpjün etmegi ýola goýmaga kömek edýär. Protezlemekde lukmanlar bilen inženerler, tehnikler, fiziologlar bir işläp her bir maýybyň kultýasyna görä protez ýasaýarlar. Bu ugurdan uly şäherlerde institutlar işläp gitdigiçe kämil protezler ýasamaklygyň üstünde barlaglar geçirilýär.

Protezler ikä bölünip, olar bejergi we anatomiki protezlemekdir.

Bejergi protezleri ýumşak matalardan, zylçadan ýasalyp näsaglar amalyýetden soň 1-2 aýlap kultýasyny protezlere öwrenişdirmek üçin ulanylýar. Soňky döwürlerde ekspres-protezlere has köp üns berilýär. Näsag amalyýetden soň 2-3 günden ýaňky protezleriň kömegi bilen ýöremäge başlaýar. Anatomiki protezler zawod tarapyndan ýörite ýasalýar.

Reabilitasiýalar – üç görnüşe bölünýär:

1. Bejergi reabilitasiýasy – näsag keselhanada ýatyrka näsaga täze ýagdaýynda nädip ýöremelidigini, aňyna maýyplaryň hem durmuşda öz orny bardygyny, ruhdan düşmän ýaşamalydygyny düşündirilýär.

2. Hünär reabilitasiýasy – näsaglara, maýyplara öňki işinde nädip işlemelidigini ýa-da şoňa golaý işleri ýerine ýetirmeklerini, ýöriteleşdirilen kärhanalarda nädip işlemeli, iş döwründe gerek boljak goşmaça instrumentler, abzallar bilen tanyşdyrylýar.

3. Jemgyýetçilik reabilitasiýasy – döwlet we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan maýyplaryň hereket etmegini üpjün edýän ýörite motorlar, maşynlar, kolýaskalar, olaryň köpçülik bolup dynç alynýan ýerlerde özleriniň baryp dynç almaklaryny üpjün etmek, ýörite ýodajyklar göz öňünde tutmaklyk girýär.

## Operasiýa usul bilen bejerilişi

Deriň operasiýalary: trawmatologiýa we ortopediýada deride şikesleriň uly bitmeýän ýaralarynda, ýanyklarda, amputasiýalarda, ortopediýada – barmaklaryň doga bitişik bolmagynda (sindaktaliýalarda) – polidaktiýalarda bulardan başga-da, şikesleriň we tyg ýaralaryndan soň galýan bigörk ýagdaýlarda ulanylýar. Kontrakturalarda, ýalan bogunlarda – dermoliz operasiýasy ulanylýar.

Deriň plastikasy iki topara bölünýär:

1. Erkli deri plastikasy – ýagny, plastika ediljek deri doly aýrylman gan geçer ýaly azajyk bölegi goýulýar. Bu usuly ilkinji 1883-nji ýylda A.A Zimberg ulanýar. Şu usula başgaça Z-görnüşli deri plastikasy hem diýilýär, bu usulda ýara ýetmeziniň golaýyndaky deriden üç burçluk görnüşinde alyp ýaraň üsti ýapylýar. 1916-njy ýylda Filatow tarapyndan hödürlenen usulda teniň haýsy böleginden hem alyp bolýar – bu usul esasan, hirurgiki stomatologiýada has köp peýdalanylýar.

2. Erksiz deri plastikasy – bu usul ilkinji Rewerden ulanypdyr we deriň epidermal gatlagyny iňňäniň ujuna dürtüp aşagyndan päki bilen 0,5-0,5 sm ululykdaky deri bölekleri alnyp ýara ýeri ýapylýar bu usul kiçiräk ýaralary plastika etmek üçin ulanylyp bilner. Ulurak ýaralary

plastika etmek üçin Tirşiň usuly has giň ýaýrandyr, uzynlygy 3-5 sm deri bölekleri alynýar we degiş-degiş edip goýulýar. Džanelidzäniň usuly bilen alnan deri böleginde köp deşikleri deşip goýulýar. Şikeslerde deri aşaky böleklerden sypyrlanda, W.K.Krasowitow usuly sypyrlan deri bölegini alyp hirurgiki arassalamaly, ýagyny aýyrmaly we öňki ýerine goýup dikmeli kä ýerlerinde ýygnanan gan çykar ýaly deşikler deşmeli. Erksiz deri plastikasy geçirilenden soň ilkinji goýulan arassa sargynyň ähmiýeti uludyr. Sargy lewomikol ýa-da Wişnewskiý ýagy bilen goýulyp gaty gysylmaly hem däl, gaty gowşak hem bolmaly däldir we 8-10 günden soň açylmalydyr.

Käbir ýagdaýlarda uly meýdanly ýanyk ýaralardaky alloplastiki we sintetiki deriler hem ulanylyp bilner. Alloplastiki deriler wagtlaýynça bitýär we 3-4 hepdeden gaçýar hem ýanyklardan soň köp beloklaryň dokuma suwuklygy bilen ýitmegine päsgel berýär.

Fassiýalaryň amalyýeti: Fassioektomiýa ýagny, fassiýany dikligine kesmeklik kontrakturalarda egri dabanlarda, gyşyk boýunlarda we beýleki bogunlaryň kontrakturalarynda ulanylýar.

Fassioektomiýa amalyýeti-fassiýany kesip aýyrmak Dýupitreniň kontrakturasynda we beýleki näsazlyklarda peýdalanylýar.

Buduň ýasy fassiýasy köp plastiki amalyýetlerde, birikdirijiler üzülende, köne çykyklarda ýerine salmaklykda, bogunlaryň amalyýetlerinde plastiki material hökmünde ulanylýar. Fassiýalaryň autotransplantatlary dyz bognunyň birikdirijileri, siňirleri üzülende, dyz çanak süňküniň çykygynda köp peýdalanylýar.

Muskullaryň amalyýetleri – muskullar süňke birigýän ýerinden üzülse, ýa-da tyg ýaralarynda ujaklary ýazyjy-getiriji muskullar üzülende ol agzanyň şol hereketi bozulýar. Muskullar ýerbe-ýer goýulandan soň ketgut sapaklar bilen dikýärler. Käbir kontrakturalarda muskullary amalyýet edip kesýärler, muňa miotomiýa diýilýär.

Siňirlerdäki operasiýalar:

1. Tenolis – siňirlere hereket etmeklige işlemäge päsgel berýän sepleşikleri aýryp arassalamak, siňiri sepleşikden aýyrmak.

2. Tenotomiýa – käbir kontrakturalarda ulanylýar. Bu amalyýetiň açyk we ýapyk ýerine ýetiriliş usullary bar we tenotom diýen gural bilen ýerine ýetirilýär. Käbir kontrakturalarda Z-görnüşli kesip

siňirleri uzaldýarlar. Siňirleri tikmegiň ugurlary bolup П-görnüşli, Z-görnüşli matras tikinler berk sapaklar bilen tikilýär we ujaga gips sargysy goýulýar.

3. Tenodez – siňirleri fassiýalara ýa-da süňklere birikdirmek we bogundaky hereketi çäklendirmek üçin ulanylýar. Bu amalyýet esasan ysmazlarda, ökjäniň sallanyp durmagynda, oňurga beýnisine ýa-da otyrýer nerwisine zeper ýetende, poliomiýelit keselinde, bogunlaryň şikesinde siňirleriň işleýän böleginden işlemeýän bölegine geçirýärler. Şu operasiýalarda siňirleri adybir hereket edýän siňirlere çatmaly. Soňky ýyllarda şu ugurdan alym ortoped I.A.Mowsowiç köp işleri ýerine ýetirdi we siňirleri lawsan lentasy we sapaklary bilen tikmegi, plastika etmegi ýola goýdy.

**Süňkleriň operasiýalary.** Süňk dokumasy (nadkostnisa) – süňk bardasy bilen örtülendir we operasiýalary bardanyň aşagynda we üstünde ýerine ýetiriliş usullary bar. Çagalryň süňklerinde operasiýa geçirilende ösüji zolaga zeper ýetirmeli däldir. Süňklerde şu aşakdaky operasiýalary ýerine ýetirilýär: osteotomiýa, osteoklaziýa, trepanasiýa, tunnelazasiýa, sekwestrektomiýa, süňki uzaltmak, gysgaltmak, kesmek, transplantasiýa etmek, osteosintezler we beýlekiler.

1. Osteotomiýa – süňki keseligine, inine kesmeklik. Operasiýa süňk gyşyk bitende, ankilozlarda, deformasiýalarda, süňki uzaldylanda we beýleki ortopediki kesellerde ulanylýar. Osteotomiýa operasiýany açyk we ýapyk süňk bardasynyň astynda we üstünde geçiriliş usuly bar. Köplenç halatda açyk barda astynda geçirilýär. Süňk gyşyklygy düzeldilenden soň osteotomiýa edilen ýerini metal berkidijiler bilen berkidilýär gips sargysy bilen, apparatlaryň kömegi bilen we süňk transplantantlarynyň kömegi bilen hem berkidip bolýar. Käbir osteotomiýalarda süňk gyşyklygyny düzetmek üçin pahna görnüşli süňk bölejigini aýryp düzedilýär.

2. Osteoklaziýa – gansyz operasiýa bolup, döwükler gyşyk bitende, esasan çagalaryň çeýe süňklerini döwüp dogrulamak üçin peýdalanylýar. Uly adamlarda osteotomiýa operasiýany osteoklaziýa bilen goşulyp peýdalanylýar.

3. Trepanasiýa operasiýany – süňki deşip içindäki iriňli haltany,

çişleri, süňkleri we başga predmetleri süňküň içinden aýyrmakda ulanylýar. Beýni gysylanda kelle süňklerini trepanasiýa edilip çylşyrymlaşmalaryň öňi alynýar.

4. Sekwestrektomiýa – süňkler iriňläp çüýrände ostemiýelitlerde süňküň çüýrän ýerini aýyrmakda peýdalanylýar.

5. Tunnelizasiýa – operasiýa usuly awtory boýunça Bekkiň usuly hem diýilýär.Ýalan bogunlarda süňküň ösmegine ýardam bermek üçin buraw bilen birnäçe ýerinden deşikler edilýär.

6. Süňki uzaltmak hem gysgaltmak. Süňki uzaltmagyň birnäçe usuly bolup iň soňkylary ostetomiýa operasiýadan soň Ilizarowyň, Wolkow-Oganesýanyň, Guduşuariniň, Kalnsbergiň apparatlaryny goýup kem-kemden günde 0,1 sm çekip uzaldylýar. Süňki gysgaltmak hem şol görnüşde ýerine ýetirilýär.

7. Süňk transplantasiýasy operasiýa usuly süňk ýetmezçiligi ýüze çykanda, täze döreme keseli bilen operasiýa edilip süňki aýrylanda, şikeslerden soňky galýan ýetmezçiliklerde, ýalan bogunlarda, süňk haýal ýa-da bitmedik ýagdaýynda näsagyň dürli ýerlerinden süňk böleklerini alyp ýa-da donorlardan, ýagny allotransplantatlar ýa-da ýaş haýwanlardan (ksenotransplantasiýa) peýdalanylýar. Autotransplantatlar ýanbaş, injik süňklerinden alynýar. Süňk transplantasiýasyny ilkinji gezek Pirogow 1854-nji ýylda ulanypdyr. Bu amalyýetleri Gan, Şimanowskiý, Albee, Çaklin, Wolkow ösdürip has kämilleşdiripdirler. Süňk transplantasiýasy süňk ýetmezçilikleriniň dürli görnüşlerinde esasan onkologiýada ýetmez ýeriniň öwezini dolmak üçin peýdalanylýar. Süňk transplantasiýasynyň üç görnüşi bar.

1. Eger näsagyň öz süňküni özüne transplantasiýa edilse süňküň autoplastikasy diýilýär.

2. Donoryň süňküni alyp ulansalar süňküň alloplastikasy diýilýär.

3. Haýwanlaryň süňki ulanylsa süňküň ksenoplastikasy diýilýär.

Soňky wagtlarda süňki konserwasiýa etmeklik belli bir derejede ösdi, süňküň biologik häsiýetleri saklanyp süňküň del belok immun häsiýetleri azaldyldy. Süňk dokumasyny sterilizasiýa etmeklik we

zaýalanman saklamaklyk şertleri doly ylmy esasda öwrenildi. Süňki koserwasiýa etmekligiň birnäçe görnüşi bolýar:

1. Himiki erginleri (formalin) ulanmaklyk.
2. Süňki gaty aşaky temperaturada saklamaklyk.
3. Ýörite iýmit gurşawlarynda (glýukoza) saklamaklyk.
4. Liogilizasiýa-doňduryp wakuumlarda guratmaklyk.
5. Gaýnatmaklyk.

Ady agzalan süňk konserwasiýalarynda osteofitleriň aglabasy ölse-de birneme biologik işjeňligi galýar. Ylmyň ösmegi bilen, ösen ýurtlarda uly merkezi şäherlerde süňk dokumasy konserwasiýa edilip süňk banklary döredildi we süňk transplantaisýa işini ýeňilleşdirdi.

8. Redressasiýa – gadymy bejergi usuly, kontrakturalary, süňk gyşyklaryny we beýleki deformasiýalary eliň bilen ýa-da apparatlaryň kömegi bilen kem-kemden düzetmeklige aýdylýar. Näsagda redressasiýa umumy narkozyň täsiri astynda geçirilýär we soňundan gips sargysy ýa-da sennik çekiji ulgamy goýulýar. Redressasiýa manipulýasiýalarynyň arasy 8-10 günden az bolmaly däldir. Soňky döwürlerde operasiýa tehnikalarynyň ösmegi, şarnirli kompresiýa-distraksiýa beriji apparatlaryň kämilleşmegi lukmanlara redressasiýany az ulanmaklyga mümkinçilik berdi. Gündogaryň beýik alymy Ibn Sina süňk gyşyklygyny, kontrakturalary düzetmekden öň aşakdaky ýapgyny ýapýar: öküziň ýa-da goýunyň süňküniň ýüligini owradylan pissäň maňzy bilen garyp ýapmaly. Ýapgyny aýyranyňdan soňra näsag şikesli ujagyny gyzgyn suwda saklaýar.

9. Osteosintez – trawmatologiýada we ortopediýada iň köp ulanylýan operasiýadyr. Ştiftler we beýleki metal fiksatorlar poslamaýan polatdan, titandan, tantaldan ýasalýar. Osteosintez – süňk böleklerini bir-birine berkitmeklik, süňkleri berkitmeklik üçin metal plastinalar, ştiftler, çüýler, boltlar, simler we kompressiýa, distraksiýa beriji apparatlary ulanýarlar. Süňklerde geçirilýän osteosintez operasiýlaryň görnüşleri:

Intramedulýar osteosintez – süňküň içine ştiftleri süňkleri kakyp süňki içinden berkidilýär (*12-nji surat*).



**12-nji surat. Tirsek we bilek süňkleriniň intramedulýar osteosintezi**

Her bir ulanylýan usulyň gowy hem ýetmez taraplary bardyr. Intramedulýar usulynyň atykmaç tarapy süňki berk saklaýar, amalyýeti aňsat we çalt ýerine ýetirip bolýar hem ştift aýrylanda döwük ýerini açman aýyrýar, ýetmez tarapy birden iriňläýse iriň süňküň içine ýaýraýar. Ekstramedulýar osteosintez - süňki daşyndan plastinalar we boltlaryň kömegi bilen berkidilýär (*13-nji surat*).



**13-nji surat. Tirsek we bilek süňkleriniň ekstramedulýar osteosintezi**

Ekstramedulýar usulda süňki daşyndan gowy berkidip bolýar ýöne aýyran mahalyň ýene-de uly kesip döwük ýerini açyp aýyrmaly.

Osteosintez operasiýalaryň iň kämilleşen, trawmatologiýanyň hemme talaplaryna gabat gelýän görnüşi kompressiýa we distraksiýa beriji apparatlaryň kömegi bilen geçirilen amalyýetdir. Ilizarowyň,

Wolkow-Oganesýanyň, Kalnsbergiň, Guduşuariniň we beýlekileriň apparatlaryny ulanyp şu işleri ýerine ýetirip bolýar (*14-nji surat*).



**14-nji surat. Komperasiýa we distraksiýa beriji aparatlar**

1. Süňk döwüklerini açman seýikläp bolýar.
2. Süňk döwüklerini ykjam berkidip bolýar.
3. Açyk döwüklerde we iriňli ýaralarda döwük ýerine barman seýikläp we berkidip bolýar.
4. Süňk ýetmezçiligi ýüze çykanda ony ösdürip bolýar.
5. Apparatlaryň kömegi bilen amalyýet geçirilende bogunlarda hereketiň çäklenmesi ýüze çykmaýar.
6. Näsaglar hereketde bolup öz-özüne hyzmat edip bilýär.

**Bogun operasiýalary.** Bogun operasiýalaryň iki görnüşi mälim:

1. Bognuň ýumşak dokumalaryndaky geçirilýän amalyýetler.

a) artrotomiýa-boguny açmaklyk;

b) sinowektomiýa-bogun haltajygyny kesmek;

ç) bognuň baglaýjy apparatyny plastika etmeklik.

2. Bogny emele getirýän süňklerde geçirilýän operasiýalar:

a) boguny kesip aýyrmaklyk-süňkleriň bogun böleklerini kesip aýyrmak köplenç onkologiýada ulanylýar;

b) artroplastika operasiýasy--bogunda hereket ýiten ýa-da çäklenende ulanylýar. Plastika üçin näsagyň derisi, fassiýasy, alloplastiki materiallary ulanylýar;



**15-nji surat. Dyz bognunyň endoprotezi**

ç) artrodez-emeli operasiya ýoly bilen bogundan hereketi aýyrmaklyk. Artrodez operasiýasy trawmatologiýa we ortopediýada hereketi täzeden düzedip bolmajak ýagdaýlarda peýdalanylýar. Artrodez operasiýasy boguny emele getirýän süňkler bir-birini bilen birleşýär. Artrodez operasiýa näsagy ömürlik maýyp edýän amalyýet, şonuň üçin ilki başga bejergi usullarynyň kömek beräýjegini hökman ulanmaly we hiç-hili bejergi haýyr etmese boguny ýapmaklyk rugsat berilýär. Uly bogunlarda iki taraplaýyn artrodez operasiýasyny geçirmeklik bolmaýar. Artrodez operasiýasyny amala aşyrylanda ujak kadaly ýagdaýda bolmalydyr;

d) artroriz-bognuň hereketini emeli çäklendirmek soňky döwürde bejergileriň täze görnüşleri ýola goýulandan soň kän ulanylmaýar.

e) emeli bogunlary goýmak (endoprotezleme). Emeli bogunlar köplenç metaldan ýasalýar. But süňküniň boýunjygynyň, kellejiginiň, çanaklyk süňküniň aýlawaçlar çukurjygynyň şikeslerinde beýleki bognlaryň täze döremelerinde we ortopediki kesellerinde has köp ulanylýar (*15,16-njy surat*).



*a* *b* *ç*

**16-njy surat protezleriň görnüşleri.**
*a*) Siwaşyňky, *b*) Muryňky, *ç*) dyz boguny üçin endoprotezler.

## V bap

# SÜŇK DOKUMASYNYŇ REGENERASIÝASY WE SÜŇK DÖWÜKLERINIŇ BITMEGI

## Süňk döwükleriniň bitmeginiň umumy kadalary

Süňk döwükleriniň bitmegi, süňk dokumasynyň regenerasiýasynyň esasynda süňk gabarçagynyň emele gelmegi bolup geçýär. Süňküň döwük ýerinde, bitiş döwründe süňk dokumasynyň doly gistologik gurluşy bolan süňk regeneraty emele gelýär.

Süňküň bitmegi süňk üsti bardanyň öýjükleriniň, endostyň (süňk ýiligi), süňk kanallarynyň hem gan damarlarynyň hasabyna ýüze çykýar.

Döwükleriň tiz we doly bitmegine birnäçe ýerli hem umumy şertler täsir edýär. Süňk dörediji öýjiklere: osteoblastlar, fibroblastlar, osteositler, gistiositler, limfoid, endotelial we ýag öýjikleri girýär.

Süňküň bitmeginde ýerli gan aýlanşygyň dikeldilmeginiň (mikrosirkulýasiýa we waskulýarizasiýa) uly ähmiýeti bardyr.

Regenerasiýanyň oňat geçmegine süňk böleklerini bir-birinden daşlaşsyrmak hem täsir edýär. Şonuň esasynda süňki ösdürmek üçin distraksiýa usuly ulanylýar. Süňk döwüginiň ýetmez ýerine transplantat goýylanda hem regenerasiýany güýçlendirýär.

Ikinji dereje-10 günden 50 güne çenli dowam edýär. Anabolik gormonlaryň täsiri astynda öýjük elementleriniň köpelmegi we doly emele gelmeginden ybaratdyr. Ýaş süňk öýjükleri süňk regeneratyň esasyny düzýär. Laýyk şertlerde (oňat berkidilmegi, goşulan keselleriň bolmazlygy) osteoid dokumasy emele gelmegine getirýär.

Üçünji derejede-süňk strukturasynyň döremegi bolup geçýär. Esasy şert bolup döwük ýerinde gan aýlanşygynyň doly dikeldilmegi we regenereatyň belok esasynyň mineralizasiýasy bolup durýar. Süňk döwükleriniň arasy süýmli we plastina görnüşli süňk trabekulalarynyň ownuk öýjükli tory bilen doldurylýar. Derejäniň soňunda süňk balkalary jemlenip iri kanally kompakt maddany emele getirýär.

Dördünji dereje – ilkinji regeneratyň süňk dokumasyna öwrülmegi. Süňküň kortikal gatlagy, süňk üsti we süňk ýilik kanaly dikelýär.

## Süňk gabarçagynyň görnüşleri (ilkinji we ikilenji bitmegi)

Süňk döwüginiň bitmegi süňk gabarçagynyň emele gelmegine we berkemegine bagly. Görnüşleri: 1) paraossal – ýumşak dokulmalardan; 2) periossal – süňk bardasyndan; 3) intermediar – süňk arasyndan; 4) endoostal – süňk ýiliginden (*17-nji surat*).

Süňk döwükleriniň ýagdaýy (ýerinden gozganan derejesi, süňk döwükleriniň mäkäm galtaşygy, fiksasiýanyň berkligi), süňküň täzeden dikelmeginiň dürli görnüşlerini ýüze çykarýar. Eger döwükler gowy birleşdirlen we berk fiksasiýa edilen bolsa, onda sähelçe periostal, esasan intermediar gabarçak arkaly bitýär.

Süňk gabarçaklarynyň her biriniň fiziologik ähmiýeti aýry-aýrydyr. Periostal we endostal süňk gabarçaklarynyň, döwügiň çalt we berk bitmeginde süňk regeneratynyň tiz emele gelmegine täsiri uly-

4. Sargyt № 260




**17-nji surat. Süňk gabarçagynyň görnüşleri**
1) paraossal. 2) periostal. 3) intermediar. 4) endostal.

dyr. Süňk döwükleri berk fiksasiýa edilmedik ýagdaýynda regenerat elmydama şikeslenip durýar, ganyň mikrosirkulýasiýasy bozulýar we süňküň regenerasiýasyny haýalladýar, regeneratda ketirdöwük dokumasynyň emele gelmegine getirýär. Gowşak (waskulýarizasiýa) gan damar torunyň dikelmegi ketirdöwük dokumasynyň döremeginiň esasy şerti (sebäbidir). Ketirdöwük gabarçagy berk fiksasiýasy we ýeterlik waskulýarizasiýa bolanda süňk gabarçagyna öwrülýär. Süňkleriň bitişi iki görnüşde bolýar: ilkinji we ikinji. Ilkinji bitiş intermediar gabarçagynyň hasabyna bolýar.

Süňk döwükleri ýerinden gozgananda we böleklere bölünen döwüklerde süňküň bitmeginde esasy paý süňk üsti (nadkostnisa) bardasyna degişli bolýar we ikilenji süňk bitmekligine getirýär.

Gubka görnüşli süňklerde bitişiň öz aýratynlyklary bar. Gabarçak emele gelişi fazasyz geçýär.

Uzyn turba şekilli süňkleriň diafiziniň bitişinde aýratyn tapawut bar. Diafizar döwükde gabarçak emele geliş döwri ilki ketirdöwük dokumasy örüp soň süňk dokumasyna öwrülýär, metafizar döwüklerde ketirdöwük dokumasy emele gelmeýär-de süňk dokumasy döreýär.

Süňk gabarçagynyň emele geliş möhleti diňe ýerli şertlere bagly bolman eýsem bedeniň umumy ýagdaýyna, ýaşyna we goşulşan kesellerede baglydyr.

Kese döwükler haýal bitýärler, sebäbi süňk döwükleriniň galtaşýan meýdany az, süňk ýilik kanaly ýeterlik derejede açylmaýar we süňk üsti (nadkostnisa) bardasy ýok.

Süňk gabarçagynyň berk we wagtynda emele gelmegine dogry alnyp barylan bejergi ýardam berýär: öz wagtynda we doly geçirilen seýikleme dogry we berk fiksasiýa, bejerginiň dogry usulyny saýlap alyp goşmaça fizioterapewtik hem fiziki bejergi usullaryny ulanmak oňat netijeler berýär.

Açyk döwüklerde, ýara-da infeksiýasy dörände süňk gabarçagynyň emele gelişi haýal bolýar we uzak möhletleýin bitmeýän döwükler, ýalan bogunlar emele gelýär.

Gabarçak emele gelişi aşakdaky ýagdaýlarda gowşak bolýar: awitaminoz, galkanýany paraşitowid mäziniň hyzmaty bozulanda, öte geçen inçekesel, süýji keselleri bilen ejir çekýänlerde, gormonal dermanlary uzak wagtlap ulanylanda.

Süňk döwükleriniň uçlarynyň gan aýlanyşy, döwükleriň bitmeginde täsiri ulydyr.

Çigin süňküniň boýunjygynyň, bilek süňküniň mahsus ýeriniň gan aýlanyşy gowy bolanlygy üçin döwük tiz bitýär. Uly injik süňküniň aşaky böleginde, çigin we tirsek süňkleriniň gan aýlanşynyň gowşak bolanlygy üçin döwükler haýal bitýär. Eger gan aýlanyş pes bolsa, (but süňküniň boýunjygynyň medial we gaýyk görnüşli süňkleriň döwüginde) süňk regenerasiýasy haýal geçýär.

## Süňk döwüklerinden soň ýüze çykýan çylşyrymlaşmalar

**1. Gyşyk biten döwükler** - süňküň döwük ýeri seýiklenmese ýa-da ters seýiklense süňk bölekleri uzynlygyna hem gapdala ýerinden gozganan görnüşinde bitýär. Süňk döwükleri dogry seýiklenip gips sargysy goýulan ýagdaýynda-da şikes alan ujakda çiş we ganöýmeler gaýdanda sargyň içinde süňk döwükleriniň ikilenji ýerinden gozganmagy hem gyşyk bitmegine getirmegi mümkin. Hemme süňk döwükleriniň ýerinden gozganyp bitenlerine gyşyk biten diýip atlandyrylmaýar. Gyşyk biten döwük diýip-döwülen süňk öz kadaly egriliginiň tersine gyşaryp biten we hereketi agyryly ýörände agsaklamaga mejbur etse aýdylýar. Meselem, but we uly injik süňkleri içine tarap (warusa) azajyk gyşaryp ters bitsede näsaga ýörände agyry we hereketinde bikadalyk ýüze çykmaýar, tersine ady agzalan süňkler daşyna (walgusa) tarap gyşaryp biten bolsa, hereket edýän ýumşak dokumalaryň bikadalygyna, agyra hem bogna düşýän basyşyň üýtgemegine agsaklap ýöremäge mejbur edýär.

**Kliniki alamatlary.** Süňküň döwülen ýerinde deformasiýa, ujagyň öz kadaly çyzygyndan gyşarmagy, onuň töwerekde edýän

hereketiniň çäklenmegi, gysgalmagy, ýakyn bogunlarda agyry ýüze çykýar we ýörände agsaklap hereket edýär.

**Bejerilişi.** Operasiýa etmeli süňküň döwülip gyşyk biten ýerini açmaly we osteotomiýa etmeli. Osteotomiýany pahna görnüşli etmeli hem süňki dogrulamaly. Süňk böleklerinde süňk kanaly biten bolsa ony açmaly. Süňk böleklerini berk metal plastinalar, ştiftler ýa-da çüýler bilen berkidip, goşmaça süňk autoplastikasyny ýerine ýetirmeli.

Ibn Sinanyň usuly: süňküň gyşyk biten ýerine könelişen sary ýag we goýnuň guýruk ýaglaryny ýapmaly. Ýapgylaryň täsirine süňk döwükleriniň arasyna ören süňk dokumasy ýumşaýar we maýyşgak bolýar. Süňki seýikleýji lukman ujagyň gyşyk büten ýerini bir eli bilen saklaýar we beýleki eliniň aýasy bilen ýuwaş-ýuwaşdan süňküň gyşyk büten ýerini göneldýär. Ujak gönelenden soň beýleki döwüklerde goýulyan berkidiji sargylary saramaly.

**2. Bitmeýän we haýal bitýän döwükler.** Haýal bütýän döwükler diýip süňk seýiklenenden soň bütmeli wagtynda bitmese aýdylýar. Sebäpleri zerurlyk ýüze çykmasada sargylary gaýta-gaýta täzelenip durulsa, süňkler dogry seýiklenmedik ýagdaýynda berkidijileri dogry saýlap alynmadyk ýagdaýynda, ýiti we öte geçen ýokanç keseller bilen kesellände, witaminleriň ýetmezçiliginde ýüze çykyp biler .



**18-nji surat. Bekiň operasiýa usuly**

**Bejerilişi.** Hökman döwük ýerini berik berkitmeli we uzak saklamaly. Berkidiji hökmünde töwerekleýin goýulan gips sargylary, kompresiýa we distraksiýa beriji apparatlary goýup operasiýa etmeklik, süňküň içinden ýa-da daşyndan metal berkidijiler bilen berkidip-süňk autotransplantat bilen üstini ýetirmeklik ulanylýar (*18-nji surat*).

Trawmatolog ortoped lukmanlaryň içinde Bekiň operasiýa usulyny ündeýänleri hem az däl.

Bekiň usulyýeti: operasiýa edip döwük ýerini açmaly we inçejik buraw bilen dürli taraplara iki süňk böleginiň hem üstünden geçirip kanaljyklar döretmeli. Emele gelen

kanaljyklar gan aýlanyşy kadalaşdyrýar we owunjak süňk bölejikleri süňk dokumasynyň örmegine we berkemegine ýardam berýär.

**3. Ýalan bogunlar.** Ýalan bogun diýip süňküň uzynlygynda emele gelen durnukly herekete aýdylýar. Keseliň kesgitlemesinde ýalan bogun kesgitlemesi süňküň döwülen ýeri bitmeli möhletinden iki esse we ondanam köp wagt geçende goýulýar. Ýalan bognuň doga we ýolugan görnüşleri bolýar. Doga ýalan bogun göwreli aýallara göwrelilik döwründe süňk örmegine we berkemegine gerekli mineral jisimleriň ýetmezçilgi ýüze çyksa ýa-da agyr ýokanç keseller bilen kesellese döremegi mümkin. Doga ýalan bogunlar köplenç uly injik süňküniň orta böleginde gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Ýalan bogunlar şikeslerden we zeperlerden soň süňkler döwülip döwülen ýeri bitmände ýüze çykyp ol ýerde hereket, deformasiýa, ýumşak dokumalaryň atrofiýasy, ýöränде agyry bolýar we agsaklamaga mejbur edýär.

Ýalan bogny ýüze çykarýan sebäpler:

1. Süňkler seýiklenende süňk döwükleriniň arasyna ýumşak dokumalar düşse.

2. Zerurlyk bolmasa-da gips sargylary gaýta-gaýta täzelense.

3. Süňk çekiji ulgama goýulanda goýmaly ýüki gereginden has artyk uzak wagtlap goýulsa.

4. Osteosintez operasiýasynda berkidijiler süňk böleklerini geregiçe berk saklamasa.

5. Açyk döwüklerde osteomielit ýagdaýy ýüze çyksa, sekwestrleri aýrylyp süňk ýetmezçiligi ýüze çyksa.

6. Süňküň döwülen ýerindäki ýumşak dokumalar mynjyrap nekroz ýagdaýy, gan aýlanyşyň bikadalygy ýa-da ýumşak dokumalar süňkden sypyrylyp, süňk bölekleriniň döwülen ýeri ýalaňaçlansa.

7. Witaminleriň we içki mäzleriň ýetmezçiliginde hem ýalan bogunlar ýüze çykmagy mümkin diýip käbir ylmy çeşmelerde agzalyp geçilýär.

Ýalan bogny emele getirmegine ýardam edýän faktorlar:

1. Endokrin keselleri (süýji keseli, gipoparatireoz, awitaminoz, addison keseli).

2. Elektrolit çalşygynyň bozulmagy (kalsiý, fosfor).



**19-njy surat. Injigiň ýalan bogun keseli (rentgen şekili)**



**20-nji surat. Ýalan bogun keselini Ilizarowyň aparatynda bejermeklik**

3. Infeksion keseller.

4. Ýiti we dowamly arterial ýetmezçiligi.

5. Şöhle keseli (şonuň içinde uly möçberde rentgen şöhlelerini almak).

6. Merkezi we periferiýa nerw ulgamyna şikes ýetmegi.

Ýalan bogunlar köplenç uly injik süňküniň orta we aşaky böleginde, but süňküniň boýunjygy, çigin süňküniň diafizinde gabat gelýär.

Ýalan bogunlarda golaý ýerleşen bogunlaryň we segmentleriň bikadalygy ýüze çykmagy mümkin.

Rentgen şekillerinde: süňk bölekleriniň kanalynyň ýapylmagy, süňk bölekleriniň arasynda yşyň bolmagy, süňkün uçlary galňap skleroz görnüşinde üýtgän süňk bölekleriniň arasynda fibroz dokumalar bolyp bir tarapy çürelip beýleki tarapynda oýjagaz emele gelýär (*19-njy surat*).

**Bejerilişi.** Hökman operasiýa etmeli.

1.Ilizarowyň kompresiýa we distraksiýa beriji apparaty ýalan bogunlary bejermekde uly üstünlik gazandy.

Ýalan bogun ýerini açman süňk bölekleriniň hersinden iki ýerden atanaklaýyn Kirşneriň çişlerini geçirmeli we apparatyň 4 halkasyndan ybarat ýapyk osteosintez geçirmeli.

Apparatyň kömegi bilen gysyp fibroz dokumalary mynjyratmaly soňra çala distraksiýa bermeli. Ýalan bogun emele gelen ýerde gan aýlanyşy täzeden dikeldilýär. Süňk bölekleriniň uçlary gyjyndyrylyp berk berkidilse süňk dokumalarynyň örüp bekemegine ýardam berýär (*20-nji surat*).

2. Ş.D.Hahutow ýalan bogunlarda süňküň uçlary arassalanyp süňk bölekleriniň ikisinden hem biri uzynrak bolmaly autotransplantatlary almaly. Kiçi süňk transplantatyny ýerinden aýyrmaly we uly transplantaty aşaklygyna süýşirmeli soňra kiçi bölegi süňküň süýşen ýerinden emele gelen oýjagaza goýmaly (*21-njy surat*).

3. Süňküň içinden ýa-da daşyndan metal berkidijiler bilen berkidilenden soň Hahytowyň usuly bilen goşalamaly.

4. Ýalan bogun ýeri berk bolup hereket çala bolsa we süňk bölekleriniň duryşy kanagatlanarly bolsa Bekiň operasiýasyny ýagny, buraw bilen dürli taraplara tunneljikler edilýär we gips sargysy bilen berkidilýär.

5. Uly süňk ýetmezçilikleri ýüze çykan halatynda süňk bölekleriniň uzyn böleginde osteotomiýa edilip Ilizarowyň apparatynda berkidilýär. Ortaky süňk bölegi günde 0,1 sm süňk ýetmezi bar bolan tarapa çekilýär. Iki süňk bölegi bir-birine seýiklenip berkidilýär. Operasiýanyň şu görnüşinde ujagyň bogun bolan ýerinde süňküň bitmegi gazanylýar (*22 -nji suratt*).



**21-nji surat. Hahutowyň operasiýa usuly**



**22-nji surat. Süňk ýetmezçiliginde Ilizarowyň ululy bilen öwezini dolmaklygyň usuly**

## VI bap

# ÝUMŞAK DOKUMALARYŇ ÝAPYK ZEPERLENMELERI

## Bertikler

Bertik - bu mehaniki şikesiň netijesinde döreýän ýumşak dokumalaryň ýa-da agzalaryň göze görünýän anatomik gurluşynyň bozulmalary bolmadyk ýapyk zeperleridir.

Bertikde dokumalaryň zeperlenme derejesi şikesiň görnüşine, güýjüne we zeperlenen dokumalaryň meýdanyna baglydyr.

Bertikde esasy üýtgemeler ownuk gan we limfa damarlarynda bolýar. Ganöýmeler bertikde dürli ululykda bolup bilýärler: ownuk nokat-nokat ganöýmelerden ganyň dokumalarda boşluk görnüşinde ýygnanmagyna (gematomalara) getirýär, gan toplumynyň mukdary zeperlenen damarlaryň ululygyna ganöýen dokumanyň maýyşgaklygyna baglydyr.

Bertigiň kliniki alamatlaryna: agyry, ýumşak dokumalaryň çişmegi, gan öýmegi, hereketiň çäklenmegi ýa-da bozulmagy degişlidir. Agyryň güýji bertiklerde dürli-dürli bolyp bilýär we şikeslendirýän sebäbiň häsiýetine, täsir edýän wagtyna, şikeslenen ýeriniň anatomik aýratynlyklaryna baglydyr. Iri nerw damarlarynyň ýapyk zeperlerinde, nerwler we olaryň uçlary gan toplumy bilen gysylsa güýçli agyrylar ýüze çykýar. Gan toplumynyň bardygyny (suwuklygyň tolkunma sindiromy) arkaly bilip bolýar.

Agyr bertiklerde deriniň aşakdaky dokumalardan sypyrylmagy mümkin. Gan lagtalary deriniň aşaky ýumşak dokumalardan sypyrylmagyna, dokumalaryň nekrozyna getirip bilýär we ujaklaryň muskul aralarynda gan toplumynyň emele gelmegine getirýär. Meselem, daşky aýlawynyň 1 sm artmagy etarasyna ganyň 500 ml çenli toplanýandygydyr.

Ösýän etara gan toplumlary nerwleri we gan damarlaryny ikilenç gysyp bilýärler. Şuňa mysal edip goşaryň zeperinde döreýän Folkmanyň kontrakturasyny getirip bolar.

Bertikde çiş ýumşak dokumalara suwuklygyň ýygnanmagy netijesinde bolyar. Çişiň ululygy zeperlenen ýerde deriasty ýag

gatlagynyň näderejede bardygyna baglydyr. Çişiň ösüşini ujagyň daşky aýlawyny ölçemek we sag ujagy bilen deňeşdirmek arkaly bilip bolýar.

**Bejerilişi.** Eger bertik alan ýeriniň meýdany uly bolmasa näsagyň bertigen ujagyň hereketini 3-4 gün çäklendirmeli, bir gün içi buzly haltajyk goýup soňra sowuk kompres etmeli. Agyryny aýyrmak üçin analginiň 0,5 gerdejik görnüşinde 3 wagtyna içirmeli. 2-3günlerde bertigen ýerine ýyly kompres goýmaly. Bertigen ýeri çişse Ibn Sina aşakdaky ýapgyny ulanýar:

- ýumurtgany agy-sarysy bilen garmaly içine bir çemçe ary balyny, dört çemçe şerap (30 ml arak) bilen garyp ýapgyny iki gün saklamaly.

Bertigen ýerde gan toplumy (gematoma) emele gelen bolsa, ony aýyrmaly we berk saramaly. Ýumşak dokumalaryň öňki kaddyna gelmegine UWÇ we ultrases fizioterapewtiki bejergiler has gowy täsir edýär.

## Bogunlaryň baglaýjy apparatlarynyň zeperlenmeleri

Boguny baglaýjylaryň esasy zeperlenmelerine, baglaýjylaryň süýnmegi, doly däl we doly üzülmesi, ýumşak dokumalaryň bertikmesi bilen gabat gelýär. Bogunlaryň baglaýjy apparatynyň süýnmegine zeperlenmäniň täsiri çykyklardaky ýaly, ýöne süýnmelerde bogun üstüniň bognuň çäginden wagtlaýyn daşlaşmagy bolup geçýär we kömekçi baglaýjylaryň süýnmegi gysga wagtlaýyn bolup ýene-de öňki kaddyna gelýärler.

Has güýçli şikeslerde baglaýjynyň doly däl üzülmegi ýa-da süňke birigýän ýerinden üzülip gopmagy mümkindir. Bognuň baglaýjy apparatlarynyň iň agyr zeperlenmeleri adaty trawmatiki çykyklarda gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Bogun çişýär, bognuň içine gan we limfa suwuklygy ýygnansa bognuň göwrümi ulalýar, şikes alan ýeri agyrýar we bogundaky hereketiň çäklenmegi bolyp geçýär.

Agyry şikesiň alan güni has ýiti bolýar we soňky günlerde kem--kemden gowşaýar hem diňe hereketlendirilse ýüze çykýar. Bognuň

baglaýjy apparatynyň zeperi bertikden tapawudy, zeperlenen baglaýjy çekilende agyry we bognuň kadaly däl hereketi emele gelýär. Ýumşak dokumalara uly ganöýme bolan ýagdaýynda ýa-da bogna gan ýygnananda bognuň rentgen şekili bogna golaý we bogun içre süňk döwükleriniň bardygyny ýa-da ýokdygyny anyklamak üçin ähmiýeti uludyr. Bogny emele getirýän süňkleriň arasyndaky boşluk zeper alan tarapynda giňemegi mümkindir. Bogna ýygnanan gany (gemartrozy) aýrylanda ganyň içinde ýag düwmejikleri bar bolsa, bogun içre süňk döwüginiň bardygyny aňladýar.

**Bejerilişi.** Baglaýjylar süýnende ujak gips longetasy bilen hereketsizlendirilýär eger ýumşak dokumalarda ganöýme bolman çala agyry biynjalyk edýän bolsa, ýumşak berkidiji sargy saralýar. Agyrsyzlandyrmak üçin ýerli nowokain blokadalaryny ulanmak ähmiýetlidir.

Ilkinji gün şikes alan ýerine sowuk kompresler, soňky günlerde ýylylyk täsirli bejergi çäreleri ulanmaklyk maslahat berilýär.

Bogunlaryň baglaýjylarynyň bitewiligini doly bozýan zeperlenmelerde berk aýlawly gips sargylaryny şikes alan tarapyna uly bolmadyk giperkorreksiýa ýagdaýynda dört hepdelik möhlet bilen goýulýar. Baglaýjylaryň zeperlerinde geçirilen konserwatiw bejergi çäreleriniň kömegi ýetmese esasanam, iri bogunlaryň şikeslerinde operatiw bejergiler görkezilendir.

## Uzak wagtlap gysylma sindromy (UWGS)

Bu sindrom uly betbegtçylyklarda, ýagny ýer yranananda, şahtalar, känler çökende, betonyň ýa-da agyr demiriň astynda galyp baslygan ýagdaýynda ýüze çykýar. Uzak wagtlap gysylma sindromy (UWGS) birinji gezek fransuz hirurgy Kenýu ýazypdyr, ýöne doly bedende nämeler bolup geçýändigini anyklamandyr. UWGS 1941-nji ýyla çenli şok ýagdaýy diýilip hasap edilipdir we şoňa garşy edilýän bejeriş çäreleri geçirilipdir. 1941-nji ýylda Angliýaly alym hirurg Baýters beýik Watançylyk urşy döwründe London şäheri bombalananda ejir çekenlere kömek berende UWGS doly ýazyp beýan edýär we bu şok ýagdaýy däl-de özbaşdak bir sindrom diýip düşündirýär.

UWGS häzirki kitaplarda *trawmatiki toksikoz* diýip gabat gelýär,

öňki ýazgylarda KRAŞ-sindrom ýa-da mynjyrama sindromy atlary gabat gelýär.

UWGS şikes ýeteniň aýagyny ýa-da elini basyp duran predmeti aýranyňda ýüze çykyp başlaýar, şol gysyp duran predmet aýrylmanka şikes ýeteniň ýagdaýy kanagatlanarly bolýar we nädip kömek bermelidigini basýan zady niresinden gelip aýrylsa gowy boljakdygyny aýdyp kömekleşýär. Basyp duran predmeti aýrylan badyna şikes ýeteniň ýagdaýy birden erbetleşýär we basym ölýär, şol amallary göz öňünde tutup Baýoters bu ýagdaý şok ýagdaýy däl-de öz başyna bir sindrom, ýagny KRAŞ sindrom diýip at berýär we alamatlaryny doly öwrenip başlaýar. Aşgabat ýer titremesinde Daşkent we Spitak ýer titremesinde ejir çekenlere kömek berlende belli alymlar Kuzin, Eslanskiý, Petel UWGS hemme häsiýetlerini we alamatlaryny ylmy esasda öwrenilýär, etaplarda hem beýleki saglygy goraýyş edaralarynda geçirilmeli bejeriş çärelerini ýazyp beýan edýärler. Kuzmin we Baýotersiň ýazyp beýan etmegine görä UWGS esasy 3 faktor uly orun oýnaýar: 1-nji faktor güýçli agyry gyjyndyrmasy merkezi beýni ulgamynyň hereketlendiriji we togtadyjy merkezleriniň işini kadadan çykarýar. Ikinji faktor trawmatiki toksemiýa, ýagny bedeniň özünde dörän awuly himiki jisimleriň daşyna çykman öz-özünde zäherlenmesidir. Üçünji faktor plazma ýitgisidir.

Şu ýokardaky agzap geçen faktorlarymyzyň täsiri astynda dem alyş, gan aýlanyş ulgamlary, damarlaryň gysylmasy peşew bölüp çykaryjy synalaryň işini kadadan çykarýar, ganyň goýalmagyna getirýär. Eslanskiniň ýazyp beýan etmegine görä bedeniň zäherlenmesi gysylyp baslygan myşsalar mioglobin 75%, kreatenin 70%, kaliýiň 60% we fosforyň 70% ýitirýär. Basyp duran predmet aýrylanda ýaňky agzap geçen maddalarymyz gan damaryna düşüp metaboliki asidoz ýagdaýyna getirýär (aşgar-turşusy deňagramlylygy ýitýär). Muskullardan çykan himiki düzümleriň iň esasysy mioglobin bolup (onuň özi belokdyr we turşy gurşawda öňki kaddyna getirip bolmajak ýagdaýa öwrülýär) we böwregiň kanaljyklarynda saklanyp ony doly böwetleýär hem ýiti böwrek ýetmezçiligi ýüze çykýar. Kaliý jisiminiň artyk bolmagy ýüregiň muskullaryna täsir edip onuň işleýşini kadadan çykarýar.

Häzirki wagtda UWGS doly öwrenildi we ýeke-täk patogenezi hem bejeriş çäreleri işläp düzüldi. UWGS patogenezinde esasy orny basylyp galan ýerdäki şikes ýetmeginiň täsiri astynda döreýän myşsalaryň hatardan çykmagydyr. Muskullarda alyş-çalyş prosessi kadadan çykan soň myşsalardaky beloklar dargap başlaýar we gan damaryna düşýär. UWGS näçe köp wagt dowam eden bolsa, şonça-da ýaňky agzap geçen zäherli jisimlerimiz köp toplanýar we basyjy predmet aýrylan bada birden gan damaryna düşüp bedeni zäherleýär. Baslygan muskullaryň meýdany näçe köp bolsa, şoňa görä-de şu sindrom agyr geçýär.

Ýaňky gana düşen zäherleýji jisimler bedeniň hemme ýerine täsir edýär, ýöne esasy böwrege, bagra, öýkene we ýüregiň myşsalaryna has bek täsir edýär. Hemme ulgamlaryň kadadan çykmagy gan aýlanşyny we damarlarda ganyň lagtalanmagyna getirýär (DWS – ýüze çykýar). Metaboliki asidoz ýagdaýy has güýjeýär we bu ýagdaýyň täsiri astynda ýygnanan turşy zäherli maddalar damarlaryň deşiklerini giňeldýär hem ganyň suwuk bölegi damardan daşyna çykýar, hem gan has goýlaşýar. Baslygyp galan myşsalardan gan damaryna düşen belok mioglobin turşy gurşawdan turşy-duzly gematine öwrülýär hem böwregiň peşew çykarýan kanaljyklaryny dolduryp peşewiň öňüni böwetleýär. Baslykmadan aýrylan aýakda ýa-da elde ýerli üýtgeşmeler hem bolup geçýär, baslygyp galan ýeri gitdigiçe çişýär, gataýar we baslygan ýerinden aşakda galan bölegine gan barmasy hem innerwasiýasy ýitýär.

UWGS agyrlygy boýunça dört derejä bölýärler: ýeňil, orta tap, agyr we örän agyr baslygyp galma.

Birniji dereje ýeňil agyrlykdaky baslygyp galma ýagdaýy 3 sagada çenli bolsa, 3–sagat baslygyp galsa orta agyrlykdaky, 4-5 sagat dowam etse agyr ýagdaýdaky we 5 sagatdan köp bolsa örän agyr ýagdaý emele gelýär. Käbir başga ýagdaýlar UWGS alamatlaryny we agyrlygyny üýtgedip biler. Meselem, aýak ýa-da el doly gysylman iki-ýeke damarlardan gan akmasy kesilmese ýagdaýy az-kem ýeňilleşýär, eger iki aýagy basylyp galan bolsa UWGS agyr görnüşi has gysga wagtda ýüze çykýar.

UWGS – golaý ýagdaý käbir başga şikeslerde-de ýüze çykýar.

Meselem, uly arteriýa damarlary but arteriýasy, dyz arteriýasy ýa-da çigin arteriýasy doly üzülen wagtynda arteriýanyň şikeslenme ýeten ýerine tikilip gan akmasy ýola goýulmadyk halatynda ýa-da wagtlaýyn akýan gany saklamak üçin goýulan Esmarhyň rezin tanapy (žguty) goýmaly, wagtyndan has köp wagt goýulan bolsa ýa-da şikes ýeten aňynda bolman aýagy ýa-da eli aşagynda gaňrylyp bijaý galan bolsa we şuňa meňzeş ýagdaýlarda UWGS golaý alamatlar peýda bolýar.

UWGS – alamatlaryny ýa-da klinikasyny üç döwre bölmek bolýar: 1– döwre basyjy predmeti aýrylan bada şikes ýeteniň ýagdaýy ýaramazlaşyp başlaýar, baslygan ýeri çişýär, ýüregi bulanýar käwagt gusýar, endamy agarýar, sowuk der basýar, ýüreginiň urgysy çaltlanýar G/B 60-70 we ondan hem aşak düşýär. Şu döwür şogyň torpid fazasyny ýadyňa salýar we üç gün dowam edýär. 2 – döwür (aralyk wagt) 4 günden başlap ýüze çykýar we böwrek ýetmezçiligi duýulýar, ýanbaşy agyrýar, ýüregi bulanyp gusup başlaýar, peşew azalýar. 3 – döwür (giçki wagt) 8-10 günden soň ýüze çykýar we ýerli alamatlar ýagny myşsalar çüýräp başlaýar, çişýär, iriňläp azyp gyzgyny ýokary galýar, sepsis döreýär.

**Bejerilişi.** Ujagy basyp duran predmeti aýyrmazdan öň baslygan ýeriniň ýokarsyndan wagtlaýyn gan saklamakda ulanylýan rezin tanapy goýmaly we basyp duran predmeti aýyrmaly. Agyryny aýyrmak üçin 2%-li promedolyň ýa-da 1%-li morfiniň erginini sançmaly.

Baslygan ujak boşadylandan soň elastiki bint bilen barmaklaryndan tä ujagyň ýokarsyna çenli saramaly we ujagy şinalaryň kömegi bilen hereketsizlendirmeli. Baslygan ujak sowatmaly, ýagny gar ýa--da buz bilen gurşap almaly. Eger mükinçilik bolsa böwrege golaý ýa-da töwrekleýin nowokain blokadasyny geçirmeli. Gan damaryna sistema goýup reopoliglýukiniň, 5%-li glýukozanyň ýa-da 4%-li sodanyň erginini damja görnüşinde goýup keselhana çalt getirmeli. Hassahanada ýaýjyk asty wena damaryna katetr goýmaly we şu aşakdaky erginleri goýbermeli:

1) 10%-li glýukoza 200,0 + 0,25%-li nowokain 200,0 + insulin 6 birlik damardan;

2) ganyň natiw plazmasy 500,0;

3) 4%-li sodanyň ergini 450,0;

4) reopoliglýukiniň ergini 450,0;

5) 5%-li glýukoza 500,0 + 5%-li witamin C 5,0;

6) mannit ýa-da manitol 300,0;

7) ringer-lokgyň ergini 1000,0;

8) želatiniň ergini 450,0.

Peşew haltasyna katetr goýup çykan peşewiň mukdaryny ölçemeli we her iki sagatdan derňewe ugratmaly.

9) Antibiotikleriň giň täsir edýänini sanjym edip başlamaly;

10) eger bejergi çäreleri gan-damar görkezijileri kadalaşdyrmasa steroid gormonlary sanjym etmeli;

11) bejergi çäreleri netijesinde peşewiň çykmasy azalsa gemodializ geçirmeli (plazmofarez);

12) gepariniň ergini 2500 birlik günüň dowamynda 4 gezek;

13) furosemid 60,0 mg günüň dowamynda;

14) 2%-li dimedrol ýa-da pipolfen 2,0;

15) 10%-li kofein 2,0;

16) näsaga günüň dowamynda içmäge sodaly suw bermeli (1 litr suwa 1 çemçe natriniň gidrokarbonatyny garmaly);

17) bürmek keseliniň öňüni alyş çäreleri (0,5-anatoksin)

UWGS damardan goýberilýän erginleriň mukdary günde 4-5 litre barabar we ilkinji sagatlary her sagatda 0,5 litr goýbermeli.

UWGS has agyr derejesi ýüze çyksa ujak 8-10 sagat baslygyp galan bolsa, ýiti böwrek ýetmezçiligi ýüze çykmanka ujagy zeper ýetmedik ýerinden amputasiýa amalyýetini geçirmeli we kultýany doly tikmeli däl.

## Siňirleriň zeperlenmeleri

Siňirleriň zeperlenmeleri hem beýleki şikeslenmeler ýaly açyk we ýapyk görnüşleri bolýar. Eger siňre zeperlenme ýeten ýerinde dersine şikes ýetmese ýapyk we deri gatlagynda ýara bolsa, açyk zeperlenme diýip atlandyrylýar.

Siňirleriň kesgidi takyklananda adybir muskulyň ady bilen utgaşdyrylýar. Meselem, çigniniň iki kelleli muskulanyň zeperlenmei (üzülmegi, süýnmegi).

**Kliniki alamatlary.** Siňiriň üzülen ýerinde deri aşak çöküp oýtajyk emele gelýär. Zeperlenme ýeten siňiriň muskullasy ýygrylýar we eliň bilen sypalaňda mese-mälim bildirýär hem muskulynyň ýerine ýetirýän hereketi çäklenýär ýa-da doly ýitýär. Eger ujaklaryň barmaklaryny hereket etdiriji myşsalaryň siňirlerine, ýagny epijilere (ýumujy) zeper ýetse onda barmak arkan gaýşyp özi epilmeýär, ýazyjy myşsalaryň siňirlerine zeper ýetse barmak aşak sallanyp özi gönelip bilmeýär.

Penjäň barmaklarynyň ýumujy siňirleri ikä, ýagny ýüzleý we çuň ýerleşenlere bölýärler. Eger barmaklaryň çuň ýumujylaryna zeper ýetse barmagyň dyrnak böleginde we siňirleriň ikisinede zeper ýetse ortaky hem dyrnak böleklerinde ýumulma hereketi ýitýär. Eger diňe ýüzleý siňire zeperlenme ýetse barmak ýumular ýöne bogun ara hereketiň çäklenmegi mümkin.

Eger siňirler doly üzülse operatiw bejeriş usuly görkezilen. Siňirleri tikmek üçin örän köp tikinleriň görnüşleri hödürlenen, ýöne haýsy usuly ulananda-da aşakdakylary berjaý etmeli.

1. Tikin ýönekeý we ýeňil ýerine ýetirip bolýan bolmaly.

2. Tikilenden soň siňiri bir-birine berk baglap saklamaly.

3. Siňiriň hereket edýän kanaljygyna tikiniň uçlary päsgel bermeli däl.

4. Siňirde gan aýlanyşa zyýan ýetirmeli däl.

Siňirleriň tikinleriniň görnüşleri iki dürli bolýar:

a) içki tikinler we tikin sapagy siňiriň içinde ýerleşýär olar soň aýrylmaýarlar. Içki tikinler üçin ýüpek ýa-da lawsan sapaklaryny ulanýarlar (*23-nji surat*).

b) daşky tikinler sapagyň ujy deriň daşynda daňylýar we siňiriň uçlary birbirine sepleşip bitenden soň aýrylýarlar.

Operasiýada soň hökman gips longetasyny goýmaly. Gips sargysyny epiji siňirleriň zeperlerinde penjäň daşyndan, ýazyjy siňirleriň zeperinde iç tarapyndan goýmaly. Penjäň barmaklarynyň siňirlerine zeperlenme ýetende goýulýan tikinler birnäçe görnüşler 24-nji suratda görkezilendir.




**23-nji surat. Siňiriň içinden geçýän tikinler**
*a*) Kýuneoň tikini,
*b*) Rozowyň tikini,
*ç*) Kazakowanyň tikini.




**24-nji surat. Siňirleriň aýrylýan tikinleri.**
1) Benneliň, 2) Kosaň, 3) 8-görnüşli tikin, 4) d- tikin sapagy.

## Çigniň iki kelleli muskulynyň siňiriniň zeperlenmesi

Iki kelleli muskulyň siňirleriniň zeperlenmesi köplenç açyk bolup kesilen, çapylan we beýleki tyg ýaralarynda gabat gelýär.

Açyk ýaralary ilkinji hirurgiki operasiýa geçirilende üzülen siňirler ýerbe-ýer tikilýär we amalyýetden soň Turneriň usuly boýunça gips sargysyny dört hepde goýmaly. Siňirleriň ýapyk üzülmesi ady agzalan myşsa aşa uly güýç täsir etse gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Iki kelleli muskulyň uzyn kellejiginiň siňiri üzülse myşsanyň ýygrylmagynda döreýän deformasiýa çigniň aşak tarapynda we aşaky kellejiginiň siňiri üzülse ýokary tarapynda gabat gelýär. Ujagyň şikes ýeten tarapynda goşary epseň deri asty deformasiýa has mälim görünýär. Şikes ýeten muskulyň hereketi agyrly bolup, şol ýeriniň derisinde gan öýmeler gabat gelýär.

**Bejerilişi.** Operasiýa etmeli.

1. Operasiýanyň aňsat ýönekeý usuly uzyn kellejigiň siňiriniň üzülen ujuny çigin süňküniň tümmejikler arasyndan geçýän oýtajyga tikmeli.

2. Lawrowyň operasiýa usuly uzyn kellejigiň siňiriniň üzülen ujuny pilçäň akromial ösüntgisine tikin berkitmeli. Operasiýadan soňky döwürde üç hepde Dezoň sargysyny saramaly we iki hepde ýokarky ujagy ýalyk bilen boýnundan asyp gezmeli.

3. Aşaky kellejigiň siňiri üzülse, ujuny bilek süňkine berkidip tikmeli we elini epip gips longetasyny 6-8 hepde goýmaly.

Ökje siňiriniň (ahil siňiri) zeperinde eger üzülse özüne mahsus kliniki alamatlary bolýar. Näsagyň ýöremesi kynlaşýar ökjäni doly yza ýazyp bilmeýär, barmaklarynda ökjäni galdyryp durup bilenok. Seredilende ökje siňirniň zeper ýeten ýerinde içine çöken oýjagaz emele gelýär. Ähl siňiri doly üzülse operasiýa etmeklik göz öňüne tutulan.

Çernýawskiniň operasiýa usuly siňiriň daşky tarapyndan dikligine kesip siňiriň üzülen uçlary tapylýar, gan toplumlaryny aýyrmaly. Baldyr muskulynyň aponewrozyndan aşaklygyna dil görnüşli bölejik kesilip üzülen ýere 2-3 sm ýetmän durmaly. Kesilen ýeri tikmeli. Siňiriň aşaky üzülen tarapynda ortasyndan dikligine kesip ýokarky kesip alan dil ýaljak bölejigimizi ýerleşdirmeli we berk sapaklar bilen (ýüpek, kapron) berkidip tikmeli (*25-nji surat*).



**25-nji surat. Çernýawskiniň ökje siňirini plastika usuly**

Operasiýadan soňky döwürde barmaklaryň ujundan buduň orta bölegine çenli dabany ýazyp dört hepde gips sargysyny goýmaly.

**Muskullaryň zeperleri.** Muskullaryň zeperlenmeleri hem açyk we ýapyk şikeslerde gabat gelýär. Eger açyk şikes bolsa, onda näsagy ilkinji hirurgiki amalyýet edilende üzülen muskullaryň uçlaryny П-görnüşli tikinler bilen tikilýär.

Ýapyk üzülmeler muskula birden çendenaşa güýç düşende ýa-da berk dartylanda gabat gelýär. Ýokarky ujakda köplenç iki we üç kelleli, geçiş üsti, aşaky ujakda injigiň baldyr hem buduň dört kelleli muskullarynyň üzülmegi gabat gelýär.

Muskullar süýnse ýa-da doly üzülmedik halatynda konserwatiw bejergi geçirilýär: gips sargysyny goýmaly, fizioterapewtiki bejergileri (UWÇ, ultra ses) bellemeli.

## Gerişüsti muskulyň zeperlenmesi

Gerişüsti muskul ýokarky ujak çendenaşa güýç bilen dartylanda ýa-da çigniň çykygynda üzülip şikes ýetmegi mümkin.

**Kliniki alamatlary.** Ýokarky ujagy ýokary galdyrmaklyk hereketi çäklendirýär. Şikes ýeten ýerde egniň üstüne çenli gidýän agyry bolýar. Ujagy ýokaryk galdyranda pilçe bilen bile galýar (*26-njy surat*).

**Bejerilişi.** Myşsa doly üzülmedik ýagdaýynda ahyry ýokary galdyryp we çigni daşyna çala towlap gips sargysyny 4-5 hepde goýmaly.



**26-njy surat. Egniň gerişüsti muskulynyň üzülmegi**

Muskul doly üzülen ýagdaýynda operasiýa etmeli: üzülen muskulyň ujyny tapyp, çigniň uly tümmejigine ýüpek ýa-da lawsan sapaklar bilen berk tikmeli. Operasiýadan soňky günlerde ujagy galdyryp durýan şinalar bilen 6-8 hepde berkitmeli.

**Buduň dört kelleli muskulynyň zeperi.** Buduň dört kelleli

muskuly näsag dyzynyň epilgi ýagdaýynda ýokardan gaçsa gabat gelmegi mükin.

**Kliniki alamatlary.** Eliň bilen sypalap görülende zeper ýeten ýeri içine oýulyp durýar. Muskul doly üzülende näsagyň özi aýagyna gönelip bilmeýär.

**Bejerilişi.** Operasiýa edip muskulyň üzülen uçlaryny П görnüşli tikinler bilen tikmeli. Eger muskulyň siňiriniň uly injik süňküniň tümmejigine birigýän ýerinden gopsa, lawsan sapaklaryň kömegi bilen süňke berkitmeli. Operasiýadan soňky günlerde gips longetasyny 4-5 hepde goýmaly.

## VII bap

## ÇYKYKLAR

Iki süňküň bogun emele getirýän böleginden üýtgemegine çykyk diýilýär. Çykyklar atlandyrylanda göwreden daşlaşýan süňküň ady bilen utgaşdyrylýar. Meselem, ýanbaş-but bognunda (çüýjiklikde) bolsa, onda buduň çykygy, eger dyz bognunda çykyk bar bolsa-injigiň çykygy we şuňa meňzeşler. Çykyk şikesi bilen adamzat gaty ir döwürden tanyş, sebäbi işlände, aw edende ýa-da ýykylanda çykyk şikesi köp gabat gelen we çykygy ýerine salmaklygyň ugryny tapyp, ýerine salypdyrlar. Häzirki ylmy çeşmelere salgylansak Galeniň, Gippokratyň, Ibn Sinanyň, Gürgenliniň işlerinde çykyklaryň görnüşleri, alamatlary we ýerine salmaklygyň usullary ýazylypdyr hem häzirki güne çenli tebipler, seýikler, trawmatolog lukmanlar tarapyndan ulanylyp gelinýär.

Gündogaryň beýik alymy Ibn Sinanyň 5 tomdan ybarat «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabynyň 4 tomunda çykyklar hakynda özbaşyna bap ýazylyp, onda toparlamalar, olaryň kliniki alamatlary, başga şikeslerden tapawutlandyrmak hakynda we bejergi çäreleri giňden durylyp geçilýär.

**Çykyklaryň görnüşleri (toparlamasy):**

1. Täze çykyk - şikes alandan soň 2 güne çenli.
2. Köneleşen çykyk - şikesden soň 3-4 hepdä çenli.

3. Köne çykyk - şikesden soň 4 hepde geçen bolsa.

4. Ýerine girmeýän çykyk - çykan süňk bilen bogun aralyga ýumşak dokumalar düşüp-diňe operasiýa usuly bilen ýerine salynýar.

5. Çylşyrymlaşan çykyk - haçanda bogunda çykyk hem döwük ýa--da golaý geçen gan we nerw damarlaryna zeperlenme ýetende aýdylýar.

6. Endik eden çykyk–ilkinji çykykda soň şol bir ýerde garşy--garşy çykanda aýdylýar.

Çykyklarda, boguna golaý ýumşak dokumalara hem zeper ýetýär olar gan öýýär, dartylýar, sünýär hem köplenç ýumşak dokumalar agyry gyjyndyrmagy sebäpli dartylýar çykan süňküň kellejigi gysylyp durýar. Çykyklarda ýumşak dokumalaryň we baglaýjylaryň zeper ýetmeginde bogunlara gan toplumy ýygnanýar (gemartroz). Eger çykyk wagtynda ýerine salynmasa gan toplumy lagtalanýar, könelişen we köne çykyklarda lagtalanan gan gaty dokuma öwrülýär. Könelişen we köne çykyklarda ýumşak dokumalaryň gysylmagy netijesinde çykygy ýerine salmak öňküden has agyr çylşyrymlaşmalara getirmegi mümkin, şonuň üçin operasiýa usulyny ulanyp çykygy ýerine salmaklyk maksada laýyk. Çykyklar ähli süňk şikesleriniň takmynan 2-3%-e deň bolup, agyr şikeslere girýär, şonuň üçin uly süňkler (but, injik, çigin, oňurga) çykanda näsaglaryň çykygy ýerine salnan halatynda-da hassahanalaryň trawmatologiýa bölümlerinde bejermeklik hökmandyr. Çykyklar köplenç orta ýaşdaky esasan, erkek adamlarda köp gabat gelýär. Çykyklar ýerine salynanda zeperlenme ýeten boguny has gowusy şol bogundan aşakdaky we ýokary ýanyndaky bogunlary hereketsizlendirmeli. Hereketsizlendirmäni gips sargylar arkaly amala aşyrmaly we durmaly möhleti her süňk üçin aýratyndyr.

*1-nji tablisa*

| **T/b** | **Çykygyň ady** | **Skelet çekiji ulgamynyň möhleti (hepde)** | **gips sagysynyň durmaly möhleti (hepde)** | **işe ukyplylygy** |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1. | Çiginiň çykygy | | 4 | 6-7 hepde |
| 2. | Tirsegiň çykygy | | 3 | 5-6 hepde |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3. | Goşaryň çykygy | | 3 | 4 hepde |
| 4. | Goşaryň ýarym aý görnüşli süňkiniň çykygy | | 3 | 4 hepde |
| 5. | Penjäniň barmaklarynyň çykygy | | 2 | 3 hepde |
| 6. | Buduň çykygy | 4-5 | 4-5 | 3 aý |
| 7. | Buduň kellejiginiň merkezi çykygy | 6-7 | 5-6 | 3-4 aý |
| 8. | Injigiň çykmagy | 4 | | 2 aý |
| 9. | Dyzçanagynyň çykmagy | 3 | | 5-6 hepde |
| 10. | Dabanyň çykmagy | | 4-5 | 8-9 hepde |
| 11. | Ökje asty çykygy | | 3-4 | 6-7 hepde |
| 12. | Daraklygyň çykmagy | | 4 | 6-7 hepde |
| 13. | Aýagyň barmaklarynyň çykmagy | | 2 | 3-4 hepde |
| 14. | Oňurganyň çykmagy | | 3-4 | 4-5 aý |
| 15. | Ýaýjyk süňkiniň çykmagy | 4 – Delbäniň halkasy | | 4 hepde |
| 16. | Aşaky äňiň çykmagy | 3 gün ýagyk bilen daňmaly | | 1 hepde |

Çykyk ýerine salnandan soň hereketsizlendirilmese çykyk ýagdaýy öwrennikli bolmagy mümkin.

**Çykyklaryň umumy kliniki alamatlary:** näsag şikes alandygyny aýdýar, bogunda güýçli agyry bolýar, bogunyň görnüşi sag tarapy bilen deňeşdireniňde üýtgeýär, gan toplumyň ýygnanmagy sebäpli bogun çişýär, çykan ýerini näsag belli bir ýagdaýda özüne agyrysyz görnüşinde saklaýar.

Çykan ujagy uzalan ýa-da gysgalan bolýar (sag ujagy bilen deňeşdireňde) bogunda özi hereket edip bilmeýär, barlaýan lukman hereketlendirende hereketiň çäkliligine we agyrynyň güýçlenýändigine göz ýetirýär. Barlaýan lukman ujagy hereketlendirijek bolanda

pružin görnüşinde garşylygy duýýar we goýberende ujak ýene-de öňki ýerine barýar, emaý bilen sypalanda çykan süňküň kellejiginiň bogundan daşyna çykandygyny anyklaýar.

Çykygy anyklamak üçin barlap bolanyňdan soň boguny iki tarapyndan rentgen şekillerine düşürmeli-şekillerde süňk bogundan haýsy tarapa çykypdyr, süňküň döwülendigini ýa-da döwülmändigini anyklamaly.

Çykyklary esasan, ýumşak dokumalaryň bertiginden, baglaýjylaryň zeperlerinden, süňk döwüklerinden tapawutlandyrmaly. Ýumşak dokumalaryň bertiginde bogunda biriniň kömegi bilen hereketlendirilende bognuň hemme hereketi saklanan bolýar, hem ujak gysgalyp ýa-da uzamaýar. Baglaýjylaryň zeperlerinde bogunda diňe bir hereketinde ýagny, zeper ýeten baglaýjy dartylan ýagdaýynda agyry ýüze çykýar. Süňk döwüklerinde hereket bolmaly däl ýerinde bolup, sypanyňda süňk bölejikleriniň bir-birine degende özboluşly ses duýulýar. Näsagy lukman barlanda şikes alan ujagynyň daşky tarapynda gan damarynda pulsyny we barmaklarynda duýyjylygy barlamaly sebäbi käbir çykyklarda gan we nerw damarlary gysylyp agyr çylşyrymlaşmalaryň ýüze çykan bolmagy mümkin.

Näsagy barlap, rentgen şekillerine düşürip ýagdaýy anyklanandan soň çykygy haýal etmän ýerine salmaly. Her-bir süňküň çykygyny ýerine salmaklygyň birnäçe usullary bolup, lukman tarapyndan haýsy usuly ulananda çykygy ýerine saljakdygyna göz ýetirmeli. Çykyk ýerine salnanda hökman näsaga agyryny aýyryjy dermanlaryň erginini sanjym etmeli (has gowusy 1%-li promedolyň 1,0-1%-li dimedrolyň 1,0 goşyp sançmaly). Şikes alan boguna 2%-li nowokain ýa-da lidokainiň erginini goýbermeli, möçberi 2-nji tablisada getirilen.

*2-nji tablisa*

| | **Bogunlar** | **2%-li nowokain (ml)** | **2%-li lidokain (ml)** |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1. | Çigin, daban bogunlaryna | 15-20 | 10 |
| 2. | Tirsek, goşar bogunlaryna | 10 | 5-8 |
| 3. | Çüýjik bogunlaryna | 20-25 | 15 |
| 4. | Dyz bogunlaryna | 15-18 | 10-12 |
| 5. | Aýanyň, daraklygyň bogunlaryna | 5-8 | 5 |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 6. | Barmak bogunlaryna | 3-5 | 3-5 |
| 7. | Ýaýjyk süňki çykanda | 5-10 | 5-7 |

Eger mümkinçilik bar bolsa, uly süňkler (but, çigin, dyz) çykanda gysga wagtlaýyn umumy narkoz berilse talaba laýyk bolýar.

**Çigniň çykmagy.** Ähli çykyklaryň arasynda iň köp gabat gelýäni (60-65%), onuň sebäbi çigin bognuň anatomo-fiziologiki ýagdaýyna görä ýagny, pilçäniň bogun tarapy çigin süňküniň kellejiginiň meýdanyndan 3-4 esse kiçi, bogun haltajygynyň gowşaklygy, bogunda hereketiň hemme taraplygynda (töwerekleýin hereket). Çigin bognuny emele getirýän süňklerde baglaýjylar bolman hemme taraplaýyn myşsalar bilen örtülendir. Bogun haltajygy bogunyň aşaky we öň tarapynda örän ýuka bolup çigin süňkiniň anatomiki boýunjygynyň aşaky tarapynda pilçe tarapynda bolsa, bogun çukurjygynyň gyrasyna birigendir. Çigniň çykygynyň 90-95%-i öňe, 5-8%-i aşak we gaty seýrek yza tarap çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Näsagyň egni aşak düşen bolup, kellesini şikes alan tarapyna gyşardýar, çigin daşyna tarap gowalyp durýar. Näsag elini tirseginde epip sag eli bilen saklap durýar. Pilçäniň akromial ösüntgisi tümmerip aşak tarapynda oýjagaz emele gelýär. Näsaga çigininiňi hereketlendirmäge synanyşmak has agyr bolup, pilçe bilen bile galdyrýar. Näsagyň daşyna gowalyp duran çiginini göwrä golaý getireňde pružinli ýaly ýene öňki ýerine barýar. Rentgen şekillerine düşürip çykygyň haýsy görnüşidigi anyklanandan soň bogun içre 2% nowokainiň 15-20 ml erginini goýbermeli 5-7 minut garaşmaly.

Et içre 1%-li promedolyň 1.0+1%-li dimedrolyň 1,0 goşup sançmaly. Mümkin bolan ýagdaýynda anesteziolog lukmanlar tarapyndan gysga wagtlyk umumy narkoz bermeli. Çigin çykygyny salmaklygynyň gaty kän usullary ýazylyp beýan edilen, ýöne ýumşak dokumalaryň (muskullaryň) gowşaklygy gazanylmasa çykygy salmak kyn bolýar we has agyr çylşyrynlaşmalaryň ýüze çykmagy mümkin.

**1. Jänelidžäniň usuly** - näsagyň şikes alan ýerine ýerli anesteziýa geçirilenden soň uzyn stolyň üstünde ýanyn şikes alan elini aşak sallap 10-15 minut ýatmaly. Sallanyp duran eliň agramyna

ýumşak dokumalar kem-kemden gowşaýar. Lukman näsagyň şikesli elini tirseginden 90 gradus epýär we bir eli bilen goşaryndan tutup saklaýar, beýleki eli bilen bilegiň tirsek bognuny golaý böleginden aşak basýar, goşardan tutup duran eli bilen iki tarapa hereketlendirýär. Çykyk ýerine baranda lukmana özboluşly bir ses eşdilýär.

**2. Koheriň usuly** - yzygiderli 4 emelden durýar.
1-näsag oturgyçda oturýar, lukmanyň kömekçisi sag egninden tutyp saklaýar, lukman bir eli bilen näsagyň goşaryndan, beýleki eli bilen tirseginden tutyp, tirsegi göwrä tarap getirýär.
2-emelde näsagyň şikes alan eliniň tirsegini bir eli bilen aşak basýar, goşardan tutup duran eli goşary daşyna tä göwre bilen deňleşýänçä çekýär.
3-emelde näsagyň şikeslenen alan elini aşak we gapdala çekmegini togtatman tirsegi ýokaryk we öňe galdyrýar, kä wagt şu etapda çykyk ýerine barýar.
4-emelde şikeslenen alan eli çekip durşyny gowşatman şikessiz egnine tarap towlamaly, iň soňky tapgyra köplenç ýagdaýda ýerine barýar (*27-nji surat*).

**Gippokrat-Kuperiň usuly.** Näsagy arkan ýatyrmaly, şikeslenme alan eliniň goşaryndan iki eli bilen tutyp, aýagyny ýalaňaçlap ökjesini goltugynyň aşagyna eltýär. Ökjesi bilen çigin süňkiniň çykan kellejigine basyp, iki eli bilen ýuwaşlyk bilen çekip başlaýar we çykyk ýerine barýar.

**3. Motuň usuly.** Näsag oturgyçda oturdylýar, lukmanyň kömekçisi uzyn mata ýa-da prostyny goltugynyň aşagyndan geçirip, şikessiz tarapyna, lukman iki eli bilen şikesli eliň tirseginden we çigininden tutup gapdala göniligine çekýär we çykyk ýerine barýar.

**4. Çakliniň usuly.** Näsag arkan ýatyrylýar we lukmanyň kömekçisi şikeslenen eli uzynlygyna çekýär, lukman bir eli bilen çigin süňkiniň çykan kellejigini ýerine tarap itýär. Şu usul esasan, aşaky çykyklarda we çylşyrymlaşan çykyklarda ulanylýar.

**5. Ibn Sinanyň 1-nji usuly.** Näsagy arkan ýatyrmaly we lukman aýagynyň ökjesi ýa-da ujuna mata saralan taýak bilen çigin süňkiniň kellejigini boguna tarap itip iki eli bilen şikeslenen eli aşak çekýär.

**6. Ibn Sinanyň 2-nji usuly.** Näsagdan boýy uzyn bolan adam, egnini şikes alanyň çykan tarapynyň goltugynyň aşagyna salýar we şikesli elini egniniň üstünden aşyryp aşak garnyna tarap çekýär. Eger näsagdan uzyn adam bolmadyk mahaly näsagyň şikesli elini daşyna ýumşak zat saralan we keseligine merdiwan görnüşinde berkidilen agajyň üstünden aşyryp lukman şikeslenen eli aşak çekýär.



**27-nji surat. Koheriň usuly bilen çiginiň çykygyny salmaklygyň, yzygiderli 4 emeli**

Köne çykyklarda, ýerine girmeýän çykyklarda, çylşyrymlaşan we endik eden çykyklarda çykygy operasiýa usuly bilen ýerine salýarlar.

Çigin bognuny gurşap alynýan ýumşak dokumalaryň arasy bilen aşaklygyna arteriýa, wena we nerw damarlary geçýär. Operasiýa edilende boguna çenli aralykdaky geçýän damarlara zeper ýetirmän boguna barmaly.

**De Palmanyň operasiýa usuly.** Derini gaňyrçak görnüşli 10--12 sm kesmeli we ýumşak dokumalaryň arasyny açmaly, delta görnüşli muskulyň öň tarapyny kesip aşak we daşyna çekmeli, iki kelleli muskulyň siňir böleginden kesip gapdala serpmeli. Çykan çigin süňkiniň kellejigini ýerine salmaly. Kesilen ýumşak dokumalary ýerbe-ýer gatma-gat ketgut sapagy bilen tikmeli.

**Waýnşteýniň operasiýa usuly.** Esasan, endik eden çykyklarda ulanylýar. Delta görnüşli muskulyň öň tarapyndan dikligine çala töwerekli 12-15 sm derisi we deri asty ýag kesilýär. Delta görnüşli muskuly *w. sephalica* bilen bölüp göwrä tarap çekmeli, pilçäniň çüňk görnüşli çykyntgysyny açmaly hem oňa birigýän kiçi döş, çüňk-çigin we iki kelleli muskulyň gysga kellesini çalarak kesmeli. Agzalan muskullary keseniňde örän seresap işlemeli sebäbi olaryň aşagyndan aşaklygyna uly gan adamarlar geçýär.

Pilçasty muskulyň siňir bölegini çigin süňkiniň kiçi tümmüjigine birigýän ýerinden Z-görnüşinde kesmeli. Bogunyň bardasyny kesip bogunу açmaly. Iki kelle muskulyň uzyn kellesini özbaşyna bölmeli (çigini, başardygyndan daşyna towlamaly) we çiginiň kiçi tümmüjiginiň iç tarapyna geçirip П-görnüşli tikin bilen bogun bardasyna we pilçasty muskula tikmeli. Hemme kesilen ýumşak dokumalary ýerbe-ýer, gatma-gat ketgut sapaklary bilen tikmeli. 4-5 hepde gips sargysy bilen berkitmeli. Gips sargysy aýrylandan soň hökman bejergi gimnastikasynyň tapgyryny almaly.

**Andreýewa we Boýçewiň operasiýa usuly.** Derini delta görnüşli muskulyň öň tarapyndan kesmeli we ady agzalan muskuly *w.sephalica* bilen iç tarapyna çekmeli.

Pilçäniň çüňk görnüşli çykyntgysyny Andreýewanyň usuly boýunça, birigýän çüňk-çigin we iki kelleli muskulyň gysga kellejigi bilen kesmeli. Boýçewiň usuly boýunça çüňk çykyntgysyna birigýän çüňk-çigin, iki kelleli muskulyň gysga kellesini we kiçi döş muskulynyň daşky tarapyny ösüntgi bilen kesmeli. Pilçasty

muskulyň aňyrsyndan kornsangyň kömegi bilen (örän seresap bolmaly uly gan we nerw damarlarynyň toplumy geçýär) geçelge döretmeli. Kornsangyň kömegi bilen keslien çüňk ösüntgisini emele getirlen geçelgeden geçirmeli we öňki ýerine tikmeli. Ýumşak dokumalary gatma-gat ketgut sapagy bilen tikmeli. Dört hepde gips sargysyny goýmaly.

**Swerdlowyň operasiýa usuly**-derini gaňyrçak görnüşli uzynlygy 12-15 sm aşaklygyna *sulcus deltoideopectoralis* bilen kesip *v. sephalicanyň* daş tarapyndan geçmeli.

Tümmüjikler arasy açylandan soňra iki kelleli muskulyň daşky bardasyny we boguny açmaly. Iki kelleli muskulyň gysga siňirinden we çigin çüňk muskulyň ýarragyny alyp kesmeli we togalajyk edip ketgut sapaklary bilen tikmeli. Çigini 90 gradus daşyna towlap kiçi tümmüjikden 2 sm içine ýarym aý görnüşinde bogunyň bardasyny 5-6 sm kesmeli. Çigin süňkiniň boýunjygynda biziň kömegi bilen deşmeli we şol deşikden ýüpek ýa-da lawsan sapagyny geçirip kesip taýýnlap myşsa bölegine tikmeli.

Emele getiren baglaýjymyzy bogun bardasyna ketgut sapaklary bilen tikmeli. Iki kelleli myşsanyň uzyn kellejigini tümmüjikler arasyndaky ýapjagazda ýatyryp süňke berkitmeli. Ýumşak dokumalary gatma-gat tikmeli. Dört hepde gips sargysyny goýmaly.

## Tirsegiň çykygy

Tirsek çykygy ýaş adamlarda köp gabat gelip, ähli çykyk şikesleriniň bäşden birine deňdir. Tirsek bogunyny üç sany süňk emele getirýär we bogun bardasy bogunyň öň we yz tarapynda ýuka bolup, gapdal taraplarynda has berkdir. Köplenç (tirsek bilek) süňkleri bilelikde çykýar, diňe bilek süňkiniň çykygy çagalarda has köp gabat gelýär. Şu bogunda süňkler dört tarapada çykyp bilýär. Ýöne 90%-e iki süňküň yzyna çykygydyr.

**Tirsegiň yzky çykygy** – tirsek boguny öňki görnüşini ýitirýär, çişýär, näsag şikes alan elini çala epip sag eli bilen saklaýar. Özi bogunda hereketsizlendirip bilmeýär, biriniň kömegi bilen hereketlendirilende maýyşgak garşylyk bolup goýberseň ýene-de öňki ýerine barýar. Hereket agyryly. Tirsek süňküniň ösüntgisi daşyna

tarap çykyp duran bolup, iç tarapyndan sypalaňda çigin süňküniň aşaky ujy bildirýär. Sag eli bilen deňeşdireňde bilegi gysgalan bolup, Gýunteriň üçburçlygy deň taraplylygyny ýitirýär. Bejergisi-näsaga ýerli anesteziýa edilenden soň ýatyrmaly.

Lukmanyň kömekçisi näsagyň goşaryndan tutmaly, lukman eliniň aýasy bilen çigin süňkini özüne tarap çekip başam barmaklary bilen tirsek süňkiniň ösüntgisini öňe itmeli. Lukman çykygy salýarka, goşardan tutyp duran kömekçi şikes alan eli çekýär we tirsek bogunda epýär. Çykyk ýerine salanyňdan soň näsagyň goşaryndaky damarlarda pulsyny barlamaly.

Rentgen şekillerinde çykygyň ýerine barandygyna göz ýetirmeli we iki hepde gips sargysyny goýmaly. Işe ukyplylygy dört hepdeden soň dikelýär.

**Tirsegiň öňüne çykmagy** – alamatlary näsagyň şikes alan eli ýazgyn bolup, bogun öňki görnüşini ýitiren, çiş bolýar. Tirsek süňküniň ösüntgisi eline bildirenok, sypalap barlanyňda ösüntginiň ýerinde çigin süňküniň bogun bölegi durýar. Boguny öň tarapyndan emaý bilen sypalanyňda tirsek we bilek süňkleriniň bogun bölegi bildirýär.

Çykyk ýerine salnanda lukmanyň kömekçisi tirsek bognuny emaý bilen epýär we goşardan saklaýar. Lukman iki eliniň aýasy bilen tirsegi aşak basýar we başam barmagy bilen çigin süňküniň aşak böleginden öňe itýär. Eger kömekçi bolmasa, lukman näsagy stolda ýatyryp şikesli eli aşak sallap tirseginden epip bir eli bilen goşardan tutýar, dyzy bilen tirsegi aşak basýar we sag eli bilen çigini içine itýär. Iki hepde gips sargysy, sargy aýrylandan soň bedenterbiýe bejergileri maslahat berilýär.

**Tirsegiň gapdala çykmagy** – seýrek, köplenç yzky çykyk bilen bile gabat gelýär.

*Kliniki alamatlary* – bogun çişýär, hereketi artýar, ýöne örän agyryly. Gýunteriň üçburçlygy gyradeňligini ýitirýär. Gapdal çykyklarda hökman rentgen şekillerine düşürmeli, sebäbi süňkleriň döwülmegi mümkin.

Çykyk ýerine salnanda gowy agyrsyzlandyrmaly, kömekçi şikesli eli goşardan tutyp çekýär, lukman tirsegiň çykan tarapyny ýerine tarap itýär. Rentgen şekillerinde barlamaly, 2-3 hepdelik gips sargysyny goýmaly.

## Bilek süňküniň kellejiginiň çykygy

**Bilek süňküniň kellejiginiň çykygy** – köplenç çagalarda duş gelýär. Bilek süňküniň kellejigi öňe, yza we gapdala çykyp bilýär, esasanam çaganyň bir elinden tutyp, ýokaryk galdyrylanda, çaganyň göwresi towlanyp şikes alýar.

**Kliniki alamatlary.** Şikes alanyň eli aşak sallanyp durýar, tirsek bogunynda güýçli agyry, elini epip bilmeýär. Eliň bilen sypalanyňda bilek süňküniň kellejigi tümmerip durýar.

Rentgen şekillerinde çykyk aýdyň görünýär. Şikes alan ýeri ýerli agyrysyzlandyrylandan soň lukman sag eli bilen (eger çykyk çep tarapda bolsa) näsagyň goşaryndan tutyp çekýär, çep eli bilen bilek süňküniň çykan kellejigini basýar we tirsek bognuny epýär. Çykyk ýerine baranda özboluşly ses eşidilýär. Tirsek bognunda hemme hereketi bolup, agyrysy köşeşýär. Rentgen şekillerinde çykyk ýerine barandygyny anyklanandan soň şikesli elini 90-80 gradus epip 3-4 hepdelik gips sargysyny goýmaly. Kähalatlarda bogun bardasynyň ýa-da muskullaryň bölegi ara düşüp çykyk ýerine barmaýar. Çykyk ýerine saldyrmasa operasiýa usulyny ulanyp çykyk salynýar.

## Goşaryň çykygy

Goşar süňkleri bir-biri bilen berk baglaýjylar bilen baglanan, şonuň üçin goşaryň hemme süňki birden gaty seýrek çykýar. Ýöne süňkler döwülip baglaýjylar üzülen ýagdaýynda goşar süňkleri tutuşlygyna çykyp bilýär.

**Kliniki alamatlary** - goşar çişýär, deformasiýa bolýar, goşaryň hereketi çäklenen we örän agyryly. Rentgen şekillerinde çykyk anyklanýar. Ýerli anesteziýa geçirilenden soň şikes alan eli tirseginden berkidip lukmanyň kömekçisi näsagyň barmaklaryndan tutup çekýär. Lukman iki eli bilen çykygy ýerine salýar we gips sargysy bilen dört hepde berkidýär.

## Ýarymaý görnüşli süňküň çykygy

Goşar süňkleriniň içinde özbaşdak iň köp gabat gelýän çykykdyr.

**Kliniki alamatlary** – näsag goşarynda agyrynyň bardygyna arz edýär, goşar çişýär III-IV barmaklary çala epilen görnüşde bolup, I-II-III barmaklary doňan ýaly, garynja ýöreýän ýaly jümşüldeýär. Goşaryň daş ýüzünde çukurjyk emele gelip goşaryň aýasynda ýumşak dokumalaryň arasynda eliňe çykan ýarymaý görnüşli süňk bildirýär.

Ýerli anesteziýa geçirilenden soň lukmanyň kömekçisi näsagyň tirsegini epip saklaýar, lukman I barmakdan bir eli bilen, galan 4 barmakdan beýleki eli bilen tutup emaý bilen berk çekýär. Çekip bognuň arasy açylandan soň näsagyň goşaryny yza tarap epmeli, şol wagt edip çykyk ýerine barýar. Çykyk ýerine baranda emele gelen çukurjyk düzlenýär agyrysy peselýär, bogundaky hereket artýar. Rentgen şekilinde süňküň ýerine barandygy anyklanýar we eli epip gips sargysy goýulýar. On günden soň gips sargysyny aýyrmaly, näsagyň elini azajyk arkan epmeli we gips longetasyny iki hepde goýmaly.

## Eliň barmaklarynyň çykygy

Barmaklaň arasyndaky çykygyň iň köp gabat gelýäni I barmagyň çykygydyr. Eliň açykka barmaklaryň üstüne ýykylsaň, ýa-da barmaga aýa tarapyndan güýçli urgy täsir etse barmak yzyna gaňrylyp çykar. Birinji barmak çykanda esasy barmak süňki bogunyň kapsulasyny ýyrtyp ýa-da süýndirip birinji aýa süňkiniň ýokarsyna çykýar. Köplenç bognuň gapdal baglaýjylary hem üzülýär.

**Kliniki alamatlary.** I barmak yza gaňyrlyp durýar we barmak süňkleri bogunda içine çala ýumulýar. Rentgen şekillerinde çykyk örän aýdyň görünýär. Şikes alan bogunda gowy ýerli anesteziýa geçirilenden soň näsagy ýatyrmaly. Kömekçi näsagyň şikes alan elini bir eli bilen bileginden beýleki eli bilen şikessiz barmaklaryndan tutup şikes alanyň elini çala towlap I barmagy ýokary tarapda bolar ýaly edip saklaýar.

Lukman özüniň birinji barmagyny näsagyň çykan süňkleriniň düýbine eltip beýleki eli bilen çykan barmagy çekip içine epýär, şol wagt çykyk ýerine barýar. Çykyk ýerine salnandan soň 1-2 hepde gips sarygysyny goýmaly. Barmagyň işe ukyplylygy dört hepdeden dikelýär.

## Buduň çykygy

Buduň çykygy az gabat gelip ähli çykyklaryň 5-7%-deňdir. Sebäbi ýanbaş-but bogny (çüýjiklik boguny) berk kapsula bilen gurşalan, but süňküniň kellejigi togalak baglaýjy bilen ýanbaş süňküne birigýär, bulardan başga-da, bogny galyň uly muskullar toplumy gurşap alýar. Buduň çykygy ýaş adamlarda köp gabat gelýär. But süňküniň kellejigi köplenç yza we seýrek öň tarapa çykýar. Çykyk haýsy tarapda bolsa-da, eger but süňküniň kellejigi aýlawaçlar çukurjygyndan ýokarda bolsa ýokarky, aşakda bolsa aşaky çykyk diýip atlandyrylýar. Şunuň bilen birlikde çykygy 4-görnüşe bölýärler:

1. Buduň yzky-ýokarky çykygy.
2. Buduň yzky aşaky çykygy.
3. Buduň öňki ýokarky çykygy.
4. Buduň öňki aşaky çykygy.

**Kliniki alamatlary.** But yza çykanda bogunda güýçli agyry bolýar, dyzy epilýär we aýagy iç tarapa towlanýar. Bogunda hereket bolman, eliň bilen çekeňde çykyga mahsus bolan maýyşgaklygy duýup bolýar. Aýak gysgalýar, but süňküniň uly aýlawajy Pozer-Nelatonyň çyzygyndan ýokarda ýerleşýär.

But süňki öňe çykanda aýak uzalýar, budunyň öň tarapynda but süňküniň kellejigi tümmerip yz tarapynda içine çöken ýaly oý bolup, uly aýlawaç eliňe bildirenok.

But süňküniň çykygyny ýerine salmak üçin çykygyň görnüşini anyklamaly, haş takygy rentgen şekillerine düşürmeli.

**Bejerilişi.** Näsaga gysga wagtlaýyn narkoz bermeli. Koheriň usuly bilen çykygy salmaklyk-buduň yzky çykygynda näsagy arkan ýatyrmaly, kömekçi näsagyň ýanbaşyny saklaýar, lukman şikesli aýagy dyz we çüýjük bogunlarynda epýär, bir eli bilen dyz bognundan

ýokaryk çekýär beýleki eli bilen aýagy içine towlaýar hem şol wagt özboluşly şyrkyldy bilen çykyk ýerine barýar.

Buduň öňe çykygynda Koheriň usuly ulanylanda epilgi aýagy öňki ýaly ýokaryk çekýär we aýagy ilki daşyna soňra içine towlaýar, şol wagt çykyk ýerine barýar.

**Jänelidžäniň usuly** – näsag agyrysyzlandyrylandan soň garnyna ýatyryp, şikes alan aýagyny stoldan aşak 10-15 minut sallamaly, çanaklygyň aşagyndan iki sany içi çägeli ýassyjak goýmaly, kömekçi çanaklygy aşak çala basyp saklaýar, lukman näsagyň dyzyndan epip saklaýar we dyzy bilen aşak basýar, bir eli bilen aýagy iki ýana towlaýar şol wagt özboluşly ses bilen ýerine barýar. Çykyk ýerine barandan soň gowusy 4 hepde ýeňil ýük bilen skelet-çekiji ulgam goýmaly ýa-da gips sargysyny 4-bäş hepde goýmaly. Gips sargysyny ýanbaşdan başlap dabana çenli goýmaly.

Işe ukyplylygy üç aýdan dikelýär. But çykygynyň ýerine barmaýan, könelişen we köne görnüşlerinde operasiýa edip boguny açmaly, çykygy ýerine salyp berkitmeli, soňra skelet-çekiji ulgama ýa-da koksid görnüşli gips sargysyny dört-bäş hepde goýmaly (*28-nji surat*).



**28-nji surat. Buduň çykygyny Jänelidžäniň usuly bilen ýerine salmaklyk**

## Injigiň çykygy

Gaty seýrek gabat gelýär, sebäbi dyz berk gapdal we iki sany atanak görnüşli baglaýjylardan durýar. Injik çykanda hökman baglaýjylaryň belli bir bölegi üzülýär.

**Kliniki alamatlary.** Dyz bognunda basganҫak ýa-da ҫiş görnüşli deformasiýa bolup, bogunda hereket bolmaýar, güýҫli agyry, boguna gan ýygnanyp ҫişýär. Bogunda hereketi barlajak bolmaly däl, damarlaryna zeper ýetirmegiň mümkin. Rentgen şekillerine düşürip ҫykygyň görnüşini anyklamaly, sebäbi injik dört tarapada ҫykyp bilýär.

**Bejerilişi.** Näsaga gysga wagtlyk narkoz bermeli we arkan ýatyrmaly. Kömekҫi şikesli aýagy göni ҫekýär, lukman injigiň ҫykan tarapyny ýerine tarap gysýar şol wagt ҫykyk ýerine barýar. Ilki gips longetasyny ýanbaşa ҫenli goýmaly. Boguna ýygnanan gany aýyrmaly, ýygnanmasy galandan soň töwerekleýin gips sargysyny 2,5-3 aý goýmaly.

## Dyzҫanak süňküniň ҫykygy

Çykygyň üҫ görnüşi bolýar:

1. Gapdala ҫykmagy-dyzҫanak süňki iҫine ýa-da daşyna ҫykýar.

2. Dyzҫanak süňküniň towlanyp ҫykmagy – ҫykygyň şu görnüşinde süňk öz okunyň daşynda aýlanyp tersine öwrülýär.

3. Dyzҫanak süňküniň keseligine ҫykmagy. Çykygyň şu görnüşi dört kelleli muskulyň siňir bölegi ýa-da dyzҫanak süňküniň öz baglaýjysy doly üzülende ýüze ҫykýar, ýagny dyzҫanak süňki keseligine öwrülip bognuň iҫine girýär.

**Kliniki alamatlary.** Güýҫli agyry bolup, bogun ҫala epik ýagdaýda, towlanyp ҫykanda aýak göni bolýar. Köplenҫ ýagdaýda dyzҫanak daş gapdala ҫykýar, bogna gan ýygnanyp ҫişmegi mümkin. Eliň bilen sypalap dyzҫanagyň haýsy gapdala ҫykandygyny bilip bolýar. Rentgen şekilleri ҫykygy anyklamaga kömek berýär.

**Bejerilişi.** Näsaga gysga wagtlaýyn narkoz bermeli we arkan ýatyrmaly. Şikes alan aýagy dyz bognunda göneldip ҫüýjük bognunda epseň dört kelleli muskula doly gowşaýar we eliň bilen ҫykan dyzҫanak süňküni ýerine ýeňil salyp bolýar. Baglaýjylar üzülip dyzҫanak süňki keseligine boguna giren bolsa, operasiýa etmeli. Dyzҫanak süňküni ýerine eltip üzülen baglaýjylary tikmeli.

Çykygy ýerine salnandan soň üҫ hepde gips sargysyny goýmaly.

6. Sargyt № 260

**Dabanyň çykygy** – köplenç ýagdaýda süňkleriň döwülmegi bilen gabat gelýär, ýöne gaty seýrek diňe dabanyň çykmagy hem bolup durýar. Daban içine we daşyna tarap injigiň topuklary döwülmese çykyp bilmeýär.

Dabanyň öňe çykmagy: daban uzalýar, ökje süňküniň tümmüsi ýitip eline bildirmeýär. Injigiň topuklary aşak düşýär, deformasiýa we çiş bolýar. Bogunda özi agyry sebäpli hereketlendirip bilmeýär. Rentgen şekillerinde çykyk has aýdyň görünýär.

Näsaga gysga narkoz ýa-da ýerli anesteziýa geçirilenden soň, dyz bognuny epmeli, ökjäni bir eliň bilen çekip yza gaňyrmaly, beýleki eliň bilen ökjüsti süňki yza itmeli. Çykyk ýerine baranda agyry azalyp, bogunda hereket doly göwrümde bolýar. Gips sargysyny 4-5 hepde möhlet bilen goýmaly. Işe ukyplylygy 1,5-2 aýdan dikelýär.

## Dabanyň yza çykmagy

Dabanyň yza çykmagynyň kliniki alamatlary – daban gysgalan ýaly bolup, ökje uzalan ýaly bolýar. Eliň bilen sypalanyňda ökjüsti süňki uly injik süňküniň yzyndan bildirip durýar. Bogunda hereket örän agyryly we çäklenen.

Rentgen şekilleri çykygy has anyklaýar. Näsaga gysga wagtlyk umumy narkoz ýa-da ýerli anesteziýa edip, arkan ýatyrmaly. Kömekçi näsagyň injiginden tutup aşak basyp durýar, lukman dabany çekip öňe tarap epýär, çykyk ýerine barandygyny anyklanandan soň gips sargysyny 4-5 hepde goýmaly.

**Ökje süňküniň çykygy** – şikesiň şu görnüşi näsag ýokardan böküp ökjesi gaňyrlanda ýüze çykýar. Ökjäniň çykan tarapynyň ters gapdalyndaky baglaýjylar üzülýär. Ökjäň çykan ýerine ganöýme we çiş bolýar. Çykygyň rentgen şekillerinde görnüşini takyklamaly.

Näsagyň şikes alan ýerine ýerli anesteziýa geçirilenden soň kömekçi injigiň aşak böleginden tutup saklaýar. Lukman eger çykyk öňe bolsa, çüýjiklik we dyz bogunlaryny göni epýär, ökjäni ilki göni çekýär we yza epip yza itýär. Ökje süňki yza çykanda, lukman ökjeden ilki göni çekýär we kem-kemden öňe epip itýär.

Ökjäniň gapdala ýagny, içine we daşyna çykanda lukman ökjäni ilki göni çekýär we bir eli bilen ökje süňküni çykan tarapyndan ýerine tarap itýär. Kömekçi elmydama lukmanyň itýän tarapynyň tersinden garşylykly itýär. Rentgen şekillerinde çykygyň ýerine barandygy anyklanýar we 1,5-2 aý gips sargysyny ädijek görnüşinde goýmaly.

**Şoparyň bognundaky çykyk** – şikesiň şu görnüşinde gaýyk şekillije ökje üsti süňkden tänýär. Çykyklar köplenç öňe we yza çykýar. Dabanyň orta böleginde deformasiýa we çiş bolýar. Rentgen şekillerinde çykyk takyklanýar we görnüşi anyklanýar.

Çykygy ýerine salmak üçin iki kömekçi gerek bolýar, olaryň biri näsagyň injiginden tutup saklaýar, ikinjisi dabanyň barmaklaryndan tutup çekýär. Lukman bir eli bilen çykan süňkleri ýerine tarap itýär, beýleki eli bilen ters tarapyndan garşylykly itergi berýär. Çykyk ýerine salynandan soň iki aý möhleti bilen ädijek görnüşli gips sargysyny goýýar. Çykyk ýerine barmasa operasiýa edip süňkleri ýerine goýmaly we çişler bilen berkitmeli.

**Lisfrankyň bognundaky çykyk** – şikesiň şu görnüşinde bäş sany daraklyk süňkleriniň düýbi ökjäň üç sany pahna we kub görnüşli süňklerine garanyňda gapdala süýşen bolýar. Çykygyň şu görnüşi elmydama II daraklyk süňküniň düýbüniň döwügi bilen birlikde gabat gelýär we köplenç daşyna ýa-da ýokaryk çykýar. Seredeniňde ýumşak dokumalarda çiş, ganöýme bolup, ýasydaban ýagdaýy ýüze çykýar, esasan, dabanyň öň tarapy gapdala giňeýär.

Rentgen şekillerinde çykyk anyklanýar, görnüşi takyklanýar. Çykyk ýerine salnanda ýerli agyrsyzlandyrmaly, kömekçileriň biri ökje tarapdan saklaýar, beýlekisi dabanyň barmaklaryndan göni çekýär, lukman iki eli bilen çykan süňkleri ýerine itýär we ýerine salýar, gips sargysyny ädijek görnüşinde iki aý möhleti bilen goýmaly. Çykyklar ýerine barmasa hökman operasiýa edip süňkleri ýerbeýer goýmaly we çişler bilen berkitmeli.

**Dabanyň barmaklarynyň çykygy** – köplenç barmak-daraklyk bognunda çykýar, barmak süňkleriniň arasyndaky bogunlarda çykyklar seýrek gabat gelýär. Barmaklaryň çykyklary ýerli anesteziýanyň kömegi bilen, lukman çykan barmagy göni çekýär, beýleki eli bilen çykan barmagy çykan tarapyndan içine itýär. Çykyk ýerine barandan

soň 2-3 hepde möhlet bilen gips sargysyny goýmaly. Kähalatda näsaga lukmançylyk kömegi trawmatologiýa bölüminde berilse çykan barmagy ýerine salynandan soň, çişiň kömegi bilen berkidilip bilner we iki hepdeden aýyrmaly.

**Ýaýjyk süňküniň çykygy** – ýaýjyk süňküniň pilçe we döş tarapy ady agzalan süňkler bilen ýaşy berk baglaýjylar, we bogun kapsulasy bilen birigen, şonuň üçin, ýaýjyk süňki doly çykan ýagdaýynda baglaýjylar üzülýär. Kähalatda baglaýjylar doly üzülmän süýnýär we ýarym çykyk ýagdaýy ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Şikessiz tarapy bilen deňeşdirmeli, çykan ýaýjyk süňküniň pilçe tarapy ýokaryk çykýar, (klawişanyň simptomy) ýagny, basaňda çykyk ýerine barýar, goýbereniňde ýokaryk çykýar. Ýaýjyk süňküniň döş tarapy bilen deňeşdireniňde deformasiýa bolup, çykan süňküň ujy öz ýerinden ýokarda ýa-da aşakda eline bildirip durýar. Çigin bognunyň hereketi agyry sebäpli çäklenýär. Rentgen şekillerine çykyk aýdyň görünýär.

Ýaýjyk süňki doly çykanda ony ýerine salmak aňsat, ýöne ýerinde saklamak kyn.

Doly däl çykyklarda MTOJ-nyň seýgi ýa-da döş-çigin gips sargysy bilen berkidilýär. Ýaýjyk süňküniň doly çykygynda ony operasiýa usuly bilen ýerine salyp, çişleriň kömegi bilen 6-7 hepde berkitmeli. Iş ukylylygy iki aýdan dikelýär.

**Aşaky äňiň çykygy** – seýrek gabat gelýär, ähli çykyklaryň 3-5%-e deňdir. Köplenç aşaky äň öňe çykýar, ýöne süňkler döwülende yza-da çykyp biler. Äň iki taraplaýyn we örän seýrek bir taraplaýyn çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Aşaky äňi aşak sallanyp, aşaky dişleriň hatary ýokarky hatardan has öňe çykýar. Eliň bilen sypalaňda gulaklaryň öň tarapynda çukurjyk bildirýär. Näsagyň agzyndan köp tüýkülik çykýar. Äňiň hereketi bolman gürläp bilmeýär.

Näsaga gysga wagtlaýyn umumy narkoz bermeli ýa-da ýerli anesteziýa geçirmeli. Näsag oturdylýar, kömekçi kellesinden saklaýar, lukman I barmaklaryna bint sarap dişleriniň üstünden aşak çekip yza itýär. Lukman çykyk ýerine baran badyna barmaklaryny dişleriň üstünden daşky gapdala düşürýär, sebäbi näsagyň dişlemegi mümkin. Çykyk ýerine baranda äňiň hereketi öňki kaddyna barýar we näsag gürläp bilýär. Aşaky äňi iki hepdeläp kellesine saramaly.

**VIII bap**

# TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝADA PROTEZLERIŇ, ORTOPEDIKI APPARATLARYŇ ULANYLYŞY

Amputasiýa diýlip ujaklaryň süňkleriniň dowamyndan kesip aýyrmak operasiýasyna aýdylýar.

Ekzartikulýasiýa diýlip ujaklaryň bogunlarynyň deňinden kesip aýyrmak, bogunlardan ýazdyryp aýyrmak operasiýasyna aýdylýar. Şonda diňe ýumşak dokumalar bognuň deňinde kesilýär, süňkler bolsa kesilmän, bogundan ýazdyrylýar.

Haýsy ýerräkden amputasiýa etmeli diýilen mesele ýüze çykanda, mümkin boldugyça aşakdan, (periferiýadan) diýlen prinsipden ugur almaly, ýagny "amputasiýany näçe mümkin boldugyça, şonça aşakdan geçirmeli" (N.I.Pirogow).

Amputasiýa maýyplaýjy operasiýadyr. Ony geçirmek üçin absolýut we otnositel görkezmeler bar.

Absolýut görkezmeler:

1. Eliň-aýagyň şikes netijesinde gopmagy, haçanda gopan bölek diňe deri ýa-da siňir bölejigi bilen baglaşyp galan bolsa.

2. Açyk döwükler, haçanda el-aýagyň süňkleri owranyp, muskullar mynjyran, gan we nerw damarlary üzülen bolsa.

3. Adamyň janyna howp salýan agyr infeksiýa (gangrena, sepsis) bar bolsa.

4. Eliň-aýagyň dürli sebäplerden soň (tromboz, emboliýa, obliterirleýji endoartrit, diabet, sowuk almak, elektrotrawma) ýüze çykan gangrenasy.

5. Howply çişleriň döremegi (kanser, sarkoma, hondrosarkoma we şuňa meňzeşler).

## Amputasiýa operasiýasy üçin otnositel görkezmeler

1. Uzak wagtlap dowam edýän, bejerip bolmaýan trofiki başlar, ýaralar.

2. Içki synalaryň amilaýidozyna getiren dowamly osteomiýelit.

3. Eliň-aýagyň agyr, bejerip bolmajak deformasiýalary (şikesden soň, dürli paraliçlerden soň).

4. Eliň-aýagyň hatda protezläp bolmajak uly ýetmezçilikleri.

5. Eliň-aýagyň protezläp bolmajak dogabitdi keselleri.

Amputasiýa operasiýasy maýyplaýjy operasiýa bolany üçin, oňa bolan görkezmeleri lukmançylyk resminamalarda (kesel taryhynda) hökman gerekli ýazgylar bilen delillendirmeli. Şol operasiýadan soň eliň-aýagyň protezläp boljakdygyny göz öňünde tutmaly.

**Amputasiýa operasiýanyň toparlamasy.**

1. Deslapky, ilkinji, başlangyç, gutarnykly däl amputasiýa, haçanda eliň-aýagyň çüýrän serhedi belli däl bolsa, gerek bolsa ýene-de ýokarrakdan amputasiýa ederis diýen niýet bilen geçirilýän amputasiýa.

2. Gutarnykly amputasiýa, adyndan belli bolşy ýaly, şol operasiýa ýeterlik, ahyrky, şol bir adamda şu kesel sebäpli iň soňky operasiýa bolup galýar.

3. Ilkinji görkezme boýunça amputasiýa eliň-aýagyň şikesden soň dikeldip bolmajak bölegini entek infeksiýa ýüze çykmanka kesip aýyrmak, amputasiýa etmek.

4. Ikinji görkezme bilen edilýän amputasiýa haçanda şikes alan eliň-aýagyň bölegi iriňländen soň, ýa-da gangrena döräninden soň geçirilen operasiýadyr.

5. Giçki, gijigen amputasiýa köplenç näsagyň goşmaça kesellerini ýa-da başga sebäpler üçin gijikdirilip geçirilen operasiýa.

6. Reamputasiýa-haýsydyr bir sebäbe görä birinji geçirilen amputasiýa kömek etmese, gaýtadan geçirilýän amputasiýa.

**Amputasiýalaryň ýumşak dokumalaryň kesilişine baglylykdaky toparlamasy.**

1. Aýlawly (sirkulýar), eliň-aýagyň dokumalary bir tekizlikden kesilip geçirilýän apmutasiýa.

2. Biçüwli haçanda ýumşak dokumalaryň tikini amputasion kultýanyň, eliň-aýagyň çolagynyň ortasyndan düşmez ýaly, çolagyň üstüni örtýän ýumşak dokumalaryň ýary uzyn, ýary gysga edilip, ýörite biçüw bilen kesmek, amputasiýa etmek.

Amputasiýa operasiýasy gadymdan bäri ulanylyp gelýän hem bolsa, bu operasiýany ylmy taýdan esaslandyrmakda, amaly luk-

mançylyga ornaşdyrmaga uly goşant goşan N.I.Pirogowdyr. Onuň dabanyň, topugyň, injigiň, buduň deňinde geçiren amputasiýalary häzire çenli ulanylýar. Gündogaryň beýik alymy Abu Aly ibn Sina, häzirki döwürde ulanylýan aseptika, antiseptika düzgünleri, antibiotikler, anestetik serişdeleriň ýoklygyna garamazdan dürli görnüşli amputasiýalary geçiripdir we ýazyp miras galdyrypdyr.

Protez-munuň özi ujagyň ýok böleginiň, aýrylan böleginiň öwezini dolýan mehaniki gural, apparatdyr.

Ortopediki apparat-ujak bar hem bolsa, hyzmaty bozulan bölegini berkitmek we daýanç ukybyny dikeltmek üçin ulanylýan mehaniki gural, apparatdyr.

Diýmek, protezlemek sözi özüniň giň manysynda mehaniki apparatlaryň, gurallaryň kömegi bilen eliň-aýagyň ýok böleginiň öwezini dolmaklyga, ýa-da bar hem bolsa, hyzmaty bozulan bolsa, daýanç ukybyny dikeltmeklige aýdylýar.

Protezlemek üçin näsagyň umumy we ujagyň çolagynyň ýagdaýy, näsagyň käri we mundan beýläk zähmete ukyby göz öňünde tutylmalydyr.

Protez-gurluşy boýunça gaty çylşyrymly mehanizmdir. Ol adam ýöränде taýmazlygyny üpjün etmelidir. Protez adamyň saklanyp galan eliniň, aýagynyň formasyny, ululygyny saklamaly, ýeňiljek hem berk bolmalydyr. Protezleriň daban, topuk, injik we but amputasiýasy edilende ulanylýan görnüşleri bar. Aýagy dogabitdi kelte näsaglar üçin hem özboluşly protezler bolýar. Protezlemek näsaglaryň reabilitasiýasynyň bir görnüşidir-näsaglar şondan soň ýöremeklige we käbir işleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik gazanýar.

Ortopediki apparatlar näsagyň daýanç-hereket synalarynyň deformasiýasynyň, eger-de deformasiýa dörän bolsa, onda onuň artmagynyň (progressirlemeginiň) öňüni alýar. Ortopediki apparatlar bogunlardaky artykmaç hereketleri çäklendirýär ýa-da düýbünden hereket bolmazlygyny gazanýar, şol sebäpli hem eliň-aýagyň daýançlyk ukybyny dikeldýär. Köplenç hem gowşak we spastik ysmazlarda ulanylýar. Ortopediki apparatlar gilzadan (peşenden, aýaga-ele geýdirilýän bölekden) we metal seýiklerden durýar. Seýikler apparatyň arka tarapyndan ýarym halkalaryň kömegi bilen birikdirilendir.

Ortopediki apparatlar gulply we gulpsuz bolup bilýärler. Gulply görnüşi-näsag ýörände aýagynyň daýanç mümkinçiligini artdyrmak üçin dyzyny gulplaýar, hereket bolmaz ýaly edip bilýär, oturanda bolsa, dyzyny ýene-de eplener ýaly edýär.

**Ortopediki apparatlaryň görnüşleri**

Aýak üçin ulanylýan ortopediki apparatlar.

1. Injik-daban boguny üçin apparat.
2. Dyz boguny üçin apparat.
3. Çüýjüklik bogny üçin apparat.
4. Tutuş aýak üçin apparat.
5. Tutuş aýak üçin we korsetli ýarym apparat.

El (ýokarky ujaklar) üçin ortopediki apparatlar.

1. Penjäni saklamak üçin apparat.
2. Goşar üçin apparat.
3. Tirsek bogny üçin apparat (şarnirli we şarnirsiz).
4. Tirsek we çigin bogunlary üçin apparat
5. Tutuş el üçin apparat.

Korsetler-oňurga sütünini berkitmek we oňa düşýän agramy azaltmak üçin niýetlenen ortopediki gural. Korsetleriň fiksirleýji we korrigirleýji görnüşleri bolýar.

Ortopediki aýakgap-dabany belli bir ýagdaýda saklamak üçin niýetlenendir. Köplenç ysmazlarda, gyşyk dabanda şikesden soňky deformasiýalarda ulanylýar.

## IX bap

## TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝADA NÄSAGLARDA GEÇIRILÝÄN REABILITASIÝA HEM DIKELDIŞ BEJERGI ÇÄRELERI

Näsaglaryň saglygyny mümkin boldugyça doly dikeltmek, näsag adamlaryň özleri jemgyýetiň işjeň agzasy hasap etmeklerini gazanmak reabilitasiýanyň, esasy maksadydyr.

Reabilitasiýa döwletiň saglygy goraýyşa, durmuş üpjünçilige sarp edýän çykdaýjysyny azaldýar: bejergi üçin gidýän döwrüň

gysgalmagynyň, maýyplara tölenýän pensiýalaryň azalmagynyň hasabyna. Näsagyň maşgalasyna gowuşmagyny, jemgyýete doly agza hökmünde gaýdyp gelmegi bolsa, pul bilen ölçärden ýokary.

Reabilitasiýa - bu döwlet, jemgyýetçilik, lukmançylyk, psihologiýa, pedagogika, professional, hukuk çareleriň kömegi bilen näsaglary we maýyplary funksional we sosial-zähmet tarapdan gaýtadan dikeltmekdir.

## Reabilitasiýanyň esasy kadalary

1. Reabilitasiýa çärelerini mümkin boldugyça ir başlamaly we olary bejeriş çärelerine goşulmaly, olaryň üstüni ýetirmeli.

2. Reabilitasiýa yzygiderli we üznüksiz bolmaly.

3. Reabilitasiýa çäreleri köp taraply bolmaly. Maýypyň reabilitasiýasynda diňe lukmanlar däl-de, eýsem beýleki hünärmenler hem gatnaşmaly: psiholog, sosial üpjünçiligiň, kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň işgärleri, ýuristler we ş.m. Ýöne toparyň ýolbaşçysy lukman bolmaly.

4. Reabilitasiýa çäreleriniň ulgamy her maýyp üçin aýry bolmaly. Şikesiň derejesi, keseliň geçişi, näsagyň häsiýeti hasaba alynmaly we her bir näsag üçin şahsy meýilnama düzülmeli.

5. Reabilitasiýany näsaglaryň toparynda geçirmeli, sebäbi reabilitasiýanyň maksady näsagy topara goşmak. Şonuň üçin her näsaga maksatnama aýratyn hem bolsa, geçireninde toparlarda geçirmeli. Şonda beýleki näsaglar hem özi ýaly kemli bolansoň utanmaýarlar.

6. Maýyplary jemgyýetçilige peýdaly işjeň zähmete gaýtadan getirmek.

Öňünden haýsy näsaglara nähili reabilitasiýa geçirmelidigini çak bilen kesgitlemeli. Dogabitdi maýypmy ýa-da soň, ýaşaýşyň dowamynda maýyp bolupdyrmy hökman tapawutlandyrmaly, sebäbi uly adamlar maýyplyk ýagdaýyna sataşsalar ruhy kynçylyklara sezewar bolýarlar.

## Reabilitasiýanyň bölümleri

1. Anatomiki dikeldiş (doly, doly däl).

2. Funksional dikeldiş: a) doly dikeldiş; b) doly däl dikeldişde öwezini dolmak (kompensasiýa), meselem, eger-de sag eliň hyzmaty doly dikelmedik bolsa, näsag özüniň çep eli bilen şol işleri ýerine ýetirmegi öwrenýär; ç) hyzmaty bolmasa-da ortopediki usul bilen şol agzany çalyşmak, meselem, eliň barmagyny dikeltmek, kosmetiki taýdan.

3. Gündelik ýaşaýyşa uýgunlaşdyrmak.

4. Zähmet prosessine goşmak.

5. Reabilitasiýa (dikeldişi) geçen näsaglary dispanser barlaga almak.

Maýyplyga getirýän keseller we şikesler aşakdakylardan ybarat: a) doga kem dogýan çagalar; b) dowamly näsaglar (osteomiýelit …); ç) agyr şikes alanlar; d) sagalanda kemçilikli galan näsaglar (eli ýa-da aýagy amputasiýa edilen näsaglar).

## Reabilitasiýanyň maksady

1. Öňki iş ýerine çykar ýaly etmek (adaptasiýa)

2. Readaptasiýa-öňki edarasynda, emma öňküden azajyk ýeňilräk işde işläp bilmegi.

3. Professional reabilitasiýa – onuň esasy maksady maýypy zähmet önümçiligine taýýarlamak. Lukmançylyk reabilitasiýasy bilen professional reabilitasiýanyň arasyndaky wagty mükin boldugyça gysgaltmaly. Maýypa keseli bejermegiň gidişi we netijesi hakynda lukmanyň özünden doly maglumaty bilmekligi gerek. Bolmasa näsagda hakykata gabat gelmeýän pikirler döremegi mümkin, bu bolsa bejergini kynlaşdyrýär. Dikeldiş bejergi uzaga çerkdigiçe näsagda göwni çökgünlik döremegi ähtimal. Näsag şonda özüniň ýoldaşlaryna, kärhana gerek däl ýaly pikir etmegi mükin.

Gospitallarda bejergi alýan näsaglaryň özüne bolan ynamy azalýar, olar kömege mätäç bolýarlar. Näsagy dözmezçilikli bejermek, onuň hyzmatyny etmek näsagyň erkini peseldýär. Şonuň üçin bejerginiň ilkinji gününden başlap näsagda özüne bolan ynamyny artdyrmaly, bejerginiň gowy netije berjekdigine mysallaryň kömegi bilen ynandyrmaly.

Reabilitasiýa hemişe ýeke fiziki taýdan bolman, eýsem ruhy taýdan hem bolmaly, onuň doly suratda jemgyýetiň agzasydygyna ynam döretmeli. Professional reabilitasiýada lukmançylyk we sosial reabilitasiýanyň üstünlikleri goşulyşýarlar. Häzirki döwürde kadaly zähmetiň ýürek-damar, gan aýlanyş we madda çalyşma ulgamlaryň işlerini gowylandyrýandygyna hiç kimde şübhe ýok. Onuň tersine, uzak wagtlap hereket etmän ýatmaklyk myşsalaryň atrofiýasyna we ir garramaklyga getirýär. Şonuň üçin reabilitasiýa döwründe zähmet terapiýasynyň ähmiýeti örän uly. Fizioterapiýa we zähmet terapiýasynyň bölümleri mümkin boldugyça bir otagda ýerleşmeli. Durmyşy endikleri öwrenmek üçin otaglar öýdäkilere meňzeş bolmaly: aşhana, hajathana, oturylýan, ýatylýan otaglar zähmet bejergisi bölüminiň otaglary ýöriteleşdirilen bolmaly: agaç ussaçylyk (stolýar), slesarçylyk, dokmaçylyk, sebet örmekçilik, keşdeçilik, maşynkada çap etmek, kompýuterçilik… Çagalar bölüminde endikler dürli görnüşli oýunlar ýaly geçirmeli.

Zähmet endikleri öwrenilende esasy zat – zähmet çekmekligiň usullaryny sabyrlylyk bilen düşündirmek. Näsaglara mümkin boldugyça olara gyzykly işi öwretmeli hem-de olary ýadatmaly däl.

Zähmet bejergisi bölümleri özlerine degişli önümçilik edaralary bilen ýakyn aragatnaşykda bolmaly, näsaglar reabilitasiýadan soň şol edaralarda hemişelik işlär ýaly.

Zähmet bejergisi durmuşy reabilitasiýasynyň esasyny düzýär, haçanda näsag ýuwunmagyň, geýinmegiň, sakal-murtuny syrmagyň, iýmitlenmegiň… endiklerini öwrenýär. Bu endikleri öwrenmeklik akyly kem çagalar üçin ähmiýeti uludyr.

Şeýlelikde, zähmet bejergisiniň meseleleri:

1. Fiziki hyzmatynyň dikeldilmegi:

a) bogunlaryň hereketini artdyrmak, muskullary berkitmek, hereketiň kadalaryny gowylandyrmak;

b) günde ulanylýan durmyşy endikleri öwrenmek (ýuwunmak, iýmitlenmek, geýinmek);

ç) öý işlerini ýerine ýetirmegi öwrenmek (çaga seretmek, öýi syryp-süpürmek, nahar taýýarlamak);

d) protezi geýmegi öwrenmek.

2. Zähmet bejergisi bölüminde gündelik işleri ýerine ýetirmek üçin ýönekeýje gurallary ýasamagy öwrenmek.

3. Professional zähmete bolan ukybynyň derejesini kesgitlemek (her näsag üçin şahsy aýratynlykda).

Reabilitasiýanyň meseleleri bilen maýyplaryň halkara reabilitasiýa jemgyýety meşgurlanýar, ol 1960-njy ýylda döredildi. Bu gurama maslahat berýär, maslahatlary, okuwlary guraýar, aýratyn guramalaryň we islendik adamlaryň reabilitasiýa degişli soraglaryna jogap berýär, reabilitasiýa degişli filmleri görkezýär, reabilitasiýa halkara žurnalyny çykarýar (iňlis, fransuz, ispan dillerinde).

Reabilitasiýanyň meseleleri bilen başga-da birnäçe halkara guramalary iş alyp barýarlar (BMG, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, ÝUNESKO…).

## Reabilitasiýanyň esasy düzgünleri

1. Reabilitasiýa lukmançylyk, bilim, ykdysadyýetçileriň, hojalyk, kärdeşler arkalaşygynyň, zähmet bilen bejeriş, sosial-üpüjünçilik işgärleriniň bilelikdäki çözmeli meselesidir, maýyplaryň özleriniň hem işjeň gatnaşmagy gerek.

2. Reabilitasiýanyň toplumlaýyn ulgamy ýeke bir daýanç-hereket apparatynyň deformasiýasy bar näsaglary däl, eýsem başga synalary we ulgamlary keselli näsaglary hem öz içine alýar.

3. Reabilitasiýanyň esasy maksady näsagyň saglygyny dikeltmek, sosial we professional tarapdan hem dikelmegini gazanmak.

4. Reabilitasiýada esasy orun lukmana degişli.

5. Näsagy gündelik durmuşa uýgunlaşdyrmak döwründe zähmet reabilitasiýanyň ähmiýeti uludyr.

6. Reabilitasiýa geçen näsaglaryň dispanser gullugy dowamly alnyp barylýar.

## Reabilitasiýanyň tapgyrlaýyn maksatnamasy hem-de saglygy goraýyş we bilim işgäleriniň bilelikdäki hyzmatdaşlygy

Reabilitasiýa uzak wagt dowam edýän ýagdaý. Şonuň üçin turuw başdan her bir näsag üçin reabilitasiýanyň aýdyň maksatnamasyny düzmeli.

Birinji ýerde şikesiň ýa-da keseliň takyk kesgitlenmesi durýar. Soňra takyk şu näsag üçin reabilitasiýanyň hökmanlygyny çözmeli. Maksatnamanyň indiki basgançagy – reabilitasiýanyň haýsy çäreleriniň gerekdigini kesgitlemek. Ol çäreler lukmançylyk, durmuş, zähmet we pedagogiki häsiýetli bolup biler. Olaryň maksady şikes ýeten synanyň anatomiýasynyň we hyzmatynynyň dikeldilmegini (doly ýa-da doly däl) öz içine alýär.

Indiki döwür – näsagy iş ýerine gaýdyp getirmek, halys bolmasa – öý şertlerinde öz-özüňi oňarar ýaly etmek.

Barlag döwri – näsaglaryň dispanser gözegçiligi bilen amala aşyrylýar. Lukman hemişe geçirilýän çäreleriň netijeliligini barlap durýar, gerek bolsa näsaga hünärini çalyşmagy maslahat berýär.

Çagalaryň we ýetginjekleriň reabilitasiýasynda lukmanlaryň we pedagoglaryň bilelikdäki işi uly orun oýnaýar. Ol reabilitasiýanyň maksady bejermek, bilim bermek hem-de çagalary jemgyýete goşmak, çärelerinden durýar.

## Daýanç-hereket apparatynda deformasiýa bar näsaglaryň reabilitasiýasy

Biz reabilitasiýanyň umumy meseleleri hakynda durun geçdik, indi hususan daýanç-hereket apparatynda şikes ýa-da kesel bar näsaglaryň reabilitasiýasy hakda gürrüň edeliň.

Reabilitasiýa trawmatologiýa we ortopediýada lukmançylygyň beýleki bölümlerinden has wajyp gerek, sebäbi daýanç-hereket apparatynyň hyzmaty sähelçe bozulsa-da näsagyň zähmete bolan ukyby peselýär.

Daýanç-hereket apparatynyň hyzmatynyň bozulmagy bedeniň, eliň, aýagyň muskullarynyň parezinde ýa-da ysmazynda, bogunlaryň

kontrakturalarynda ýüze çykyp bilýär. Bu sebäpler dogabitdi ýa-da keseliň ýolukmagynda döräp bilýär.

Ýol-ulag hadysalaryň netijesinde şikesleriň agyrlaşmagy, şonuň bilen baglylykda işe ýarawsyzlygyň wagtynyň uzamagy we maýyplygyň derejesiniň ýokarlanmagy sebäpli ykdysady we sosial zyýanyň ep-esli artmagy reabilitasiýanyň zerurlygyna getirdiýär.

**Näsaglaryň reabilitasiýasynda çözmeli meseleler:**

a) kompensator mümkinçiligini kesgitlemek;

b) ýitirilen hereket hyzmatynyň dikelmegi üçin kadaly şertleri döretmek;

ç) näsagy peýdaly zähmete çekmek üçin, iň bolmanda öz-özüni öňarmak üçin ortopediki esbaplar bilen üpjün etmek.

Reabilitasiýanyň hemme döwründe täze öwrenen zähmet endikleri bilen jemgyýetiň işjeň agzasy boljakdygyna we material gymmatlyklaryny öndürmek prosessine gatnaşyp biljekdigine ynam döretmeli we ony ösdürmeli.

Hereket hyzmatyny ýitiren käbir näsaglaryň kompensator mümkinçiliginiň ýokarydygyny göz öňünde tutmaly. Şonuň bilen baglylykda ol ýa-da beýleki operasiýa usulyny ulanjak bolanyňda näsagyň uýgunlaşmak mümkinçiligine seretmeli, sebäbi eliň ýa-da aýagyň egriligini düzetjek bolup, onuň hyzmatyny erbetleşdirmegiň mümkin. Başga bir ýagdaýlarda irräjik operasiýa etseň näsagyň işe ýarawsyzlyk wagtyny azaldyp bilýärsiň.

Netijeli lukmançylyk reabilitasiýasynyň aýdyň mysaly edip oňurganyň çylşyrymlaşmadyk döwüginiň operatiw bejerilişini alsaň bolýar. Konserwatiw bejerilende şu näsaglar iki aýdan gowyrak hassahanada ýatmaly bolýarlar, soňra bir ýyllap ikinji topar maýyp bolýarlar. Eger-de operasiýa edilse, onda hassahanada 12 gün ýatýarlar, iki aýdan bolsa işe çykyp bilýärler. Ýene bir mysal: but süňküniň diafizi döwülende konserwatiw bejerilende 1 aýlap skelet çeküwinde, soňra 5-6 aýlap koksit gips daňysynda bolmaly, ýene-de bir ýyllap ikinji topar maýyp bolýarlar. Operasiýa edilende gospitalda 12-20 gün ýatýarlar, bir aýdan soň ýöreýärler, üç aýdan soň işe çykyp bilýärler.

Kompression-distraksion osteosinteziň ulanylmagy hem bejerginiň gowy netije bermegine getirdi, özem süňküň bitmeginiň wagty hem 30-40 gün azaldy.

## Reabilitasiýa merkezi

Näsaglaryň reabilitasiýasyny ýörite reabilitasiýa merkezlerinde geçirseň has ähmiýetli bolýar. Beýle merkezlerde ýöriteleşdirilen bölümler, olaryň gerek bolan enjamlary we näsaglara seretmäge kadaly şertler döredilen bolýar.

Reabilitasion merkezler meýilleşdirilende aşakdaky bölümler bolmalydyr: operasiýa bölümi, fizioterapiýa, bejeriş bedenterbiýesi, zähmet bejergisi, protez ýasalýan ussahana, professional reabilitasiýa üçin sehler. Ol merkezde näsaglaryň özleri ýöräp biler ýaly şert döretmeli: gapylaryň gurluşy, bosagalar, ýörite tutawaçlar, näsaglaryň aňsat hereket edip bilmegine ýardam etmeli.

Protez-ortopedik kömek näsaglaryň reabilitasiýasynda wajyp orun tutýar, ol dikeldiş ulgamly, konserwatiw we operatiw bejergi usullar we protez ortopediki abzallar bilen üpjün etmekden ybarat.

# II bölüm

# TRAWMATOLOGIÝA

## I bap

## EGNIŇ SÜŇKLERINIŇ ZEPERLENMELERI

Eginde iki sany, ýagny pilçe we ýaýjyk süňkleri bolup, olar ýokarky ujagyň hereketinde, döş kapasasyna birikmeginde uly orun tutýarlar.

### Pilçäniň zeperlenmeleri

Pilçe süňki hemme taraplaýyn uly muskullar toplumy bilen gurşalyp durandygy üçin beýleki süňklere garanyňda az şikes ýetýär we ähli zeperleriň 1%-ne golaýyny tutýar.

Pilçe süňküne göni şikes ýeten halatynda onuň dürli ýerlerinde döwükler gabat gelýär, näsag göni eliniň üstüne ýykylsa ýa-da güýçli urgy täsir etse, pilçe süňküniň boýunjygynda, bogun çöketligini emele getirýän üstünde döwükleriň bolmagy mümkin. Eger göni urgy çigin bognunyň töwereginden bolsa, onda pilçe süňküniň akromial we çokja görnüşli çykyntgylarynyň döwülmegi ähtimaldyr. Pilçe süňküniň esasy, ýagny döş kapasasyny örtüp duran böleginiň dürli ýerlerindäki döwükler göni şikeslerde gabat gelýär we köplenç gapyrgalaryň döwükleri bilen utgaşýar. Pilçe süňküniň has köp gabat gelýän döwükleriniň görnüşleri 29-njy suratda görkezilendir.

Agzap geçişimiz ýaly pilçe ýumşak dokumalar bilen hemme taraplaýyn gurşalandygy sebäpli süňk döwükleri bir-birinden gaty daşlaşmaýarlar.

**Kliniki alamatlary.** Pilçäniň bogun çökedini emele getirýän bölekleri döwülse, bogun çişýär içine gan toplumy ýygnanýar (gemartroz), ýokarky ujagyň hereketi agyry zerarly çäklenýär. Pilçäniň galan bölegindäki döwükler agyry, çiş, ganöýülme, durkunyň üýtgemegi deformasiýa we süňk döwükleriniň bir-birine degende emele gelýän şykyrdysyny duýmak bolýar.

Döwügiň görnüşini, süňk bölekleriniň ýerleşişini bilmek üçin we bejerginiň haýsy usulyny ulanmalydygyny anyklamakda iki taraplaýyn alnan rentgen şekilleri bilen takyklap bolýar.




**29-njy surat. Pilçe süňküniň döwükleriniň görnüşleri:**
1-kellejigiň, 2-boýunjyk, 3-aşaky çüňki,4-ýokarky çüňki, 5-esasynyň dik döwgi, 6-çokja görnüşli ösüntgi, 7-akromial ösüntgisiniň döwükleri.

**Bejerilişi.** Umumy bejergisi şikes ýeten tarapynyň ýokarky ujagyny ýokaryk 90 gradusa çenli galdyryp ýöriteleşdirilen seýiklere saramaly. Döwük ýerini 1%-li nowokainiň 20,0 ml bilen agyrsyzlandyrmaly, analgetikleri we antibiotikleri gerdejik görnüşinde bellemeli. UWÇ bejergisi çişiň gaýtmagyna agyrynyň peselmegine ýardam berýär.

Pilçäniň çigin bognunyň çökedini emele getirýän bölekleri döwülse, ýokarky ujagy ýöriteleşdirilen seýikde skelet çekiji ulgamy 2-3 kg agram bilen çekmeli we her gün ýokarky ujagyň ýerleşişini barlap durmaly hem bogunlarda bejergi bedenterbiýesini geçirmeli. Bejerginiň möhleti 1,5-2 aý dowam edýär.

## Ýaýjyk süňküniň döwügi

Ähli döwükleriň arasynda ýaýjyk süňküniň şikesi 15-20% tutýar. Näsag tirsegine ýa-da çigne ýykylsa, urgy güýjüň täsiri astynda

ýaýjyk süňküniň S-görnüşli egrelýän ýerinden döwülmegi mümkin. Şikes göni ýaýjyk süňküniň özüne täsir etse, döwük dürli ýerlerinde kese, bölekleýin, gyýtak görnüşli gabat gelip, merkezi süňk bölegini ýokaryk we yza daşky bölegini aşak we öňe süýşürýär. Eger ýaýjyk süňki pilçäniň akromial ösüntgisine golaý ýerinden döwülse, daşky süňk bölegi ýerinden süýşmän merkezi süňk bölegi ýokaryk çykyp, çykyk ýagdaýyndaky ýaly (klawişiň) alamatyny ýada salýar. Ýaş çagalaryň ýaýyjyk süňki döwlende öl çybygyň döwlüşi ýaly süňk bölekleri bir-birinden doly aýrylyşman durkunyň burç görnüşli üýtgemesi deformasiýa emele getirýär. Ýaýjyk süňküniň aşak tarapyndan ýaýjygasty damarlar toplumy geçýär we bölekleýin gyýçak döwüklerde damarlara zeper ýetirmegi mümkin.

**Kliniki alamatlary.** Näsag süňküň döwülen ýerindäki agyra arz edýär we agyryny azaltmak maksady bilen ýokarky ujagy şikes ýetmedik eli bilen ýokarrak galdyrýar we tirsegini göwresine gysýar. Süňküň döwlen ýerinde deformasiýa, ganöýülme, çiş görünýär. Egni deňeşdirilende gysga we ýaýjygüsti oýtajyk tekizlenýär. Eliň aýasy bilen sypalap görlende süňk bölejikleriniň şykyrdaýan sesi duýulýar. Ýaýjyk süňküniň döwüklerinde hökman ýokarky ujagyň damarlarynyň pulsyny we penjäniň duýujylygyny barlamaly, sebäbi damarlar toplumyna zeper ýeten bolmagy mümkin.

**Bejerilişi.** Eger ýaýjyk süňki öl çybygyň döwlüşi ýaly döwlüp ýerinden gozganmadyk bolsa, berkidiji ýumşak sargylar bilen berkitmeli. Sargyny goýmazdan öňürti döwlen ýere 10,0 1%-li nowokainiň erginini sanjym edip agyryny aýyrmaly. Eger süňk döwükleri ýerinden gozganan bolsa, onda süňk böleklerini seýiklemeli. Seýiklemek üçin näsagy oturgyçda oturdyp kellesini şikes alan tarapyna gyşartmaly.

Kömekçi lukman näsagyň pilçesiniň arasyna dyzyny goýup, eli bilen şikesliniň egnini yza we çala ýokarrak çekmeli. Seýikleýji lukman näsagyň süňk böleklerini ýerbe-ýer seýiklemeli. Süňk böleklerini ýerbe-ýer goýmak gaty kyn bolmasada, olary berkidip saklamak aňsat däl. Alymlar tarapyndan ýaýjyk süňküni berkitmekligiň 250-den gowrak usuly hödürlenenem bolsa, lukmanlar tarapyndan olaryň sähelçe görnüşi ulanylýar.

**Bejerilişi.** 1. Delbäniň usuly ýeri agyrsyzlandyryp süňk bölekleri seýiklenenden soň laýyk taýýarlanan halkalary iki tarapyndan egnine

geýdirilýär we näsagyň arkasyndan halkalar bir-birine dartylyp berkidilýär. Halkalary gowşasa günde-günaşa berkidip durmaly. Halkalar dartylandan soňky 2-3 sagadyň içinde penjäniň damar urgusyny-pulsy we barmaklaryň duýujylygyny barlamaly, sebäbi halkalaryň goltugasty damarlar toplumyny gysaýmagy mümkin. Bejergi möhleti 3-4 hepde (*30-njy surat*).



**30-njy surat. Ýaýjyk süňküniň döwgüni Delbäniň usuly bilen bejermeklik**

2. 8-lik görnüşli sargy. Süňk bölekleri seýiklenenden soň näsagyň iki egnini, goltugnyň aşagy bilen ýumşak pamyk bilen örtmeli we bintleriň kömegi bilen 8-lik görnüşli sargynyň atanagy arka tarapynda galar ýaly edip saramaly. Bejergi möhleti 3-4 hepde.

3. Ýaýjyk süňküniň döwlen ýeri agyrsyzlandyrylyp seýiklenenden soň Kuzminskiň seýgini geýdirip saramaly. Bejergi möhleti 3-4 hepde. Bejergi usullarynyň islendik usuly ulanylsada fizioterapiýa (UWÇ, ultrases) bejergileri ulanylsa, çişiň gaýtmagyna we süňküň dikelmeginiň regenerasiýasynyň ösüşine gowy ýardam berýär.

Eger ýaýjyk süňküniň açyk döwügi bolsa, ýa-da golaý geçýän gan we nerw damarlaryna zeper ýetse, gyssa, süňk bölejigi derisini deşip ýaralasa, süňk bökleriniň arasyna ýumşak dokumalar düşüp seýikletmese, operasiýa bejergisi görkezilendir. Ýaýjyk süňküniň os-

teosintezi umumy narkozyň täsiri astynda ýaýjyk süňküniň döwlen ýeri süňküň ugruna 6-8 sm kesilýär, ýumşak dokumalar iki gapdala çekilip süňk bölekleri ýara çykarylýar. Daşky süňk bölegine süňküň içinden demir başsyz çüý-ştift ýa-da Kirşneriň çişi kakylýar, onuň ujy ýaýjyk süňküniň akromial tarapyndan daşyna çykýar, ujy deriň aşagynda galdyrylýar.

Çişiň derini galdyryp duran ýerinde ugruna 2-3 sm kesip, ýumşak dokumalaryň arasyndan ujuny çykarmaly. Süňk bölekleri ýerbe-ýer goýulandan soň çişi iki süňk böleginiň içinden geçer ýaly tersine 4-5 sm kakmaly. Ýumşak dokumalary gatma-gat tikmeli. Demir çişi 5-6 aýdan soň aýyrmaly. Süňküň döwlen ýerini süňkleriň daşyndan (ekstramedulýar) demir plastinkalaryň kömegi bilen berkitseňem bolýar. Operasiýadan soňky döwürde üç hepde elini boýnundan asyp gezmeli.

# II bap

# ÇIGNIŇ ZEPERLENMELERI

## Çigin süňküniň döwükleriniň toparlara bölünişi (toparlamasy)

Çigin süňküniň döwükleri ähli döwükleriň 11-14%-ni - tutýar we aşakdaky görnüşlere bölünýär.

I. Çigin süňküniň ýokary ujunyň döwükleri.

1. Çigniň tümmülerüsti ýa-da bogun içre döwükleri:

a) çigniň kellejiginiň döwügi;

b) çigin süňküniň anatomiki boýunjygynyň döwügi.

2. Çigniň tümmülerasty ýa-da bognuň daşyndaky döwükler.

ç) çigin süňküniň tümmüjikleriniň we tümmüjikler arasynyň döwükleri;

d) çigin süňküniň hirurgiki boýunjygynyň döwügi.

II. Çigin süňküniň diafiz böleginiň döwükleri:

a) çigin süňküniň diafiziniň ýokary böleginiň döwügi;

b) çigin süňküniň diafiziniň orta böleginiň döwügi;

ç) çigin süňküniň diafiziniň aşaky böleginiň döwügi.

III. Çigin süňküniň aşaky ujunyň döwükleri:
a) çigin süňküniň tümmüjik üstüniň döwügi;
b) çigin süňküniň tümmüjigara döwügi;
ç) çigin süňküniň daşky ýa-da içki tümmüjikleriň aýratyn döwükleri.

## Çigniň tümmüleriniň üstki döwükleri (Çigniň kellejiginiň we anatomiki boýunjygynyň döwükleri)

Tümmüsti döwükler örän seýrek we köplenç ýaşy uly adamlarda gabat gelýär. Tümmüsti döwükler bogun içindäki döwüklere degişli. Olar tirsegine ýa-da çigin bognunyň üstüne ýykylanda emele gelýär.

Şu döwüklerde kellejige aşaky döwük bölegi girip bilýär we bir-biriniň içine giren döwük emele gelýär. Çigniň kellejigi kä wagt myssarýar we kompression döwük görnüşinde gabat gelýär. Kä wagt kellejigiň gopmagy mümkin, we boýun üsti aýlanyp distal tekizligine öwrüliýär. Eger-de gopan kellejigiň bogun haltajygyndan arabaglanyşygy ýitirse, onda aseptiki nekrozyň ýüze çykmagy mümkin.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Çigin bogny, çişen we içine gan ýygnanan. Bognuň has uly çişmegi döwügi anyklamagy kynlaşdyrýar. Bognuň hereketi çäklenip çigniň gapdala we öňe hereketi örän agyryly. Çigin bognuny basyp we elläp göreniň-de näsag agyry duýýar. Kellejigiň we anatomiki boýunjygyň döwüginde näsagyň tirsegin kakaňda agyry hirurgiki boýunjygyň töwereginde ýa-da daşyna aýlaňda uly tümmü çigin bilen bile hereketlenýär.

Çigniň kellejiginiň we anatomiki boýunjygyň döwüklerini çigin bognunyň bertiginden, çigniň çykygyndan, uly we kiçi tümmüniň döwüklerinden, hirurgiki boýunjygyň döwüginden we pilçäniň döwüklerinden tapawutlandyrmaly. Anyklamakda rentgen şekiliniň uly ähmieti bar.

**Bejerilişi.** Döwlen ýere 20 ml 1%-li nowokain erginini goýberýärler. Eger süňk bölekleri ýerinden gozganmadyk bolsa, tirsek bognuny 60-70° burçda eplemeli we eli ýaglykda tirsek bogny boş goýup boýundan asmaly. Ilkinji günden başlap barmaklarda we goşarda, 3-nji günden – tirsek bognunda, 5-nji günden – çigin bognunda hereket edip başlamaly. Çigin bognunda hereket edilende agyryny peseltmek üçin nowokain erginini bogun içine gaýtalap goýbermeli. Ýylylyk

fizioterapewtiki bejergileri 4-5-nji günden başlap bellemeli. Işe ukyplylygy 6-10 hepdeden dikelýär. Süňk döwükleri ýerinden gozganan ýagdaýynda agyrsyzlandyrylandan soň süňk böleklerini seýiklemeli we Turneriň usuly boýunça gips sargysyny 6-8 hepde möhlet bilen goýmaly.

Gartaşan adamlarda tümmüsti döwüklerde kellejigiň süňk bölekleri owransa ýa-da gopsa, konserwatiw bejergiler geçirilýär. Döwlen ýere 20 ml 1%-li nowokain erginini goýbermeli, we elini 30° burçda daşyna süýşen ýagdaýynda Krameriň seýigininiň kömegi bilen berkitmeli. Barmaklarda, goşar we tirsek bogunlarynda 2-3 nji günden başlap hereket edip başlamaly, 3-4 hepdeden soň, çigin bognuny hereketlendirse bolýar.

Ýaş we orta ýaşly adamlarda tümmüstki döwükleri, kellejigiň owranmagy ýa-da gopmagyny operatiw bejerýärler. Kellejik owransa, tygşytly kesip aýyrmaly. Eger gopan kellejigiň, kekirdewügüsti zeperlenmese, bogun haltajygy bilen arasy üzülmese, onda ony çigin süňküniň gopan ýerine ýerbe-ýer goýmaly we çüýleriň ýa-da çişleriň kömegi bilen berkitmeli.

## Çigniň tümmüasty döwükleri

Tümmüasty döwüklere tümmüjigara we hirurgiki boýunjygyň döwükleri degişlidir. Iň köp duş gelýäni hirurgiki boýunjygyň döwükleridir, ýagny diafiziň dykyz kompakt maddasynyň, metafiziň öýjük görnüşli maddasyna geçýän ýerinden döwülmegi.

Hirurgiki boýunjygyň döwükleri köplenç gartaşan, esasan zenanlarda köp duş gelýär. Gartaşan ýaşda osteoporozdan başga-da, metafizde süňk sütünjikleri azalýar; süňk ýilik boşluklary birleşýär we ulalýarlar; metafiziň diafize geçýän ýerinde süňküň daşky diwary inçelýär. Bularyň hemmesi hirurgiki boýunjygyň döwülmegine ýardam edýär. Hirurgiki boýunjygyň we tümmülerara döwükler bogundan daşky döwüklere degişli. Käbir ýagdaýlarda şu döwüklerde-de jaýryklar bognuň içine geçip bilýärler.

Hirurgiki boýunjygyň we tümmülerara döwükleriň mehanizmi, anyklanylyşy we bejerilişi meňzeş. Şonuň üçinem hirurgiki boýunjygyň döwükleri barada aýdylan bejergiler tümmüler ara döwüklere hem degişlidir.

## Çigniň hirurgiki boýunjygynyň döwükleri

Bu döwükler çigniň daşky bölegine göni urgy netijesinde, ýazylan eliň penjesine ýa-da tirsege ýykylan ýagdaýynda emele gelýär. Göni şikes ýetende köplenç uly tümmüniň gozganmadyk döwügi ýa-da hirurgiki boýunjygyň süňk bardasty jaýrygy duş gelýär.

Çigin iç tarapa getirilen ýagdaýda ýazylan eliň penjesine ýa-da tirsege tarapa ýykylaňda eliň uzyn oky boýunça täsir edýän güýç hirurgiki boýunjygyň adduksion döwügine, eger çigin göwreden daşlaşan ýagdaýynda şikes ýeten bolsa, onda abduksion döwüge getirýär.

Adduksion döwüginde merkezi döwük bölegi ýerinden süýşen we daşyna aýlanan, aşaky (proksimal) bölegi içine getirilen, aýlanan we çigin ýokaryk süýşen. Ýokarky we aşaky bölekleriň arasynda içine we yza tarap açylan daşky-öňdäki burç emele gelýär, diafiziň içki tarapy merkezi bölege girýär (*32-nji a surat*).

Abduksion döwükde merkezi süňk bölegi daşyna süýşen we aýlanan, aşaky bölegiň ýokarky ujy içine tarap getirilen; iki bölegiň arasynda daşyna we yza açylan burç emele gelýär (3*2-nji b surat*). Çigin süňküniň diafiz bölegi ýokarky bölege girýär; şeýle halatda köplenç uly tümmegiň döwügi hem gabat gelýar.

Adduksion we abduksion döwüklerde iki bölegiň arasyndaky emele gelýan burç görnüşli gozganmagy ulylygy boýunça dürli-dürlüdir.



*a* *b* *ç*

**32-nji surat. Çigin süňküniň hirurgiki boyunjygynyň döwükleri:**
*a*) abduksion, *b*) adduksion, *ç*) biri-biriniň içine giren döwük.

Mundan başga-da, süňk bölekleriniň bir-biriniň içine girmegi (*32-nji ç surat*) ýa-da bir-birinden doly aýrylmagy we daşlaşmagy, döwlüp aýrylan kellejigiň çykygy hem duş gelýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Bölekler näçe az ýerinden süýşen bolsa, şonça-da anyklamak kyn bolýar, esasan semiz adamlarda. Näsaglar agyra, esasanam bogunda hereket edilende güçlenýändigine arz edýärler. Çigin bognuň çişmegi we ganöýülmesi kesgitlenýär. Çigniň esasy bölegi, ýagny oky ýokarky böleginden öňe we içe süýşen. Çigniň ýokarky ujuny elläp göreňde we basaňda agyry emele gelýär, tirsege ýeňillik bilen kakaňda çigniň ýokarky ujunda agyry döredýär. Adduksion döwüklerde öňe we daşyna gozganan ýerini sypalap duýup kä wagt görüp bolýar. Abduksion döwükde şol ýerde çöket emele gelýär. Goltugasty çukurda çöket ýer duýulýar. Bogunda işjeň hereketler mümkin däl. Gowşak hereketler ýiti agyryny döredýär. Uzynlygyna süýşen döwüklerde çigin gysgalan ýagdaýda bolýar.

Süýşmedik ýa-da sähelçe süýşen döwüklerde kliniki alamatlary kynrak anyklanýar. Çiş, elläp göreniňde ýa-da basanyňda agyry we tirsege kakanyňda döwük ýerde agyry dörese beýleki alamatlary ýok hem bolsa, çigin süňküniň ýokarky ujynyň döwügine şübhe döredýär.

Hirurgiki boýunjygyň döwükleri delta görnüşli muskuly innerwirleýän goltugasty nerwiň we onuň şahajyklarynyň zeperlenmegi bilen gaýrüzülip bilýär. Aşaky bölegiň ýokarky ujy goltugasty çukurjykda ýerleşýän nerw-damar dessesini gysyp, zeper ýetirmegi mümkin. Bu bolsa ýokarky ujagyň çişine, duýujylygynyň bozulmagyna, (parezlere) ysmazlyga getirip bilýär. Çigniň hirurgiki boýunjygynyň döwüklerini anyklamakda rentgen şekilleriniň uly ähmiýeti bar.

Rentgen şekilini almazdan öň döwük ýerini 20 ml 1%-li nowokain ergini bilen agyrysyzlandyrmaly. Çigni seresaplylyk bilen bedenden 30-40° daşyna süşürmeli (näsag oturyp ýa-da ýatyp bilýär). Ol ýagdaý rentgen şöhlelerini goltugasty çukurjyga gönükdirmäge ýardam edýär.

**Bejerilişi.** Agyrysyzlandyrmak üçin döwlen ýere 20 ml 1%-li nowokain erginini goýberýärler. Ýerinden gozganmadyk we bir-biriniň içine giren döwüklerde tirsek bognunda 60-70° eplenen eli ýaglykda boýundan asmaly, 2-nji günden başlap bejergi bedenter-

biýesini bellemeli, 8-10-njy günden başlap näsag çigin bognunda hereket edip başlaýar. Ilki bilen epilgi we asylgy elde ýeňillik bilen gapdala we içine hereket edýärler. Soňra hereketleriň göwrümi giňeýär we özbaşdak ýerine ýetirilýär. Çigni gapdala süýşürmeli we goltugyna pagtadan edilen ýassyjak goýmaly. Bejergi döwründe agyrylary aýyrmak üçin ýene-de 2-3 gezek 20 ml 1%-li nowokain ergini goýberýärler. Näsaglara owkalamak we fizioterapiýa bejergilerini belleýärler, 10--12 hepdeden soň işe ukyplylygy dikelýär. Adduksion döwüklerde, haçanda merkezi döwük bölegi frontal tekizlikde 90° aýlanan halatynda daşyna daşlaşdyryjy, çekiji seýikde skelet çekiji ulgamy goýmaly. Seýik frontal tekizlikden 40° öňe berkidilen bolmaly. Şunuň ýaly ýagdaýda aşaky bölek süýşen merkezi bölege gabatlaşýar. Adduksion döwükde süňk bölekleri göwnejaý ýerine goýulmasa, çigin bognunda hereketleriň çäklenmegi mümkin.

Näsag barmaklarynda we penjesinde 2-3-nji günden başlap hereket edip başlamaly, 4-5-nji günden tirsek bognunda, 3-4 hepdeden çekiji ulgamy aýyrmaly we seýigi aýyrman çigin bognunda hereket etmäge başlaýar. Näsaga elini seýikden aýryp goýmagy öwretmeli. Bu çäreler bilen birlikde fizioterapiýa bejergileri bellemeli. Seýigi 5-6 hepdeden aýyrmaly. Işe ukyplylygy 10-12 hepdeden dikelýär.

Öýken, ýürek-damar ulgamlarynda düýpli keseli bolan näsaglarda, adduksion döwüklerde daşlaşdyrýan seýigi ulanmaly däl we üçburçly ýaglykda şikesli elini epip boýnunda asyp berkitmeli. Şunuň ýaly bejergide bognuň hereketiniň doly düzelmesi bolmaýar, sebäbi hirurgiki boýunjygyň döwülen ýerinde burçly gyşarma aýrylmaýar.

Käbir ýagdaýda abduksion döwüklerde bölekleriň süýşmegi uly bolup, iki bölegiň arasynda daşa açyk we 80-90° ýetýän burç emele gelýär. Çigniň diafizi kellejige dürtülýär. Kellejigiň bogunüsti eliň asylgy ýagdaýynda daşyna öwrülip dürýär we pilçäniň bogunüsti kellejigiň bogunüsti bilen gabat gelenok.

Şunuň ýaly abduksion döwükleri çiginiň kellejiginiň döwükçykyklaryna degişli edip hem bolar, ýöne olary daşlaşdyrylan seyigiň kömegi bilen bejermeli däl, sebäbi abduksion süýşme ýagny, bikada ýagdaý deformasiýany güýçlendirip biler. Bu ýagdaýlarda operatiw bejergi maslahat berilýär. Hirurgiki boýunjygyň döwüklerinde döwükler doly bir-birinden aýrylan bolsa daşlaşdyrylan seýigi ulanylmaly.

Hirurgiki boýunjygyň döwüklerinde kellejigiň çykygy hem bar bolsa, seýigi goýmazdan öň çykygy ýerine salmaly. Çigni goşardan aşaklygyna çekmeli we bir wagtda lukman barmaklarynyň ýa-da ýymrugynyň kömegi bilen kellejigi ýerine itip salmaly. Çykygy ýerine salanlaryndan soň daşlaşdyrylan seýigi goýýarlar we süňk böleklerini ýokardaky ýaly seýiklenip iki günden soň, barmaklar, bilek we tirsek bogunlarynda hereket edip başlamaly. Abduksion seýigi 4-5 hepdeden aýyrýarlar we näsaga bejergi bedenterbiýeden başga-da, massaž hem fizioterapiýa bejergilerini bellemeli, onuň 10-12 hepdeden işe ukyplylygy dikelýär.

## Çigniň kellejiginiň we boýunjygynyň döwükleriniň operasiýa arkaly bejerlişi

Köp ýagdaýlarda boýunjygyň döwüklerinde kellejigiň doly aýrylmagy bilen, çykyksyz ýa-da çykygy bolsa, bölekleri ýerine dogry salmak diňe, operasiýa usuly bilen amala aşyryp bolýar. Operasiýa uly burçly süýşmelerde we burçly süýşmede gyşyk bitip bognuň hereketi bozulanda-da ýerine ýetirilýär we gowy netijeleri berýär. Çigniň kellejigi bölekleýin döwülse-de operasiýany geçirmelidir. Tümmüsti we tümmüasty döwüklerde esasan, operasiýanyň iki usuly ulanylýar: süňk böleklerini açyk seýiklemek we berkitmeklik we köp böleklere bölünen kellejigi aýrylmaklyk usuly. Kesim çüňk görnüşli ösüntgiden başlanýar we aşak delta görnüşli muskulyň öňdäki gyrasy boýunça kese dowam etdirilýär. Kesimiň uzynlygy 12-14 sm. Üstki fassiýa seresaply kesilýär, *v.cephalika* içine tarap süýşürilýär. Delta görnüşli we döş muskullaryň arasyndan kütek ýol bilen geçip düwülen ýerini açmaly we süňk böleklerini ýerbe-ýer goýmaly. Eger boýunjygyň döwügi kellejigiň çykygy bilen gabat gelse ýa-da mynjyran kellejigi aýyrmaly bolsa, onda W.D.Çakliniň kesimini peýdalanmaly.

Kesim akromial-ýaýjyk birikmesinden başlap, ýaýjyga parallel delta görnüşli muskulyň öňdäki gyrasyna çenli soňra aşak delta görnüşli muskulyň öňdäki gyrasyna ugurdaş dowam etdirilýär. Delta görnüşli muskuly ýokardan ýaýjyga ugurdaş kesmeli, mümkinçilik

boldugyndan kütek ýol bilen işlemeli (golugasty nerwi we arteriýany zeperlenmez ýaly seresap bolmaly). Deri we muskul toplumyny daşyna tarap çekip çigin bognunyň haltasyny açmaly.

Çigniň kellejiginiň, esasan döwük we çykygy bolan halatynda, onuň gan üpjünçiligi ýetmezçilik edýär, netijede, kellejigiň aseptiki nekrozynyň ýüze çykmagy mümkin. Bogun haltasy kesilende damarlaryň goşmaça zeperlenmeginden seresap bolmalydyr.

Burçly gozganan we diafizden doly aýrylan kellejigi operatiw usul bilen seýiklemeklik köplenç kynçylyksyz amala aşyryp bolýar.

Çigniň boýunjygynyň döwüginde K.M.Klimowyň usuly boýunça gaňyrçak görnüşli kesimi ulanmaly we plastinkanyň kömegi bilen süňk bölekleri berkidilýär. Öňdäki-medial kesim edilýär (ýokarda gör). Süňk böleklerini seýikläp çigni içine aýlamaly. Soňra çigin süňkünde uly döş muskulyň siňirinden we iki kelleli muskulyň uzyn kellejiginiň daşyndan ugurdaş 5-6 sm uzynlygy bolan ähli kortikal gatlakdan geçýan gannal ýasalýar. Şu gannaldan çigniň kellejigine plastinkanyň gaňyrçak görnüşli ujuny kakmaly. Soňra plastinkany nurbatlaryň kömegi bilen diafize berkitmeli.

Haçanda kellejik owranan bolsa-da ýa-da onuň aseptiki nekrozynda döwük kellejigi aýryp diafiziň döwük ujunda tygşytly rezeksiýany geçirmeli, operasiýadan 8-10 günden soň çigin bognunda hereket edip başlamaly.

## Çigin süňküniň uly we kiçi tümmüleriniň aýry döwükleri we gopmaklygy

Çigin süňküniň tümmüleriniň döwükleri köp gabat gelýär we boýunjygyň döwüklerine we çigininiň çykyklaryna ugurdaş bolýarlar. Uly tümmüniň döwügi çigininiň çykyklarynda, gerişüsti we pilçeasty muskullaryň we kiçi tegelek muskullaryň reflektor ýygrylmagy netijesinde tümmüniň ýerinden gopmagy mümkün.

Uly tümmüniň aýry döwügi näsag ýykylanda ýa-da çigin bognunyň bertiginde gabat gelýär. Döwük bölegi uly, köplenç böleklere bölünen we ýerinden gozganan ýagdaýynda bolýar.

Kiçi tümmüniň döwügi, esasan gopmagy örän seýrek duş gelýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Uly we kiçi tümmüjikleriň aýry döwüklerinde-de çigin bognunyň bertigi ýaly anyklamasy çetindir.

Uly tümmüniň aýry döwüginde çäklenen çiş, ganöýülme, elläp we basyp göreňde agyry bolýar. Kä wagt uly tümmüjige basaňda süňk şykyrdysy we süňk böleginiň hereketi kesgitlenýär.

Kiçi tümmüniň gopmagynda çiş, ganöýülme, agyry we beýleki alamatlar bognuň öňräginde ýerleşen, çigin daşyna aýlanan ýagdaýda bolýar.

Uly we kiçi tümmükleriň döwükleriniň kliniki anyklanyşy uly kynçylyk döredýär. Olaryň bardygyny diňe rentgen barlagynda anyklanýar.

Uly we kiçi tümmükleriň döwüklerini çigin bognunyň bertiginden, kellejigiň we boýunjygyň döwüklerinden tapawutlandyrmaly.

**Bejerilişi.** Döwük ýere 10-15 ml 1%-li nowokain erginini goýbermeli.

Uly we kiçi tümmükleriň ýerinden süýşmedik döwükleri ýörite bejergini talap etmeýär. Dezonyň sargysyny saramaly ýa-da eli üçburçly ýaglykda boýnyndan asyp goýmaly. Ikinji gün barmaklarynda we goşarda, 3-nji gün-tirsek, 5-nji gün-çigin bognundan işjeň hereket edip başlaýarlar. Netijede, hereketleriň göwrümi kem-kemden artýar. Agyry binjalyk etse, döwük ýere 10-15 ml 1%-li nowokain erginini gaýtalap goýberýärler. Mundan başga-da, owkalama we fizioterapiýa bejergiler bellenilýär, 3-4 hepdeden işe ukyplylygy dikelýär.

Uly tümmüniň gopan bölejiklerini seýiklemek üçin ulanylýan ýörite daşlaşdyrýan seýikde, deriden plastyr bilen çekdirmek usuly ulanylýar. Bu ýagdaýda tümmü öz ýerine barýar, 2-nji günden başlap, barmaklarda we tirsek bognunda hereket edip başlaýarlar.

Çigni daşlaşdyrmak üçin ilkinji synaglary 3-4 hepdeden soň edip başlamaly. Eger näsag elini galdyryp we göni burçdan 20-30° ýokarrak saklap bilse, daşlaşdyrýan seýigi aýyrmaly. Çigin bognunda hereketleri kem-kemden artdyrmaly, 1,5-2,5 aýdan onuň işe ukyplylygy dikelýär. Eger 2-4-nji günden soň edilen barlag rentgen şekili tümmüniň ýerine salynmandygyny görkezse, operatiw bejergini geçirýärler.

**Operatiw arkaly bejeriliş.** Şikesden soň 2-3 günüň içinde ýerli agyrysyzlandyrma bilen geçirilýär. Ýarym aýlaw kesimi ulanyp döwülen ýeri açmaly, gopan tümmüň iki sany ýüpek sapak bilen tikip berkidip bolýar ýa-da inçe çüý, nurbat bilen berkidilýär. Operasiýadan soň eli 3-4 günlük daşlaşdyrýan seýikde goýýarlar (*33-nji surat*).



**33-nji surat. Çigin süňküniň uly tümmüjiginiň osteosintezi**

## Çigniň diafiziniň döwükleri

Çigniň süňküniň diafiziniň döwükleri köp gabat gelýän şikesleriň biri we onuň agyrlyk derejesi süňk bölekleriniň ýerinden gozganşyna bagly bolup durýar.

Süňk bölekleriniň ýerinden gozganmagy urgynyň ýagny, şikesiň mehanizmine bagly, göni täsir edende keseligine, tirsegine ýykylyp döwülse gytak we epilen ele şikes ýetende döwük bölekleri towly gozganýar. Urgy ýazylan eliň göni urgy boýunça täsir etse ýa-da urgy mahaly çigin hereketsiz bolup onuň döwülen ýerinden aşaky bölegi hereketli bolsa, köplenç köp böleklere bölünen döwükler gabat gelýär.

Çigniň diafiz böleginiň döwüklerinde süňk bölekleriniň oňa birigýän muskullaryň birigýän ýerine baglylykda köplenç ýagdaýda mahsus ýerinden gozganmagynyň üç görnüşi gabat gelýär.

1. Eger çigne uly döş muskulynyň birigýän ýerinden ýokardan döwülse onda merkezi bölek uly tümmä birigýän muskullaryň hasabyna towlanýar we ýokaryk daşyna tarap, aşaky distal bölegi uly döş, delta görnüşli we üç kelleli muskullaryň ýygrylmagy netijesinde içine towlanyp we ýokarlygna tarap gozganýar. Şu görnüşli döwüklerde çigniň distal bölegi goltugasty gan we nerw damarlar dessesini gysmagy kähalatlarda olary agyr zeperlemegi mümkin.

2. Eger çigin süňki oňa birigýän güçli uly döş muskulynyň aşagyndan we delta görnüşli muskulyň birigýän eriniň ýokarsynda döwülse, onda merkezi bölek arkaň ýasy we uly döş muskullarynyň ýygrylmagy netijesinde yza we içine tarap gidýär, aşaky distal bölegi

delta, çokja-çigin we üç kelleli muskullaryň dartylmagynda daşyna we öňe tarap towlanyp ýokarlygyna dartylýar.

3. Çigin diafiziniň orta böleginden ýagny, delta görnüşli muskulyň birigýän ýeriniň aşagyndan döwülse merkezi bölek dyşyna we ýokaryk, distal bölegi yza we ýokaryk tarap gozganýar (*34-nji surat*).

Ähli döwüklerde ýokarky bölek öz oky boýunça daşyna tarap aýlanýar. Ýokarky bölegiň frontal tekizlik boýunça iň uly öňe süýşmesi ýokarky we aşaky üçlükleriň çäginde bolýar, haçanda döwükleriň çyzygy uly döş muskulynyň berkidilen ýeriniň aşagyndan geçse, aşaky bölek hemişe ýokaryk çekilýär we içine tarap aýlanýar.



**34-nji surat. Çigniň diafiziniň dürli ýerlerindäki döwükleriň görnüşleri**

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Diafiziň döwügini anyklamak hiç hili kynçylyk döretmeýär. Döwlen ýerde deformasiýa, çiş, köplenç burçly gyşarma görünýär. Kadaly däl hereket we süňk şykyrdysy kesgitlenýär. Iki ugurdan edilen rentgen şekiller şikesi anyklamakda uly kömek edýär. Diafiziň döwüklerinde, esasan ortaky we aşaky böleginde, bilek nerwiň zeperlenmegi we gysylmagy bilen çylşyrymlaşmagy mümkin, bilek nerwine zeper ýetende 1-2 barmaklarda hereket çäklenýär ýa-da ýitýär, penjäniň bilek böleginde we goşaryň üstünde duýujylygyň peselmegi bilen häsiýetlenýär. Bilek nerwiň zeperleri köp halatda onuň gysylmagy, içine ganöýmegi we örän seýrek onuň üzülmegi gabat gelýär. Ortaky we tirsek nerwleriň

zeperlenmegi seýrek duş gelýär. Näsagy barlanyňda onuň iki eliniň gan damarlaryndaky pulsy deňeşdirmeli, sebäbi diafiziň döwüginde çigiň arteriýasynyň bertigi gysylmagy, we käte üzülmegi hem gabat gelýär.

Käbir ýagdaýlarda bölekleriň arasyna ýumşak dokumalaryň düşmegi netijesinde döwük seýikletmeýär we ony öz wagtynda anyklamaly ýalan bognuň öňüni almaly.

**Bejerilişi.** Aşaky bölege merkezi ugry bermek üçin diafiziň abduksion döwüklerinde daşlaşdyrýan seýik ulanýarlar

Çigin döwüklerinde ony göwreden daşlaşdyryjy seýikde bejermeklik usuly fiziologiki taýdan iň kadaly bejergi. Daşlaşdyryjy seýigi her näsag üçin aýratyn onyň göwresine göräräk ýasalýar we goýulýar. Çigniň diafiz böleginiň döwüklerinde döwük erine 2%-li nowakain ergininiň 20-25 ml goýberip gowy agyrsyzlandyrmaly we iki sany kömekçi bilen süňki ugruna çekip ony seýiklemeli. Süňkler ýerbe – ýer bolsa, ony Turneriň gips sargysynda berkitmeli we onuň durmaly möhlerti 2,5-3aý.

Eger süňk bölekleri dogry seýikletmese näsagyň ýatan ýerinden onuň elini Balkanskiniň seýginde skelet çekiji ulgamy 3-4 kg ýük bilen çekdirmeli we bölekler ýerbe-ýer barandan soň Turneriň gips sargysyna geçirmeli.

Çigin süňküniň diafiziniň döwüklerinde Kuzminskiniň ýa-da Pirogow adyndaky merkezi trawmatologiýa we ortopediýa instituty tarapyndan hödürlenen, daşlaşdyryjy seýikde-de skelet çekiji ulgamy goýup bolýar we gowy netijeleri gazanýar. Eger konserwatiw bejergiler gowy netije bermese ýagny, süňk bölekleri dogry seýikletmese operatiw bejergini geçirmeli.

1. Çigin süňküniň diafizini süňküň içindenem berkidip bolýar we ol intramedulýar osteosintez diýip atlandyrylýar. Çigin süňküniň döwülen ýerini dikligine kesim bilen gatma-gat seresaply açmaly we bölekleriň uçlaryny Folkmanyň çemçejiginiň kömegi bilen arassalamaly. Lagtalanan gan toplumlaryny aýyrmaly. Süňküň uly tümmüsinden 1-2 sm ýokarrakdan başlap aşaklygyna 5-6 sm dik kesim etmeli we süňke çenli gatma-gat kütek ýol bilen açmaly. Merkezi süňk

bölegine aşakdan ýokaryk Bogdanowyň ştiftini kakmaly onuň ujy uly tümmüniň aşak ýanyndan çykýar. Süňk böleklerini ýerbe-ýer goýup demir ştifti ýokardan aşaklygyna iki süňk böleginiň içinden kakmaly. Ştiftiň ýokarky ujy 0,5 sm çykyp ýumşak dokumalaryň arasynda galýar. Eger süňk bölekleri gaty berk berkidilmedik halatynda operasiýadan soň Turneriň gips sargysynda 1,5-2 aý möhleti bilen goşmaça berkidilýär. Süňk döwügi bitenden soň demir ştift aýrylýar.

2. Çigin süňküniň diafizi döwülende ony süňküň daşyndanam berkidip bolýar we ol ekstramedulýar osteosintez diýip atlandyrylýar. Çigin döwülen ýeriniň daşky-öň tarapyndan ulanylýan dik kesimleriň biri bilen ýumşak dokumalary gatma-gat kesip döwük ýerini açmaly. Süňk böleklerini ýerbe-ýer goýup, demir plastikanyň deşiklerini her tarapa 4-5 sanysy geçer ýaly edip goýmaly we ony hyrly nurbatlaryň kömegi bilen süňküň kortikal gatlaklarynyň ikisindenem geçirip berkitmeli. Ýumşak dokumalary gatma-gat tikmeli.

3. Çigin süňküniň diafiz bölegi döwülende esasan, açyk döwüklerde ony kompresiýa we distraksiýa bejeriji apparatlaryň kömegi bilenem berkidip bolýar. Berkitmek üçin Ilizarowyň apparatynyň dört halkasyny we onuň iki halkasy ýokarky we 2-si aşaky bölegi berkider ýaly edip Kirşmeriň çişlerini atanaklaýyn geçirip her halkany azyndan iki çiş bilen berkitmeli. Süňküň ýerinden gozganan böleklerini goşmaça geçirilen iliklije çişleriň kömegi bilen olary ýerbe-ýer seýikläp bolýar. Usuly bejergilerden soň hökman dikeldiş bejergini geçirmeli we bogunlaryň hereketini kadalaşdyrmaly.

## Çigin süňküniň aşaky distal ujunyň döwükleri

Çigin süňküniň aşaky ujunyň döwükleri bogundan daşkylara we içindäkilere bölünýär. Bogundan daşyndaky döwüklere tümmüjiklerüsti döwükler degişli, ol hem öz gezeginde süňk bölekleriniň ýerinden gozganşyna görä tümmüjiklerüstüniň ýazylan we epilen döwüklerine bölünýär.

Bognuň içindäki döwüklere:

a) daşky tümmüjigiň döwgi;

b) içki tümmüjigiň döwgi;

ç) tümmüjiklerara döwükleri girýär.

Tümmüjiklerara döwükleri döwük çyzygynyň geçişine görä T we Y görnüşli döwüklere bölünýärler (*35-nji surat*).

Çigin süňküniň aşaky ujunyň bognuň içindäki zeperleri köplenç tirsek we täç görnüşli ösüntginiň, bilek süňküniň kellejiginiň döwükleri we tirsegiň çykyklary bilen gabat gelýärler. Mundan başga-da, bu döwüklerde tirsek, bilek we ortaky nerwleriň gysylmagy, bertikleri we seýrek üzülmegi we gan damarlaryň zeperlenmegi bolup bilýär.



*a* *b*

**35-nji surat. Çigin süňküniň aşaky ujunyň döwügi**
*a*) -T-görnüşli döwük *b*) -Y-görnüşli döwük

## Çigin tümmüjikler üstüniň döwükleri

Tümmüjikler üstüniň döwükleri çigniň aşaky ujunyň beýleki döwüklerinden köp duş gelýär. Bu döwükler eger goşmaça döwükler bolmasa, bognuň ýanyndakylara degişli, ýöne olardan bognuň içine ganöýülme seýrek bolýar. Tümmüjiklerüsti döwükler ýazylan we epilen görnüşli döwüklere bölünýärler.

**Çigniň ýazylan tümmüjiklerüsti döwükleri.** Döwügiň mehanizmi tirsegiň yzky çykygy bilen meňzeş. Döwük ýazylan hem daşlaşan eliň penjesine ýykylanyňda tirsegiň çakdan aşa ýazylmagy netijesinde emele gelýär. Uly däl aşaky bölek üç kelleli muskulyň we pronatorlaryň ýygrylmagy netijesinde yza çekilýär hem egilen ýagdaýa

gelýär. Merkezi bölek aşaky bölegiň öňünde ýeleşen we onuň aşaky ujy köplenç ýumşak dokumalara çümýär. Bölekleriň arasynda yza we içine açylan burç emele gelýär. Şunuň ýaly süýşmäniň netijesinde çigin süňküniň aşaky ujynyň we tirsek süňküniň arasynda damarlar gysylyp bilýär. Eger bölekler öz wagtynda ýerine seýiklenmese işemiýanyň netijesinde kontraktura, esasan barmaklary epijileriniň kontrakturasy emele gelip bilýär.

Çigniň epilen tümmüjiklerüstüniň döwügi. Bu döwügiň mehanizmi-durky, häsýeti eplenen tirsegiň yzky üstüne ýykylanyňda ýa--da urgy täsir edende gabat gelýär. Uly däl aşaky bölek öňe we ýokary süýşýär. Ýokarky bölek aşaky bölekden yzda we aşaky ujy bilen üçkelleli muskulyň siňrine dürtülýär. Bölekleriň arasynda içe we öňe açylan burç emele gelýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Ýazylan döwükde tirsek bognunda uly çiş bolýar. Çigni gapdaldan göreniňde onuň oky aşaky böleginde yza çekilýär. Bognuň ýazylgy tarapynda we tirsek ösüntgisiniň ýokarsynda oýtajyk kesgitlenýär, oýtajyk ýerde deriniň içine çäkli gan öýmesi gabat gelýär. Öňe süýşen ýokarky bölegiň aşaky ujy ortaky nerwi we arteriýany gysyp we zeperlendirip bilýär. Ortaky nerwiň zeperinde I, II, III barmaklaryň aýa tarapynyň we IV barmagyň aýa tarapynyň içki ýarymynda we penjäniň şol barmaklara gabat böleginde duýujylygy bozulýar. Barmaklaryny ýumruguna gysanda I–II barmaklar ýumulman göniligine galýar.

Epilen tümmüjigüstüniň döwüginde tirsek bognuň ýerinde uly çiş, çigniň aşaky ujunda ýiti agyry bolýar. Merkezi süňk bölegiň ujy çigininiň yzky tarapynda kesgitlenýär. Çigniň oky aşakda öňe gyşarýar we iki bölegiň arasynda öňe açylan burç emele gelýär. Aşaky bölegi öňe süýşürjek bolanyňda ol öňki ýagdaýyna gaýdyp gelýär we ýene-de öňe süýşýär. Epilen tümmüjigüstiniň döwügini tirsegiň yzky çykygyndan tapawutlandyrmaly. Yzky çykykda yzky burçly gyşarma tirsek bognuň deňinde bolýar, döwükde ýokarrakda ýerleşýär. Döwük ýerinde süňk şykyrdysy we adaty däl hereket kesgitlenýär. Tümmüjigüstüniň döwüginde çigniň göni oky tirsek bognunda golyň eplenmegi bilen ýeňil deňleşýär, we çykykda mahsus maýyşgakly pružiniň alamaty kesgitlenýär.Tümmüjigüstüniň döwüginde iki tümmüjik we

tirsek ösüntginiň depejigi hemişe bir frontal tekizlikde ýerleşýärler, çykykda tirsek ösüntgisi olardan yzda ýerleşýär.

Döwükleri anyklamakda öňden-yza we gapdal ugurlarda alnan rentgen şekilleriň uly ähmiýeti bar.

**Bejerilişi.** Ýazylan döwügiň süňk bölekleriň gozganan ýagdaýynda bitmegi tirsek bognuň ýazylmagynyň we egilen döwügindegoluň epilmesiniň çäklenmegine, tirsegiň warus gyşarmasyna we goşaryň, penjäniň içe gyşarmagyna getirýär. Bularyň öňüni almak üçin öz wagtynda ýerine salmaly we dogry ýagdaýda seýikläp ony berkitmeli.

Döwük ýere 20 ml 1%-li nowokain erginini goýbermeli. Ýerine salmagy seýiklemegi bir wagtda geçirmeli. Näsagy tekiz ýerde stoluň üstünde ýatyrmaly we bilegi 60-90° ýagdaýynda epip çigni 4-5 minutyň dowamynda çekmeli. Lukmanyň kömekçisi bir eli bilen näsagyň tirseginden, beýlekisi bilen bilegiň orta böleginden tutup çekip başlaýar. Şeýdip uzynlyk boýunça süýşme düzedilýär we çigniň oky deňlenýär. Aşaky bölegi ýerine salmak üçin ýazylan döwükde yza we içine süýşen ýagdaýynda, lukman bir elini ýokarky bölegiň aşaky ujuna goýýar we berkidýär, beýleki elini aşaky bölege goýýar we ony öňe we daşyna tarap süýşürýär. Ýazylan döwükde öňe we aşaga süýşen aşaky bölegi ýerine salmak üçin hirurg bir elini ýokary bölegiň aşaky ujunyň yzky tarapynda goýýar, beýleki eli bilen aşaky bölege öňden yza we daşyna tarap basýar. Süňk bölekleri ýerbe-ýer goýulýar we gips longetasy goýulýar. Epilen döwüklerde aşaky bölek öňe tarap süýşende käbir ýagdaýlarda bölekleri bir wagtda ýerine salmak diňe eliň doly ýazylan ýagdaýynda mümkin bolýar. Aşaky bölek öňe we içine tarap süýşmez ýaly kömekçi näsagyň elini çekýär, lukman bir elini ýokarky süňk bölegiň aşaky ujunyň deňinde çigniň daşky-yzky üstüne goýýar, beýleki eli bilen aşaky bölegi yza we daşyna tarap basýar. Ýerine salnan süňk bölekleri yzky gips longetasy bilen berkidilýär. Longeta çigniň ýokarky böleginden aýa, barmak bogunlaryna çenli goýulýar. Gips longetasyny üç hepdeden aýyrmaly we tirsek bognunda hereket edip başlamaly. Eger bölekler tirsek bognunda 110-120° burçda eplenen ýagdaýynda ýerinden süýşmeseler eli şu

ýagdaýda gips longetasy bilen berkidýärler, sebäbi tirsek bognunyň hyzmaty eplengi ýagdaýda hereketsizlendirilenden soň çalt düzelýär. Eger tümmüjiklerüsti döwükleri bir ýagdaýda seýikläp bolmasa, skelet çekiji ulgamda az agram bilen çekdirip seýikläp bolýar. Skelet çekiji ulgamda 3-4 hepde çekdirmeli we rentgen şekillerinde süňk bölekleri ýerbe-ýer baranyndan soň gips sargysyna geçirmeli. Süňk bölekleriniň arasyna ýumşak dokumalar düşse ýa-da konserwatiw bejergiler netije bermese operatiw bejergini geçirmeli. Operatiw bejergide köplenç süňk bölekleri daşyndan ekstramedulýar, plastinkalaryň we nurbatlaryň kömegi bilen berkidilýärler.

## Çigniň tümmüjikleriniň döwükleri

Iki tümmüjikleriniň birbada döwügi köplenç tirsege ýykylanyňda çigniň blogy bölünýär we bir wagtda tümmejigüsti epilen döwük ýüze çykýar. Çigniň diafizi bölünen tümmüjikleriň arasyna girýär we şeýdip T we Y görnüşli döwükler emele gelýär. Bu mehanizmde kä wagt tümmejikleriň we tirsek ösüntginiň böleklenmegi ýa-da goluň süňkleriniň döwügi we çykygy bilen utgaşýar. Çigniň iki çykyntgysynyň döwügi gan we nerw damarlaryň, zeperlenmegi bilen köplenç agyrlaşýar. Çigin süňküniň tümmüjikleriniň döwükleri şikesiň mehanizmi köplenç ýagdaýda näsag tirsegine ýykylanda ýüze çykýar we çigniň aşaky toýnagy dikligine döwülýär. Şu hili şikeslerde döwük çyzygynyň geçiş ugry boýunça ol süňküň epifizinden metafizine geçýär we tümmejiklerara we tümmejiklerüsti döwük emele gelýär we başgada ol T ýa-da Y görnüşli döwükler diýip atlandyrylýar. Ady agzalan döwükler agyr şikesleriň hataryna girýär we ol tirsek we täç görnüşli ösüntgileriň, bilegiň kellejiginiň döwükleri, tirsegiň çykyklary we döwük çyzygynyň ugrunda ýerleşen nerw we gan damarlarynyň zeperleri bilen utgaşyp gelip bilýär.

**Kliniki alamatlary.** Bogunda uly çiş emele gelýär, içine gan ýygnanýar, ýumşak dokumalaryň ganöýmesi ýüze çykýar. Bognuň hereketi ujagy zerarly örän çäklenen we sypalap göreniňde süňk bölekleriniň şykyrdysy kesgitlenýär.

**Bejerilişi.** Eger süňk bölekleri ýerinden gozganmadyk ýa-da

çala gozganan halatynda aýanyň esasyndan çigniň ýokarky bölegine çenli ýokarky ujagyň kadaly ýagdaýynda gips longetasyny goýmaly we döwük ýeriniň çişi gaýdyşandan soň ony aýlawly sarga öwürmeli. Gips sargysy 1,5-2 aý möhlet bilen goýulýar.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Eger süňk bölekleri ýerinden gozganan halatynda döwük ýerine 2%-li nowakain erginini 20,0 ml goýbermeli, süňk böleklerini ýerbe-ýer seýiklemeli we gips sargysynda iki aý möhlet bilen eliň kadaly ýagdaýynda berkitmeli:

Konserwatiw bejergi usullary netije bermese ýa-da gan we nerw damarlaryna zeper ýeten halatynda operatiw bejergini geçirmeli we süňk böleklerini ekstra-medulýar plastinkalar we nurbatlaryň kömegi bilen berkitmeli: Bejergileriň haýsy ugry saýlanyp alnanda-da süňk bitenden soň bogunda dikeldiş bejergini geçirmeli.

## Çigniň tümmüjiklerara döwükleri

Bu döwük bognuň içindäki döwüklere degişli, ol ýiti burçda eplenen tirsege ýykylaňda ýüze çykýar. Döwük tekizligi kese ugurly we çigniň toýnuk görnüşli böleginiň üstünden geçýär. Bu döwük köplenç ýetginjeklerde köp duş gelýär. Döwügiň çyzygy epifizar bölekden geçýär we epifizioliz häsiýetli bolýar. Aşaky bölek yza we içine süýşýär. Käbir ýagdaýlarda aşaky bölek epifizar çyzyk boýunça öňe süýşýär. Ulularda bu döwük bolan ýagdaýynda çigniň tümmüjikleri, köplenç bölek-bölek bolýar. Tirsek bognuň ýerinde çiş, bognuň içinde we daşynda ganöýme emele gelýär. Hereketler tirsek bognunda çäkli we agyryly, tirsek bognunda deformasiýa we süňk şykyrdysy kesgitlenýär. Köp ýagdaýlarda bu döwük rentgen şekiliň kömegi bilen anyklanýar.

**Bejerilişi.** Süňküň döwülen ýeri ýerli agyrsyzlandyrylýar olar seýiklenip gips sargysynda 1,5-2 aý möhlet bilen berkidilýär.

## Çigniň daşky tümmüjiginiň döwügi

Daşky tümmüjiginiň döwügi ýazylan daşlaşdyrylan eliň tirsegine ýa-da penjesine ýykylanynda ýüze çykýar. Bilek süňküniň

kellejigi çigniň kelleli tümmürçegine daýanyp ähli daşky tümmüjigi we toýnak görnüşli ýumrynyň kiçiräk bölegini bölüp aýyrýar. Kelleli tümmüjigiň üsti zeperlenmeýär. Döwük çyzygynyň ugry aşaky iç ýüzünden, daşky-ýokarky ýokarky tarapa gidýär. Döwük çyzygy hemişe bognuň içine geçýär. Bölünip aýrylan tümmüjik daşyna we ýokaryk tarap süýşýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Süýşmedik daşky tümmüjigiň döwügini anyklamak kyn. Daşky tümmüjik süýşende içkiden ýokarrakda durýar. Daşky tümmüjigiň we tirsek ösüntginiň arasy, onuň bilen içki tümmüjigiň arasyndan giň (kadada deň bolýar). Daşky tümmüjige basaňda agyryly we tirsek bogunda hereket çäklenen goşaryň aýlanmasy agyrylydyr. Daşky tümmüjigiň döwüginde näsagyň eli kä wagt walgus ýagdaýynda bolýar. Iki ugurdan alnan rentgen şekilinde döwügi anyklanylýar.

**Bejerilişi.** Daşky tümmüjigiň süýşmedik döwüklerini çigne, goşara we penjä goýlan gips sargysy daňy bilen bejerýärler. Tirsek bogny 90-100° çenli göni burçda epip berkitmeli. Eger süňk bölegi daşyna tarap süýşse, onda ýerli agyrysyzlandyrmaly we ony dogry seýiklemeli. Kömekçi bir elini näsagyň tirseginiň içki tarapyna goýýar, ikinji elini bilekden tutup elini ugruna çekýär we goşary iç tarapa süýşürýär. Hirurg iki uly barmagyny döwük bölege goýýar, ony ýokary we içine tarap basyp ýerine salýar. Hirurg ellerini tümmüjikleriň öňündäki we yzdaky üstlerine, soň gapdal üstlerine goýup olary çalaja gysýar. Tirsek bogny göni burça çenli eplemeli we hirurg ýene-de tümmüjikleri gysyp gips longetasyny goýýar. Tirsek bogny 100°çenli burçda, epilen goşar pronasiýa we supinasiýanyň ara ýagdaýynda berkidilýär. Gips daňyny dört hepdeden aýyrýmaly we bogunda hereket edip başlamaly. Eger bölek ýerine salynmasa operatiw ýol bilen bejerýärler.

**Operasiýa arkaly bejeriliş.** Operasiýa ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma arkaly ýerine ýetirilýär. Kesim tümmüjigiň daşky üstünden kesilýär. Ýumşak dokumalar gatma-gat açmaly we döwülen ýerini açmaly. Gan lagtalaryny aýyrmaly. Daşky tümmüjik ýerine seýiklenden soň ony hyrly nurbatlaryň ýada Kirşneriň atanak geçirlen çişleri bilen berkitmeli. Köplenç ýagdaýlarda süňk bölegi tirsegiň ýa-

zylgy ýagdaýynda ýeňil ýerine barýar we ondan soň tirsegi epleseň, ol öz ýerinde durýar. Çigne we goşara tirsek bognunyň eplengi ýagdaýynda gips sargy goýmaly we ony 3-4 hepdeden aýyrmaly.

## Çigniň içki tümmüjigininiň döwügi

Içki tümmüjigininiň döwügi seýrek duş gelýär. Ol tirsege çakdanaşa agram düşende ýa-da zor görende ýüze çykýar. Ululardа ilki bilen tirsek ösüntgisi döwülýär. Çagalarda içki tümmüjik seýrek döwülýär, sebäbi 10-12 ýaşa çenli çigininiň blogy ketirdewük görnüşde bolýar.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Ganöýme, tirsek bognunda çiş, içki tümmüjige basaňda agyry, süňk şykyrdysy we beýleki adaty alamatlar daşky tümmüjigiň döwügindäki ýaly, ýöne olar içki tarapdan kesgitlenýär. Goşary içine tarap getirip bolýar, bu hereketi kadada we tümmejikleriň beýleki döwüklerinde bolmaýar.

**Bejerilişi.** Içki tümmüjigiň döwüklerini daşky tümmüjigiň döwügi ýaly bejerýärler.

## Çigniň kelleli tümmürçegininiň döwügi

Kelleli tümmerçegiň zeperlenmesi aýry ýa-da bilek süňküniň kellejigininiň döwügi we beýleki bognuň içindäki döwükleri bilen gabatlaşyp bilýar. Bu döwük ýazylgy ýazgyn ele gaçanda ýüze çykýar. Bilek süňküniň kellejigi ýokary we öňe süýşüp kelleli tümmerçegi şikeslendirýär. Kelleli tümmerçegiň zeperlenmesi bogun üstüniň çäkli ýerinde, ketirdewügiň içine myşşarmagy ýa-da ketirdewük plastinkanyň bölünmegi bilen gabat gelip bilýär. Käbir ýagdaýlarda ondan uly bölegi döwülýär. Süňk bölegi öňe we ýokary süýşýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Kelleli tümmerçegiň uly bölegniň döwüginde agyry we ganöýme daşky tümmüjigiň ýerinde ýerleşýär. Öňe hem yza süýşen süňk bölegini kä wagt tirsegiň ösüntgisiniň gapdalynda kesgitläp bolýar. Hereketler tirsek bogunda çäkli we agyrly. Anyklamakda rentgen şekilleriň ähmiýeti uly. Käbir ýagdaýlarda uly däl erkin bölekleri tirsek bognuna howa goýberilenden soň alnan rent-

gen şekilinde görüp bolýar. Bogun kekirdewügiň zeperlenmegi bilek süňküniň kellejiginiň döwügi bilen köplenç gabatlaşýar. Eger kelleli tümmerç uly däl plastinka ýa-da süňk ketirdewükli bölek bölünen bolsa, onda goşary epläniňde we towlanyňda bilegiň kellejiginiň we kelleli tümmüjigiň arasynda gysylyp bilýär.

Wagtynda anyklanmadyk kellelije tümerçegiň aýry, gopan döwüklerini anyklamak kyn. Näsagy bogunda hereketiň çäklenmegi we agyry biýnjalyk edýär. Şikesi kompýuter tomogramasynda ýa-da M.Ý.R-şekillerinde anyklap bolýar.

**Bejerilişi.** Öňe we ýokary süýşen döwügini köplenç el bilen ýerine salmak başardýar. Döwük ýerine 15-20 ml 1%-li nowokain erginini goýberýärler. Hirurgyň kömekçisi goşardan tutýar hem tirsek bognyny çekýär. Eliň egiji tarapy ýokary bakmaly. Hirurg eplenen aýagyny stulda epip, dyzyny näsagyň tirseginiň aşagyna goýýar we bölegi iki uly barmagy bilen aşak we yza basýar. Soň tirsegi göni burça çenli epleýär we çigne we içine tarapa aýlanan pronasiýa ýagdaýyndaky goşara gips daňysyny goýýar. Eger barlag rentgen şekillerinde süňk bölekleri gowy dursa, gips daňyny şu ýagdaýda 3-4 hepde saklamaly, ondan soňra tirsek bogunda hereket edip başlamaly. Hereketiniň doly düzelmegi 3-4 hepdeden , işe ukyplylygy 2-4 aýdan düzelýär. Eger barlag rentgen şekilinde süňk bölegi ýerine barmadyk bolsa, operasiýa bejergini ulanmaly.

## Çigniň içki tümmüjigüstüniň döwügi

Içki tümmüjigüstüniň döwügi ýazylgy goşara ýykylaňda ýa-da çakdanaşa gapdala daşlaşdyrylanda ýüze çykýar. Içki gapdal baglaýjy güýçli dartylýar we tümmüjigüstüni goparýar, ol aşak süýşýär. Ýetginjeklerde tümmüjigüsti epifizar çyzyk boýunça bölünýär. Bu döwük bogunýany döwüklere degişlidir. Käbir ýagdaýlarda tirsek bognuň haltasy ýyrtylýar. Kä wagt gopan tümmüjigüsti tirsek ösüntginiň we çigniň blogunyň arasynda gysylýar hem tirsek nerwisi özi bilen çekýär. Içki tümmejigüstüniň gopmagy tirsek bognuň çykyklarynda hem gabat gelýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Içki tümmujigüstüniň ýerinde çiş,

agyry, ganöýme kesgitlenýär. Çiş uly däl bolsa, tümmejiklerüstleriň arasynda göni çyzyk geçirseň we oňa perpendikulýar ýazyjynyň üsti boýunça ikinji çyzyk geçirseň çyzyklar göni burç bilen kesişmeýär, (kadada göni burç bilen kesip geçýär W.O.Marksyň alamaty). Ganöýülme bolmasa, tirsek bogunda işjeň we gowşak hereketler mümkin, we onçakly agyryly däl. Süňk bölegi tirsek ösüntginiň we çigniň blogunyň arasynda gysylsa, onda hereket etmek agyry zerarly mümkin däl. Içki tümmejigüstüniň döwüginde goşary daşlaşdyrmak bolýar we tirsege walgus ýagdaýy berip bolýar. Döwügi anyklamakda rentgen şekilleriň kömegi ulydyr.

**Bejerilişi.** Içki tümmüjigiň ýerinden süýşen we süýşmedik döwüklerinde ony seýiklemeli we gips daňysyny bilen tirsek bogny göni burçda, goşary supinasiýa we pronasiýanyň ara ýagdaýynda berkidýär. Gips daňysyny üç hepdeden aýyrmaly, we tirsek bognunda hereket edip başlamaly, 4-6 hepdeden işe ukyplylygy dikelýär. Haçanda tümmüjigüsti tirsek bognuna gysylsa, operatiw bejergi geçirilýär.

**Operasiýa arkaly bejeriliş.** Operasiýa gaýragoýulmasyz etmeli. Ol ýerli ýa-da umumy agyrsyzlandyrma bilen geçirilýär. Tirsek bognuň içki tarapyndan kesim edýärler. Çuň fassiýany kesip ýarany giňeldeniňden soň gopan tümmüjigüstüniň ýeri açylýar. Tümmüjigüsti ýumşak dokumalar bilen tirsek bognuna girendigi kesgitlenýär. Bognuň içki bölegini giňeldip, goşary gapdala daşlaşdyryp tümmüjigüstüni çekip alýarmaly we ony ýerine eltip berkitmeli we ýarany gatma-gat tikmeli we üç hepdelik gips daňysyny goýmaly 6-7 hepdeden işe ukyplylygy düzelýär.

## Çigniň daşky tümmüjigüstüniň döwügi

Daşky tümmüjigüstüniň döwügi içkiden seýrek duş gelýär. Ol goşaryň birden içine getirilmegi netijesinde ýüze çykýar. Köplenç daşky gapdal baglaýjynyň tümmüjigüstden kiçiräk süňk plastinka bilen gopmagy hem mümkin. Süňk böleginiň ýerinden süýşmegi adatça uly däl.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Daşky tümmüjigüstüniň döwüginde

içki tümmejigüstüniň döwüginde ýaly, ýöne bu döwükde ýa-da tümmüjigüsti gopanda goşary içine tarap getirip bolýar.

**Bejerilişi.** Daşky tümmüjigüsti döwüklerinde göni burçda eplenen tirsek bogna gips daňysy goýulýar we ony 2-3 hepdeden aýyrmaly we bogunda hereket edip başlamaly.

## III bap

## GOLUŇ SÜŇKLERINIŇ ZEPERLENMELERI

Goluň süňkleriniň zeperlenmeleri ähli zeperleriň 11-12 %-ni tutýar. Ol zeperleriň 30-35 %-i bilek we tirsek süňkleriniň döwükleriniň paýyna düşýär.

1. Tirsek süňküniň döwükleri.

Tirsek süňküniň döwüklerinde aşakdaky döwük görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

- tirsek ösüntginiň döwügi.
- täç görnüşli ösüntginiň döwügi.
- tirsek süňküniň diafiziniň döwükleri.
- tirsek süňküniň kellejiginiň döwügi.
- tirsek süňküniň biz görnüşli ösüntginiň döwügi.

Ýokardaky döwükler aýry-aýry görnüşde-de we bilek süňküniň döwükleri we çykyklary bilen goşulşybam gelip bilýär.

### Tirsek ösüntgisiniň döwügi

Tirsek süňküniň tirsek ösüntgisiniň döwügi bogun içiniň döwügine girýär we ol köplenç göni urgynyň täsiri astynda ýüze çykýar. Şu görnüşli şikes seýrek üç kelleli muskulyň birden berk ýygrylmagy netijesinde-de ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Seredeňde näsag ýazylgy elini beýleki eli bilen belli bir ýagdaýda saklaýar. Tirsek bogunda çiş we deforfasiýa kesgitlenýär. Bogundaky hereket agyry zerarly çäklenen we emaý bilen sypalap görseň süňk şykyrdysy kesgitlenýär. Tirsek süňki we tirsek ösüntginiň arasynda çöket oýjagaz bildirýär. Gýunteriň üç-

burçlygy öz deňtaraplylygyny ýitirýär. Iki tarapdan alnan rentgen şekilleri şikesi anyklamaga uly ýardam berýär.

**Bejerilişi.** Eger süňk bölekleriniň arasy seýiklenenden soň 0,4 mm az bolsa, ýazylgy ele üç hepde möhlet bilen yzky gips longetasyny goýmaly, onuň durmaly möhleti dolanda aýyrmaly we emaý bilen tirsek bogny kadaly ýagdaýa getirip gips longetasy bilen berkitmeli. Gips sargysy üç hepde durmaly. Gips aýrylandan soň hökman dikeldiş bejergini geçirmeli. Döwük bölekleriniň arasy 5 mm we ondan köp bolsa, operatiw bejergini ýerine etirmeli. Tirsek bognuň daşky-yzky tarapyndan döwük ýeriniň üstinden her tarapa 4-5 sm uzynlygy 8-10 sm dik kesim edilýär we ýumşak dokumalar gatma-gat açylýar. Döwük ýerindäki gat lagtalaryny aýyrmaly we süňk böleklerini ýerbe-ýer goýup lawsan sapaklary ýada hyrly nurbarlaryň kömegi bilen berkitmeli. Ýumşak dokumalar gatma-gat tikilýär. Eger osteosintez amalyýeti berk ýerine ýetirilse gips sargysy hökman däl, süňk bölekleriniň arasynda açyklyk emele gelse ýa-da berk berkidip bolmasa, hökman tirsegiň kadaly ýagdaýynda 3-4 hepde möhlet bilen gips sargysyny goýmaly.

## Täç görnüşli ösüntginiň döwügi

Tirsek süňküniň täç görnüşli ösüntgisiniň döwügi seýrek duş gelýär we bilegiň ähli döwükleriniň takmynan 1%-ni tutýar. Eplenen tirsek bognunyň üstüne bijaý ýykylanyňda ýüze çykýar.

**Anyklanylyşy.** Seredeniňde tirsek bognuň öňdäki ýüzünde çiş, ganöýme kesgitlenýär. Tirsek çukurjygy ýazylan, bilegiň eplenmesi ýiti agyry sebäpli çäklenen, pronasiýa we supinasiýa hereket bozulan däl. Täç görnüşli ösüntginiň ýerinde (tirsek çukurynyň içki ýarymy) basyp görlende ýerli agyry kesgitlenýär. Anyklamak üçin gapdal we kese ugur boýunça rentgen şekilini almak zerurdyr.

**Bejerilişi.** Täç görnüşli ösüntginiň süýşmedik döwüginiň bejergisini konserwatiw geçirýärler. Tirsek bognunda 90-100 gradus burçda eplenen ele gips longetasyny çigniň ýokarky üçden bir böleginden aýa, barmak bogunlaryna çenli goýmaly. Bilege supinasiýa we pronasiýanyň arasyndaky ortaky ýagdaý berilýär. Immobilizasiýa 3-4 hepdäň dowamynda geçirilýär. Işe ukyplylygy 5-6 hepdeden dikelýär.

Täç görnüşli ösüntginiň bölekleriniň uly ýerinden süýşmelerinde operatiw bejergisi geçirilýär. Işe ukyplylygy 4-5 hepdeden düzelýär.

**Tirsek süňküniň diafiziniň aýratyn döwügi.** Tirsek süňküniň diafiziniň döwükleri köplenç göni şikesiň täsiri netijesinde emele gelýär. Tirsek süňküniň diafizi aýratyn döwüginde bölekleriň köplenç inine ýerinden gozganmagy mümkin we uzynlygyna gozganmaýar sebäbi zeperlenmedik bilek süňki ony saklaýar.

Tirsek süňküniň diafiziniň aýry döwügi onuň dürli ýerlerinde ýagny, ýokarky, ortaky we aşaky böleklerinde bolmagy mümkin, ýöne onuň aşaky böleginde köp gabat gelýär.

**Anyklanylyşy.** Döwülen ýerde deformasiýa we ýumşak dokumalaryň çişi kesgitlenýär. Tirsek süňküne basyp görlende döwlen ýerde ýerli agyry, süňkün üznüksizliginiň bozulmagy, bölekleriň kadaly däl hereketliligi kesgitlenýär. Tirsegiň oky boýunça ugruna agram salnanda döwük ýerde agyry güýçlenýär.

Tirsek bognunda eplenme we ýazylma, bilegiň pronasiýasy we supinasiýasy uly däl göwrümde mümkin. Iki ugurdan edilen rentgen şekilleri kesgidi takyklamaga, döwügiň häsiýetini we bölekleriniň süýşmegini kesgitlemäge kömek berýär.

**Bejerilişi.** Tirsek süňküniň ortarasynyň süýşmedik aýratyn döwüginde ýa-da bölekleriň süňküň diametriniň ýarsyndan uly däl süýşmeginde barmaklaryň esaslaryndan çigniň ýokarky bölegine çenli gips daňy goýulýar. Tirsek bognunda 90 gradusa çenli eplenen bilegi pronasiýa we supinasiýanyň arasynda ortaky kadaly ýagdaýda berkidilýär. Gips sargysyny 12-14 hepdäniň dowamynda saklamaly.

Eger diafiziň döwüginde bölekleriň öňe we içine burç görnüşde süýşmegi ýüze çyksa dogry seýiklemek zerurdyr. Bölekleriň süýşmegini el bilen düzedip bolýar, ýöne munuň üçin distraksion enjamy ulanmak has amatly bolar. Düzedilenden soň gips daňyny aýa, barmak bogunlaryndan çigniň ýokarky bölegine çenli 12-14 hepdäniň dowamynda goýmaly 16-18 hepdeden işe ukyplylyk düzelýär.

2. Bilek süňküniň döwükleri.

Bilek süňküniň zeperlenmeleri köp gabat gelýän şikeslenmeleriň biri esasan, onuň distal böleginiň döwügi has köp gabat gelýär.

Bilek süňküniň döwükleri aşakdaky görnüşde ýüze çykýar:
- bilek süňküniň kellejiginiň we boýunjygynyň döwgi
- bilek süňküniň diafiziniň döwügi
- bilek süňküniň mahsus ýerinden döwügi

## Bilek süňküniň kellejiginiň we boýunjygynyň döwügi

Bilek süňküniň kellejiginiň we boýunjygynyň döwügi göni däl şikesiň ýagny, ýazgyn eliň üstüne ýykylaňda, bilek süňküniň kellejigi uly güýç bilen çigniň kelleli tümmüsine urulmagy netijesinde döreýär.

**Anyklanylyşy.** Tirsek çukuyrjygyny göreňde çiş kesgitlenýär, hasam çigin bilek birleşmesiniň üstünden basyp görlende, hereket edilende ýerli agyry güýçlenýär. Hereketler çäklenen we agyrly (ýazylma has çäklenen, bilegiň daşyna aýlanmasy örän agyrly) bolýar. Bilek süňküniň kellejigi pronasiýa we supinasiýa gatnaşanok. Bu süňküň oky boýunça agram salmaklyk agyrylydyr. Şeýle ýagdaýda iki ugurly edilen rentgen şekili takyk anyklamagy kömek berýär.

**Bejerilişi.** Bilek süňküniň kellejiginiň we boýunjygynyň süýşmedik ýa-da uly däl süýşmesinde we kellejigiň 20 gradusa çenli egilen döwüklerinde tirsek bognunda 90-100 gradus burçda eplenen ele 2-3 hepdelik aýa-barmak bogunlaryndan çigniň ortarasyna çenli longeta gips sargysy goýulýarlar. Bilege supinasiýa we pronasiýanyň arasyndaky ortaky ýagdaý berilýär. Işe ukyplylygy 7-8 hepdeden düzelýär.

Boýunjygyň süýşen döwüklerinde we kellejigiň 20 gradusdan artyk egilmesinde seýiklemeli we gips sargysyny goýmaly. Düzedip bolmasa, operatiw bejergisi geçirilýär: ýagny, kellejigi açyk ýerine salmaly we (spisa) çiş bilen transartikulýar berkidilýär. Eger bilek süňküň kellejigi owranan bolsa, ony aýyrýarlar. Operasiýadan soň bilege longeta gips sargysyny tirsek bogunda 90 gradusa çenli epip, pronasiýa we supinasiýanyň arasyndaky ortaky ýagdaýynda goýumaly. Soňra kem-kemden bogunda hereket edip başlamaly. 1,5-2 aýdan işe ukyplylygy düzelýär.

**Bilek süňküniň diafiziniň aýratyn döwügi.** Bilek süňküniň diafiziniň ortasynyň aýratyn döwügi adaty göni şikesiň netijesinde

emele gelýär. Döwügiň çyzygy köplenç kese bolýar, we ortaky hem ýokarky üçden bir bölekleriň araçäginde duş gelýär. Bölekleriň süýşmegi döwügiň ýerine we muskullaryň täsirine bagly.

**Anyklanylyşy.** Bilek süňki tirsek süňkünden çuň ýerleşendir, şonuň üçin, tirsek süňküniň bitewiliginde bilek süňküniň aýratyn döwügini anyklamak kyn bolýar. Göreňde döwlen ýerde bikada ýagdaý (deformasiýa) we ýumşak dokumalaryň çişmegi kesgitlenýär. Bilek süňküne basyp görlende döwülen ýerde ýerli agyrynyň güýçlenýändigi kesgitlenýär. Bilegiň oky boýunça agram salmaklyk döwük ýerdäki agyryň güçlendirýär. Bilek süňküniň diafiziniň ortasynyň döwüginde bilegiň pronasiýa we supinasiýa hereketiniň bolmazlygy onuň häsýetli tarapydyr. Takyk kesgitlemek üçin iki ugurdan edilen rentgen şekilleri zerurdyr.

**Bejerilişi.** Bilek süňküniň diafiziniň ýokarky we ortaky üçden bir böleginiň süýşmedik aýratyn döwüklerinde barmaklaryň esasyndan çigniň ýokarky üçden bir bölegine çenli gips sargysyny goýmaly. Tirsek bognunda 90 gradusa çenli eplenen bilegi supinasiýa ýagdaýynda berkidýärler. Diafiziniň aşaky üçden bir böleginiň döwüginde gips daňyny çigniň aşaky üçden bir bölegine çenli goýmaly, we supinasiýa hem pronazasiýanyň arasyndaky ortaky kadaly ýagdaýynda berkitmeli. Gips sargysy 8-10 hepde durmaly.

Işe ukyplylygy 10-12 hepdeden düzelýär. Bilek süňküniň ortasynyň ýerinden süýşen döwüklerinde ony düzetmek zerurdyr. Tegelek pronatoryň birigýän ýerinden ýokardan döwülse süýşen süňk bölekleri seýiklemeklik bilegiň doly supinasiýa ýagdaýynda, tegelek pronataryň birigýän ýerinden aşakdan döwülsede düzedilende bilegi pronasiýa we supinasiýanyň arasynda orta kadaly ýagdaýda berkitmeli. Diafiziň aşaky üçden bir böleginiň döwüklerinde bölekleriň süýşmegini bilegiň doly supinasiýa ýagdaýynda geçirýärler. Işe ukyplylygy 12-14 hepdeden dikelýär. Bölekleri düzedip bolmasa, ýa-da olaryň ikilenji gezek süýşmeginde, muskullaryň interpozisiýasynda operasiýa görkezilen: demir plastinka bilen ekstramedulýar, osteosintez ýa-da demir sterženler bilen we çişler bilen intramedullýar osteosintez geçirilýär. Süňküň bölekleri aşaky üçden bir böleginiň döwüginde açyk düzedilişden soň gowy saklanýar we goşmaça

berkitmekligi talap etmeýär. Operatiw bejergişden soň gips daňynyň goýulmagy bilen gutarýar.

**Bilek süňküniň mahsus ýerinden döwügi.** Ýokarky ujagyň süňkleriniň iň ýygy döwükleriniň biri bilek süňküniň aşaky metafiziniň döwügidir ol ähli döwükleriň 15-20%-ni tutýar. Bilek süňküniň bu döwügi gartaşan adamlarda ýygy ýüze çykýar.

Bilek süňküne mahsus ýeriň döwügi diýlip bogun yşyndan 2-3 sm ýokarrakda bolýan döwüge aýdylýar. Döwügiň çyzygy kese ugurdan geçýär. Uly ýaşly adamlarda bilek süňküniň distal ujunyň köp bölekleýin döwüginiň bolmagy mümkin. Aşaky epifiziň döwügi köplenç ýazylan ele ýykylaňda penjäniň aýa ýa-da yzky tarapa eplenen ýagdaýynda ýüze çykýar. Eger penje yza eplenen bolsa, aşaky bölek yza we bilek tarapa, merkezi bölek bolsa, aýa-tirsek tarapa süýşýär (Kollisiň döwügi).

Penje aýa tarapa eplenen bolsa, (Smitiň döwügi) aşaky bölek biraz pronasiýa we aýa tarapa süýşen, merkezi bölek bolsa-supinasiýa we yzky tarapa süýşen görnüşde bolýar (*36-njy surat*).



1 2

**36-njy surat. Bilek süňküniň mahsus ýerinden döwülen döwügi**
1) Kollesiň döwügi, 2) Smitiň döwügi.

**Anyklanylyşy.** Seredilende çarşak görnüşli ýa-da özboluşly deformasiýa kesgitlenýär. Kollisiň döwüginde bilegiň yzky tarapyndan aşaky bölegine aýa tarapynda ýokarky bölegi basyp duýup bolýar. Penje aşaky bölek bilen bilek tarapa süýşen şekiledir. Smitiň döwüginde

tersine distal bölegi bilegiň aýa tarapynda, merkezi bölek onuň ýeňse tarapynda kesgitlenýär. Tirsek süňküniň biz görnüşli ösüntgisini basyp barlanylanda onda ugurdaş döwükleriň bolmagy mümkin, goşar bognunda hereketler örän çäklenen we agyrly. Bölekleriň hereketini we süňk şykyrdysyny barlamaly däl. Bilek süňküniň mahsus ýerinden döwülende kä wagt ortaky we bilek nerwleriň (Turneriň newriti) şahalary zeperlenýär we güýçli agyry ýa-da duýujylygynyň peselmegi, ýitmegi bolup biler, (penjäniň gaty çişi) penje süňkleriniň osteoporozy bilen çylşyrymlaşýar, IV barmaklaryň hereketiniň çäklenmegi ýüze çykmagy mümmkin.

Iki ugurdan edilen rentgen şekilleriniň şikesi anyklamakda uly ähmiýeti bar.

**Bejerilişi.** Bilek süňküniň mahsus döwükleriň ýerinden, süýşmedik döwüklerinde penjäni we goly yzky gips longeta bilen barmaklaryň esasyndan goluň ýokarky bölegine çenli berkidilmeli. Bilege supinasiýa we pronasiýanyň ortaky ýagdaýynda penje ýeňil yza eplenen ýagdaýynda berkitmeli. Ilkinji günlerden başlap barmaklarda hereket etdirmegi bellenilmeli. Immobilizasiýa 3-4 hepde dowam edýär, ondan soň BBT-ni we fizioterapiýa bejergilerini bellemeli. Işe ukyplylyk 5-6 hepdeden dikelýär.

Eger bölekler süýşse döwülen ýere10-12 ml 1%-li nowakain ergini goýbermeli, ýerli anesteziýa astynda döwügi el bilen ýa-da distraksion enjamyň kömegi bilen seýiklemeli.

Kollesiň döwüginde bilek süňküniň böleklerini seýiklemegiň usuly. Näsag oturguçda gapdallaýyn otyrýar. El, çigin bognunda daşlaşdyrylan we tirsek bognunda 90 gradusa çenli eplenen görnüşde ýörite tekjede ýa-da stoluň üstünde, aşaky bölegi we penje asylar ýaly ýatýar. Çekdirmegi kömekçi iki eli bilen amala aşyrýar. Bir eli bilen I barmagyndan, beýleki eli bilen – II, III, IV barmaklaryndan tutýar. Çiginden garşylyklaýyn çekmegi ikinji kömekçi amala aşyrýar. Kömekçiler 3-5 minutyň dowamynda goly ýuwaşlyk bilen çekýärler, şeýlelik bilen bilegiň gysgalygyny düzedýärler. Hirurg süýşen aşaky bölege iki uly barmagy bilen basýar. Şol wagtda birinji kömekçi penjäni aýa tarapa epleýär we ýenede penjäni göneldip tirsek tarapa daşlaşdyrýar. Düzedilenden soň, penjäni çalaja yza eplenen we tirsege daşlaşdyrylan ýagdaýda süňk böleklerini gips sargysynda berkidýär-

ler. Çekmekligi gips longetasy gataşýança saklamaly we barmaklaryň esasyndan tirsek bognuna çenli dört hepde möhlet bilen goýmaly.

Eger gips sargysynyň içinde süňk bölekleri ikilenç süýşen bolsa, bölekleri gaýtadan seýiklemeli we gips sargysyny eliň ýeňse tarapyndan penjäni aýa tarap eplenen ýagdaýynda goýmaly, 2-3 hepdeden daňyny aýyrmaly we penjäni yza eplenen ýagdaýa geçirip, bilegi täze yzky gips longetasy bilen berkitmeli. Immobilizasiýanyň möhletini 1-2 hepdä çenli uzaldýarlar. Gips longetany döwük ýeri bitenden soň aýyrmaly.

Smitiň döwüginde bilek süňküniň bölekleriniň düzedilişiniň usuly: näsagyň ellerini Kollesiniň düwügindäki ýaly ýagdaýda goýmaly we bilegi onuň oky boýunça çekdirmeli. Penjä tirsek tarap daşlaşdyrylan ýagdaýyny bermeli. Bilek süňküniň aşaky böleginiň aýa tarapa süýşmeginde penjä yza tarap eplenen ýagdaýy bermeli we hirurg uly barmaklary bilen aşaky bölege basýar, ony yza we tirsek tarapa itýär. Gips longetasyny barmaklaryň esasyndan, penjäni yza epilen ýagdaýynda goýup bilegiň ýokarky bölegine çenli goýmaly. Çekmekligi gips gatandan soň, bes etmeli. Ilkinji günlerden barmaklary we tirsek bognuny hereketlendirmekligi bellemeli. Immobilizasiýanyň möhleti 4-6 hepde. Işe ukyplylyk 6-8 hepdeden dikelýär.

Turneriň newritiniň öňüni almak üçin süňk böleklerini tiz seýiklemeli we göwnejaý düzetmeli. Dörän newritde witamin bejergisini (B toparynyň witaminleri), anaboliki gormonlary, prožerin, tireokalsitonin bellemeli süňküň içine 30-40 minut dowamlylykda žgut astynda nowokainiň 0,5 %-li 10-20,0 ml erginini goýbermeli.

Ujaklaryň zeperlenmeginiň bejerilişiniň iň agyr gaýrüzülmeleriniň biri gan ýemezçiligi zerarly ýüze çykýan kontrakturadyr. Eger ujagyň doly we uzak wagtlaýyn gan ýetmezçiligi gangrena bilen gutarsa, onuň doly däl we az wagt dowam edýän görnüşinde muskullarda we nerwlerde degeneratiw üýtgemelere, muskul süýümleriň bölekleýin nekrozyna ýagny, birleşdirji dokuma bilen çalyşmagyna getirýär. Netijede muskullar gysgalýar, aşaky böleginiň gysylmagyna kontrakturasyna getirýär. Köplenç gan ýetmezçiliginden döreýän (işemiýa) kontraktura ellerde döreýär. Işemýanyň sebäbi çigniň tümmüjigüsti ýazyjy döwüginde çigin arteriýasynyň ýaralanmagy ýa-da kontuziýasy, damarlaryň süňk bölekleri bilen ýada gips daňyda çiş bo-

lup gysylmagy netijesinde ýüze çykýar, gips daňyda çiş bolup bilýär. Köplenç işemiýa kontrakturasynyň sebäbi soňky iki ýagdaý bolýar.

Folkmanyň işemiýa kontrakturasynda deriniň reňki esasan, barmaklarda ütgeýär, duýujylygy peselýär. Puls bilek arteriýasynda ýok. Barmaklaryň çuň epleýjileriniň gysylmasy penjäniň özboluşly deformasiýasyny, ýagny aýabarmak bogunlarynyň çakdanaşa ýazylmagyna, barmagara bogunlarynda eplenmegine getirýär. Ýüze çykan deformasiýa penjesini aýa tarap ependa peselýär we tersine ýazanda ulalýar.

**Bejerilişi.** Eger ýokarky ujagyň döwüklerinde gips sargysy goýulandan soň agyry güýjese we çişse hökman barmaklaryna seretmeli onuň reňkini we duýujylygyny, gan damarlaryndaky pulsyny barlamaly.

Ýokardaky agzap geçen alamatlarymyz has ir ýüze çykýar. Ýüze çykan gaýrüzülmäniň öňüni almak üçün gips sargysyny giňeltmeli, süňk böleklerini esasanam, çigniň tümmüjiklerüsti döwüklerinde tiz dogry seýiklemeli. Gips sargysyny longeta görnüşinde goýmaly. Eger gan damarlarynyň gysylmasy aýrylmasa çigin nerw damarlar dessesine nowakain gabawuny geçirmeli elini ýazgynyrak we göwresinden ýokarrajyk goýmaly. Agzalan çäreler kömek etmese operatiw bejergini geçirmeli ýagny, goluň muskullarynyň ýasy fassiýalaryny inine kesmeli, gan damary gysylan bolsa, ony gysylmagyndan boşatmaly oňa zeper ýeten bolsa ony dikeltmeli. Arteriýanyň boýyna nowakain erginini goýbermeli, içine papaweriniň erginini nowakaine garyp goýbermeli, ony ýylytmaly. Köne ýüze çykan kontrakturalarda, ýörite düzediji sargylary goýup ýa-da operasiýa edip muskullaryň birigýän ýerlerini üýtgetmeli, ýa-da süňkleri rezeksiýa edip olary geregiçe gysgaltmaly.

## Bilek we tirsek süňkleriniň bilelikdäki zeperlenmeleri

Goluň süňklerine zeperlenme ýetende köp halatlarda iki süňküň birden dürli ýerlerinden döwükmegi mümkin ýaha käbir şikeslerde olaryň biri döwülse beýlekisiniň golaý bogunda çykmagy mümkin. Iki süňküň köp gabat gelýän şikesleri aşakylar:

- bilek we tirsek süňkleriniň diafiziniň döwükleri
- tirsek süňküniň diafiziniň döwügi, bilek süňküniň kellejiginiň çykygy (Montejiň döwügi)
- bilek süňküniň diafiziniň döwügi, tirsek süňküniň kellejiginiň çykygy (Galýasiniň döwügi)

**Bilek we tirsek süňkleriniň diafiziniň bilelikdäki döwügi.** Goluň iki süňküniň ortasynyň döwükleri ýokarky ujaklaryň süňkleriniň ähli döwükleriniň 53%-ni düzýär we şikesiň göni we göni däl ugurlarynda ýüze çykyp bilýär. Beýleki döwüklerden tapawutlylykda goluň iki süňküniň ortasynyň döwüklerine bilek we tirsek süňkleriniň bölekleriniň ýakynlaşmagy mahsusdyr, ol süňkara perdesiniň dartylmagy netijesinde ýüze çykýar. Süýşmegiň we ony düzedilmegiň, kynçylyklary, köplenç bejerişiň usulyny kesgitleýär.

**Anyklanylyşy.** Näsag sagdyn eli bilen zeperlenen elini göwresine gysýar. Deformasiýanyň derejesi hem bölekleriň süýşmeginiň häsiýeti we derejesi bilen kesgitlenýär. Bölekleriň süýşmegi bar bolsa, zeperlenen gol sagdyn goldan gysga, basyp görlende goluň ähli uzynlygynda agyry kesgitlenýär, döwük ýerde has güýçlenýär. Takyk anyklamak üçin iki ugurda goşar we tirsek bognuny öz içine alýan rentgen şekilleri etmek zerurdyr.

## Tirsek süňküniň döwügi bilek süňküniň kellejiginiň çykygy (Montejiň döwügi)

Ele daýanyp ýere gaçaňda, bilek gaty zada urlanda, urgydan ýokaryk we öňe galdyrylan 90 gradus burç astynda eplenen bilek bilen goranaňyňda, onuň ortaky we ýokarky üçden bir bölekleriniň araçäginde ýa-da ýokarky üçden bir böleginde tirsek süňküniň döwügi bilek süňküniň kellejiginiň çykygy bilen bile ýüze çykýar (*37-nji surat*).

Epleýji döwükde bilek süňküniň kellejigi öňe çykýar, tirsek süňküniň bölekleri yza süýşýär we öňe açylan burç emele gelýär. Montejiň epleýji döwügi seýrek duş gelýär. Ýazylýan döwükde bilek süňküniň kellejigi yza çykýar we tirsek süňküniň bölekleri öňe daşyna süýşýär, yza açylan burç emele getirýär.



**37-nji surat. Montejiň döwügi**

**Anyklanylyşy.** Göreňde bu şikes üçin häsiýetli deformasiýa kesgitlenýär: tirsek süňki tarapyndan içine çökme, bilek süňküniň tarapyndan bolsa daşyna çişýär. Bilek gysgalan, basyp görlende bölekleriň şykyrdysy, bogunda bilek süňküniň çykan kellejigi kesgitlenýär. Deformasiýanyň töwereginde ýerli agyry, basylanda güýçlenýär, bogunda hereketler örän çäklenen, we eplenmede agyry we garşylyk duýulýar. Newrologiýa barlagy bilen nerwiň zeperlenmegini anyklamaly. Iki ugurdan edilen rentgen şekilleri takyk anyklamaga kömek edýär.

**Bejerilişi.** Montejiň epilen döwüginde tirsek süňküniň böleklerini gowy seýiklemek mümkin, ony ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma arkaly geçirmeli. Goly iki kömekçi dowamly çekýär, lukman ilki bilek süňküniň çykygyny ýerine salýar, soňra distal bölegi yzdan öňe basyp, tirsek süňküniň böleklerini seýikleýär. Bilege supinasiýa ýagdaýyny bermeli we longeta görnüşli gips sargysy bilen aýabarmak bogunlaryndan, goltugasty çukurjyga çenli berklemeli, 2-3 günden barmaklarda we çigin bognunda hereket edip başlamaly. Immobilizasiýanyň möhleti 6-8 hepde we BBT fizioterapiýa bejergisini belleýärler. Işe ukyplylygy 8-10 hepdeden dikelýär.

Eger düzedip bolmasa, operasiýa edip çykygy ýerine salmaly

we süňk böleklerini ýerbe-ýer goýmaly. Bilek süňküniň çykygyny konserwatiw usul bilen ýerine saljak bolmaly. Goldan çekip we bilek süňküniň kellejine basyp, çykygy salmaly soňra tirsek süňküň metalloosteosintezini ýerine ýetirmeli. Eger bilek süňküniň kellejigi ýerine barsa, hereket edilende tirsek bognunda we bilegiň supinasion – pronasion hereketlerinde çykmasa, operasiýany gutarýarlar. Eger-de kellejik ýerinde saklanyp bilmese, ony açyk usul bilen ýerine salyp Kirşneriň çişi bilen berkitmeli. Çişi 3-4 hepdeden aýyrmaly. Gips sargysy 6-8 hepde saklamaly. Işe ukyplylygy 8-10 hepdeden dikelýär.

Montejiň ýazylan döwüginde seýiklemegi el bilen ýa-da distraksion ýörite enjamyň kömegi bilen hem geçirip bolýar. Bilege supinasiýa ýagdaýyny berip tirsek bognunda 90 gradusa çenli eplemeli, kömekçiler penjeden we çiginde garşylyklaýyn çekmeli. Seýiklemegi bilek süňküniň kellejigini ýerine salmakdan başlamaly ýagny, başam barmak bilen öňden yza tarap basmaly, soňra tirsek süňküniň böleklerini ýerbe-ýer goýmaly. Düzedilenden soň ujaga aýabarmak birikmesinden çigniň ýokarsyna çenli gips daňyny goýmaly. 2-3-nji günden barmaklarda we çigin bognunda hereket edip başlamaly. Gips daňyny 4-5 hepdeden aýyrýarmaly, bilege pronasiýa we supinasiýanyň ortaky ýagdaýyna geçirip täzeden berkitmeli. Immobilizasiýanyň möhleti 8-12 hepde. Daňy aýrylandan soň fizioterapiýa bejergisi bellenilýär.

Eger birwagtlaýyn bilek süňküniň kellejiginiň we tirsek süňküniň bölekleriniň seýiklemesi başartmasa, onda operatiw bejergini amala aşyrmaly.

Operasiýany aýa süňkleriniň kellejiklerinden çiginiň ýokarky bölegine çenli gips daňyň goýulmagy bilen gutarýarlar. Işe ukyplylygy 12-16 hepdeden dikelýär.

## Bilek süňküniň döwügi, tirsek süňküniň kellejiginiň çykygy (Galýasiniň döwügi)

Ýazgyn ele ýykylaňda bilek süňküniň diafiziniň aşaky böleginden döwülse, tirsek süňküniň kellejiginiň çykygy ýüze çykyp bilýär. Bilek süňki iň gowşak ýerinden döwülýär. Süňküň bölekleri öňe süýşýär we yza açylan burç emele getirýär, tirsek süňküniň kelleji-



38-nji surat. Galýasiniň döwügi.

gi bolsa, aýa ýa-da yzky tarapa çykýar. Distal bölek muskullaryň ýygrylmagy netijesinde pronasiýa ýagdaýyny alýar (*38-nji surat*).

**Anyklanylyşy.** Görlende bilegiň aşaky üçden bir böleginde we goşar bognunda özüne mahsus deformasiýa bolýar. Bilegiň yzky tarapynda ol içine çöken, aýa tarapynda çiş ýüze çykýar. Goşaryň yzky ýa-da tirsek tarapynda çiş, aýa tarapynda ýa-da tersineiçine oý emele gelýär, bu yagdaýlar tirsek süňküniň kellejiginiň çykmagy netijesinde bolýar. Basyp görlende şikesiň ýerinde agyry esasan, bilegiň oky boýunça agram salmaklyk örän agyrlydyr. Tirsek süňküniň kellejigine basaňda, ýeňil ýerine salynýar we goýbereňde ýene-de yzyna çykýar. Iki ugurdan edilen rentgen şekilleri anyklamakda kömek edýär.

**Bejerilişi.** Seýiklenip çykygy ýerine salmaly, süňk döwükleri-ni ýerbe-ýer goýmaly we barmaklaryň esasyndan çigniň ýokarky bölegine çenli 8-10 hepde möhlet bilen gips daňyny goýmaly. Seýikläp bolmasa, operstiw bejergi geçirilýär. Operasiýanyň maksady bilek süňküni berkitmek (osteosintez) we tirsek süňküniň kellejigini açyk ýerine salmakdyr. Operasiýa barmaklaryň esasyndan çiginiň ýokarky üçden bir bölegine çenli gips daňyny 8-10 hepdä çenli bilen gutarýar. Işe ukyplylygy 12-14 hepdeden dikelýär.

## VI bap

## PENJE SÜŇKLERINIŇ ZEPERLENMELERI

Adamyň işlemeginde, zähmet çekmeginde penjäniň esasy orun tutýanlygy üçin oňa zeperlenme ýetende şikesi anyklamak we bejergi çärelerini dogry hem-de doly, gutarnykly geçirmek hökmandyr. Adama howp abananda ýa-da ýykylanda goranmak üçin iki elini ulanýar, şonuň netijesinde ähli şikesleriň 35-40%-ne çenlisini penjäniň zeperleri tutýar. Penje süňkleri üç bölege bölünýär we zeperleri aşakdaky görnüşlere bölünýär.

1. Goşaryň zeperlenmeleri.
2. Aýaň zeperlenmeleri.
3. Barmaklaryň zeperleri.

Goşaryň süňkleri bilek-tirsek süňkleri bilen berk baglaýjylar bilen birigip goşar-bilek bognuny emele getirýär. Goşar süňkleri iki hatarda ýerleşip, birinji ýokarky hatarda gaýyk, ýarym aý, üç gyraňly we nohut görnüşli, daşky aşaky hatary trapesiýa, trapesiýa ýaly kellelije hem gaňyrçak görnüşli süňklerden durýar.

Goşaryň süňkleri özaralarynda bogunlary emele getirip bir-biri bilen baglanyşyklydyr.

Goşar süňkleriniň içinde gaýyk we ýarym aý görnüşli süňkleriň döwükleri beýleki süňklere garanda köp duş gelýär.

## Gaýyk görnüşli süňküň döwükleri

Goşara degen göni şikes ýa-da ýazylan penjäniň üstüne ýykylaňda gabat gelýär. Gaýyk görnüşli süňküň süňk üsti bardasy bilen örtülmändigi üçin goşaryň beýleki süňkleriniň döwügünden haýal bitýär we uzak wagtlap berkitmekligi talap edýär. Gaýyk görnüşli süňküň ýerinden gozganmadyk döwükleri 10-12 hepdeden ýerinden gozganan döwükleri 12-14 hepdeden bitýär. Süňk döwükleriniň arasynyň açyklygy 2 mm köp bolsa ýalan bognuň döremegi ähtimaldyr.

**Kliniki alamatlary.** Şikes ýeten ýerde ganöýülme, agyry, çiş bolýar. Birinji barmaga agram berip uzynlygyna basaňda goşardaky agyry güýçlenýär, birinji aýa süňküniň düýbüniň garşysynda anatomiki oýjagaz bolýar, ola halk arasynda (temmäki okarajygy) diýip atlandyrylýar (geçmişde temmäkini ysgap asgyrýan adamlar şol okarajyga temmäki goýup ysgapdyrlar). Gaýyk görnüşli süňk döwlende ganöýülme we çişiň esasynda okarajyk düzlenýär. Bilek-goşar bognunda agyry sebäpli işjeň hereketi ýerine ýetirip we ýumrugyny düwüp bilmeýär. Döwügi anyklamakda üç tarapdan alnan rentgen şekilleriniň ähmiýeti uludyr. Gaýyk görnüşli süňküň döwük bölekleri gowy seýiklenmese ýa-da süňküň arterial gan damarlary üzülse, gan barmaýan böleginiň aseptiki nekrozy, ýagny eremegi mümkin.

**Bejerilişi.** 1%-li nowokain ergininiň 3,0-5,0 ml bilen ýerli agyrysyzlandyrmaly we ýerinden gozganmadyk döwüklerde gips longeta-

ny gipsiň birinji barmagy yza gaýtaryp 2-5 barmaklaryň düýbünden tirsek bognuna çenli goýmaly (sapança görnüşli gips sargysy).

Süňk bölekleri ýerinden gozgananda agyrysyzlandyrylandan soňra kömekçileriň biri çigni saklaýar, beýlekisi barmaklardan göni çekýär, lukman (temmäki okarajygyna) basyp süňk döwüklerini seýikleýär we ýokardaky agzap geçen gips sargysyny 12-14 hepde möhlet bilen goýýar. Süňk döwüklerini geregiçe seýikläp bolmasa ýa-da gips sargysy aýrylandan soň döwük ýeri bitmedik bolsa, operatiw bejergi görkezilendir.

1. Döwük süňküň üstünden penjäniň uzynlygyna 5-6 sm kesim kesilýär. Ýumşak dokumalar iki gyra çekilip, döwük ýeri açylýar. Süňk böleklerini emaý bilen ýerbe-ýer goýmaly we süňki uzynlygyna deşip bir hyrly nurbat bilen berkitmeli. Ýumşak dokumalar gatma-gat tikilýär we gips longetasy bilen 6-8 hepde möhlet bilen goşmaça berkitmeli.

2. Süňk döwükleri ýokardaky ýaly operasiýa edip ýerme-ýer goýulandan soň iki sany atanak görnüşde geçirilen Kirşneriň çişi bilen berkidilýär we 6-8 hepde gips sargysynda saklamaly.

## Ýarymaý görnüşli süňküň döwügi

Näsag ýazylan penjäniň tirsek tarapyna ýykylanda ýa-da göni ýeten şikesiň netijesinde bu döwük emele gelýär we köplenç süňküň çykygy bilen bile gabat gelýär (ýarymaý görnüşli süňküň çykygy-çykyklar babyna seret).

Süňküň aýratyn döwügi seýrek duş gelýär we döwük çyzygynyň geçişine görä: kese, dik, gysylan we kiçijik böleginiň gopan görnüşlerine bölünýär.

Alymlaryň käbiri (A.I.Aşkenazi) ýarymaý görnüşli süňküň döwüklerini süňküň maýasynyň we şahjagazlarynyň döwügi diýip bölýärler hem daşky şahjagazyň döwükleri beýlekilere garaňda has köp duş gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Bilek-goşar bognunyň ortasynda penjäniň daş tarapynda çiş, agyry bolyp ýumrugy düwen wagty III aýa süňküniň deňinde bilek tarapynda oýjagazyň emele gelýändigini görmek bolýar. Süňküň üstünden emaý bilen basanyňda ýa-da III-IV-

barmaklary uzynlygyna basaňda, agram salanynda ýarymaý süňküniň ýerleşýän ýerinde agyry artýar. Goşardaky hereket, esasan daşyna epilende agyry güýçlenýär, üç tarapyndan alnan rentgen şekilleri ony kesgitlemäge uly kömek berýär.

**Bejerilişi.** Süňküň gyralarynyň döwügi we ýerinden gozganmadyk süňk bölekleri ýerli agyrysyzlandyrma (1%-li nowokain 3-5.0) geçirilenden soň barmak aýa bognundan tirsek bognuna çenli 6-7 hepde möhleti bilen gips sargysy goýulýar. Süňk döwük bölekleri ýerinden gozgananda ýa-da döwük we çykyk ýagdaýy bar bolsa, bir bada ýerine salmak üçin penjäni barmaklardan we tirsekden tutup dowamly çekmeli (10-15 min), süňk böleklerini seýikläp, gips sargysynda berkitmeli. Süňk döwükleri çekip saklanyňda ýerine baryp berkidilende ýerinden üýtgese ýa-da seýiklemek başartmasa, Çerkez-Zadanyň ýa-da Ilizarowyň ýörite enjamynda skelet çekdiriji ulgamy 5-6 hepde möhleti bilen goýmaly.

Konserwatiw usullar kömek bermese, operatiw bejergisi geçirilýär.

**Operasiýa usuly.** Ýerli agyrysyzlandyrma ýa-da umumy beýhuş edijiler-narkozyň täsiri astynda penjäniň daş tarapyndan ýarym aý görnüşli süňküň üstünden bilek-goşar bogunyndan 5-6 sm uzynlykda dikligine kesmeli. Bogun haltasyny açyp, barmaklary herekete getirýän siňirleri iki gapdala çekmeli. Süňk böleklerini ýerbe-ýer goýup, çişleriň kömegi bilen ýa-da sapaklar bilen tikip berkitmeli. Ýygnanan gan toplumy çykar ýaly rezin bölegi bilen drenirlemeli. Gips sargysyny üç hepde möhlet bilen goýmaly.

## Goşaryň üç gyraňly süňküniň döwügi

Üç gyraňly süňk bogundan daşynda ýerleşeni üçin seýiklemesi gaty kyn däl. Üç graňly süňk örän seýrek döwülýär we bir gyrasy gopan görnüşindäki döwügi gabat gelýär. Şikes göni ýetende goşar süňkleriniň beýlekileri bilen ýa-da ýarym aý görnüşli süňküň çykygy bilen gabat gelip biler.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň, süňk bölejigi seýiklenýär we 2-3 hepde möhlet bilen gips sargysy goýulýar.

## Nohut görnüşli süňküň döwügi

Örän seýrek döwülýär, sebäbi süňke hemme tarapyndan siňirleriň uçlary birigýär. Süňk döwülse, ýerli ganöýülme, agyry bolýar, IV-V barmaklary hereketlendireniňde agyry güýçlenýär. Rentgen şekilleri şikesi anyklamaga goýmaga uly ýardam berýär. Süňk bölekleri seýiklenenden soň gips longetasyny üç hepde möhlet bilen goýmaly. Köp böleklere bölünen ýa-da mynjyran döwükler-de bejergiden soň artroz ýagdaýy ýüze çykýar. Artroz çylşyrymlaşmasy bejergi çäreleri geçirilenden soň aýrylmasa, operatiw bejergisini geçirmeli, ýagny zeperlenme ýeten süňki aýyrmaly. Gips sargysyny 4-5 hepde möhlet bilen goýmaly.

## Goşaryň kellelije süňküniň döwülmegi

Ähli goşar süňkleriniň döwükleriniň 1-1,2%-ni tutýar we köplenç beýleki goşar süňkleriniň döwükleri bilen goşulyşyp gabat gelýär we süňk bölekleri ýerinden gaty daşlaşmaýar.

**Kliniki alamatlary.** Ýerli ganöýülme, agyry, süňk döwük bölekleriniň bir-birine degip şykyrdysynyň eşidilmegi we ýumruk düwülende süňküň proýeksiýasynda agyrynyň güýçlenmegi ýaly alamatlary ýüze çykýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň süňk bölejikleri seýiklenýär we 4-5 hepdelik möhlet bilen gips sargyny goýmaly.

## Goşaryň gaňyrçak görnüşli süňküniň döwülmegi

Göni şikes ýetende, gysylanda we köplenç sport bilen meşgullanýanlarda (hokkeý, tennis oýunlaryny oýnaýanlarda) ýa-da süňke birigýän ýumşak dokumalar çendenaşa dartylanda gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Ýerli agyry penjäniň tirsek tarapynda IV-V aýa süňkleriniň gabadynda bolýar. Gan öýme we çiş, bogunlaryň hereketi gaty agyryly. Agyry nohut görnüşli süňkden 1-2 sm aşakda we eliň bilen sypalap barlanyňda süňk bölekleriniň şykyrdysy eşidilýär.

Rentgen şekilleri esasan, kompýuter tomogrammasy döwügi anyklamkda uly kömek berýär.

Süňküň täze döwükleri seýiklenenden soň 5-6 hepde gips sargysynda saklamaly. Süňküň gaňyrçagy döwlüp kähalatlarda ortaky we tirsek nerwleriň şahalaryny gysyp zeper ýeten ýeriniň we IV-V barmaklaryň hereketinininiň hem duýujylygynynyň peselmegine, hatda ýitmegine çenli getirip biler.

Uly ganöýülmelerde süňke birigýän siňirleriň tendiniti ýa-da tendo-sinowity ýaly çylşyrymlaşmalryň ýüze çykmagy ähtimal.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma geçirilenden soň süňk bölejiklerini seýikläp gips sargysynda 5-6 hepde saklamaly. Gaýrzülmeleri gabat gelse (nerwler, siňirler gaňyrçak bilen gysylsa), operasiýa edip süňküň döwlen gaňyrçagyny aýryp gysylan ýumşak dokumalary boşatmaly. Gips sargysyny 5-6 hepde möhlet bilen goýmaly we goşmaça fizioterapiýa bejergileri bellemeli.

## Trapesiýa süňküniň döwügi

Bu döwük goşar süňkleriniň döwükleriniň 3-5%-ni tutýar. Süňküň döwükleriniň ýarysyndan köprägi gurşap alýan süňkleriň döwükleri bilen goşulyşyp gabat gelýär (Bennetiň döwügi, bilek süňküniň çiş görnüşli ösüntgisiniň we trapesiýa ýaly süňküň döwükleri bilen).

Döwükler köplenç üç görnüşde, ýagny dik döwükler, süňküň kekejiniň döwügi we köp böleklere bölünen görnüşlere bölünýär. Şikesiň mehanizmi näsag düwülgi ýumrygyna ýykylsa süňk I aýa we bilek süňkleriniň arasynda gysylýar we trapesiýa süňküniň kekeji döwülýär.

**Kliniki alamatlary.** Agyry we ýerli ganöýme, agyry esasanam temmäki oýjagazynyň töwereginde bolýar. Birinji barmagy hereketlendirseň we barmaga güýç bereňde agyry güýçlenýär. Süňküň kekeji döwlende agyry aýaň iç tarapynda başam barmagyň düýbinde bolýar. Rentgen şekillerinde şikes anyklanýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň başam barmakdan we tirsekden gapma-garşylykly çekilip süňk bölekleri seýiklenýär we başam barmagy yza gaňtaryp gips sargysy üç hepde möhlet bilen goýulýar.

## Goşaryň trapesiýa ýaly görnüşli süňküniň döwügi

Süňküň özbaşdak döwügi gaty seýrek gabat gelýär we köplenç ýagdaýda goşaryň beýleki süňkleriniň döwükleri bilen gabatlaşyp şikes alýar.

**Kliniki alamatlary.** Ýerli ganöýme, agyry biynjalyk edýär. Rentgen şekillerinde, esasan kömpýuter tomogrammasy döwügi anyklamakda kömek berýär.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma geçirilenden soň süňk bölekleri seýiklenýär we gips sargysyny 3-4 hepde möhlet bilen goýulýar.

## Aýa süňkleriniň döwükleri

Aýa süňkleri köplenç ýagdaýda göni ýeten şikesiň netijesinde döwülýär. Döwükler iki görnüşde, ýagny boguniçre döwükler we bognuň daşyndaky maýasynyň döwükleri. Aýa süňkleriniň boguniçre döwüklerinde esasy orny birinji we bäşinji süňkler tutýar, olar aýanyň iki gyrasynda ýerleşeni üçin beýlekilere görä köp şikesi alýar.

## Birinji aýa süňküniň düýbüniň döwügi (Bennetiň döwügi)

Birinji aýa süňküniň düýbüniň döwügi aýa süňkleriniň şikesleriniň 3/4 bölegini tutýar we ilkinji gezek 1882-nji ýylda Bennet tarapyndan öwrenilip ýazylypdyr, ýöne käbir kitaplarda Rolandyň döwügi diýip hem atlandyrylýar.

**Kliniki alamatalary.** Ýerli ganöýme, çiş, deformasiýa, temmäki oýtajygy çiş zerarly tekizlenýär.

Birinji barmagyň hereketi agyryly, barmagyň uzynlygyna çala basaňda agyry aýa süňküniň düýbünde güýçlenýär. Rentgen şekilleri kesgitleme goýmaga uly ýardam berýär.

**Bejerilişi.** Süňki seýiklemeli. Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň kömekçi tirsekden özüne çekip saklaýar, seýikleýji birinji barmakdan göni we ýokaryk çekip, beýleki eliniň uly barmagy bilen birinji aýa süňküniň düýbine basýar. Birinji barmagy yza bilege garşy

dartyp şol görnüşde gips sargysyny goýýarlar (sapança görnüşli gips sargysy), rentgen şekilinde süňküň durşy anyklanýar. Eger konserwatiw ýol bilen süňk böleklerini ýerbe-ýer goýmaklyk başartmasa operatiw bejergi görkezilýär.

Operasiýada ýumşak dokumalary uzynlygyna kesilip döwük ýeri açylýar süňk bölekleri ýerbe-ýer goýlandan soň, Kirşneriň inçejik çişi bilen goşar süňklerine berkidilýär. Gips sargysy 4-5 hepdeden aýrylýar.

## Bäşinji aýa süňküniň düýbüniň döwügi

Bu şikes göni urgy (çekiç ýa-da taýak bilen) netijesinde ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Ýerli ganöýme, çiş we agyra arz edýärler. Döwügi rentgen şekilinde anyklanylýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň süňk bölekleri seýiklenýär we gips sargysyny 3-4 hepde möhlet bilen goýulýar. Süňk bölekleri köplenç çiş gaýdanda ikilenji gezek ýerinden gozganýar, şonuň üçin süňk bölekleri dogry seýiklenen ýagdaýynda ýapyk görnüşde Kirşneriň bir çişi bilen berkidilse we gips sargysy goýulsa, bejergi hasda netijeli bolýar.

Beýleki aýa süňkleri dürli ýerlerinden döwlüp bilýär we süňk bölekleri köplenç ýagdaýda doly bir-birinden aýrylman süňkara we gurçyk görnüşlije muskullaryň dartylmagy netijesinde aýanyň içine tarap açylan burç görnüşinde tümmerip durýar.

**Kliniki alamatlary.** Agyry, deformasiýa, ganöýmä arz edýär we süňk bölekleriniň şykyrdysy eşidilýär.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň barmaklardan çalaja çekip emele gelen burçuň üstünden aşak basyp süňki dogrulamaly we 3-4 hepde möhlet bilen gips sargysyny goýmaly. Aýa süňkleri döwlüp süňk böleklerini ýerbe-ýer goýup bolmasa, operasiýa etmeli. Döwlen ýeri açylýar süňki dogry seýikläp, Kirşneriň çişi bilen berkitmeli.

## Barmaklaryň falangalarynyň döwükleri

Barmaklaryň döwüklerinde döwüge mahsus bolan kliniki alamatalryň hemmesi ýüze çykýar (ganöýülme, çiş, deformasiýa, agyry we süňk döwükleriniň şykyrdysy). Rentgen şekilleri süňk bölekleriniň nä derejede ýerinden gozganandygyny anyklamakda kömek berýär.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soň, döwlen barmagyň ujundan çekip seýiklenýär we gips sargysyny 3-4 hepde möhlet bilen goýmaly. Süňk böleklerini seýiklemeklik başa barmasa, skelet çekiji ulgamy ulanyp uzynlygyna 2-3 hepde çekdirip ýa-da döwlen ýerini operatiw usul bilen açyp Kirşneriň çişi bilen berkidilýär.

# V bap

# BUT SÜŇKÜNIŇ ZEPERLENMELERI

But süňki – skeletiň iň uly we berk süňkleriniň biri we ähli şikesleriň 5-6%-i çenlisini tutýar. But süňküniň döwükleri göni we göni däl şikesleriň mundan başga-da, süňküň dürli kesellerindede ýüze çykyp bilýär.

## But süňküniň döwükleriniň toparlara bölünişi (toparlanmasy)

But süňküniň döwükleri esasy üç topara bölünýärler.

1. But süňküniň ýokarky (proksimal) böleginiň döwükleri.
2. But süňküniň ortaky (diafiz) böleginiň döwükleri.
3. But süňküniň aşaky (distal) böleginiň döwükleri.

Proksimal böleginiň döwükleri hem öz gezeginde iki topara bölünýär:

-bogun içiniň döwükleri oňa but süňküniň kellejiginiň we boýunjygynyň döwükleri girýär olar käbir edebiýat çeşmelerinde medial döwükler diýip hem atlandyrylýar.

- bogun daşynyň döwükleri oňa aýlawaçlaryň aýry-aýry we aýlawaçlar ara döwükleri girýär hem-de lateral döwükler diýlip hem atlandyrylýar (*39-njy surat*).

Diafiz böleginiň döwükleri öz gezeginde onuň ýokarky orta we aşaky bölekleriniň döwüklerine bölünýär. Distal böleginiň döwükleri hem öz gezeginde süňküň tümmüleriniň aýry-aýry döwüklerine we tümmülerara, tümmülerüsti görnüşli döwüklere bölünýär.




**39-njy surat. But süňküniň proksimal böleginiň döwükleri**
*a*-kellejigiň, *b*-kellejik asty, *ç*-boýunjygyň, *d*-boýunjyk dübi, *e*-aýlawçalar ara döwükleri.

But süňküniň proksimal böleginiň döwükleri.

Bu döwükler eger bogun haltasynyň içinde ýerleşse medial döwükler diýilýär we köplenç ýaşy uly adamlarda köp gabat gelýär. Ýaşy uly adamlarda bu döwükler sähelçe şikesde-de ýüze çykyp bilýär, olarda süňküň kortikal gatlagy ýukalýar, täze süňk dokumalarynyň örmegi peselýär we göwräň köp agramy boýunjyga düşýär. But süňküniň şu böleginiň döwükleri çagalarda we ýetginjeklerde örän seýrek gabat gelýär hem epifizioliz görnüşde ýüze çykýar.Ýaş adamlarda şu görnüşli döwükler köplenç ýol-ulag hadysalarynda, onuň aýagy göni direlip duran halatynda we ýokardan gaçma şikesinde peýda bolýar.

But süňküniň medial döwükleri örän haýal bitýär we onuň bitmän ýalan bogun gaýrüzülmesine getirmegi mümkin hem onuň bir näçe sebäpleri bar.

- Kellejik we boýunjyk süňk bardasy bilen örtülmedik.
- Kellejigiň we boýunjygyň gan üpjünçiligi örän pes tegelek baglaýjynyň inçejik arteriýa damary ýaşy uly adamlarda köplenç bitýär (oblitirlenýär), boýunjyk arteriýasy hem medial döwüklerde zeperlenýär.
- Ýaşy uly adamlarda süňküň şu bölegi port ýagny, osteoporoz ýagdaýynda bolýar.

- Şu görnüşli döwüklerde süňk böleginiň arasyna ýumşak dokumalaryň düşmegi mümkin .

- Uzak möhletli garmon derman serişdelerini ulanan näsaglarda hem şu döwükler örän haýal bitýär.

- Dürli goşmaça keselli näsaglarda süýjüli diabet, ýokanç keseller, inçekeselli süňk haýal bitýär.

- Ýaşy uly adamlarda süňküň şu görnüşli döwüklerini dogry seýiklemek we ony berk berkitmeklik belli bir derejede kynçylyk döredýär, ol gowy berkitmese ýalan bogna getirmegi mümkin.

Kellejigiň döwüklerinde eger ol gan üpçünjiliginden kesilse onuň aseptiki nekrozy ýüze çykýar.

Kellejigiň döwügi birnäçe görnüşde gabat gelmegi mümkin ony rentgen şekillerine düşürip hökman anyklamaly sebäbi şoňa we näsagyň ýaşyna görä bejergi usuly aýratyn saýlanyp alynýar. Kellejigiň döwükleriniň görnüşleri:

- kellejigiň köp böleklere bölünip döwülmegi;
- kellejigiň myşşaryp (kompressiýa) döwülmegi;
- kellejigiň ýarysyndan ýokarky böleginiň döwülmegi;
- kellejigiň ýarysyndan aşaky böleginiň döwülmegi;
- kellejigiň döwülip çykmagy;
- kellejigiň aýlawaçlar çökediniň gyralarynyň utgaşan döwükleri

But süňküniň boýunjygynyň döwükleri onuň ýerleşen ýerine görä aşakdaky görnüşlerde gabat gelýär:

- boýunjygyň kellejigasty (subkapital) döwgi;
- boýunjygyň ortasynyň (transserwikal) döwgi;
- boýunjygyň esasynyň, düýbüniň (bazal) döwgi.

But süňküniň boýunjygynyň döwükleri onuň ýerinden gozganyp döwük ýerde emele getiren burçuna görä iki görnüşe bölünýär:

- abduksion ýa-da walgus döwükler boýunjyk bilen diafiziň arasyndaky burç ulalýar ol kadada 127-128 gradusa deň bolmaly.

- adduksion ýa-da warus döwükler, döwük bölekleriniň arasyndaky emele gelen burç kadadan kiçelýär (*40-njy surat*).

Walgus döwüklerde süňk bölekleri bir-birinden doly örküni üzmeýär we olar bir-birine degýär kähalatlarda bir-birine çümýär, emma, warus döwüklerde aşaky süňk bölegi ýokaryk tarap gozganýar we olary seýiklemek belli bir aşaky bölegini geçirmeli. Skelet çekiji




**40-njy surat. But süňküniň boýunjygynyň döwükleriniň görnüşleri:**
1) warus döwügi, 2) walgus döwügi.

ulgam aýyrylandan soň iki aý möhlet bilen gysgaldylan koksit gips sargysyny goýmaly.

Adduksion döwüklerde näsagyň aýagyny daşlaşdyryp skelet çekiji ulgamda 7-8 hepde ýatyrmaly we 7-14-30-njy günlerde barlag rentgen şekillerine düşürip süňk bölekleriniň göwnejaý seýiklenmegini gazanmaly.

Skelet çekiji ulgamy aýryp näsaga 3-4 aý möhlet bilen koksit gips sargysyny goýmaly. Işe ukyýlylygy 6-7 aýdan dikelýär.

Eger näsagda goşmaça dürli öýken-ýürek keselleri we ýaşy has garry bolup, skelet çekiji ulgamda ýatmaga mümkinjilik bolmasa, onda aýagy kadaly ýagdaýda saklamak üçin aýagynyň injik bölegine aşagy paýaly gips longetasyny goýmaly.

Boýunjygyň döwügi gowy seýikletmese, onuň dik döwüklerinde operatiw bejergini geçirmeli. Boýunjygyň operatiw bejergisinde dürli berkidijileri ulanýarlar. Eger süňk bölekleri skelet çekiji ulgamda gowy seýiklenip ýerbe-ýer barsa, onda osteosintez operasiýasy ýapyk görnüşde geçirilýär, bogun kapsulasyny ýagny, döwük ýerini açman berkidilýär. Eger süňk böleklerini göwnejaý seýikläp bolmasa döwük ýerini açyp bölekleri ýerbe-ýer goýup berkidilýär.

Köplenç, but süňküniň boýunjygyny berkitmekde Smit-Petersonyň üç gyraňly çüýi peýdalanylýar.

But süňküniň boýunjygyny ýapyk görnüşde berkitmeklik üçin Kirşneriň çişleriniň toplumy hem ulanylýar bu operasiýany näsagda goşmaça keseller bolup, uly operasiýa geçirip bolmadyk ýagdaýynda peýdalanylýar.



**41-nji surat. But süňküniň kellejiginiň dürli zeperlerden soň aseptiki nekrozy**

Ýetginjeklerde köp gabat gelýän boýunjygyň kellejigasty epifiziolisinde ony berkitmeklik üçin dürli uzynlykdaky we ýogynlykdaky hyrly nurbatlar hem peýdalanylýar.

Ýaşy uly näsaglarda but süňküniň ýokary derejedäki osteoporozynda ýa-da kellejigiň aseptiki nekrozynda endoprotez operasiýasy geçirilýär.

But süňküniň kellejiginiň döwüklerinde eger onuň ortadan aşaky bölegi döwülse skelet çekiji ulgamda bejermeli. Eger kellejigiň ortadan ýokarky bölegi döwülip ony seýiklemek başartmasa operatiw bejergi geçirilýär we ony ýerine eltip berkitmeli.

But süňküniň kellejigi köp böleklere bölünip bognuň içine erkin ýaýran bolsa, soňky döwürlerde kellejigiň endoprotez operasiýasy geçirilýär. Eger but süňküniň kellejigi döwülip çykan halatynda ýa-da ol öz okunyň daşyndan towlanyp tersligine tarap gozganan halatynda konserwatiw bejergide gowy netije gazanyp bolmasa operatiw bejergini geçirmeli. Çykan kellejigi ýerine salyp, ony berkidijileriň kömegi bilen berkitmeli (*43-nji surat*).



**42-nji surat. But süňküniň boýunjygynyň dartyjy berkidiji bilen osteosintezi**



**43-nji surat. But süňküniň boýunjygynyň döwüginde Smit-Petersonyň üç gyraňly çüýi bilen osteosintez operasiýasy**

## But süňküniň boýunjygynyň adduksion döwükleri

But süňküniň kellejigasty (subkapital), boýunjyk (transserwikal) we boýunjyk düýbi (bazal) adduksion döwükleri (medial) bognuň içindäki döwüklere degişlidir. Bu döwükler köplenç ýaşy uly adamlarda ýüze çykýar (orta ýaş-62,3), döwükleriň anyklanyşy kyn däl. Onda döwük bölekleri ýerinden süýşýär. Boýunjyk-diafizar burçy kiçelýär şonuň üçin olara warus döwükleri diýilýar. But süňküniň boýunjygynyň warus döwükleriniň bitmek şerti oňaýsyz, içki (medial) döwükleriň bitmegi diňe döwük bölekleri doly ýerine seýiklenende we soň gymyldatman saklanyňda mümkin. Döwügiň çyzygy kellejige ýakyn boldugyça, şonça-da onuň bitmegi kyn, kellejik asty (subkapital) döwükler boýunjyk (serwikal) döwüklere garanda ýaramaz bitýär. Onuň esasy sebäbi kellejigasty döwüklerde (demir) çüý merkezi (proksimal) bölege çala girýär, şonuň üçin döwük bölekleri ýeterlik derejede berklenmeýär. Mundan başga-da, kellejigasty (subkapital) döwüklerde kiçijik merkezi (proksimal) böleginiň gan aýlanyşygy boýunjygyň beýleki böleklerine garanyňda gowşak

**Bejerilişi.** But süňküniň boýunjygynyň warus döwükleriniň esasy bejergisi operatiw usuldyr. Konserwatiw usullar-skelet çekiwi, paýaly (derotasion) gips sargysy (funksional, hereket bilen), koksit gips daňylary diňe operasiýa taýynlyk üçin ýa-da operasiýa edip bolmajak näsaglarda ulanylýar.

Näsag hassahana düşenden soň tiz yerli agyrysyzlandyrmaly. Agyrsyzlandyrmagyň usuly: but ýanbaş ýygyrdynyň aşagynda but arteriýasynyň ugryny onuň urgysy boýunça anyklamaly we şondan 1-1,5 sm daş tarapky nokatdan şprisiň iňňesini 4-5 sm çuňluga, tä süňke direýänçä çümdirmeli we 2%-li nowokain ergininiň 20,0 ml goýbermeli. Birnäçe minutdan agyry aýrylýar we ondan soňky-amallar agyrysyz geçýär. Käbir adamlarda 1,0 1%-li morfiniň erginini deri astyna goýbermek bilen hem çäklenseň bolýar.

**Skelet çekiji ulgam bilen bejermek.** Haýsy usul bilen bejeriljegine garamazdan, but süňküniň boýunjygy döwlen hemme näsaglara skelet çeküwi goýulýar. Skelet çeküwi uly injik süňküniň tümmüjiginden goýulýar we 4-7 kg ýüki asylýar. Aýak standart

seýigiň üstüne goýulýar we sähelçe daş tarapa süýşürilýär, 2-3 günüň dowamynda döwük bölekleri ýerine barýar. Rentgen barlagynda oňa göz ýetireniňden soň, ýük 3-4 kg, çenli azaldylýar. Skelet çekiwi goýulandan soň agyry köşeşýär. Esasy ünsi ýüregiň işleýşini gowulandýrmaga, pnewmoniýanyň, ýagyryň we içiň gatamagynyň öňüni almaga gönükdirmeli.

Skelet çekiwi bilen süňk böleklerini ýerine seýiklemeklik aňsat, emma, uzak wagtlap (6-8 aý çenli süňk bitýänçä) saklamak kyn. Süňk döwükleriniň arasynda hereketiň bolmagy süňküň bitmegine oňaýsyz täsir edýär. Uzak wagtlyk skelet çeküwini garry näsaglar gaty kyn geçirýär. Şonuň üçin irde-giçde skelet çeküwini aýyrmaly bolýar.

Skelet çeküwi but sünküniň adduksion döwüginiň özbaşdak bejeriş usuly däldir, ony diňe süňküň döwük böleklerini ýerine salmak üçin ulanmaly.

**Hereket bilen bejermek.** Bu beiergi döwügi bitirmek üçin dälde, diňe aýagy kadaly ýagdaýda öwrenişdirmek üçin niýetlenendir. Ilki skelet çekiji ulgam ýa-da aýagy gymyldatman saklamak üçin aýagyň iki tarapyndan çägeli haltajyklar goýulýar. Ýakyn günlerde owkalama we aýagynda hereket etdirilip başlanýar, 2-3 hepdeden näsag pişekleriň kömegi bilen yöräp başlaýar, soň ol pişeklerinden aýrylyp bilmeýär. Bu bejergide döwük hiç bir wagt bitmeýär. But süňküniň adduksion döwükleriniň hereket bilen bejerilişi diňe operasiýa edip bolmajak ýagdaý ýagny, utgaşyk agyr ýürek-damar, öýken keselli näsaglarda we has uly ýaşly garrylarda ulanylýar.

**Uitmen-Turner boýunça gips daňysy bilen bejermek.** Süňk döwüklerini skelet çekiji ulgam bilen ýa-da umumy narkozyň kömegi bilen seýiklemeli we 5-10-njy güni koksit gips daňysyny goýmaly. Şonda aýak kadaly (fiziologiki) ýagdaýda bolmaly. Soňra rentgen şekillerine düşürmeli. Bir aýdan soň pişekli ýöremek maslahat berilýär. Gips 6-8 aýdan soň aýrylýar we rentgen edilýär. Eger döwük biten bolsa fizioterapiýa, owkalama (massaž), hereket maslahat berilýär.

**But süňküniň boýunjygynyň Smit-Peterseniň çüýi bilen berkitmegiň usuly (osteosintezi).** But süňküniň boýunjygynyň bo-

guniçki (medial) döwükleri Smit-Peterseniň poslamaýan polatdan ýasalan üç gyraňly çüýi bilen osteosintez edilse, has gowy bitýär. Smit-Peterseniň çüýi 120° burç bilen birikdirilen üç sany ýukajyk polat plastinkadan durýar. Çüýüň bir ujy ýiti, beýleki ujunda telpejigi bar. Plastinkalaryň ini 6 mm, galyňlygy 0,5-0,7 mm, uzynlygy 7-12 sm, Çüýüň gyraňlary şeýle ýuka bolansoň, ol but süňküniň boýunjygyna ujypsyz şikes salýar. Çüý özüniň daşky görnüşine laýyklykda süňkde berk oturýar we süňk böleklerini gymyldatman saklaýar. Näsag ýörände agram çüýüň gyraňlaryna (gapyrgalaryna) düşýär, şonuň üçin çüý uly agramy göterip bilýär.

**But süňküniň boýunjygynyň boguniçki (medial) döwükleriniň üç gyraňly çüý bilen berkitmegiň usuly (osteosintez).** Onuň üçin süňk operasiýasynda ulanylýan umumy gurallardan başga-da, ýörite şu operasiýa üçin nietlenen gurallar hem gerek. Olar üç gyraňly çüý, çüýüň üstünde goýup çekiç bilen kakar ýaly telbejik, çüýi sogurmak üçin ýörite gural (ekstraktor), çüý urańda süňk bölekleriniň arasynda emele gelýän açyklygy aýryjy, ýagny süňk döwüklerini ýakynlaşdyryjy gural we ş.m.

Operasiýa narkoz bilen geçirilýär. Näsag operasiýa edilýän stoluň üstünde arkan ýatýar. Operasiýa wagtynda süňk böleklerini ýerine salmak we aýagyny iki-ýana towlap durmak üçin ýörüte kömekçi gerek.

Deriniň kesimi ýanbaş süňküniň öňki ýokarky çykyntgysyndan başlap, buduň ýasy fassiyasyny gataldýan muskulyň öň yany bilen aşak dowam etdirilýär. Agzalan muskuly kesýärler, şonda uly aýlawaç (wertel) we onuň aşak ýany boşaýar. Göni muskul iç tarapa süýşürilýär. Puparta baglaýjynyň aşak ýanynda, gan damarlaryndan daşrakda but süňküniň boýunjygy eliňe bildirýär. Bogun haltajygy boýunjygyň okuna parallel kesilýär. Yaranyň gyralaryny açsaň but süňküniň boýunjygynyň döwük ýerini görüp bolýar. Lagtalanan ganlar, aýratyn ýatan süňk bölekleri aýrylýar.

Operasiýa edýäniň görkezmesi boýunça kömekçi näsagyň aýagyny çekýär we iki ýana towlaýar, hirurga döwük böleklerini ýerine salmaga kömek edýär. Süňk bölekleri doly ýerine barandan soň hirurg üç gyraňly çüýi uly aýlawajyň (trohanteriň) aşak ýanyndan, boýunjygyň ortasyndan geçer ýaly edip, ýuwaş-ýuwaşdan kakýar.

Haçanda çüýüň ujy döwük ýerinden geçip, merkezi bölege direlende iki döwük bölekleriniň arasy azajyk açylýar, oňa garamazdan çüýi medial bölege urup gidirmeli. Onda-da süňk bölekleriniň arasynda yş galsa, ony ýörite süňk döwüklerini gysýan guralyň kömegi bilen kakmaly. Ol guralyň bir tarapynda, edil but süňküne gabat gelip durar ýaly ýasyja edilen we onuň ortasynda üç gyraňly çüýüň kellejigi üçin deşik bar, ol guraly çüýüň telpejigine geýdirip 2-3 gezek çekiç bilen ursaň süňk bölekleriniň arasyndaky yş ýitýär we olar bir-birine gysylyp durýarlar. Soňra çüýi ýene bir gezek urmaly. Eger-de çüý dogry, diýen tarapyňa gitmedik bolsa, onda ony ýörite guralyň, ekstraktoryň kömegi bllen sogurmaly we täzeden gönüläp urmaly. Çüý süňk döwüklerini berk saklamaly. Çüýi saýlanyňda hökman but süňküniň boýunjygynyň we kellejiginiň uzynlygyna görä almaly, çüýi kellejikden geçip çanaklyga çümmez ýaly, ýa-da ondanam geçip gitmez ýaly. Eger-de çüý çanaklyga girendir öýtseň, onda çüýi ekstraktoryň kömegi bilen azajyk yza çekmeli. Soňra ýarany ýuwyp gatma-gat tikin goýmaly. Operasiýa wagtynda gany saklamaly.

**Operasiýadan öňki taýýarlyk.** Näsag hassahana düşenden iki taraplaýyn rentgen şekiline düşürmeli we skeleti çekdirme usulyny ulanmaly. Skelet çeküwini uly injik süňküniň tümmüjiginden goýmaly. Aýagyny kadaly seýigiň üstüne goýup 6-8 kg ýük asmaly, 2-3 günden yene-de rentgen şekiline düşürmeli, şoňa çenli süňk bölekleri ýerine barýar köplenç halatlarda şondan soň ýüki 3-5 kg çenli azaltmaly we operasiýa edilýänçä saklamaly. Operasiýany uzaga çekmeli däl, sebäbi näsagyň ýagdaýynyň agyrlaşmagy, gaýrüzülmegi mümkin. Operasiýany mümkin boldugyça, 5-7 günüň içinde geçirmeli. Esasan, pnewmoniýanyň, ýagryň we umumy ýagdaýynyň agyrlaşmagynyň öňüni almaga ünsi bermeli.

**But sünküniň boyunjygynyň ýapyk osteosintezi. Kaplanyň usuly.** A. W. Kaplan (1979) bognuň açyk osteosinteziniň garry adamlarda agyr geçýändigini göz öňünde tutyp, but süňküniň boýunjygynyň ýapyk osteosintezini maslahat berýär. Ýapyk osteosintezi geçirmek üçin ugrukdyryjy peýdalanylýar. Ugrukdyryjy çişiň but süňküniň boýunjygynyň göni ortasyndan geçmegine kömek berýär we soň üç gyraňly çüýi şol geçirilen çişe geýdirip kakylýar.

Soň çişi çykaryp ýene-de çüýi 1-2 gezek çekiç bilen kakmaly, dogry geçendigini rentgen şekillerinde barlamaly, ýarany gatma-gat tikmeli.

A. W. Kaplanyň enjamyna bolmadyk ýagdaýynda boýunjygyň tekizliginden, onuň ugry boýunça üç-dört sany çiş geçirilýär we haýsy çiş ortadan dogry geçen bolsa, şoňa-da üç gyraňly çüý geýdirip osteosintez operasiýany ýerine ýetirilýär.

**Operasiýadan soňky döwür.** Operasiýadan soň aýagyny Belleriň seýginiň üstünde skelet çekiwini 2-3 kg azajyk agram bilen, çekdirip goýmagy dowam etdirmeli. Skelet çeküwini 7-10 günden, tikini aýrylandan soň aýyrmaly. Eger-de çüý but süňküniň kellejigine çuň gitmedik bolsa, boýunjugyň ortasyndan geçmedik bolsa ýa--da kellejikden geçip çanaklyk süňküne çümen bolsa, onda 2-4 aýlyk koksit gips daňysy goýulýar. Operasiýadan soňky döwürde näsaglarda ýürek, öýken tarapyndan çylşyrymlaşmalaryň öňüni almaga üns bermeli. Bu döwürde bejeriş bedenterbiýe uly orun oýnaýar, 2-4 hepdeden soň pişekli ýöremek rugsat berilýär, 1-1,5 aýdan hasa bilen ýörese-de bolýar. Iki-üç aýdan barlag rentgen şekiline düşürip, çüýüň dürşuny, döwügiň bitişini barlap durmaly. Çüýi 1-1,5 ýyldan aýyrmaly. Şeýle bejergiden soň köplenç döwük bitýär, eger bitmese, operasiýadan soňky döwürde gips sargysyny ir aýran ýa-da wagtyndan ir aýaga agram salan bolmaly. Döwük böleklerini 3 gyraňly çüý berk, gymyldatman, biri-birine gysyp saklap durýar, şonuň üçinem döwük gowy bitýär, gowy bitmäge doly şertler döreýär. Zähmete ukyplylygy 6-8 aýdan dikelýär.

Şeýle osteosintezden soň but süňküniň boýunjygynyň kellejigasty (subkapital) döwüklerinde boýunjyk (transserwikal) we düýp (bazal) döwüklerine garaňda köpräk döwügiň bitmeýän wagtyna duş gelinýär. Sebäbi çüýüň kellejige giren bölegi keltejik bolýar-da, döwük böleklerini bütinleý gymyldatman saklap bilmeýär. Kellejigasty (subkapital) döwüklerde süňk böleklerini berk saklamak üçin çüýi bogundan geçirip (transartikulýar) kakmaly ýagny, çüýi kellejikden geçirip çanaklyk süňküne 1-1,5 sm çümer ýaly etmeli. Soň süňk doly bitýänçä, çüý aýrylýança bogunda hereket bolmaly däl.



**44-nji surat. But – ýanbaş bognuň endoprotezi**

Süňkleri operasiýa arkaly berkidilenden soň, ýagny osteosintezden soň, eger başga içki agzalary tarapyndan garşylyk bolmasa, gips koksit daňysyny goýmaly (4 aýa çenli). Şeýle edilse, döwük doly bitmände-de, näsaglar kanagatlanarly ýöräp, öz-özlerini oňarýarlar.

Kä awtorlar (Ý. P. Kolesnikow, 1969) but süňküniň bogun içre (medial) döwüklerinde osteosintez geçirilende goşmaça, aseptiki nekroz bolmaz ýaly uly (wertel) aýlawaç bilen autoplaslika etmek maslahat berýär: Osieosintez geçirilenden soň uly aýlawajy (werteli) kese (gorizontal) tekizlikde we özüne birigýän muskullary bilen bilelikde içki (medial) tarapa, döwük ýerini ýapýança süýşürip, soň nurbat (şurup) bilen berkidilýär. Bu operasiýa könelişen döwüklerde hem oňat netije berýär.

Käbir näsaglarda ýa-da könelişen döwüklerde Mak-Marreýanyň operasiýany geçirmek amatly bolýar: aýlawajyň (werteliň) aşak ýanyndan osteotomiýa edip, aşaky (distal) bölegi iç (medial) tarapa süýşürmeli (boýunjygyň döwük ýeriniň aşagyna süýşürmeli). Süňk böleklerini ýörite metal konstruksiýalar bilen berkidýärler. Bu operasiýa gowy geçirilse, näsaglar 3-4 hepdeden ýöräp bilýärler.

Soňky döwürlerde uly merkezi hassahanalarda näsagda ýalan bogun dörese but süňküniň kellejigini endoprotez bilen çalyşýarlar.

But süňküniň medial döwüklerini osteosintez etmek üçin başga-da birnäçe metal-berkidijiler awtorlar tarapyndan girizilipdir (çüýler, nurbatlar, hyrlar we çişler), emma, operasiýalaryň netijeleri boýunça Smit-Peterseniňkiden aýratyn gowy däl. Şeýlelikde, Smit-Peterseniň üç gyraňly çüýi bilen ýapyk osteosintez operasiýany but süňküniň bogun içki (medial) döwükleriniň esasy bejeriş usuly bolup durýar.

Eger-de ýetginjeklerde but süňküniň kellejiginiň ortaky bölegi-epifiziolizi bolsa, onda osteosintez üçin Muryň ýa-da Koržyň berkidijisi ulanylýar.

## But süňküniň boýunjygynyň bitmedik döwükleri we ýalan bogunlary

But süňküniň boýunjygynyň adduksion döwükleriniň bitmezligi esasan, kesgit giç goýulan ýagdaýynda ýa-da bejergilerden soň duş gelýär. Emma, kä wagtlar operasiýadan soň hem ýalňyşlyklaryň ýa-da çylşyrymlaşmalaryň netijesinde gabat gelmegi mümkin. Operasiýadan soňky döwürde ýalňyşlyk goýberilse (ir agram salynsa, gips goýulmasa) hem döwügiň bitmezligi mümkin.

Eger-de operasiýadan soň döwük bitmese, boýunjygyň we kellejigiň gan aýlanyşygynyň (iýmitlenşiniň) pes bolmagy we süňk bölekleriniň arasyna bogun haltajygynyň gyrasynyň düşmegi mümkin.

**Alamatlary.** But süňküniň boýunjygynyň döwüginiň bitmezliginiň esasy alamatlary: çüýjüklik bogunynda agyry, çüýjüklik bognunyň göwräni saklap bilmezligi, aýagynyň kelteligi, pişeksiz ýöräp bilmezligi, gaty agsamagy, çalt ýadamagy, işjeňliginiň peselmegi, işläp bilmezligi ýaly alamatlardyr. Näsaglaryň köpüsinde agyry hemişe duýulýar, käbirinde çala agyry diňe ýörände duýulýar, çüýüklik bognunda agyrynyň hemişe bolmagy, aýagyna daýanyp bilmezligi näsaglary bialaç maýyplyga öwürýär. Kähalatlarda olar özlerini hem oňarmaýarlar, kömege mätäç bolýarlar. Käbir näsaglar pişekli hem ýöräp bilmeýärler, öýünden eýläk-beýläk çykmak beýlede dursun, hatda düşeginden hem turup bilmeýänleri bolýar.

Eger döwük bejerilmedik bolsa ýa-da nädogry bejerilen bolsa, boýunjygyň döwük ýeriniň yşy giňelýär-boýunjyk öz-özünden sorulup başlaýar. Döwülenden 4-6 aý geçenden soň bitmese oňa bitmedik döwük diýilýär.

Kesgitleme goýmakda, bejerigi usulyny saýlamakda rentgen şekiliniň ähmiýeti gaty uludyr. Rentgen şekile seredip üns bermeli

zatlar: kellejik, boýunjyk näderejede sorlulypdyr, kiçelipdir, (osteoporoz), warusyň derejesi, aşaky süňk bölegi näçerak ýokaryk süýşüpdir.

**Bejerilişi.** Operasiýa görkezme we haýsy operasiýa ediljegi birnäçe ýagdaýlara bagly, esasan näsagyň umumy ýagdaýyna, onuň yaşyna bagly. Diňe ýaşyň ýokary bolmagy operasiýa kynçylyk ýa-da garşylyk döretmeýär, esasan onuň beden (fiziki) we ruhy taýdan sagdyn ýagdaýynyň gowy bolmagy gerek. Onda-da gaty garry adamlarda, eger agyry gaty güýçli bolmasa, özi pişegiň kömegi bilen ýöräp bilýän bolsa, onda operasiýa etmeli däl.

Näsagyň umumy ýagdaýyna, döwük ýeriniň ýagdaýyna baglylykda ähli ulanylýan operasiýalary bäş görnüşe bölýärler.

1. Üç gyraňly çüý bilen bognuň daşyndan osteosintez, bu operasiýa köneligen (3-6 aý geçen) bitmedik döwüklerde, özem kellejikde we boýunjykda ullakan awaskulýar üýtgeşikler ýok bolan ýagdaýynda ulanylýar.

Operasiýadan öň 7-10 gün skelet çeküwi goýulýar (6-10 kg ýük) hem-de näsagyň umumy ýagdaýyny gowylaşdyrýan bejergi bellenilýär.

Eger üç gyraňly çüý bilen osteosintez edilende sähelçe döwük bökleriniň arasynda yş galsa, onda goşmaça autotransplantat hem boýunjyga kakýarlar. Osteosintezden soň 2-3 aýlyk koksit gips sargysyny goýulýar.

2. Mak-Marreýa boýunça aýlawajyň aşagyndan geçýän gyýak osteotomiýa. Bu operasiýa häzirki döwürde but süňküniň boýunjygynyň bitmedik döwüginde we ýalan bognunda edilýän esasy operasiýadyr. Operasiýanyň esasy maksady-but süňküniň ortaky bölegini-diafizini boýunjygyň döwük ýeriniň we kellejiginiň aşagyna süýşirmek bilen boýunjygyň döwüginiň bitmegi üçin biomehaniki şertleri döretmek. Operasiýa görkezme: but süňküniň boýunjygynyň bitmeýän döwügi we ýalan bogny, eger-de näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly bolsa. Operasiýa taýynlyk hökmünde 2-3 hepde sennik çeküwi goýulýar (4-8 kg ýük).

Operasiýa umumy narkoz bilen geçirilýär. Buduň daş ýüzünden uly aýlawaçdan dikligine uzynlygy 12-15 sm tyg çekilýär. Yumşak dokumalar gatma-gat kesilip süňke ýetilýär. Uly aýlawajyň aşak ýanyndan osteotomiýa edilýär. Osteotomiýanyň geçýän tekizligi



**45-nji surat. Mak-Marreýanyň operasiýasy**

gyýak bolmaly: daşdan içe, aşakdan ýokaryk, ýagny uly aýlawaçdan 1-1,5 sm aşakdan, kiçi aýlawajyň özünden ýa-da üstinden geçmeli (*45-nji surat*).

Eger osteotomiýanyň tekizligi aşagrakdan geçse, onda ýeterlik daýanç bolup bilmeýär. Osteotomiýadan soň süňkiň ortaky bölegini-diafizi iç tarapa süýşürmeli, şonda çapylan diafiziň iç tarapy boýunjygyň we kellejigiň aşagyndan diräp durýar. Näsagyň aýagyny daş tarapa gyşartmaly. Şeýle osteotomiýadan soň aýagyň daýanç mümkinçiligi gowylaşýar, warus deformasiýasy düzelýär hem-de ýalan bognuň bitmegine gowy şertler döreýär. Uly aýlawaç bilen diafiz plastina bilen berkidilýär.

Operasiýadan soň iki aý möhletde koksit gips daňysy goýulýar, gipsi aýryp rentgen şekiline düşürmeli, eger biten bolsa, bejergi gimnastikasyny, owkalama fizioterapiýa bejergilerni geçirmeli. Eger näsagyň umumy ýagdaýyna görä gips götermez öýdülse, onda skelet çeküwi goýulýar.

Şu operasiýadan soň eger ýalan bogun bitmäýende-de, aýagyň hyzmaty has gowylaşýar, daýanç mümkinçiligi artýar. Kellejikdaki we boýunjykdaky awaskulýar destruksiýalar gowylaşýar.

3. Çüýjüklik bognunda täzeden dikeldiş-rekonstruktiw operasiýadyr. Bu operasiýalar boýunjyk erän bolsa, kellejikde awaskulýar destruksiýa güýçli bolsa geçirilýär, sebäbi şeýle bolanda Mak-Marreýanyň operasiýany kömek etmeýär. Operasiýanyň agyr we uzak wagtlap dowam edýänligi üçin bu amalyýetler diňe ýaş adamlarda geçirilýär.

4. Artrodez. Bu operasiýa Mak-Marreýanyň operasiýasyny edip bolmajak bolsa edilýär. Özem ýaş adamlarda, beýleki çüyjüklik bognunda hereket gowy , kemçilik ýok bolsa geçirilýär. Artrodez operasiýadan soň bogunda hereket bolmasa näsag aýagyna gowy basyp bilýär, agyry bolmaýar, öz işleri bilen meşgul bolup bilýär. Gips 4-8 aýlap, tä artrodez doly bitýänçä saklanýar.

5. Endoprotezirlemek. Soňky döwürde köp dürli protezler çykdy: diňe kellejik üçin, kellejik we çukanajyk üçin.

Alloplastika (kellejigiň, boýunjygyň) 70-75 ýaşdaky adamlarda kellejik asty döwükler bolanda iň gowy operasiýa hasap edilýär. Bu operasiýa üçin görkezme: kellejigasty döwükler, patologiki döwükler, ýalan bogunlar, döwük çykyklar we ş.m.

## But süňküniň proksimal böleginiň bogundaşky (lateral) döwükleri

But süňküniň proksimal böleginiň bogn daşky böleklerine uly, kiçi aýlawajyň aýry-aýry we aýlawaçlara ara döwükleri degişlidir. Aýlawajyň aýry döwükleri ýerinden gozgananda kesgitleme goýulanda aýlawajyň gopmagy diýen jümlede ulanylýar. Aýlawaçlar ara döwükleri hem öz gezeginde döwük çyzygynyň geçiş ugry boýunça aýlawaçlarüsti aýlawaçara we aýlawaçasty görnüşlerine bölünýär. But süňküniň aýlawaçlar böleginiň gan üpçünçiligi gowy we onuň bitmegine amatly şertleri döredýär (*46-njy surat*).

**Kliniki alamatlary.** Aýlawaçlar töwereginde agyry, çiş, ýumşak dokumalaryň ganöýmesi süňk bölekleriň krepitasiýasy kesgitlenýär. Diňe aýlawaçlar döwülen halatynda bogunda hereket bolýar ýöne ýöremeklik örän agyrly. Uly aýlawaç gopan halatynda ol ýokaryk süşýär we deformasiýa göze görünýär.



**46-njy surat. But süňküniň proksimal böleginiň bogundaşky döwükleri**

Näsag ökjesini ýerden göterip bilmezligi mümkin. Agyry netijesinde bogunda hereket çäklenen, ýöne bogunda gemartroz ýagdaýy bolmaýar. Kiçi aýlawaç gopan ýagdaýynda agyry buduň iç tarapynda bolýar. Aýlawaçlarara döwüklerde näsag aýagyny ýerden galdyryp bilmeýär. Döwügiň görnüşini rentgen şekillerinde anyklamaly we şoňa göräde bejergi çäresini geçirmeli.

**Bejerilişi. Skelet çeküwi bilen bejermek.** Kirşnewiň çişini uly injik süňküniň tümmejiginden geçirmeli. Eger döwük bölekleri ýerinden süýşmedik bolsa, onda ýüki asmaly (4-6 kg). Skelet çeküwini 6-8 hepde dowam etmeli, iki aýdan pişekli, aýagyna basman ýöremek rugsat berilýär. 3,5–4 aýdan işe ýaraýar. Eger-de süňk dowükleri ýerinden süýşen bolsa, onda ýük 8-10 kg goýulýar, aýagy daşyna tarap sowmaly (näçeräk warus gyşarmasynyň barlygyna baglylykda). Skelet çeküwiniň dowamlylygy iki aý. Pişekli ýöremäge 4-5 aýdan rugsat berilýär.

Uzak wagtlap skelet çeküwi bilen bejermeklik käbir näsaglara, has hem garrylara agyr düşýär. Kähalatlarda uzak wagtlap skelet çeküwini ulansaň hem warus deformasiýasy we aýagynyň kelteligi galýar. Şeyle ýagdaýlarda osteosintez edeniň amatly bolýar.

**But süňküiniň proksimal böleginiň bogun daşky döwüginiň osteosintezi.** Operasiýa taýynlyk hökmünde 10-12 günlik skelet çeküwi goýulyar we süňk döwüklerin göwnejaý seýiklenýär. Operasiýany umumy narkozyň kömegi bilen geçirýärler.

Kesim tygy aýlawajyň üstünden, 4-5 sm onyň ýokarsyndan 4-5 sm aýlawaçdan aşak dikligine kesilýär. Ýumşak dokumalar süňke çenli kesilýär. Süňk bölekleri ýerine salnandan soň, eger uly aýlawaç ýerinden gopmadyk bolsa, oňa medial döwüklerdäki ýaly üç gyraňly çüý urulýar. Aýlawaç ara döwüklerde süňk bölekleri gowy seýikletmese operatiw bejergi görkezilen, ony geçirmeklik üçin dürli berkidijiler ulanylýar, ýöne köplenç ekstramedulýar berkitmeklik üçin G-görnüşli ýa-da Kaplan–Antonowyň plastinkasy bilen geçirilýär, 2-3 hepdeden pişekli ýöremäge rugsat berilýär. Operasiýadan soňky döwürde pnewmoniýanyň, ýagyryň öňüni almaga üns bermeli (*47-nji surat*).



1 2

**47-nji surat. But süňküniň aýlawaçlarara döwüklerinde G-görnüşli çüý bilen osteosintez operasiýasy**

1-çüý kakmaklygyň usuly. 2-çüý kakylypşuruplaryň kömegi bilen berkidileni.

**But süňküniň proksinal böleginiň daşky döwüklerini hereket bilen (paýaly gips sargysy) bilen bejermek.** Bu usul bilen eger-de näsag skelet çeküwini (uzak wagtlap) ýa-da operasiýany göterip bilmejek bolsa ulanýlar. But süňküniň proksimal böleginiň daşky döwükleri metafizar döwüklere degişli bolup, gowy bitýärler, aňsat ýalan bogun döremeýär. Bu zatlary göz öňünde tutup funksional usul ulanylýar. Bu usulda esasy maksat aýagy daş tarapa gyşartman saklamak, ýagyryň, pnewmoniýanyň öňüni almak. Aýagyň döwük ýerine 20-30 ml 1% -li nowakainiň ergini goýberilýär. Aýagyň warus deformasiýasyny mümkin boldugyça dogrylamaly. Ondan soň gipsden (ädijek) goýulýar.

Ädijegiň arka tarapyndan, topuklaryň deňinden gips daňylar bilen keseje, 25-30 sm uzynlykda, 4-5 sm inlilikde, tagtajyk berkidilýär. Oňa paýaly gips sargysy ýa-da - derotasion gips longetasy diýlip atlandyrylýar. Maksat-aýagy daş tarapa towlanmaz ýaly saklamak. Ilkinji gününden başlap näsaga dem alyş we bejergi gimnastikasy bellenýär. Arkasyny, bilini massaž edip durmaly, üç aýdan rentgen barlagdan soň ýöremeklik rugsat berilýär. Şeýle bejergide süňk bitýär, emma, sähelçe warus deformasiýasy galmagy mümkin.

## Uly we kiçi aýlawaçlaryň özbaşdak döwükleri

Bu döwükler seýrek gabat gelýärler. Aýlawaçlar göni şikes, ýa-da uly aýlawaçlaryň üstüne ýykylaňda döwülýär. Kähalatlarda muskullaryň duýdansyz güýçli ýygrylmagy hem sebäp bolup bilýär. Otyrýer muskullaryň dartylmagy sebäpli uly aýlawajyň ýokaryk süýşmegi mümkin.

**Bejerlişi.** Döwük ýerine 2% - li nowokain ergininiň 20 ml goýberilýär. Eger-de döwük ýerinden süýşmedik bolsa, onda näsagyň aýagyny standart seýgiň üstüne ýerleşdirmeli. Eger süňk bölekleri ýerinden süýşen bolsa, skelet çeküwi 3-4 kg ýük bilen, 15-20 güne goýulýar, 20-25 günden pişekli ýöremäge rugsat berilýär.
30-40 günden zähmete ukyby dikelýär.

Eger-de uly aýlawajyň döwügini ýerine eltip bolmasa, onda operasiýa edilýär. Uly aýlawajyň üstüni açyp, ony ýerine salmaly, 2-3 tikin bilen öz ýerine tikmeli, ýa-da hyrly nurbat bilen berkitmeli, 3-4 aýdan berkidijileri aýyrmaly.

**Kiçi aýlawajyň aýratyn döwügi.** Bu döwük gaty seýrek duşýar. Esasan hem 10-20 ýaşly türgenlerde gabat gelýär. Mehanizmi-göni däl şikes.

**Alamatlary.** Kiçi aýlawajyň ýerleşýän ýerinde agyry, çalaja çiş. Çüýjüklik bognunda hereket agyryly. Rentgen şekil bilen döwük anyklanýar.

**Bejerilişi.** Üç hepdeläp gips goýulýär. Gips goýulanda aýagyň duruşy: aýak çüýjüklik bognunda egilen, daş tarapa gyşardylan we daş tarapa towlanan (supinasiýa) ýagdaýda durmaly. Gips aýrylandan soň owkalama (massaž) we bejergi gimnastikasyny geçirmeli.

## But süňküniň diafiziniň döwükleri

But süňkiniň diafiziniň döwükleri göni (bertik, gysylmak) we göni däl şikesleriň (egilmek, towlanmak) netijesinde ýüze çykýär. Diafiziň döwükleriniň toparlamasy:

1. Dowülen ýerine görä .

- diafiziň aýlawajasty döwükleri
- diafiziň ýokarky, ortaky we aşaky bölekleriniň döwükleri
- diafiziň tümmejiklerüsti döwükleri

2. Döwügiň geçiş çyzygyna (liniýasyna) baglylykda - kese, gytak we wint gömüşli, bölekleýin,we goşa döwükleri.

3. Döwük bölekleriniň ýerinden süýşenligine süýşmedikligine baglylykda ýerinden süýşen we süýşmedik döwükler.

Ýerinden süýşen döwükleriň: gapdala (inine), uzynlygyna (boýuna), dik oky boýunça (burç emele getirýän) we towlanan (rotasion) görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Süňk bölekleriniň süýşmegi köplenç döwükleriň nirede ýerleşendigine bagly, sebabi şol ýerdäki muskullaryň dartylyşyna bagly. Döwügiň çyzygy kiçi trohanterden 5-6 sm, aşakdan geçse diafiziň aýlawaçlarasty döwükleri diýlip aýdylýar. Dowükler köplenç bölekleýin we towly (wint) görnüşinde bolýarlar, kähalatlarda kiçi aýlawaç gopýar hem ýaşy uly adamlarda köpüräk duşýar.

Diafiziň ýokarky bölegi döwülende merkezi bölek daş tarapa gyşaran we towlanan hem-de egilen ýagdaýda ýerleşýär. Distal bölek bolsa iç tarapa gyşaran ýagdaýda we arka tarapda ýerleşýär.

But sünküniň diafizi näçe ýokardan döwüldigiçe, şonça-da merkezi bölek daş tarapa gyşaran we egilen ýagdaýda ýerleşýär. But süňküniň diafiziniň ortaky böleginiň döwüginde proksimal bölek daş tarapa az gyşarýar, hem-de birneme egilen ýagdaýda bolýar, bu döwükde esasan süňküň uzynlygy gysgalýar.

But süňküniň diafiziniň aşaky bölegi döwülende aşaky bölek yza tarapa öwrülýär. But süňküniň gysgajyk aşaky (distal) bölegi yza gaty öwrülýär, hatda döwük bölekleriň uçlary dyzyň aşagyndaky gan we nerw damarlaryny gysmagy, üzmegi hem mümkin. Bu bolsa aýagyň gangrenasyna getirýär.

But süňküniň diafiziniň döwüklerinde kähalatlarda ýerinden süýşen süňk bölekleri ýumşak dokumalaryň içine çümýär we şonlukda muskullaryň interpozisiýasy döreýär, bu bolsa, süňkleriň döwükleriniň bitmezligine sebäp bolup biler. But süňküniň diafiziniň döwükleri, aýratyn hem olar iki taraplaýyn bolsa, näsagy şok ýagdaýyna getirmegi mümkin. Bu agyr ýagdayyň öňüni almak üçin gaýragoýulmasyz çäreleri görmeli: deriastyna morfiniň erginini, 20% -li kamfora ýagyny deriastyna göýbermeli, döwük ýerindäki gematoma 2%-li nowokain ergininiň 20-30 ml goýbermeli, aýagyny Diterihsiň seýigi bilen hereketsizlendirmeli (immobilizasiýa), wena damaryna şogyň garşysyna ulanylýan erginlerini guýmaly, köp gan ýitirse onuň öwezini dolmaly. Süňk bölekleri uly gan damrlaryna zeper ýetirse ýag emboliýasy çylşyrymlaşmasynyň ýüze çykmagy mümkin.

Käbir ýaşy uly adamlarda tromboflebit keseli ýa-da wena damarlary giňelen bolsa, tromb emboliýa çylşyrymlaşmasynyň ýüze çykmagy mümkin .

Ýetginjeklerde but süňküniň aşaky bölegi döwülende epifiziolis görnüşinde bolmagy ähtimal.

Çaga dogmagy agyr geçende, esasan akuşerçilik çäreleri nädogry geçirilende täze dogan çaganyň but süňküniň diafizi döwülip biler.

## But süňküniň diafiziniň döwükleriniň alamatlary we kesgit (diagnoz) goýmak

But süňküniň diafiziniň döwüklerini anyklamak kyn däl we döwükleriň hemme bäş alamatlary mese-mälim ýüze çykýar: ýerli agyry, deformasiýa, aýagyň hyzmatynyň bozulmagy, nädogry hereket, süňk bölekleriniň bir-birine degip edýän (krepitasiýa) şykyrdysy.

Näsagyň aýagyny çalaja gymyldadaýsaň döwük ýerinde güýçli agyry peýda bolýar. Döwük ýerinde gematoma sebäpli çiş emele gelýär, aýakda güýçli agyry sebäpli hereket etmek mümkin däl. Aýagyň döwük ýerinden aşagy daş tarapa towlanan we daban daş tarapa ýykylyp, düşege degip durýär. Palpasiýada döwük ýerinde agyry duýulýar, döwük bölekleriniň ujy eliňe bildirýär. Döwük bölekleriniň ýerinden süýşenligi sebäpli gysgalýar, onuň kelteligi, köplenç 5-6 sm,

11. Sargyt № 260

ýöne kähalatlarda 10-12 sm çenli ýetýär. Palpasiýa edilende döwük ýerinde nädogry hereket we hütürdi duýulýär.

Barlan wagtyňda gan we nerw damarlaryň abatlygyna göz ýetirmeli, onuň üçin dabanyň damarlarynyň pulsasiýasyny, barmaklaryň hereketini, tempraturasyny barlamaly, aýagyň dersiniň reňkine syn etmeli. Ýokarky bölegi döwülen bolsa, buduň oky mese-mälim gyşyk bolýar (galife). Döwük ortarakdan ýa-da aşagrakdan bolsa, onda warus gyşyklyk az duýulýar. Iki tarapdan alnan rentgen şekili kesgidi takyklaýar.

**But süňküniň diafiziniň döwükleriniň bejerilişi. Skelet çeküwi bilen bejermek.** Näsag düşen badyna morfin we ýürek analeptik dermanlary sanjym edilýär.

Kliniki barlaglardan soň iki taraplaýyn rentgen şekillerine düşürilýär.

Döwük ýeri ýoduň ergini bilen arassalanandan soň gematoma 2%-li nowokain ergininiň 20,0 ml göýberilýär. Näsagyň döwük aýagyny kadaly seýigiň (Belleriň seýgi) üstüne goýmaly we uly injik süňküniň tümmejiginiň iki tarapyndan ýumşak dokumalary 0,5-0,25%-li nowokain ergini (10-15,0) bilen agyrsyzlandyrmaly. Dreliň kömegi bilen uly injik süňküniň tümmejiginden Kirşneriň çişini geçirmeli, ony dugada dartdyryp berkitmeli. Soňra näsagy (şitli) tagtaly duz krowatyň üstünde ýatyrmaly. Näsagyň agramynyň 15%-e barabar ýüki aýagyndan asyp goymaly (ortaça 12-16 kg).

But süňküniň ýokarky bölegi ýa-da (trohanterleriň) aýlakaçlaryň aşak ýanyndan döwülen boisa, proksimal bölek daş tarapa, distal bölek bolsa, iç tarapa gyşarýar. Şonuň üçin bu döwüklerde skelet çeküwi goýulanda näsagyň aýagyny daş tarapa sowup goýmaly, özem döwük näçe ýokardan bolsa, şonça-da gaty sowmaly.

But süňküniň ýokarsyndan döwülende esasy ünsi koksa wara (galife) deformasiýasy bolmazlygyna bermeli. Eger-de döwük böleklerini ýerine salyp bolsa, onda bejerginiň netijesi gowy bolýar.

But süňküniň ortaky böleginiň gytak we towly gömüşli döwüklerini ýerine salmak skelet çeküwinde aňsat, bu döwüklerde süňk bölekleriniň arasynyň açylar (diastaz) gorkusy ýok. But süňküniň diafiziniň kese döwüklerini ýerine salmak kyndyr. Az ýük assaň döwük bölekleri ýerine barmaýar, köp ýük assaň bolsa, döwük

bölekleriniň arasynda diastaz bolmagy mümkin (süňkleriň arasy açylyp, olar bir-birine degmeýärler). Bu bolsa süňkleriň haýal bitmegine, hatda ýalan bognuň döremegi hem mümkin. Döwük bölekleri ýerine barandan soň ýüki azaltmaly.

But süňküniň diafizinin aşaky bölegininiň we myşelkalaryň ýokary ýanyndan döwülende merkezi bölek öňe we iç tarapa süýşýär, aşaky (distal) bölek yza tarapa öwrülýär. Döwük näçe aşakda boldygyça şonça-da distal bölek yz tarapa öwürlen bolýar. Şol öwrülen distal bölegi seýiklemek köplenç, gaty kyn bolýar we dogrulamak üçin skelet çeküwi wagtynda distal böleginiň aşagyna (ýassyjak) goýulýar. Ýüki hem adatdakydan köp goýmaly, sebäbi süňk bölekleriniň uzunlygyna süýşmegini aýyrman yz tarapa öwrülenini düzedip bolmaýar. Bu döwüklerde skelet çeküwinde aýagy daş tarapa gyşartman göni çekmeli, ýa-da azajyk iç tarapyraga çekmeli hem diýilýär. Eger-de 2-3 günüň dowamynda döwük bölekleri ýerine barmasa, onda agyryny aýryjy serişdeler ulanyp, döwük böleklerini eliň kömegi bilen ýerine salmaly. Eger şonda-da ýerine salyp bolmasa, onda operasiýa etmeli.

Skelet çeküwi wagtynda näsagyň krowatda ýatyşyna, ýüküň çekýän ugruna, süňk böleklerininiň ýerine barşyna, aýagyň uzynlygynyň deňleşişine, çişiň töwereginde iriňiň emele gelmezligine üns bermeli. Näsagda ýagryň, pnewmoniýanyň öňüni almaly. Ilkinji gününden başlap umumy gimnastika, bejergi gimnastikasyny (dabanyň hereketi, buduň muskullaryny gatatmak, gowşatmak, dyzçanagy oýnatmak) ýeňiljek owkalama we abat aýagyny hereket etdirmeklik, bellenilýär. Rentgen barlagyny birinji hepdede (5-6 günde), iki hepdeden, (14-15 günde) geçirilýär, 30-35 günden skelet çeküwini aýryp koksit gips daňysyny goýmaly, 1-1,5 aýdan iki pişekli aýagyna basman we üç aýdan soň aýagyna basyp ýöremäge rugsat berilýär. Bäş-alty aýdan soň gips daňysy aýrylyp rentgenografiýa etmeli, eger döwük ýeri gowy biten bolsa, onda pişeksiz ýöremäge rugsat berilýär. Işe ukyplylygy 8-10 aýdan dikelýär.

Skelet çeküwini tä aýak doly bityänçä (4-5 aýlap) hem saklasaň bolýar, emma, näsaglara beýle köp wagtlap düşekde ýatmak gaty kyn düşýär, çişiň töweregi iriňlemegi mümkin.

Eger-de ilkinji hepdäniň içinde döwük böleklerini ýerine dogry

seýikläp bolmasa, ýa-da muskullaryň interpozisiýasy bardyr öýdülse, onda operasiýa etmek maslahat berilýär. Interpozisiya bardygyny eger-de süňk döwükleriniň ujunda hütürdi bolmasa, rentgen suratda döwük bölekleriniň arasynda mese-mälim yş bar bolsa, güman etse bolýar.

Poliomiýelit ýa-da inçekesel keselini geçiren käbir näsaglarda but süňküniň diafiziniň iň aşaky araçäginden döwülende süňk bölekleri ýerinden gaty süýşmeyärler, şolar ýaly näsaglarda agyryny aýyryjy serişdeleri ulanyp, aýagyň okuny mümkin boldugyça düzedip, gips daňysy goýulýar. Ýagny, skelet çeküwi goýulman bada-bat gips daňysy bilen bejerilýär.

**But süňküniň diafiziniň osteosintezi.** But süňküniň diafiziniň döwüklerinde skelet çeküwi bilen ýerine salmak, saklamak kyn, has hem kese döwüklerde. Kä näsaglar uzak wagtlap skelet çeküwinde arkan ýatmagy kyn görýär. Muskullaryň interpozisiýasy hem süňk döwükleriniň bitmegine zyýan ýetirip bilýär. Şonuň üçin uly adamlarda, eger-de aýratyn garşylyk ýok bolsa, but süňküniň diafiziniň döwüklerinde operatiw bejergi ulanylýar. Mümkin boldygyça operasiýa umumy ýa-da endolýumbal anesteziýa bilen ilkinji 5-7 günüň içinde geçirilýär. Näsag arkan ýa-da döwülmedik tarapyna ýatýar (gapdalyna).

**Trohanterleriň aşak ýanyndaky döwükleriň operasiýa arkaly bejerilişi.** Buduň daş tarapyndan uly trohanteriň ýokary ýanyndan aşaklygyna süňküň ugry boýunça 10-12 sm tyg çekilýär. Ýumşak dokumalar gatma-gat kesilýär. Uly aýlawaç we onuň aşak yanyndaky süňk bölekleriniň üsti açylýar, süňk bölekleri (reponirlenýär) ýerine salynýar. Süňk bölekleri Γ- görnüşli plastinkanyň kömegi bilen berkidilýär (fiksirlenýär). Ýara 3%-li $H_2O_2$ ergini bilen ýuwlýar we gatma-gat tikin goýulýar. Operasiýa soň üç aýlyk möhlet bilen koksit gips daňysy goýulýar. Garry adamlarda pnewmoniýadan we ýagyr bolmagyndan ätiýaç edip, koksit goýulmaýar.

**But süňküniň döwüklerinde intramedulýar metalloosteosintez. Süňküň içinden berkitmeklik**. Operasiýadan öň süňküň kanalyna gabat geler ýaly diametrde we uzynlykda metal ştift saýlamaly (S. Kýünçer, Ohotskiý, A,W Kaplan). Bu operasiýanyň esasy maksady berk durnukly osteosintez geçirmek (*48-nji surat*).

Näsag arkan ýa-da döwülmedik tarapyna ýatýar. Tyg buduň daş tarapyndan dikligine döwük ýeriň üstünden geçer ýaly edip çekilýär, uzynlygy 12-15 sm. Ýumşak dokumalar gatma-gat kesilýär, muskullaryň arasy açylýar. Süňk bölekleriniň ujy boşadylýar, merkezi bölegiň kanalyna Kýunçeriň ştifti urulýar. Şonda ştiftiň ujy uly trohanteriň üstünden güberip çykýar, onuň üstünden 3-4 sm deri kesilýär we ştift tä merkezi bölegiň içine doly girýänçä urulýar. Şondan soň distal bölek merkezi bölegiň içinden çalaja görnüp duran ştifte (geýdirilýär). Süňk bölekleri dogry goýlandan soň ştift ýokardan aşaky bölegiň kanalyna urulýar. Şonda süňk bölekleriniň arasynda yş galmazlygyna üns berme1i we süňk bölekleriniň berk, durnukly berkidilendigine gözüňi ýetirmeli. Operasiýa döwründe gemostaz geçirmeli. Ýarany ýuwmaly, gatma-gat tikin goýmaly. Ýumşak dokumalara antibiotik goýberilýär. Eger-de osteosintez durnukly bolan bolsa, onda goşmaça gips daňysy gerek däl. Eger-de ştift inçe bolandyr öýtseň, onda goşmaça koksit gips daňysyny goýmaly (8-l0 hepde).



**48-nji surat. But süňküniň intramedulýar osteosintez operasiýasynda ulanylýan ştifler**

Operasiýadan öň hökman skelet çeküwi goýulmaly, ol näsagyň şokdan çykmagyna, süňk böleklerini ýerine salmaga kömek edýär. Operasiýadan öňki l-2 hepdäni näsagyň umumy ýagdaýyny ýürek-damar, dem alyş we nerw ulgamlaryny, bagrynyň işleýşini barlamaga sarp etmeli. Eger-de näsagyň gyzgyny ýokary bolsa, döwük ýeri jerhitlese ýagny, iriň bar bolsa operasiýa etmek bolmaýar.

Eger-de osteosintez durnukly geçen bolsa, onda bir aýdan soň iki pişegiň, soňra hasanyň kömegi bilen ýöremek rugsat berilýär. Demir (stifti) berkidijini l-l,5 ýyldan süňk doly biteninden soň aýyrmaly.



**49-njy surat. But süňküniň diafiziniň ekstramedulýar osteosintezi**

**But süňküniň diafiziniň döwükleri (ekstramedulýar osteosintezi). Süňki daşyndan berkitmeklik.** Bu osteosintez metal plastinkalaryň kömegi bilen geçirilýär (Kaplan-Antonowyň plastinkasy, A0 – plastinka). Bu operasiýa köplenç inlramedulyar ostosintez edip bolmajak wagty, gytak ýa-da towly görnüşli döwüklerde, döwük bogna ýakyn ýerleşýän bolsa ulanylýar. Eger-de kompressirleýji plastinka ulanylsa ýeterlik derejede durnukly (stabil) fiksasiýany gazansa bolýar. Her döwük böleginden azyndan dört nurbat (şurup) geçirmeli. Nurbatlar süňküň aňyrsyna doly geçmeli. Eger-de operasiýa dogry geçirilen bolsa, onda gips daňysyny ulanmak gerek däl. Eger-de osteosintez durnukly bolmadyk bolsa, onda 8-10 hepdelik koksit gips daňysyny goýmaly (*49-njy surat*).

**But süňküniň kompression-distraksion osteosintezi.** Bu operasiýa köplenç Ilizarowyň apparaty bilen geçirilýär, Ýokarky we aşaky süňk böleklerinde azyndan iki jübüt kesişýän çişler (spisalar) geçirilýär we olar demir halkalarda dartylyp berkidilýär. Halkalar metal sterženleriň kömegi bilen bir-biri bilen birikdirilýär. Çişler geçirilende gan we nerw damarlaryndan seresap bolmaly. Süňk böleklerini ýerine salmak üçin ilki olaryň arasy açylýar (distraksiýa berilýär), soňundan süňk bölekleri bir-birine çalaja gysylýar kompressiýa berilýär. Çişleriň töwereginiň iriňlemeginden seresap bolmaly. Bu usul bilen bejermeklik aýratyn tejribeliligi talap edýär, bu usulyň artykmaçlygy-döwük ýerini açman döwük böleklerini ýerine seýikläp bolýanlygyndadyr, diýmek ýaranyň iriňlemek gorkysy azalýar.

Eger-de döwük boguna ýakynyrak bolsa, onda osteosintez üçin Wolkow-Oganesýanyň şarnirli-distraksion enjamy (apparaty) ulanylýar. Bu enjamynyň aýratynlygy-kompressiýa we distraksiýadan başga bogunda hereket edip bolýanlygydyr. Bu bolsa beýleki usullar

bilen bejerilende ýüze çykýan kontrakturalaryň, hatda ankilozlaryň öňüni almaga ýardam edýär.

Umuman, kompression-distraksion enjamlarynyň kömegi bilen bejermeklik diňe döwük süňki berkitmek bilen çäklenýär, ýagny ýakyn bogunlardaky hereketler doly göwrümde saklanýar. Bu bolsa, reabilitasiýanyň basym we üstünlikli geçmegine ýardam edýär.

## But süňküniň distal böleginiň (tümmüjikleriniň) döwükleri

But süňküniň aşaky (distal) bölegi dyz bognuny emele getrmäge gatnaşýar. Şonuň üçin bu döwükler bognuň içindäki döwüklere degişlidir.

Bir tümmejigiň (daşky ýa-da içki) we iki tümmejigiň hem birbada döwülmegi mümkin. Eger-de iki tümmejik hem döwlen bolsa, onda döwük çyzygynyň ugry U ýa-da T görnüşli we ýerinden süýşen we süýşmedik ýagdaýda bolup bilýar. Eger ýerinden süýşen bolsa, onda süňk bölegi dyz bognunyň arkasyndan geçýän damarlara zeper ýetirip bilýär. Süňk bölekleri ýerinden süýşen bolsa, onda olaryň bogun emele getirýän tekizliginiň kadaly durşy (kongruýentnosti) bozulýar. Çagalarda epifizeoliz bolup bilýär.

**Alamatlary.** Dyz bognunda agyry, buduň distal bölegi çiş, dyz bognunda gan (gemartroz), injik warus ýa-da walgus ýagdaýda we dyzda hereket gaty agyryly bolýar. Iki taraplaýyn edilen rentgen şekillerine düşürip kesgitleme anyklanýar. Hökman dabanyň damarlarynyň pulsuny barlamaly.

**Bejerilişi.** Eger-de ýerinden süýşmedik döwük bolsa, dyzy sanjym arkaly (punksiýa) etmeli, gemartrozy aýyrmaly, bogna 20,0 2%-li nowokain erginini goýbermeli, 3-4 kg ýük bilen 45-60 gün skelet çeküwini goýmaly. Eger skelet çeküwi näsag agyr görse, onda gips daňysy goýulsa-da bolyar. 3-3,5 aýdan işe ukyplylygy dikelýär. Kähalatlarda eger-de döwük bölekleri ýerinden süýşen hem bolsa, skelet çeküwi bilen bejerip bolýar. Eger bolmasa, onda operasiýa edilýär.

Operasiýa umumy narkoz bilen geçirilýär. Dyz bognuny açyp

gany arassalanýar, süňk döwükleri ýerine salynýar, metal nurbatlaryň (wintiň, şuruby), kömegi bilen berkidilýär. Soňra alty hepde gips goýulýar. Metal berkidijiler 5-6 aýdan aýrylýar. Bu şikeslerden soň köplenç, dyz bognunda kontraktura döreýär, olary bejermekde Wolkow-Oganesýanyň şarnirli-kompressiýa we distraksiýa beriji enjamynyň uly ähmiýeti bar.

## VI bap

## DYZ BOGNUNYŇ ZEPERLENMELERI

*Dyz bognunyň zeperlenmeleri.* Olar köp gabat gelýär we ol dürli görnüşli şikeslerde ýa-da bogun towlananda ýüze çykýar .

Köp gabat gelýän zeperlenmelere bognuň ýumşak dokumalarynyň bertigi we baglaýjylaryň süýnüp bertigmegi girýär.

Baglaýjylaryň üzülmegi, meniskleriň ýyrtylmagy bogun içiniň döwükleri agyr şikesleriň hataryna girýär we köplenç ýagdaýda usuly operatiw bejergileri geçirmeli bolýar. Baglaýjylaryň süýnmeginden onuň üzülmesini, meniskleriň ýyrtylmagyndan-menisitleri we beýleki ugurdaş zeperlenmeleri bir-birinden tiz tapawutlandyrmaly. Kliniki alamatlaryň we rentgen şekilleriň kömegi bilen zeperiň ýiti döwründe kesgitlemäni anyklap bolmasa, hökman magnit-ýader rezonansyň şekillerine düşürmeli.

## Dyz bognuna gan ýygnanmagy (gemartroz)

Dyz bognunyň şikeslenmegi köplenç, gan ýygnanmagy bilen geçýär. Dyz bognuna ganyň ýygnanmagy bertikde gapdal we atanak görnüşli baglaýjylaryň üzülmeginde, meniskiň zeperlerinde, injigiň çykygynda we bognuň içindäki döwüklerde gabat gelýär.

Dyz bognuna köp mukdarda gan ýygnansa bognuň göwrümi ulalýar we agyry güýçlenýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Bognuň görnüşi tekiz, göwrümi ulalan. Bognuň kapsulasy süýnen we dartylan. Hereketler çäklenen. Kesgit bognuň içinde ganyň barlygy esasynda goýulýar.

Ganyň barlygyny dyzçanagy basyp görmek bilen ýa-da bognuň punksiýasy esasynda kesgitläp bolar. Bognuň içinde döwük bolsa, ganyň ýüzünde ýag damjalary görünýär.

Eger-de bogna gan ýygnanan bolsa, rentgen şekilini alyp şikesi anyklamak hökmanydyr.

Dyz bognunyň şikeslenmeginde kliniki alamatlaryň we rentgeniň görkezmesi bilen anyk kesgit goýup bolar. Dyz bognuna gan ýygnanmagy köplenç, sinowial kapsulanyň süýnmegine, dartylmagyna we zeperine gabat gelýär.

**Bejerilişi.** Dyz bognunyň punksiýasy edilýär. Dyz bognuna punksiýa etjek lukman elini gowy ýuwyp aseptikanyň we antiseptikanyň hemme kadalaryny doly berjaý etmeli. Bognuň ýokarky daşky gapdal, böleginden 3-5 ml 0,5%-li nowokain ergini goýberilýär we ýumşak dokumalar agyrsyzlandyrylýar ondan soň ýogyn iňňe bilen bognuň içine 20-40 ml 0,25%-li nowokain erginini goýbermeli, ony boguna ýygnanan gany şpris bilen yzyna çekip soryp aýyrmaly. Soňra bognuň içine 20 ml 2%-li nowokain ergini goýberilýär. Iňňe aýrylandan soň iňňäň çykan ýerine ýod çalmaly aseptiki sargy saramaly we gips longetasy 12-20 günlük goýulýar.

Näsaga 4-5 günden soň pişegiň kömegi bilen şikesli aýagyna basman ýöremeklik rugsat berilýär. Ýylylyk görnüşindäki bejergileri geçirmeli. Işe ukyplylygy 20-25 günden düzelýär.

## Baglaýjy apparatyň süýnmegi we üzülmegi

Dyz bognuny berkidýän baglaýjylar çakdanaşa we mahsus bolmadyk hereketlerde güýçli süýnýär we üzülip bilýär.

Dyz bognunyň kadaly hyzmaty we durnuklygy: bognuň içindäki hem daşyndaky strukturalaryň arabaglanyşygy bognuň kapsulasy, gapdal hem atanak görnüşli baglaýjylar, ketirdewügüstleri, hem olaryň bir-birine gabatlylygy we muskul-nerw apparaty bilen ýerine ýetirilýär. Dyz bognundan geçýän buduň we injigiň muskullary we siňirleri onuň durnuklygyny uly derejede üpjün edýär.

Injigiň doly çykygynda, dyz bognunyň uzak wagt gips sargysynda berkidilendigi üçin hemme baglaýjylaryň zeperlenmegine seret-

mezden onuň durnuklylygy köplenç kanagatlanarly bolýar. Bilşimiz ýaly dyz bognunyň artroplastikasyndan soňra, atanak görnüşli baglaýjylary düzetmesede, dyz bognunyň durnuklylygy köplenç kanagatlanarly galýar. Ýöne bu baglaýjy apparatyň üzülmelerinde düzetmeli däl diýmegi aňladanok.

Eger dyz bognuna pesräk talap bolsa we haýsam bolsa bir baglaýjy zeperlense, esasan öňki atanak görnüşli, onda bu bognuň durnuklygyny onuň beýleki elementleri esasan, buduň muskullary ýerini tutýar.

Baglaýjylaryň, meniskleriň we dyz bognuň beýleki zeperleri adaty but muskullaryň atrofiýasyna, olaryň tonusynyň we güýjüniň peselmegine getirýär. Şonuň üçünem bulara garamazdan zeperlenen baglaýjy apparatyň düzedilmegini doly üzülmelerde mümkin boldugyça irräk ýiti döwründe başlamaly. Şunda baglaýjylaryň ol hyzmaty tizräk we doly ýerine gelýär. Gynansakda dyz bognunyň baglaýjy apparatynyň süýnmeginiň ýiti döwründe dogry kesgidi goýmaklyk kyn bolýar. Köplenç ýagdaýda gan ýygnanma, sinowit, baglaýjylaryň süýnmegi ýaly kesgit goýulyp uzak fizioterapewtiki we başga bejergiler geçirilýär.

Bogunüstleriniň gaýtalanyp durýan şikeslerinde, muskullaryň atrofiýasy we dyz bognunyň durnuksyzlygy deformirleýji artrozyň ýüze çykmagyna getirýär we atanak görnüşli baglaýjynyň ýerini tutýan ölçegi, güýji hem hyzmaty boýunça gabat gelip bilmeýär. Ýöne atanak görnüşli baglaýjynyň üzülmeginiň giçki döwründe rekonstruktiw düzeldilmegini etmeli däl diýip nädogry düşünjä gelmeli däl, operasiýa dyz bognunyň durnuklygyny we hereketini gowlaşdyrýar.

## Baglaýjylaryň süýnmegi

Baglaýjylaryň süýnmegi dyz bognunyň zeperlenmeleriniň ýeňil görnüşine girýär. Köplenç ýagdaýda içki gapdal baglaýjy zeperlenýär, onuň aýratyn süýümleriniň üzülmegi bolup geçýär, ýöne galan zeperlenmedik bölegi injigiň gapdala gitmegine ýol berenok.

Içki baglaýjy menisk bilen gatnaşykda köplenç, könelşen zeperlenmeden soňky menissit gabat gelýär. Bu ýagdaýlarda näsaga 8-10 gün gips longetasy goýulýar.

**Içki gapdal baglaýjynyň üzülmegi.** Içki gapdal baglaýjynyň doly üzülmegi injigiň doly däl çykygyny ýüze çykarýar. Zeperiň agyrlygy ony ýüze çykaran güýje bagly bolup durýar. Az güýç görende içki baglaýjynyň diňe süýnmegi ýa-da doly däl üzülmegini we uly güýç bolanda birwagta öňki atanak görnüşli baglaýjynyň we içki meniskiň üzülmegi ýüze çykýar.

Içki baglaýjynyň üzülmegi uzynlygyň dürli ýerinde bolup biler. Kä wagtlarda baglaýjy süňküň gabygynyň bölejigi bilen gopýar.

**Alamatlary we anyklanylşy.** Zeper ýeten ýerinde ýerli agyry, çiş we gan öýme bolýar. Şikesden soň tiz wagtda bognuň içine gan ýygnanýar we göwrümi ulalýar. Bogun näçe köp ýazylsa şonça-da agyry güýçli peýda bolýar. Dyzçanaga aýaň bilen basaňda ol çümýär we goýbereňde ýenede ýokaryk galýar, ýagny onuň iki tarapa aşak-ýokaryk oýnap durmak alamaty ýüze çykýar. Gapdal baglaýjynyň üzülmeginde injigiň gapdala hereketi mahsus.

Içki baglaýjynyň üzülmegini bilmek üçin bir eliň bilen dyzyň daşky üstüne basmaly, beýleki eliň bilen injigi daşyna gyşartmaly we bogunara boşlugyň ulalyp-kiçelýändigini anyklap bolýar.

Içki baglaýjynyň üzülmegini rentgen şekili doly anyklaýar.

**Bejerilişi.** Baglaýjynyň doly däl üzülmegini gips sargysy bilen bejermeli. Gips sargysy injik-daban we dyz bognuny öz içine almaly. Gan ýygnananda, sinowitde dyz bognundaky gany aýyrmaly. Gips sargysyny 5-8 hepdeden aýyrmaly.

Ondan soň bejeriş gimnastikasy, owkalama, parafin, ozekerit bejergiler alnyp barylýar. Işe ukyplylygy 2-3 aýdan düzelýär.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Şikeslenme ýetenden soň ilkinji 2-7 günde geçirmeklik maslahat berilýär. Agyrsyzlandyrmak üçin süňküň içine ýerli ýa-da umumy narkoz ulanylýar. Dyz bogunyň öňki-içki üstünden S görnüşli kesim edilýär. Kesim buduň içki tümmejiginden 2 sm ýokardan başlap aşak uly injik süňküň içki tümmejigi boýunça dowam edilip, bogun yşyndan 5-6 sm aşaklyga geçmeli. Fassiýany dikligine kesmeli we injigi daşyna gyşartmaly, şonda üzülen gapdal baglaýjynyň uçlaryny görmek mümkinçiligi döreýär. Boguny hökman barlamaly we meniske zeper ýeten bolsa, ony aýyrmaly. Eger öňki atanak görnüşli baglaýjy üzülen bolsa ony ýerine tikýärler.

Eger-de baglaýjy uzynlygyna üzülen bolsa, matras görnüşli tikinler goýulýar we ol baglaýjynyň hemme gatlaklaryny öz içine almalydyr. Eger iki gatlagam dürli ýerden üzülen bolsa, onda her gatlaga aýratyn tikin goýulýar.

Haçanda içki gapdal baglaýjy buduň tümmejigine berkidilen ýerinden üzülen bolsa, onda bu ýerde süňkde uly däl gaňallary we deşikleri deşip, gapdal baglaýjyny süňke berkidýän sapaklary geçirýärler, ýarany tikýärler. Buda we injige gips sargysy goýulyp, dyz ýazylan ýagdaýda berkidilýär. Gips sargyny alty hepdeden aýyrmaly we bejergi gimnastikasyny, owkalama we beýleki fizioterapewtiki bejergileri geçirmeli.

Könelşen ýagdaýlarda içki gapdal baglaýjyny düzetmek üçin Kempbeliň operasiýasy geçirilýär. Autoplastika üçin içki baglaýjy üzülende buduň muskulynyň siňirini ulanmak bolýar. Siňri öňe süýşürip süňke berkidýärler. Içki baglaýjyny buduň inli fassiýasyny ulanyp ýa-da lawsan lentanyň kömegi bilen dikeldip bolýar (*50-nji surat*).



*a* *b* *ç*

**50-nji surat. Dyz bognunyň gapdal baglaýjylarynyň üzülmegi**
*a*-iki baglaýjynyň, *b*-daşky baglaýjynyň, *ç*-içki baglaýjynyň üzülmegi.

**Daşky gapdal baglaýjynyň üzülmegi.** Daşky gapdal baglaýjynyň üzülmegi, içkä görä seýrek duş gelýär.

Onuň zeperlenmegi buduň içine gyşarmagy bilen bagly. Kä wagt bu zeperlenme baglaýjynyň süýnmekligi görnüşinde bolup geçýär. Güýçli şikes ýetende daşky gapdal baglaýjynyň üzülmegi bilen birwagtda atanak görnüşli baglaýja, daşky meniske we kiçi injik nerwisine zeper ýetmegi mümkin.

**Alamatlary we anyklanylşy.** Kesgit injigi dyz bognunda içine tarap gyşarmaklygy, we bogun üstleriniň daşlaşmagy esasynda goýulýar. Daşky gapdal baglaýjynyň üzülmegini rentgen şekili doly anyklaýar.

**Bejerilişi.** Baglaýjy doly üzülende diňe operatiw bejergi görkezilen. Kesimi buduň daşky tümmejiginden 1-2 sm ýokarrakdan başlap dyz bognuň daşky üstünden aşak kiçi injik süňküň bogunjygyna çenli dowam etdirmeli we fassiýany dikligine kesmeli. Injigi iç tarapa gyşardyp baglaýjynyň üzülen ýerini tapýarlar.

Eger kiçi injik nerwisine zeperlenme ýeten bolsa, ony barlap görmeli. Bogny barlap ýyrtylan kapsulany we üzülen baglaýjynyň uçlaryny tikýärler. Tümmejigiň çäginde berkitmäge ýer taýýarlap, onuň gapdallaryndan deşik deşýärler. Şu ýerde iki kelleli muskulyň siňiriniň ýarym ýogynlygyny kesip almaly we siňiriň öňki böleginiň ýokarky ujyny buduň daşky tümmejiginde taýýarlanan ýere tikýärler. Soňra düzedilen gapdal baglaýjynyň we siňiriň öňdäki gyýkyndysynyň arasynda tikin goýýarlar. Soňraky bejergi edil içki gapdal baglaýjynyň üzülmegindäki ýaly.

Könelişen ýagdaýlarda Edwarsyň operasiýasy geçirilýär. Gapdal kesim buduň daşky tümmejiginde 12-15 sm ýokarrakdan başlap aşak kiçi injik süňküň kellejigine çenli dowam etdirilýär. Soňra buduň inli fassiýasynda bir-birinden 3,5 sm aralykda iki sany parallel dik kesim kesilýär we buduň daşky tümmejigini esasyndan ini 3-4 sm we uzynlygy 8-9 sm bolan fassiýadan gyýkyndy kesip alynýar, gyýkyndynyň gyralaryny bir-birine tikýärler.

Soňra iki kelleli muskulyň siňňiriniň öňdäki böleginden esasy kiçi injik süňküniň kellejiginde bolan gyýkyndyny kesip almaly we ony tümmejikde taýýarlanan ýere berkidýärler. Fassiýadan ýasalan gyýkyndyny kiçi injik süňküň kellejigine berkidýärler. Soňra iki gyýkyndyny bir-birine tikýärler. Netijede iki gatly baglaýjy emele gelýär.

Gips sargysyny 4-6 hepde goýmaly we fizioterpewtiki bejergileri geçirmeli.

## Meniskleriň zeperlenmegi

Meniskiň zeperlenmegi köplenç halatlarda türgenlerde duş gelýär, esasan futbol, gimnastika, ýeňil atletika, boks bilen meşgul bolýanlarda.

Meniskle re göni we göni däl şikeslerde köplenç ýokardan bijaý bökülende dyz bognunyň ýazgyň ýagdaýynda, birden dyz bogny eplenen wagtynda zeper ýetýär.

Şular ýaly ýagdaýlarda menisk but süňküniň tümmejiginiň we injik süňküniň tümmejiginiň arasynda gysylýar hem-de ýyrtylýar. Bu zeperlenmäniň köpüsi 16 ýaşdan ýokary erkek adamlarda gabat gelýär. Içki menisk daşka görä 8-9 esse köp zeperlenýär.



**51-nji surat. Menişikleriň zeperlenmeginiň mehanizmi**

Meniskiň zeperlenmegi, köplenç, dyz bognunda birden aýlanma hereketi bolan ýagdaýlarda-da ýüze çykýar. Meniskiň zeperlenmegi onuň distrofiki ýagdaýynda-da, ketirdewük özüniň maýyşgaklygyny ýitirende-de ýüze çykmagy mümkin. Dyz bognunyň şikeslerinde meniskiň ýeri üýtgeýär we onyň gaýta-gaýtadan zeperlenmegi mümkindir.



1 2 3 4 5

**52-nji surat. Meniskleriň zeperleriniň görnüşleri**

1) gysyklygna 2) dikligine 3) keseligine 4) gorizontal 5) eroziw

**Mensikleriň üzülmegi.** Meniskiň üzülmegi but süňküň birden içe (towlananda) we şol wagtda dyz boguny eplenende we injigiň, dabanyň bir durkuna duran wagty ýüze çykýar.

Dyz boguny ýazylan wagtynda but süňküniň we uly injik süňküniň arasynda menisk ýenjilýär we üzülýär.

Meniskiň üzülmesiniň üç görnüşi bar: parakapsulýar, prodol we transhondral, 80%-de transhondral üzülme duş gelýär. Meniskiň zeperlenmesiniň köpüsi onuň öňündäki şahjagazynda we ortasynda örän seýrek yzky böleginde gabat gelýär.

Içki meniskiň üzülmegi içki gapdal baglaýjynyň, öňdäki atanak görnüşli baglaýjynyň üzülmegi bilen bilelikde duşýar. Daşky meniskiň zeperlenmegi daşky gapdal we atanak görnüşli baglaýjynyň üzülmegi bilen gabat gelmegi mümkindir.

**Alamatlary we anyklanylşy.** Meniskiň üzülmegini şikesden soň birbada anyklamak kyn , sebäbi ony bertik, gapdal baglaýjynyň süýnmegi we dyz boguna gan ýygnanmagy bilen tapawutlandyrmaly. Dogry anamnez ýygnamaklygyň uly ähmiýeti bardyr. Şikes ýeten wagtynda but süňküniň we uly injik süňküniň aralygynda menisk gysylyp, dyz boguny agyry sebäpli bir ýagdaýda doňup galýar (blokada alamaty).

Perelmanyň (basgançak alamaty) näsaglara basgançakdan düşmek kyn bolýar.

W.D.Çakliniň (1932) alamaty-dyz bogun ýazylan wagtynda agyry güýçlenýär, epleýji kontraktura we but muskulynyň inçelmegi gabat gelýär.

G.I.Turneriň (1931) alamaty – dyz bognuň iç ýüzünde we injikde deriniň duýujylygynyň güýçlenmegi ýa-da peselmegi bolup bilýär.

N.I.Baýkowyň (1933) alamaty eger-de dyz bognunyň aralygynyň ortasyndan iki barmak bilen basylanda 90° eplenilgi ýagdaýynda we ýuwaş ýuwaşdan ýazylan wagty agyry ýüze çykýar hem-de güýçlenýär (*53-nji surat*).



**53-nji surat. Baýkowyň alamatynyň barlanyşy**

Mak-Marreýanyň (1942) alamaty-näsagyň aýagyny dyz bognunda we but-çanaklyk bogunda ýiti burçda eplenen wagtynda bir eliň bilen dyzdan saklap injigi aýlanyňda dyz bognunda agyry güýçlenýär. Içki meniski bilmek üçin injigi daşyna we daşky meniski bilmek üçin injigi içine tarap aýlamaly. Şu ýagdaýlarda meniskiň zeper ýeten böleginde agyry güýçlenýär, şyrkyldy eşdilýär. Bulardan başga-da, köp alamatlar ýazylan, ýöne olar elmydama gabat gelip durmaýar.

Meniskiň zeperlenmeginiň ýiti görnüşinde kesgit goýmaklyk kyn bolýar. Rentgen şekilini almaklyk ony beýleki şikeslerden tapawutlandyrmak üçin gerekdir, ýöne meniskiň öz zeperini magnit ýader rezonans şekilleri anyk gärkezýär. Mümkinçilik bolsa, artropnewmografiýa we artroskopiýa barlagyny geçirmeli.

*Artropnewmografiýanyň geçiriş usuly.* Näsagy arkan ýatyrýarlar. Dyz bognunyň derisine efir ýa-da benzin, ondan soň ýodanat erginini çalmaly. Soň spirt çalmaly. Hirurg umumy düzgün bilen elini ýuwmaly, rezin ellik geýmeli. Soň ýerli agyryny aýryjy 5 ml 0,5-1%-li nowokain erginini goýbermeli we dyz bognunyň gapdalyndan dyzçanagyň 0,5-1sm iç ýüzünden punksiýa üsti bilen bognuň içine 100 ml howa goýbermeli 160 ml simap sütüninden ýokary basyş bolsa kapsulanyň ýyrtylmagy mümkindir. Derasty ýag gatlaga howa girýär. Artropnewmografiýa ýarym gapdal proýeksiýada 45° burçda içine we daşyna aýlanan ýagdaýda geçirilýär. Artropnewmografiýa şekilinde zeperlenen menisk görünýär.

**Bejerilişi.** Öň aýdyp geçilşi ýaly ýiti şikeslenmede kesgit goýmaklyk örän kyndyr. Menisskiň zeperlenmeginde 20 ml 2%-li nowokain erginini goýberip bogundaky suwuklygy sorup aýyrmaly. Gips sargysyny goýmaly 2-3 günden näsaga ýöremek rugsat berilýär. Gips sargysyny 10-15 gün saklamaly. Eger-de doly zeper ýetmedik bolsa, menisk bitýär we doly üzülen bolsa menisk bitmeýär.

Geljekde aýdylan alamatlar gaýtalanyp durýar. Bular ýaly ýagdaýlarda operasiýanyň kömegi bilen bejergini alyp barmak maslahat berilýär.

**Operasiýa arkaly bejerilişi**. Operatiw bejergä görkezme berilýär haçanda meniskiň doly ýolnan ýa-da ýyrtylan kesgidi goýlanda. Eger-de kesgit doly anyklanmadyk bolsa näsagy gözegçilik astynda alyp barmaly. Şikesden soňky bir aý möhletinde konserwatiw bejermeli,

soň operasiýa görkezme berilýär. Eger-de bognunda epleýji kontraktura, elmydama agyry bolsa gaýragoýulmasyz operasiýa etmeli.

Operasiýa garşy görkezme: täzelikde angina, grip bilen kesellän bolsa ýa-da näsagyň endamynda iriňli ýaralar bolsa we ş.m. Operasiýa taýynlamak döwri dört kelleli muskuly berkitmek üçin gimnastika, owkalama geçirmeklik möhümdir.

Meniski aýyrmak, operasiýasy şikessiz geçirmeklik näsagyň tiz sagalmagyna uly kömek berýär.

**Operasiýa usuly.** Näsagy arkan ýatyrmaly, dyz bogun 90° eplengi ýagdaýda ýa-da dyz boguny göni burçly eplengi ýagdaýynda stoluň gyrasyndan sallap goýmaly. Operasiýa süňk içiniň agyrsyzlandyrmagy bilen ýa-da umumy narkoz bermek bilen geçirilýär. Operasiýanyň kesimi dyzçanagyň 1 sm ýokary gyrasyndan bogun aralygyndan 1 sm aşaga çenli. Gatma-gat kesmeli: derini, aponewroz, fibroz kapsulany we sinowial bardany gatma-gat kesmeli. Eger-de kesim kiçi bolsa S görnüşli kesimi ulanmaly. Şeýle ýagdaýda gapdal baglaýjylara şikes ýetmez ýaly seresap bolmalydyr. Meniskiň boş gapdalyny gysyjy bilen seresap kesip almaly. Içki meniski aýyrlan wagtynda kömekçi ýaly bognuň arasy gowy açylýar, injigi daşa aýlamaly. Menisk aýrylandan soň operasiýada ýara gatma-gat tikilýär. Ýokary böleginde sinowial bardasy we fibroz kapsulasy, bognuň içindäki suwuklyk deri we ýag aralygyndaky kletçatka sorulmagy üçin doly tikilmeýär (*54-nji surat*).



**54-nji surat. Meniskektomiýa operasiýa usuly**

Dyz bognuna epilen görnüşde gips longetasy goýulýar. Operasiýanyň tikinleri 8-10 günden aýrylýar. Şol wagta gips longetasyny hem aýyrmaly.

Ikinji günden başlap näsag dört kelleli muskuly günde 2-3 gezek, 10-20 minutlap gimnastika geçirmeli. 3-4 günlerde göneldilen ýagdaýda aşaky ujagy galdyrmaly, 10 günde eger bognuň içinde suwuklyk ýok bolsa, iki pişegiň kömegi bilen näsaga aýagyna agram basyp ýöremeklik we 3-4 hepdeden soň pişeksiz ýöremeklik rugsat edilýär.

Dyz bognuň doly herekedi 6-10 hepdeden düzelýär. Eger-de dyz bognunda suwuklyk bolsa, ýöremeklik we agram bermeklik bolmaýar. Suwuklygy punksiýanyň kömegi bilen aýyrmaly we bir wagtda dört kelleli muskulyň güýjüni köpeltmek üçin fizioterapewtik bejergileri geçirmeli.

## Ötüşen menissit ýa-da meniskopatiýa

Meniskleriň gysylmagyna getirýän gaýtalanýan şikeslenmeler, bertikler we dyz bognunyň süýnmegi amatsyz ýagdaýda uzak iş hem başga sebäpler ötüşen menissitiň döremegine getirýär. Meniskiň ýiti şikesi hem ötüşen menissiti döredip biler.

Gaýtalanýan şikesiň täsiri astynda menisklerde degeneratiw üýtgemeler döreýär, ýarymaý ketirdewük öz maýyşgaklygyny ýitirýär.

Aýallarda köp duş gelýän dyzyň walgus ýagdaýy daşky meniskiň gysylmagyna we dowamly şikesli menissitiň döremegine getirýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Agyry bogun yşynyň içki we daşky tarapynda ýerleşýär. Kä wagt agyry hemişelik däl häsiýetli bolýar we wagt-wagt uzak ýöräniňde ýitileşýär. Agyry dyz bogny çakdan aşa ýazylanda ýa-da eplenende we basgançakdan galaňda ýa-da düşeňde güýçlenýär.

Rentgen şekilleri beýleki kesellerden tapawutlandyrmak üçin geçirilýär.

**Bejerilişi.** Zeper ýeten tarapda deriň içine, deriň astyna we boguna 30-50 ml 0,5% nowokain erginini goýberýärler we gips longetasyny goýýarlar. Birwagtda gips longetany aýyrman fizioterapewtik bejergileri geçirýärler. Bejergä seretmezden dowam edýän dowamly

menissitlerde deriň içine 0,5% -li nowokain goýbermekligi her 2-3 günden. 3-5 gezek gaýtalamaly. Öte geçen dowamly menissitlerde, degeneratiw üýtgemeleriň bolmagy sebäpli zeperlenen meniski operasiýa edip aýyrmaly.

## Atanak görnüşli baglaýjylaryň zeperlenmegi

Öňdäki atanak görnüşli baglaýjynyň zeperlenmegi yzka garanyňda köpräk duşýar. Olar, köplenç, beýleki zeperlenmeler bilen gabat gelýär. Öňdäki atanak görnüşli baglaýjynyň üzülmegi birwagtda içki gapdal baglaýjynyň we içki meniskiň üzülmegi bilen utgaşýar we zorluk bilen daşyna gyşaranda we aýlananda ýüze çykýar.

Zeperiň görnüşleri: baglaýjynyň süýnmegi, bölekleýin üzülmegi, baglaýjynyň uzynlygynda ýa-da süňke birigýän ýerinden doly üzülmegi we süňk dokumasynyň gopmagy bilen üzülmegi.




**55-nji surat. Dyz bognuň baglaýjylarynyň üzülmeginiň görnüşleri**
1. Öňki atanak görnüşli 2. Yzky atanak görnüşli 3. Daşky gapdal
4. Içki gapdal

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Ýiti döwürde baglaýjynyň üzülmegini bogunda gan ýygnanmakdan, sinowitden we çişden tapawutlandyrmak kyn bolýar, atanak görnüşli baglaýjylaryň zeperlenmeginiň

kesgidini anyklamak zerur, sebäbi soňraky bejergi zeperiň görnüşine bagly bolup durýar.

Agyrsyzlandyrmaly deriň içine 1 ml 2%-li morfin erginini (uly adamlarda) sançmaly dyz bogundan punksiýa edip suwuklygy sorup aýyrmaly we bognuň içine 30 ml 1%-li nowokain erginini goýbermeli. Rentgen şekili kesgidi anyklamkada uly kömek berýär. Atanak görnüşli baglaýjynyň üzülmeginiň esasy alamatlarynyň biri (yrgyldaýan ýeşigiň) alamaty. Alamaty barlamak üçin näsag dyzy göni burça çenli epläp buduň muskullaryny gowşatmaly.

Öňdäki atanak görnüşli baglaýjy üzülende injigi buda görä ýeňillik bilen öňe çekip bolýar, yzky atanak görnüşli baglaýjy üzülende-yza. Näsag basgançakdan kynçylyk bilen münýär. Öňdäki atanak görnüşli baglaýjy üzülende injigiň köplenç öňe yzky atanak görnüşli baglaýjy üzülende-yza doly däl çykygy bolýar.

**Bejerilişi.** Eger atanak görnüşli baglaýjylaryň üzülmegi barada anyk kesgit alynmasa onda gips longetasy goýulýar. Gips sargysyny baglaýjylaryň süýnmelerinde we bölekleýin üzülmelerinde alty hepdeden aýrylýar, doly üzülmelerde ýedi hepdeden ir aýyrmaly däldir. Soň fizioterapewtiki bejergileri geçirmeli. Işe ukyplylygy 1,5-3 aýdan dikelýär.

**Atanak görnüşli baglaýjylaryň täze üzülmeleriniň operasiýa arkaly bejerilişi.** Haçanda atanak görnüşli baglaýjynyň doly üzülmesi anyklansa operasiýa görkezilýär. Operasiýany şikesden soň ilkinji 2-5 günde geçirmelidir.

**Öňdäki atanak görnüşli baglaýjynyň täze üzülmegi.** Buduň orta bölegine žgut goýulýar. Süňküň içine agyrsyzlandyrma ýa-da umumy narkoz berilýär. Parapatelýar kesim kesilýär. Eger baglaýjy ýokarky böleginde üzülen bolsa deşigi buduň daşky tümmejiginde deşmeli. Tümmejigiň daşky ýüzünde kiçiräk kesim edýärler we baglaýjyny sapak bilen tikip, sapagyn uçlaryny deşikden içine tarap geçirmeli; berkitmek üçin süňk gabygyndan, ýumşak dokumalardan geçirip tikýärler we daňýarlar.

Baglaýjy aşaky böleginde üzülende uly injik süňküň içki tümmejiginiň içki ýüzünden deşik deşmeli. Üzülen baglaýjyny matras tikin bilen tikip sapaklaryň uçlaryny deşikden içinden daşyna geçirmeli we süňk gabygyna tikip daňýarlar. Menisk zeperlenen bolsa

aýyrmaly. Ýarany olaryň eplenen ýagdaýynda tikýärler we gips longetasyny ýazylan ýagdaýda 6-7 hepdelik goýmaly.

**Yzky atanak görnüşli baglaýjylaryň täze üzülmeleri.** Dyzyň astynda S-görnüşli kesim edilýär fassiýany kesimiň ugry boýunça kesmeli. Ýumşak dokumalar kesilende we olaryň aralary açylanda örän seresaply işlemeli, sebäbi dyz astyndan uly gan we nerw damarlary geçýär. Bogny açmaly we baglaýjynyň üzülen ýeri anyklamaly. Baglaýjynyň ýokarky ujy üzülende buduň içki tümmejiginde yzdan öňe we ýokaryk deşik deşilýär we üzülen baglaýjynyň ujuny sapak bilen tikýärler. Sapaklaryň uçlaryny deşikden geçirmeli we ýumşak dokumalarda tikip daňmaly.

Eger baglaýjynyň aşaky bölegi üzülse uly injik süňki yzdan öňe we aşak deşilär we süňküň öňdäki üstünde kiçiräk kesim edilýär. Baglaýjynyň aşaky ujuny sapak bilen tikmeli we uçlaryny uly injik, süňküň metafiziniň deşiginden öňdäki üstüne geçirmeli we ýumşak dokumalarda tikip daňmaly. Ýarany gatma-gat tikmeli. Dyz bognunyň eplenen ýagdaýynda gips longetasyny goýmaly üç hepdeden ony aýryp dyzyň doly ýazylan ýagdaýynda ýene-de 3-4 hepdelik möhlet bilen gips sargysyny goýmaly.

## Tümmejigara beýikliginiň gopmagy

Uly injik süňküniň tümmejigara beýikligi öňdäki atanak görnüşli baglaýjy bilen bilelikde gopýar. Kesgidi rentgen şekiliniň esasynda anyklanylýar.

**Bejerilişi.** Dyz bogundan gany sorup aýyrmaly we içine 10-15 ml 1%-li nowokain erginini goýbermeli. Ilki dyza çakdan aşa ýazylan ýagdaýy berip, injigi daşyna gyşartmaly. Soň dyzy bu ýagdaýdan çykaryp göneldilen ýagdaýynda 3-5 hepde gips longetasyny goýmaly.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Öňdäki atanak görnüşli baglaýjynyň distal ujy üzülende geçirilýän operasiýa ýaly.

## Atanak görnüşli baglaýjylaryň könelişen üzülmeleriniň operasiýa arkaly bejerilişi

**Öňdäki atanak görnüşli baglaýjyny düzetmek. Sitenkoň usuly boýunça operasiýa.** *Sitenkonyň usuly.* Dyzçanaga golaý (parapatelýar) dik kesim bilen ýumşak dokumalary uly injik süňküniň tümmerip duranja ýerine gatma-gat kesip açmaly, akýan gany saklamaly. Bogny açmaly we onuň içindäki agzalary barlamaly.

Eger diňe öňki atanak görnüşli baglaýjy üzülen bolsa, onuň yzygiderliligini aşaky usul boýunça dikeltmeli. Buduň daşky tümmüsinden onuň ketirdewük böleginiň gutarýan araçäginden burawyň kömegi bilen ýokardan bognuň içine tarap öňki atanak görnüşli baglaýjynyň buda birigýän ýerine çenli deşik deşmeli.

Uly injik süňküniň içki tümmüsinden aşakdan ýokaryk, ýagny onuň tümmerip duran ýeriniň iç ýüzünden burawyň ujuny bogna tarap saklap baglaýjynyň uly injik süňküne birigýän ýerinden çykmaly. Buduň inli muskulynyň fassiýasyndan ini 2 uzynlygy 20 sm gykyndyny kesip almaly we onuň iki tarapyny bir-birine seýregräk tikinler bilen towlap tikmeli.

Fassiýadan ýasan transplantatymyzy zonduň kömegi bilen deşen deşiklerimiziň ikisindenem geçirmeli we dyzyň ýarym epilgi ýagdaýynda ony dartdyryp bir ujuny buduň daşky ýüzüne beýlekisini uly injigiň iç tarapyna sapaklary süňk bardasyndan geçirip tikmeli ýa-da ony uçlaryny has berk berkider ýaly süňk gaňaljygyny ýasap şoňa berkidip tikmeli. Ýumşak dokumalary gatma-gat tikmeli we aýaga dyz boguny 45° epip gips longeta sargysyny 4-5 hepde möhlet bilen goýulýar.

*Mowşowiçiň usuly.* Ýokardaky agzap geçen operasiýamyz ýaly geçirilýär, ýöne transplantany lawsan lentasyndan ulanýar.

**Heý Growes-Smitiň usuly boýunça operasiýa.** Birwagtda öňdäki atanak görnüşli we içki gapdal baglaýjylaryň düzedilmeginde geçirilýär. Öňdäki içki S-görnüşli kesimi ulanmaly.

Dyz bogny açyp barlamaly we menisk zeperlenen bolsa ony aýyrmaly. Soňra buduň ýasy fassiýasyndan we dyz bognuň üstüniň gyrasynyň deňinden 20-25 sm uzynlygynda gyýkyndy kesip almaly.

Buduň daşky tümmejiginde we uly injik süňküň öňdäki içki tümmejiginde deşik deşip, fassiýadan gyýkyndyny gyralaryny tikip turbajyk görnüşinde dolamaly, buduň daşky tümmejiginiň deşiginden daşyndan içine, içinden daşyna uly injik süňküň içki tümmejiginiň deşiginden geçirilýär. Injigi dyz bogunda epläp, fassiýany dartybrak çekmeli, we dyz bognuň içki ýüzünden aýlap, ujyny buduň içki tümmejigine berkitmeli.

Operasiýadan soň dyzy 160° burçda gips sargysynda berkidýärler, 3-5 günden dörtkelleli muskulda owkalama, gimnastikany geçirip başlamaly, dört hepdeden gips sargysyny aýyrmaly.

**Yzky atanak görnüşli baglaýjyny düzetmek. Kaplanyň usuly boýunça operasiýa**. Kesimi dyzçanagyň ýokarky gyrasyndan 5 sm ýokarrakdan başlap, dyzçanagyň gyrasyndan we hususy baglaýjydan uly injik süňküň bogun yşyndan 6 sm aşaklygyna dowam edilýär. Bogny açyp barlamaly.

Dyzçanak süňküniň içinden orta çyzyk boýunça dikligine deşik deşmeli. Buduň daşky ýüzünde ýörite kesim edip inli fassiýadan 2 x 3 sm ölçegli bolan gyýkyndy kesip alynýar ýa-da lawsan lentasy ulanylýar. Onuň bir ujuny dyzçanagyň depejiginden ýokarrak-da 3 sm uzynlygyna dörtkelleli muskulyň siňirine tikmeli, beýleki ujuny dyzçanakdaky deşikden ýokardan aşaklygyna geçmeli. Soňra uly injik süňküniň tümmejiklerinden deşik deşip, gyýkyndynyň boş ujuny dyzçanagyň hususy baglaýjysyndan öňden yza boguna uly injikden deşilen deşikden içinden daşyna geçmeli. Dyzyň ýazylan ýagdaýynda gyýkyndyny dartdyryp çekmeli we uly injik süňküniň tümmejikliginiň astynda keseligine deşik deşip ondan gyýkyndyny geçirip ony öňki deşikden çykýan ýerine berkidilýär. Ýara gatma-gat tikilýär.

Buda we injige ýazylan ýagdaýda gips sargysy goýulýar, 4-5 günden gips sargysyny aýryp, kadaly ýagdaýda gips longetasyny goýulýar. Aýaga longetasyz doly agram bermeklik üç aýdan rugsat berilýär.

## Dyz bognuň ganat görnüşli gasynyň ýag dokumasynyň zeperlenmegi

Sinowial barda ýag saklaýan gasynlary emele getirýär. Dyzçanagyň hususy baglaýjysynyň iki tarapynda ganat görnüşli jübüt gasyn ýerleşýär. Ýag dokuma zeperlenende ganöýme, ýiti çiş, giperplaziýa we sinowial gasynlarynyň gipertrofiýasy (Goffyň keseli) ýüze çykyp bilýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Dyzçanagyň hususy baglaýjysynyň iki tarapynda-da agyrly çiş kesgitlenýär. Hususy baglaýjyny basyp göreňde agyrly. Dyzyň eplenmesi çäklenen we agyrly.

**Bejerilişi.** Şikesden soň gips sargysy 7-10 günlük goýulýar we fizioterapewtiki bejergiler geçirilýär. Eger konserwatiw bejergi netije bermese operasiýa bejergisi ulanylýar.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Hususy baglaýjynyň içki tarapyndan parallel kesim edilýär we dyz boguny barlamaly, ulalan ganat görnüşli ýag gasyny doly kesip aýyrmaly hem sinowial barda bogunyň içine geçmeýän tikinler goýulýar.

## Ketirdewügiň zeperlenmegi we dyzçanagyň hondropatiýasy

Dyzçanagyň içki ýüzüniň ýiti ýa-da yzygiderli owunjak zeperiniň täsiri netijesinde onda jaýryklar, ketirdewügiň gatlaklanmagy bolmagy mümkin. Soňra bolsa destruktiw üýtgemeler ýüze çykyp, ýagny dyzçanagyň hondropatiýasyna ýazýar.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Dyzçanagyň astyndaky agyry biýnjalyk edýär. Injigi ýazaňda agyry güýçlenýär. Dyz bognunyň hereketlenýän wagty dyzçanaga ýeňil basyp görseň agyry güýçlenýär. Dyzçanagy işjeň we gowşak hereketlendirseň özboluşly ses duýulýar. Köplenç bogunda suwuklyk, dörtkelleli muskulyň bir-az inçelmesi (atrofiýasy) ýüze çykýar.

Ketirdewügiň zeperlenmegini we dyzçanagyň hondropatiýasyny şikesden soňky sinowitden, deformirleýji artrozdan, meniskiň üzülmsinden, inçe kesel sinowitinden tapawutlandyrmak kyn bolýar. Mag-

nit-ýader rezonans şekillerinde keseli tapawutlandyrmak we anyklamak kyn däl.

**Bejerilişi.** Ýiti döwürde bogundan suwuklygy sorup aýryp, içine 20 ml 2%-li nowokain ergini goýberilýär we 10 günlük gips sargysyny goýulýar.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Dyzçanagyň içki gyrasyndan uzynlygy 10-12 sm medial kesim ulanylýar. Dyzçanagy galdyryp ketirdewük ýüzüni barlamaly we ketirdewük çäkli we ýüzleý zeperlenen bolsa, pyçak bilen uly däl gatlagyny kesip aýyrmaly.

Çuň zeperlenen bolsa, destruktiw ojagy hemme çuňlugyna tä süňk dokuma çenli kesip aýyrmaly we dyzçanakda deşijek deşmeli, sinowial hem fassial-aponewrotiki barda bölekleýin kesilip aýrylýar. Netijede, emele gelen (deşijekden) suwuklyk çykýar we bogunda ýygnanmaýar. Operasiýadan soň dört hepdelik gips sargysyny goýmaly, aýrylandan soň fizioterapewtiki bejergiler geiçirilýär.

## Dörtkelleli muskulyň siňiriniň we dyzçanagyň hususy baglaýjysynyň derasty üzülmeleri

Siňiriň derasty üzülmesi dörtkelleli muskul birden ýygyrlanda bolmagy mümkin. Köplenç halatlarda siňir dyzçanagyň üstünden üzülýär. Hususy baglaýjynyň derasty üzülmesi eplenen dyza gaçanda-da ýüze çykyp biler. Köplenç üzülme dyzçanagyň astynda ýerleşýär. Üzülmeler doly we bölekleýin bolup bilýär.

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Üzülen wagty näsag urgy ýa-da şatyrdy duýýar, ýiti agyry döreýär. Dörtkelleli muskulyň hyzmaty doly üzülmede ýitýär; bölekleýin üzülse ýiti döwürde muskulyň ýazylmagy mümkin däl. Dyzçanagyň üstünde defekt duýulýar. Dyzçanak süýşmedik, hususy baglaýjy üzülende defekt dyzçanagyň aşagyndan duýulýar, dyzçanak dörtkelleli muskulyň ýygrylmagy netijesinde ýokaryk süýşýär.

**Bejerilişi.** Bölekleýin üzülmelerde zeperlenen ýere 20 ml 1%-li nowokain erginini goýberip iki hepdelik yzky gips sargysy goýulýar. Doly üzülmelerde operasiýa edilip ýerme-ýer tikilip berkidilýär.

**Kaplanyň usuly boýunça dörtkelleli muskulyň siňirini düzetmek.** Ýerli agyrsyzlandyrma ýa-da umumy narkoz berilýär. Ortaky kesimi siňiriň ýokarky ujundan 4 sm ýokarrakdan başlap dyzçanagyň ortasyna çenli ýetirmeli.

Siňiriň ýokarky ujuny gyrasyndan 1,5 sm goýup üznüksiz matras görnüşli tikin bilen tikilýär, tikin dyzçanagyň daş-töwereginde ýumşak dokumalarda dowam etdirilýär. Siňiriň uçlaryny ýakynlaşdyryp sapaklaryň uçlary gowşamaýan görnüşli tikin bilen daňylýar. Goşmaça aýry tikinleri goýmaly. Ýazylan aýaga alty hepdelik gips sargysy goýulýar we goşmaça ýene-de 3-4 hepdelik bognyň kadaly ýagdaýynda aýrylýan gips longetasy goýulýar.

**Kaplanyň usuly boýunça dyzçanagyň hususy baglaýjysyny düzetmek.** Ortaky kesim ulanylýar ol dyzçanagyň 3-4 sm ýokarsyndan we uly injik süňküniň tümmeginden 3-4 sm aşak geçmeli. Inli fassiýanyň 20 x 3 sm ölçegli gyýkyndysyny dörtkelleli muskulyň siňiriniň içinden dyzçanagyň daş töwereginden geçirip matras görnüşli tikinler bilen berkidilýär. Boş uçlaryny hususy baglaýjynyň içinden iki tarapdan geçirilýär. Uly injik süňküniň tümmeginiň astynda keseligine deşik deşip ondan fassiýanyň iki ujuny geçirmeli we tümmegiň ýerinde çekilen ýagdaýda tikilýär. Hususy baglaýjynyň ýakynlaşan gyralaryny aýry tikinler bilen birikdirilýär. Ýara gatmagat tikilýär. Operasiýadan soňky bejergi ýokarky amalyýetdäki ýaly.

## Dyzçanagyň döwükleri

Dyzçanagyň döwükleri göni şikesiň netijesinde ýüze çykýar. Meselem, dyzçanagyň bertiginde ýa-da eplenen dyza gaçanda, ýykylanda.

Köplenç dyzçanagyň kese, seýrek bölekleýin, dik, döwükleri duş gelýär (*56-njy surat*).

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Aýak dyz bogunda ýazylan. Bogunda işjeň hereketler we ýazylan aýagy galdyrmak döwük bölekler daşlaşanda mümkin däl. Döwük bölekleri daşlaşmasa ýagny, gapdal baglaýjylar bütin bolsa, näsag ýazylan aýaga basyp ýöräp bilýär, ýöne agyry duýýar. Bogunda gowşak hereketler, esasan eplenme ýiti agyrly.




**56-njy surat. Dyzçanak süňküniň döwükleriniň görnüşleri**
*a*) kese döwük, *b*) aşaky tarapynyň gopmagy, *ç*) bölekleýin döwük.

Hemişe dyz bogunda gan ýygnanmaklyk duş gelýär, bognuň göwrümi ulalan. Dyzçanagy basyp barlamaklyk agyrly. Döwük bölekleri daşlaşsa, aralygynda boş ýer bolýar we yş duýulýar. Kesgidi doly anyklamakda rentgen şekiliniň kömegi uly.

**Süňk bölekleriň ýerinden gozganmadyk ýagdaýynda dyzçanagyň döwügini bejermek.** Bu döwükleri konserwatiw bejerýärler. Bogunda gemartroz ýagdaýy bar bolsa punksiýa etmeli we ýygnanan gany sorup aýyrmaly, dyz boguna 3-5° eplenen ýagdaýynda gips sargysyny goýulýar. Näsag 2-3-nji günden başlap injik-daban we but-ýanbaş bogunlarynda işjeň hereketleri edip başlaýar; 12-15 günden pişeksiz aýaga doly agram salyp ýöremek rugsat edilýär. Gips sargysyny 3-4 hepdeden aýrylýar. Soňra fizioterapewtiki bejergiler geçirilýär. Işe ukyplylygy 5-6 hepdeden dikelýär.

**Süňk bölekleriniň ýerinden gozganan ýagdaýynda dyzçanagyň döwüklerini operasiýa arkaly bejermegiň usuly.** 1. Operasiýanyň esasy maksady-baglaýjy apparaty düzetmek. Kesim buduň içki tümmejiginden başlap aşak we dyzçanagyň aşagyndan daşyna we ýokary buduň daşky tümmejigine çenli Tekstoryň kesimini kesmeli.

Keseligine ýyrtylan kapsulanyň gyralaryny kesip aýrýlýar we iki tarapa giňeldilýär. Döwük böleklerini bir-birine deger ýaly ýakynlaşdyrmaly. Olary göni muskulyň we hususy baglaýjynyň içinden geçirilen lawsan ýa-da ýogyn berk ýüpek sapak bilen tikip

berkitmeli. Dyzçanagyň üstünden baglaýjyny we gapdal baglaýjylary tikýärler. Ýarany gatma-gat tikip, gips longeta bilen berkidilýär, 8-nji günden tikinleri aýryp 3-5 hepdelik möhlet bilen gips sargysyny goýmaly. Operasiýadan iki hepde geçenden soň näsag aýaga doly agram salyp ýöräp başlaýar. Gips sargysy aýrylandan bejeriş gimnastikany, fizioterapewtiki bejergiler geçirilýär. Işe ukyplylygy 2-3 aýdan dikelýär (*57-nji surat*).



**57-nji surat. Dyzçanak süňküniň osteosintezi**

2. Dyzçanagyň doly aýyrmak we dörtkelleli muskulyň siňirini dikeltmek. Böleklenen dyzçanagyň döwügi giçki döwürde dyz bognuň öňdäki böleginde osteoartrozyny, agyryny ýüze çykarýar. Şu ýagdaýlarda böleklenen dyzçanak süňki aýrylýar.

Dyzçanagyň içki gyrasynyň ýanyndan kesim edýärler. Dörtkelleli muskulyň siňirini we dyzçanagyň hususy baglaýjysyny uzynlygyna ortarasyndan kesip ähli süňk bölekleri aýrýlýar. Soňra boguny barlap içindäki süňk böleklerini aýyrmaly. Siňiriň daşky gyrasy içki gyrasyna goýup aýry tikinler bilen tikilýär. Ýarany gatma-gat tikip dört hepdelik gips sargysyny goýmaly. Dyz bognuň hyzmaty 8-10 hepdeden dikelýär.

## Uly injik süňküniň tümmejikleriniň döwükleri

Injik daşyna ýa-da içine birden gyşaranda ýa-da dar ýazylan aýaga gaçaňda ýüze çykýar. Injigiň tümmejikleri buduň tümmejikleriniň we uly injik süňküniň ýokarky metafiziniň arasynda dikligine gysylýar.

Daşky tümmejigiň döwügi içki gapdal (süýnmesi, doly we doly däl üzülmesi), öňdäki atanak görnüşli baglaýjylaryň we daşky meniskiň zeperlenmegi bilen goşulşyp duşýar. Içki tümmejigiň döwügi daşky kiçi injik baglaýjynyň, öňdäki atanak görnüşli baglaýjylaryň we içki meniskiň zeperlenmegi bilen gabat gelýär.

Tümmejikleriň döwükleri bognuň içindäki döwüklere degişlidir (*58-nji surat*).



**58-nji surat. Uly injik süňküniň tümmejikleriň döwügi**

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Injigiň ýokarky böleginde çiş we ganöýme bolýar. Dyz bognuna gan ýygnanýar, eger daşky tümmejik aşak süýşen bolsa, injik daşa gyşarýar (*genu valgum*); içki tümmejigiň şeýle ýagdaýynda injik içine gyşarýar (*genu varum*).

Tümmejikleriň ýerinde injik keseligine ulalan, basyp göreňde agyrly. Injigiň dyz bogunda gapdallaýyn hereketliligi kesgitlenýär. Ökjä kakaňda zeperlenen tümmejigiň ýerinde agyry döreýär. Dyz bognuň hyzmaty bozulan, işjeň hereketler mümkin däl, injigiň bir-az gowşak eplenmesi mümkin. Kesgidi anyklamakda rentgen şekili uly kömek berýär.

Uly injik süňküň tümmejikleriniň döwüklerini dyz bognuň bertiginden, gapdal baglaýjynyň üzülmeginden, dyzçanagyň we buduň tümmejikleriniň döwüklerinden tapawutlandyrmaly.

**Süýşmedik uly injik süňküň tümmejiginiň döwükleriniň bejerilişi.** Dyz bogundan gany sorup aýyrmaly we içine 20 ml 2%-li no-

wokain erginini goýberilýär; soňra gips longetasyny goýmaly. Sargy 5° eplenen dyz boguny we göni burçda dabany berkidýärler, 5-10--njy günden pişekli ýöremek rugsat berilýär. Gips sargysyny dört hepdeden aýyrmaly, sekiz hepdeden aýaga agram salyp ýöremek rugsat edilýär. Işe ukyplylygy 2,5-3 aýdan düzelýär.

**Uly injik süňküniň iki tümmejiginiň süýşen döwükleriniň bejerilişi.** Uly injik süňküniň diafiziniň ýokarky bölegi iki tümmejikleriň arasyna girip süňk böleklerini süýşürýär. Olary ýerine salmak üçin diafizi aşak çekip tümmejikleri ýakynlaşdyrmaly.

Aýagy ýazylan ýagdaýda Belleriň seýginde ýatyrmaly we skelet çekiji ulgamy goýmaly. Ökje süňkünden geçirilen çişden çekip 7-9 kg agramy asmaly we 2-3 günden barlag rentgen şekilini almaly. Bejergide diafiz aşak çekilýär, ýöne tümmejikler süýşen ýagdaýda galýarlar. Olary el ýa-da nurbatly gysaç bilen gysyp gips sargysyny goýmaly. Agramy 19 güne 5-7 kg, 30 güne 4-5 kg çenli azaldýarlar, 1,5 aýdan sargyny aýyrýarlar we 2-4 hepdeden süňk çekmesini aýyrmaly 2,5-3 aýdan pişekli ýöremeklige rugsat edilýär. Işe ukyplylyk 3,5-4,5 aýdan düzelýär (*59-njy surat*).



**59-njy surat. Uly injik süňküniň tümmejikleriň osteosintezi**

**Uly injik süňküniň tümmejikleriniň döwüklerinde ýapyk kompression osteosintez.** Munuň üçin daýanç meýdançaly çişler ulanýlýar. Iki sany çişi frontal tekizlikde 1-2 sm aradaşlykda iki tümmejikdenem parallel geçirmeli. Bir çişi daşyndan içine, beýlekisini içinden daşyna geçirmeli. Soňra çişleriň geçýän ýerinden 0,1-0,2 sm deride kesim etmeli we olary garşylykly tarapa tä daýanç meýdançalary süňke degip durýança çekdirilýär. Çişleri Kirşneriň ýarym halkasynda berkidýär 1-2 hepdeden gips sargysyny goýmaly. Çişleri 4-5 hepdeden aýyrmaly.

**Operasiýa arkaly bejergi.** Osteosintez operasiýasyny süňküň içinden agyrsyzlandyrma ýa-da umumy narkoz astynda geçirilýär. Dyz bognuň öňdäki daşky ýa-da içki tarapyndan dik ýa-da ýarym aý görnüşli kesim edilýär. Kesim dyzçanagyň ýokarky gyrasyndan başlap, aşak zeperlenen tümmejiginiň üstünden uly injik süňküň tümmegine çenli dowam etdirilýär.

Kapsulany kesip döwük ýeri açmaly we menisk üzülen bolsa, ony aýyrmaly.

Soňra döwülen tümmejigi galdyryp dogry ýagdaýa frontal tekizlikde hyrly nurbady geçirip berkitmeli. Ýara gatma-gat tikilýär. Gips sargysyny 5° burçly eplenen dyz boguna we göni burçly ýagdaýda injik-daban bognunda dabana çenli goýulýar. Nurbady 6-8 aýdan aýyrmaly (*60-njy surat*).



**60-njy surat. Uly injik süňküniň içki tümmejiginiň osteosintezi**

## Kiçi injik süňküniň kellejiginiň çykygy

Kiçi injik süňküniň kellejigi uly injik süňküniň daşky tümmejigi bilen bogun emele getirýär. Onuň çykygy seýrek gabat gelýär. Kiçi injik süňküniň kellejiginiň çykygy kiçi injik nerwisiniň zeperlenmegi bilen çylşyrymlaşma getirip biler .

**Alamatlary we anyklanylyşy.** Kliniki we rentgenologiki kiçi injik süňküniň kellejiginiň çykygy kesgitlenýär. Basyp göreňde kellejik ýeňil ýerine salynýar we basyşy aýyraňda ýene şol tarapa çykýar.

**Bejerilişi.** Çykygy ýerine salmak ýeňil, ýöne dogry ýagdaýda gips sargysynda saklamak kyn, şonuň üçin köplenç operasiýa ýol bilen bejerýärler.

Kellejigiň öňündäki gyrasy boýunça kesim edilýär. Kellejik ýerine salynýar. Ony saklamak üçin baglaýjy apparatyň galyndylaryna tikinleri goýmaly we ony uly injik süňküniň daşky tümmejigine çüý ýa-da nyrbat bilen bilen berkitmeli. Olary 1,5-2 aýdan aýyrmaly. Operasiýadan soň dyzy 5° burçda, injik daban boguny 90° burçda berkidip gips sargysyny goýmaly. Gips sargysyny bir aýdan aýyrmaly. Işe ukyplylyk 5-6 hepdeden dikelýär.

# VII bap

# INJIGIŇ ZEPERLENMELERI

Injik süňkleriniň zeperlenmeleri ujaklaryň ähli zeperleriniň 30%-ni tutýar we köplenç, ýol-ulag hadysalaryndan soň gabat gelýär. Injigiň zeperlerinde aglaba uly we kiçi injik süňkleri bilelikde döwülýär. Injik süňkleriniň döwükleriniň toparlara bölünişi süňkleriň zeperleri üç topara bölünýär.

1. Injik süňküniň ýokarky (proksizmal) böleginiň döwükleri.

- uly injik süňkleriň daşky tümmüsiniň döwügi;
- uly injik süňküniň içki tümmüsiniň döwügi;
- uly injik süňküniň tümmüler ara belentliginiň döwügi (gopmagy);
- uly injik süňküniň tümmüler ara döwügi (döwügiň çyzygy boýunça V we T görnüşli döwükleri tapawutlandyrýar);

- kiçi injik süňküniň kellejiginiň döwügi;
- kiçi injik süňküniň kellejiginiň çykygy.

Ýokardaky agzap geçen döwüklerimiz boguniçki döwüklere degişli we dyz bognuň zeperlerinde (seret, 6-njy bapda getirildi)

2. Injik süňkleriň (diafiziniň) orta böleginiň döwükleri.

Diafiziň döwükleri onuň ýerleşen ýerine baglylykda şu döwürlere bölünýär:

- uly injik süňküniň diafiziniň ýokarky böleginiň;
- uly injik süňküniň diafiziniň ortaky böleginiň;
- uly injik süňküniň diafiziniň aşaky böleginiň;
- kiçi injik süňküniň diafiziniň ýokarky böleginiň;
- kiçi injik süňküniň diafiziniň ortaky böleginiň;
- kiçi injik süňküniň diafiziniň aşaky böleginiň.

3. Injik süňkleriniň (distal) aşaky böleginiň – injigiň ähli döwükleriniň 60 %-i tutýar. - uly injik süňküniň aşaky böleginiň döwügi.

- içki topugyň döwügi;
- uly injik süňküniň öňki gyrasynyň döwügi;
- uly injik süňküniň yzky gyrasynyň döwügi;
- daşky topugyň döwügi.

Injik süňkleriniň distal böleginiň döwükleri dürli görnüşlerde goşulyp zeperleri bilen dabanyň haýsam bolsa, bir tarapa doly ýa-da doly däl çykygy bilen gabat gelip biler.

## Uly injik süňküniň diafiziniň döwükleri

Uly injik süňküniň diafiziniň aýratyn döwüklerinde eger kiçi injik süňküne we injigara sindezmorlara zeperlenme ýetmedik bolsa, ol uzynlygyna ýerinden gozganmaz hem keseligine ýa-da burç görnüşinde iki tarapada gozganyp biler.

**Kliniki alamatlary:**

- ýerli agyry;
- ýerli çiş;
- deformasiýa;
- patologiki hereket;
- süňk bölekleriniň şykyrdysy (krepitasiýa);
- injigiň hereketiniň bozulmagy.

13. Sargyt № 260

Eger süňk bölekleri ýerinden gozganan bolsa, süňküň gerşi boýunça başam barmagyňy gezdirseň döwük ýerinde basgançak görnüşli deformasiýany duýup bolýar.

Iki taraplaýyn alnan rentgen şekillerinde köplenç döwgi anyklamak we dogry kesgitleme goýmak mümkin bolýar.

**Bejerilişi.** Döwük ýerini ýerli 2 %-li nowakain ergininiň 20-25 ml bilen agyrsyzlandyrmaly.

Eger süňk döwükleri ýerinden gozganmadyk bolsa, aýagyň barmaklarynyň ujundan buduň ortasyna çenli gips longetasyny goýmaly we ýumşak dokumanyň çişi gaýdyşandan soň ony töwerekleýin gips sargysyna öwürmeli.

Gips sargysyny üç aýdan aýyrmaly we bogunlaryň dikeldiş bejergesini başlamaly.

Eger süňk bölekleri ýerinden gozganan bolsa, ony yerli agyzsyzlandyrylan soň seýiklemeli.

Seýiklenilende süňk bölekleriniň haýsy tarapa gozganandygyna üns bermeli we ol yza tarap açylan burç görnüşinde bolsa aýagy göneldip, galan ýagdaýlarda aýagy dyz boguna epip seýiklemeli.

Süňk böleklerini gips sargysynda ilki longeta soňra töwerekleýin 3-4 aý möhlet bilen berkitmeli.

Eger süňk bölekleri göwnejaý seýikletmese skelet çekiji ulgamda ýa-da operatiw bejergini geçirmeli.

## Injik süňklerinň diafiziniň ikisiniň bilelikde döwülmegi

Döwügiň häsiýeti täsir eden güýjüň mehanizmine bagly bolup durýar. Eger göni urgy täsir etse köplenç bamper görnüşli keseligine gozganan döwükleri gabat gelýär. Eger göni däl mehanizmli güýç täsir etse, injik süňkleri epilip ýa-da towlanyp döwülýär. Injik süňklerine aşa epiji güýç täsir eden wagty olar köp böleklere bölünen we olaryň ortasynda üçburçlyk görnüşinde epilen ýeriniň iç tarapynada süňk bölegi bolup biler.

Eger-de injik süňkleri towlanyp döwülse süňk bölekleri aýlanyp (wint görnüşli) ýerinden gozganýar we köplenç ýagdaýlarda eger uly

injik süňküniň diafiziniň aşaky bölekleri döwülse kiçi injik süňküniň diafiziniň ýokarky bölegi hem onuň tersine uly injik süňküniň diafiziniň ýokarky bölegi döwülse kiçi injik süňküniň aşaky bölegi döwülýär.

**Kliniki alamatlary:**

- ýerli agyry;
- ýerli çiş we ganöýmeleri;
- deformasiýa;
- süňkleriň şakyrdysy (krepitasiýa);
- patologoki hereket (döwülen ýerinde).

Injigiň döwülen ýerinden aşaky bölegi daşyna tarap ýykylan. Merkezi süňk bölegi köplenç deriň aşagyndan ýokaryk galdyryp durýar, derisi şol ýerde agaryp dartylýar.

Döwülenden soň birnäçe sagatdan döwük ýeriniň derisinden içi suwuklykly gabarçaklar emele gelýär. Başam barmagyň bilen emaý bilen sypalap göreniňde ýerli deformsiýany hereketi we süňk bölekleriniň şykyrdysyny duýmak bolýar.

Eger uly injik süňküniň bölekleriniň arasyna ýumşak dokumalar düşse kähalatlarda ol derini içine dartyp guýguç görnüşli oýtajyk emele gelýär. Iki taraplaýyn alnan rentgen şekillerinde döwügiň häsiýetini we görnüşini anyklap bolýar.

**Bejerilişi.** Süňkleriň döwülen ýerleriniň 2%-li nowokian ergininiň 20-30 ml bilen agyrsyzlandyrmaly. Näsaga ondan başga--da, narkotiki erginleri sanjym edip agyryny aýyrmaly. Süňk bölekleri seýiklenen halatynda esasy ünsi uly injik süňküne bermeli we ony örän oňat ýerbe-ýer seýiklemeli.

Eger süňk bölekleri ýerinden gozganmadyk bolsa ýa-da sähelçe gozganyp olaryň durşy kanagatlanarly hasap edilse, onda barmaklaryň ujyndan buduň orta ýada ýokarky bölegine çenli ilki gips longetasyny we ýerli çiş gaýdyşandan soň ony töwerekleýin gips sargysyna öwürmeli.

Gips sargysy goýulanda dyz boguny 150°-160°, epmeli: (orta kadaly ýagdaýda goýmaly). Süňk bölekleri ýerinden gozganan bolsa, ony skelet çekiji ulgamda bejermeli. Näsagyň ökje süňkünden keseligine Kirşnewiň çişini geçirmeli we ony Belleriň kadaly seýiginde ýatyrmaly we 7-9 kg agram bilen (näsagyň agramyny göz öňüne tutyp)

çekdirmeli. Birden aşa agyr agram asyp süňk bölekleriniň arasynyň uzynlygyna açylmagyna ýol bermeli däl.

Ökjeden geçen Kirşneriň çişiniň iki tarapyndan seýigiň ýokarky bölegine ökjäni ýokaryk çalaja galdyrmaly, ýa-da ökjäniň aşagyna pagtadan we hasadan ýasalanja ýassyjak goýmaly.

Skelet çekiji ulgamda 5-7 nji we 14-15 nji günlerinde rentgen şekiline düşürip onuň agramyny sazlamaly. Eger süňk bölekleri keseligine gozganyp ýerine barmasa olary garşylykly goýup saralan ýassyjaklaryň kömegi bilen seýiklemeli.

Çeküwiň 4-5-nji hepdelerinde rentgen şekillerinde bölekleriň arasyna ören ýumşak süňk regeneratynyň suduryny görüp bolýar. Skelet çekiji ulgamdan bäş hepdeden soň aýryp ilki longeta we ertesi töwerekleýin gips sargysyny 3-4 aý möhlet bilen goýmaly. Uly injik süňküniň diafiziniň orta aşaky bölegi döwülenden gips sargysynyň durmaly möhletini 2,5-3 hepde artyrmaly.

Eger skelet çekiji ulgamy Klýuçewskiniň usuly boýunça, ýagny çekiji ulgamynyň arasyna maýyşgaklyk beriji pružinani goýsak, onda aýak ýumşaklyk bilen kem-kemden çekilýär.

Injik süňkleriniň diafizar döwüklerinde eger haýsam bir sebäbe görä konserwatiw usullar bilen uly injik süňküni seýiklemek başartmasa, onda operatiw bejergini geçirmeli.

Uly injik süňküniň diafizar döwüklerinde osteosintez operasiýalaryň hemme görnüşini ulanyp bolýar, ony her näsag üçin aýratynlykda çözmeli. Injik süňkleriniň diafiz bölegi döwülende opratiw bejergi uly injik süňkünde geçirilýär.

Uly injik süňki içinde berkidilende (intramedulýar osteosintez) kähalatlarda ol süňk böleklerini berk durnukly saklap bilenok we aýagyň towlanyp ýa-da uzynlygyna süýşip süňk bölekleriniň arasynyň açylmagy mümkin. Eger uly injik intramedulýar berkidilende hökman aýagy daşyndan gips sargysy bilen berkitmeli. Gips sargysyny 2-3 aý möhlet bilen goýmaly.

Uly injik süňküniň diafiz bölegini daşyndan (ekstramedulýar osteosintez) berkidilse esasan, plastinalar bilen berkidilende ol has berk we durnukly saklaýar. Eger berkidiji plastinany süňk bölekleriniň hersine 4-5 nurbat bilen we ony kortikal gatlagyň ikisindenem geçirilen halatynda daşky gips berkidijini goýmasaňam bolýar.

Uly injik süňki uzynlygyna towlanyp döwülse, onda ol aýlawly ýerinden gozganýar we ony sim bilen 3-4 ýerinden berk daňyp berkidilýän usuly hem kähalatlarda ulanylýar, ýöne onda hökman daşyndan gips sargysy bilen berkitmeli.

Eger injik süňkleriniň açyk döwügi bolsa intra we ekstramedulýar osteosintezler geçirmeli däl, onda döwük böleklerini Ilizarow, Wolkow-Oganesýanyň, Kanzbergiň apparatlary bilen berkidilse gowy netije berýär.

## Injik süňkleriniň aşaky (distal) böleginiň zeperlenmeleri

Injigiň aşaky böleginiň döwükleri esasan, injik-daban bogny emele getirýän bölekleri gyşyň günleri, doňaklykda zeper alanlarynda köplenç ýüze çykýar. Eger güýç göni täsir etse diňe daşky ýa-da içki topugyň aýratyn döwügi peýda bolup biler, ýöne daban daşyna ýa-da içine gaňyrlan ýagdaýdada topuklaryň we baglaýjyklaryr dürli görnüşdäki zeperleri goşulyşyp gabat gelip biler.

Eger daban daşyna tarap gaňyrylsa oňa pronasiýa döwükleri diýip atlandyrytlýar. Şu görnüşli döwüklerde daban daşyna tarap doly däl, kähalatlarda onuň doly çykygy gabat gelýär. Dabanyň daşyna tarap towlanmagy delta görnüşli baglaýjynyň üzülmegine ýa-da içki topugyň döwülmegine getirýär. Ökjeüsti süňki daşyna tarap has berk süýşen halatynda kiçi injik süňküniň inçelýän ýerinde ýagny, daşky topugyň 6-7 sm ýokarsyndan köplenç döwülýär, ýöne ol dürli ýerinde döwülip biler. Eger täsir edýän güýç özüniň täsirini dowam etdirse iki injik süňküni aşaky böleginde bir-biri bilen birikdirýän baglaýjy (sindesmoz) ýyrtylyp üzülýär.

Eger-de sindesmoz doly iki taraplaýyn üzülse ökjeüsti süňküň arasyna girip biler. Ýokardaky agzap geçen zeperlermiziň dört görnüşiniň hemmesi birden ýagny:

1. Içki topugyň döwügi ýa-da delta görnüşli baglaýjynyň üzülmegi.

2. Daşky topugyň döwügi ýa-da kiçi injik süňküniň aşaky böleginiň döwügi.

3. Injigara sindesmozyň üzülmegi.

4. Dabanyň daşyna doly ýa-da doly däl çykmagy gabat gelse Dýupitereniň amala aşan döwügi diýlip atlandyrylýar. Eger ýokardaky zeperlenmeleriň haýsam bolsa biri ýüze çykmasa amala aşmadyk Dýupitereniň ýada pronasion döwük diýlip atlandyrylýar (*61-nji surat*).




**61-nji surat. Topuklaryň döwükleriniň görnüşleri**
*a*) pronasion döwükler (Dýupiteriniň döwügi), *b*) supinasion döwükler.

Zeper ýetende eger daban içine tarap gaňyrylsa supinasion döwük ýüze çykýar. Amala aşan supinasion döwükde : 1) daşky topuk döwülýär ýa-da daşky gapdal baglaýjy üzülýär, 2) içki topugyň ýa-da uly injik süňküniň içki gyrasynyň gytak döwügi, we 3) dabanyň içine tarap doly ýa-da doly däl çykygy.

Eger pronasion we supinasion zeperlenme ýetende daban birden öňe tarap epilse uly injik süňküniň öňki gyrasyny döwýär we ol öňe tarap çykýar we Destonyň döwügi diýlip atlandyrylýar, daban yza tarap epilse ol uly injik süňküniň yzky gyrasyny döwýär we yza tarap çykýar we Pottanyň döwügi diýlip atlandyrylýar.

**Kliniki alamatlary:**

- injik daban bogunda ýiti agyry;
- çiş;
- deformasiýa;
- süňkleriň şykyrdysy;
- bogunda hereketiň çäklenmegi;
- bognuň gemartrozy;
- dabanyň çykygy (Pottanyň we Destonyň döwüginde);
- kiçi injik süňküniň pružin ýaly maýyşgaklygy (sindesmoz üzülende).

Hökman rentgen şekilinde iki taraplaýyn düşürmeli we şikesiň görnüşini anyklamaly (*62-nji surat*).



1 2

**62-nji surat. 1-Pottanyň döwügi, 2-Destonyň döwügi**

**Bejerilişi.** Eger bir ýa-da iki topugyň ýerinden gozganmadyk döwügi ýüze çyksa ädijek görnüşli gips sargysy 4-5 hepde möhlet bilen goýulýar.

Beýleki köp komponentli döwüklerde onuň görnüşine görä seýiklemek usulyny ýerine ýetirmeli. Bognuň içine 2 % -li nowakain erginini 20, 0 ml goýbermeli we eger bogundan daşky zeperleri bar bolsa, olary aýry ýerli agyrsyzlandyrmany geçirmeli.

Seýiklenende dyz boguny 90° epmeli we köplenç berk saklamaly hirurg dabany iki eli bilen saklap ony ugruna uzynlygyna çekmeli. Ilki çykygy ýerine salmaly onuň üçin pronasion döwüklerde dabana supinasiýa ýagdaýyny bermeli. Barmaklaryň kömegi bilen topuklary seýiklemeli we sindesmoz üzülen bolsa, aýaň bilen injik süňklerini bir-birine gysmaly.

Eger uly injik süňküniň yzky gyrasy döwülip daban yza çykan bolsa, çykygy ýerine salanyňdan soň dabany öňe tarap 70-80° epmeli we öňe çykan bolsa, yza tarap epip ekwinus ýagdaýynda gips longetasynda berkitmeli. Seýiklenenden soň hökman rentgen şekillerine düşürip süňkleriň durşuny barlamaly. Kanagatlanarsyz seýiklenen bolsa täzeden seýiklemeli. Bogundaky çiş aýrylandan soň tömerekleýin gips sargysyny 2-3 aý möhlet bilen goýmaly.

Eger uly injik süňküniň aşaky bölegi köp böleklere bölünip döwülse ýa-da uly ýara bolup seýiklemeklik mümkin bolmasa, skelet çekiji ulgamda bejermeli we soňra 4-5 hepdeden gips sargysyna geçirmeli.

Eger konserwatiw bejergiler netije bermese, operasiýa usuly bilen süňk böleklerini nurbatlaryň kömegi bilen berkitmeli sindesmozyň üzülen zeperinde iki injik süňklerini bir-birine gysyp saklar ýaly kontragaýkaly çüý bilen berkitmeli.

## Kiçi injik süňküniň diafiziniň döwügi

Kiçi injik süňküne göwräň agramy düşmeýändigi sebäpli onuň döwüklerinde eger, ol ýerinden kän gozganmasa näsaglar ýöräp bilýärler we ony ýumsak dokumalaryň bertiginden diňe rentgen şekilleriniň kömegi bilen tapawutlandyrylýar. Injigi iki tarapyndan aýa bilen tutup injik süňklerini bir-birine gysaňda kiçi injik süňküniň döwülen ýerinde agyry güýçlenýär.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrylandan soň ilki gips longetasyny we çiş gaýdyşandan soň 4-5 hepde möhlet bilen töwerekleýin barmaklaryň ujundan buduň ortasyna çenli goýulan gips sargysynda berkitmeli.

# VIII bap

# DABAN SÜŇKLERIŇ ZEPERLENMELERI

Dabanyň zeperlenmeleri köp gabat gelýän şikesleriň biri bolup, ol esasan ýokardan gaçanda ýa-da gaty ýere bökeňde ýüze çykýar. Daban süňkleriniň açyk zeperlenmeleri oba hojalyk maşynlarynda,

tehniki howpsuzlyk üpjün edilmedik ýagdaýynda ýa-da daban agyr gaty zadyň aşagynda galanda döräp bilýär.

Daban süňkleriniň zeperleriniň içinde iň köp gabat gelýäni ökje süňküniň döwügidir.

Daban süňkleri ökjeüsti, ökje, kub, gaýyk, pahna görnüşli, bäş sany daraklyk we barmak süňkleriniň falangalaryndan ybarat, olaryň şikeslerindäki ýüze çykýan alamatlary, bejergi çärelerindäki aýratynlyklar barada aýry-aýrylykda durup geçeris.

## Ökjeüsti süňküniň döwügi

Ökjeüsti süňki süňk bardasy bilen örtülmedikdir, şonuň üçin onuň döwügi dabanyň beýleki süňkleriniň döwüklerinden bejergi nuktaýnazardan tapawutlydyr.

Ökjeüsti süňki adam ýokardan gaçanda, göni süňküň üstine güýçli urgy bolan halatynda ýüze çykýar.

Urgynyň täsirine görä onuň boýunjygynyň, göwresiniň we ösüntgisiniň döwüklerini tapawutlandyrýarlar.

Kähalatlarda süňk bölegi bogundan çykýar we çylşyrymly şikesi emele getirýär.

**Kiliniki alamatlary:**

- ýerli ýiti agyry;
- injik-daban bognuň çişmesi;
- bognuň deformasiýasy;
- bogunda hereketiň ýiti agyry zerarly çäklenmegi;
- bogna ganyň ýygnanmagy.

Şikesi anyklamak üçin iki tarapyndan alnan rentgen şekiline düşürmeli we süňküň haýsy böleginiň döwülendigini anyklamaly. Ökjeüsti süňküniň boýunjygy döwülende ökjeüsti we ökje süňkleriň arasyndaky bogna ünüs bermeli hem çykyk ýagdaýynyň ýokdygyny ýa-da bardygyny anyklamaly. Süňküň yzky ösüntgisi döwülende ony goşmaça bolýan süňkjagazlardan tapawutlandyrmaly.

**Bejerilişi.** Eger süňk bölekleri ýerinden gozganmadyk halatynda aýagyň barmaklarynyň ujundan dyz bogna çenli gips sargysyny 7-8 hepde möhlet bilen goýmaly.

Gips sargysy goýlanda dabanyň aşagyny ýasy daban gaýrüzülmesi bolmaz ýaly modelirlemeli. Ýokarky süňk bölegi bogundan çykýan halatynda ilki çykygy ýerine salmaly we süňk böleklerini seýiklemeli. Gips sargysyny dabanyň ekwinus ýagdaýynda (900) döwülen wagtyndan hasaplanyňda 2,5-3 aýa dyz bognuna çenli goýmaly. Seýikläniňden soň hökman rentgen şekiline düşürmeli.

Kähalatlarda çykyk ýerine saldyrmaýar ýa-da süňk bölekleri göwnejaý seýikletmeýär, şonuň ýaly ýagdaý ýüze çykanda haýal etmän usuly bejergisini geçirmeli. Operatiw bejergiden soň 3-3,5 aý möhlet bilen gips sargysy goýulýar. Ökjeüsti süňküni seýiklemek, çykygy ýerine salmak ýa-da usuly bejergisi umumy narkozyň täsiri astynda ýerine ýetirilýär.

## Ökje süňküniň döwügi

Ökje süňküniň döwükleri daban süňkleriniň arasynda köp gabat gelýänidir. Süňküň döwügi göni şikesde-de, ýöne köp halatlarda ýokardan gaçanda ýa-da bökülende ýüze çykýar, onuň ýaly ýagdaýda köplenç iki taraplaýyn şikes alýar. Şikeslenmäň netijesinde süňküň dürli ýerlerinde döwükleriň bolmagy mümkin.

Agyr şikeslerde süňk köp böleklere bölünýär ýa-da ol myşşarýar onuň ýaly ýagdaýda beýleki ýanaşyk süňkler bilen emele getirýän bogun tekizligi ýitýär. Süňküň gysylan (kompression) döwüginde süňk myşşaryp dabanyň aşaky ýüzüniň gowaklygy tekizlenýär.

Ýokardakylardan başga-da, onuň çykyngylarynyň döwükleri bolup biler we olar ýeňil şikeslenmeleriň hataryna girýär, bejergi netijesinde gowy bitýär (*63-nji surat*).



**63-nji surat. Ökje süňküniň döwükleriniň görnüşleri**

**Kliniki alamatlary:**
- daban çişýär;
- ökje süňküniň proýeksiýasynda deformasiýa bildirýär;
- sypalap geçeniňde örän agyrly;
- süňk bölekleriniň (krepitasiýasyny) şykyrdysyny duýmak bolýar.

Ökje süňküniň şikeslerinde ýagny, onuň ösüntgileriniň ýerinden gozganmadyk döwüklerinde ýokardaky alamatlaryň ýüze çykmazlygam mümkin we olaryň käbiri ýuwaşja aýagyna basyp ýöräp hem bilýär.

Şikesiň görnüşini anyklamak üçin iki gapdaldan alnan rentgen şekilleriniň uly ähmiýti bar.

**Bejerilişi.** Süňküň döwülen ýerini ýerli agyrsyzlandyrmaly we süňk böleklerini seýikläp gips sargysy bilen berkitmeli.

Gips sargysyny barmaklaryň ujyndan dyz bogna çenli 6-8 hepde möhlet bilen goýulýar. Gips sargysy goýulanda dabanyň göni we kese gowaklygyny dikeltmäge uly üns bermeli.

Çokja görnüşli döwükde (rentgen şekilinde guşuň çokjasyny ýadyňa salýar) seýiklemek üçün dyz bognunda injigi epmeli we dabana ekeswinus ýagdaýyny bermeli we gips sargysynda iki aý möhleti bilen berkitmeli.

Ökjäniň gysylyp myşşaran döwüklerinde süňküň bogun emele getirýän böleklerine üns bermeli we olaryň bogun tekizligini dikeltmeli. Süňk iki gapdala ýaýran bolsa, ony eliň aýasy bilen ýa-da ýörite enjamyň kömegi bilen ýerine gysyp eltmeli. Süňk bölekleri dogry seýiklenip gowy berk berkdilse işe ukyplygy 2-4 aýdan dikelýär.

Eger süňk bölekleri seýikletmese esasan, çokja görnüşli döwükde ony usuly bejerginiň kömegi bilen seýiklemeli, hyrly nurbatlaryň kömegi bilen berkitmeli.

Myşşaran döwüklerde ökje süňküniň yzky ösüntgisi baldyr muskullarynyň täsiri astynda ýokarlygyna süýşen bolsa we seýiklemeklik başartmasa ony Kaplanyň usuly boýunça skelet çekiji ulgamyny goýup seýikläp bolýar. Süňk bölekleri ýerbe-ýer barandan soň (iki hepdeden) ony iki aý möhleti bilen gips sargysyna geçirmeli:

Gips sargysy aýrylandan soň dikeldiş bedenterbiýesine başlamaly. Işe ukyplylygy 3-4 aýdan dikelýär.

Eger süňk bölekleri göwnejaý seýiklenmedik we çykyk ýerine salynmadyk halatynda has dogrusy süňk bölekleriniň gan üpçünçiligi bozulan halatynda onuň asetiki nekrozy ýüze çykýar.

Kähalatlarda çyrşyrymlaşan döwüklerde esasan, uly injik süňküniň distal bölegi bilen bile zeperlense injik-daban bognunyň deformirleýji artoroz keseli ýüze çykýar.

Ýokardaky ýaly gaýrüzülmeler ýüze çykan halatynda bognuň hereketi çäkli we örän agyrly bolsa, näsag dabanyna basyp ýöräp bilmese usuly bejergi ýagny bognuň artrodez operasiýany ýerine ýetirilýär.

Ökje süňküniň yzky ösüntgisi döwülen halatynda ony seýiklemeli we 5-6 hepde möhlet bilen gips sargysyny goýmaly.

Döwügiň hemme görnüşinde gips sargysy aýrylandan soň iki hepde pişekli aýaga çala agram berip ýöremeli we bir ýyla çenli ýörände dabanyň aşagyna ýörite ýasalan petegi (supinatory) goýup ýöremeklik maslahat berilýär.

## Daraklyk we barmak falangalarynyň döwükleri

Dabanyň bu süňkleriniň döwükleri köplenç göni urgynyň täsiri astynda ýüze çykýar we süňkleriň aýry biriniň döwügi seýrek gabat gelýär.

Daraklyk süňkleriň köpüsiniň birden döwülmegi agyr şikesleriň hataryna girýär, olar ýerinden gozganan we açyk görnüşinde köp gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Süňkleriň proeksiýasynda ýerli ýiti agyry, çiş, deformasiýa we krepitasiýa gabat gelýär.

Daraklyk süňkleri döwülende Ýokubsonyň alamaty ýagny, onuň kellejigine basaňda süňküň döwülen ýerinde agyry güýçlenýär.

Şikesi anyklamak üçün iki gapdaldan alnan rentgen şekilleriň ähmiýeti uludyr.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrmaly süňk böleklerini seýikläp dört hepde möhlet bilen gips sargysyny dyza çenli goýmaly.

Daraklyk we barmak süňkleri dogry seýikletmedik ýa-da ikilenji süýşen halatynda usuly operatiw bejergini geçermeli we süňk böleklerini çişleriň, spisalaryň kömegi bilen bekitmeli.

Daraklyk we barmak falangalarynyň köpçülekleýin döwüklerinde olary dogry seýiklemek başartmasa Çerkez-Zadeniň enjamynda skelet çekiji ulgamda-da bejerip bolýar.

Işe ukyplylygy daraklyk süňkleri döwülende 1,5-2 aýdan barmaklaryň falangalary döwülende 4-8 hepdeden dikelýär.

## Dabanyň gaýyk, kub we pahna görnüşli süňkleriniň döwükleri

Dabanyň bu süňkleri daraklygyň öňünde bir hatarda ýerleşip Şapar bognuny emele getirýärler.

Süňkleriň şikeslenmeleri köplenç ýagdaýda göni urgynyň täsiri astynda ýüze çykýar we süňküň aýry biriniň döwügi seýrek gabat gelýär.

Bu süňkleriň döwük bölekleri ýerinden gaty süýşemeýär we olary seýiklemek uly bir kynçylyk döretmeýär.

**Kiliniki alamatlary.** Döwülen süňküň proeksiýasynda çiş, agyry, deformasiýa, krepitasiýa ýerli gan öýmeler gabat gelýär.

Süňkleriň diňe biriniň gyrasy döwülip ýerinden uly gozganmasa ýokardaky alamatlaryň käsiniň bolmazlygy mümkindir.

Daraklyk süňklerine agram berip basaňda onuň garşysyndaky süňk döwülen bolsa ýerli ýiti agyry döreýär.

Şikesi anyklamakda iki gapdaldan alnan rentgen şekilleri uly ýardam berýär.

**Bejerilişi.** Süňk böleklerini seýiklemeli we dyza çenli 4-8 hepde möhlet bilen gips sargysyny goýmaly.

Gips sargysy aýrylandan soň iki hepde dikeldiş bejergisini bellemeli.

Ýerli agyrsyzlandyrmaly süňk böleklerini seýikläp dört hepde möhlet bilen gips sargysyny dyza çenli goýmaly.

# IX bap

# OŇURGANYŇ ZEPERLENMELERI

Oňurganyň zeperleri göni däl mehanizmli şikeslerde gabat gelýär, ýagny oňurga sütünine çenden aşa köp agram düşse ýa-da oňyrga gaty öňe, yza epilse oňurganyň belli böleklerinde döwükler we çykyklar gabat gelýär. Oňurganyň zeperlenmeleri iki görnüşe bölünýär:

1. Oňurganyň çylyşyrymlaşmadyk döwükleri diýlip oňurga beýnisine we beýni şahajyklaryna zeperlenme ýetmese aýdylýar.

2. Oňurganyň çylşyrymlaşan döwükleri-oňurga beýnisine ýa-da onuň şahajyklaryna şikes ýetse (üzülse, gysylsa, bertikse) aýdylýar we neýrohirurglar tarapyndan bejerilýär.

*Oňurganyň çylşyrymlaşmadyk zeperlenmeleri.* Oňurganyň zeperlenmeleri köplenç anatomiki egrelýän ýerlerinde, ýagny aşaky boýun-ýokarky döş, ýa-da aşaky döş we ýokarky bil oňurgalarynda gabat gelýär. Oňurganyň döwükleri bil we döş böleklerinde çykyklary bolsa, boýun oňurgalarynda gabat gelýär.

Eger oňurganyň zeperlenmelerinde yzky baglaýjylar toplumyna şikes ýetmese durnukly, şikes ýeten ýagdaýynda durnuksyz zeperleri diýip atlandyrylýär.

Durnukly döwükler diýlip-oňurganyň gyrasy döwülse, pahna görnüşli gysylyp myşşardan döwük bölegi oňurganyň beýikliginiň ýarysyndan az bölegini myşşardan bolsa ýa-da oňurganyň gysylmagy netijesinde içki bölegi birnäçe böleklere bölünse (ýazylan döwük) aýdylýar.

Durnuksyz döwükler diýlip-oňurga döwülse we çyksa ýa-da pahna görnüşli gysylyp myşşaran meýdanyny onuň beýikliginiň ýarysyndan köp bölegini tutanda aýdylýar.

Köplenç durnukly döwükler gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Näsagyň esasy arzy zeper ýeten ýerde agyry onuň derejesi döwügiň görnüşine görä bolýar. Seredilende şikes ýeten ýeriniň töwereginde gan öýme, deriň sypyrlan ýaralary bolýar. Näsaglar özlerine amatly agyrsyz belli bir ýagdaýda saklaýarlar. Seredilende oňurga sütüniniň ýapjagazyna üns bermeli, kä döwüklerde ýapjagaz düzlenýär, ýa-da öňe yza egrelýär. Bil oňurga zeper ýetende

uly ganöýmäň netijesinde içiniň agyrmagy, peritonitiň alamatlaryny bermegi mümkin. Kähalatlarda näsagyň garyn boşlugynyň zeperlerini anyklamaklyk üçin kiçi laprotomiýa, laporosentez, laporoskopiýa operasiýasyny geçirmeli bolýar.

Oňurganyň bertigini, yzky ösüntgileriň döwügini oňurganyň özüniň döwügi bilen tapawutlandyrmak üçin Siliniň simptomy ulanylýar.

Näsagy arkan ýatyryp elini zeper ýeten oňurganyň üstünde goýup çalaja bassaň we näsag aýagyny göneldip galdyrsa bertikde agyry güýjemeýär, oňurgaň tegelegi döwülende örän agyrly bolýar.

Oňurganyň zeperlerinde döwügi anyklajak bolup, agyr hereketleri we barlaglary geçirmeli däle, sebäbi zeperlenmäniň çylşyrymlaşmagy mümkin. Rentgen şekilleri, kompýuter tomogrammasy, ýader-magnit rezonans barlaglary şikesi takyk anyklamakda uly kömek berýär.

**Bejerilişi.** Oňurga zeper ýetende näsagy emaý bilen gozgamaly we aşagy düz hem gaty nosilkalarda ýola salmaly.

Oňurganyň gysylyp myşşaran (kompressiýa) döwüklerinde ýerli we umumy narkozyň täsiri astynda seýiklemeli. Seýiklemek üçin iki sany stol gerek, onuň biri beýlekisinden 15-20 sm beýik bolmaly.

**Uotson-Jons-Belleriň usuly.** Näsagyň aýaklary pes egni beýik stolda ýüzin ýatmaly, oňurga bölegi aşak eplenip durýar we ýerbe-ýer barýar.

Dewisiň usuly-ýüzin ýatan näsagyň iki aýagyndan tutyp çekip ýokaryk galdyrmaly.

Ýöriteleşdirilen bejergi edaralarynda seýiklemek usuly ortopediki stolda amala aşyrylýar.

Oňurganyň döwülen ýeri seýiklenenden soň şol görnüşde gips korsetini goýmaly. Korseti Ýumaşewiň, Siliniň, Talambimuň usuly boýunça goýulsa beýleki ekstenzion korsetlerden tapawutlygy gips sargysynyň ugry myşsalaryň ugry boýunça geçýär, esasy korsete düşýän agramlary berkidýär we az gips binti gerek bolýar.

Oňurganyň gysylyp myşşarmasy beýikligniň üçden birinden az bolsa, seýiklemek geçirilmeýär we krowatyň baş ujyny galdyryp egninden berkidip uzynlygyna çekip durar ýaly ýagdaý döretmeli. Fizioterapiýa, bedenterbiýe we beýleki bejergiler utgaşyp alyp barmaly. Dört-alty aýdan işe ukyplylygy dikelýär.

Ýuwaş-ýuwaşdan seýiklemek usuly ýöriteleşdirilen krowatlarda arkan ýatyrmaly we onuň ortaky bölegini günde az-kemden ýokaryk galdyrmaly, näsag yza gaýşyp ýatýar, galdyrmaklygy 7-10 günlerde 10-12 sm ýetirmeli. Näsaga üç hepdeden korset goýulýar.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Süňk döwükleri açyp ýerbe-ýer goýulandan soň oňurganyň zeper ýetmedik gapdal ýa-da göni ösüntgilerini aşaky we ýokarky zeper ýetmedik oňurgalar bilen metal fiksatorlaryň kömegi bilen berkidilýär. Operatiw bejergisiniň maksady zeper ýeten oňurga düşýän güýji azaltmakdyr. Operasiýadan soň näsaglar korsetsiz bejerilýär. Durnuksyz oňurga döwülende operasiýany aşakdan we ýokardan iki zeper ýetmedik oňurga berkidýärler.

Operasiýadan soň fizioterapiýa, bedenterbiýe, owkalama bejergileri görkezilendir.

Döş oňurgalary gapyragalar bilen birigeni üçin süňk bölekleri ýerinden gaty gozganmaýar we çylşyrymlaşmaýar, onuň ýaly döwükleri seýiklemän krowatda arkan ýatyryp eginden çekiji ulgamy asyp goýmaly.

Ýokarky döş we boýun oňurgalarynda köplenç, çykyk ýa-da döwük hem çykyk goşalanyp gabat gelýär.

Bejerlişinde Glissonyň halkasyny boýundan geçirip çekilýär ýa-da kelle süňklerinden skobalaryň kömegi bilen sennik çekiji ulgamy başda 6-7 kg we döwüklerde 10-12 kg ýetirmeli. Krowatyň baş ujyny galdyrmaly.

## Oňurganyň senil döwükleri

Senil döwükleri ýaşy gartaşan adamlarda süňk osteoporozynda çala şikesden ýa-da bijaý hereketden döş we bil oňurgalarda gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Şikes ýeten oňurganyň üstünde agyry bolýar elläňde we näsag gapdalyna öwrüljek bolanda agyry güýçlenýär. Kompýuter tomogrammasy şikesi anyklamaga uly ýardam berýär.

**Bejerilişi.** Konserwatiw usuly ulanmaly, seýiklemek gerek bolmaýar. Aşagy şitli krowatda arkan ýatyrmaly we fizioterapiýa, bedenterbiýe bejergileri geçirmeli. Näsag aýaga galandan soň 4-5 aý guşakly ýa-da korsetli gezmeli.

## Oňurganyň gapdal ösüntgileriniň döwükleri

Şikeslenme köplenç bil oňurgalarda gabat gelýär. Ösüntginiň döwükleri olara birleşýän inedördül we arkanyň tegelek göni muskullary gaty dartylanda ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Ýerli agyry we göneldilen aýagyny şikes ýeten tarapynda galdyrmak örän agyrly. Kähalatlarda ökjesini ýerden galdyryp bilmeýär (ýelmeşen ökje simptomy). Göni alnan rentgen şekili, kompýuter tomogrammasy şikesi anyklaýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma, şitli krowatda arkan ýatyrmaly. Biliň muskullaryny gowşatmak üçin Wolkowiçiň hödürlän usulynda ýatsa agyrsy has-da peselýär we 3-4 hepde düşekde ýatmaly, 4-6 hepdeden işe ukyplylyk dikelýär (*65-nji surat*).

## Oňurganyň geriş ösüntgisiniň döwügi

Geriş ösüntgileri göni we göni däl şikeslerde arka urulanda, gaty zadyň üstüne arkan ýykylaňda ýüze çykýar. Birden birnäçe ösüntgileriň döwülmegi mümkin.

**Kliniki alamatlary.** Belli bir ýerde ýiti agyry we näsag egilende gaýşanda agyry güýjeýär. Döwük ýerde ganöýme, çiş we ösüntgileriň aradaşlygy üýtgändigini görmek bolýar. Eliň bilen sypalaňda (palpasiýa) döwülen ösüntginiň iki ýana süýşýändigini ortaky okdan gapdala gidendigini hem görmek bolýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma 1%-li nowokain ergininiň 5-10,0 goýbermeli. Düşekde 2-3 hepde ýatmaly. Işe ukyplylyk 3-5 hepdeden dikelýär.

## Ösüntgilerüsti we ösüntgilerara baglaýjylaryň zeperlenmeleri

Ösüntgileriň baglaýjylarynyň zeperlenmeleri köplenç boýun we bil oňurgalaryň ösüntgileriniň arasynda birden çendenaşa öňe egilende ýa-da gaýşanda gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Arkada zeper ýeten ýerinde ýerli agyry, egilende güýjeýär. Seredilende kähalatlarda ganöýme, çiş kesgitlenýär. Baglaýjy doly üzülende iki ösüntginiň arasyna basaňda barmak içine gidýär. Agyry bili gypjynandaky ýaly bolup, bir ýagdaýda ýatsa kemelýär. Oňurgalaryň arasyndaky hereket şikes ýeten ýerde agyryň artnagyna getirýär.

Näsaglar tiz ýadaýar, şikes ötüşse oňurgara ingä getirmegi mümkindir. Rentgen şekillerde anyklamak kyn, ýöne beýleki şikeslerden tapawutlandyrmak üçin hökmandyr.

Zeper ýeten baglaýjyny 2%-li nowokainiň 5,0 ml bilen agyrsyzlandyrsaň baglaýjyň zeperinde agyry doly aýrylýar we osteohondrozda agyry aýrylmaýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma (2%-li nowokain ergini 5,0 ml) -düşekde arkan aşagy şitli krowatda 3-6 hepde ýatmaly. Analgetikler, fizioterapiýa we bedenterbiýe bejergileri görkezilendir.

Bejergini korsetleri ulanyp geçirseň hem bolýar. Baglaýjylar doly üzülse we geçirilen konserwatiw bejergi kömek bermese operasiýa edip, ýerli plastika ýa-da lawsan lentalary ulanyp baglaýjylary berkidilýär.

Operasiýadan soň üç hepde düşekde arkan ýatmaly we turandan soň bir ýyllap göwräni gaty öňe egmeli däl. Işe ukyplylygy 12-14 hepdeden dikelýär.

Oňurganyň çylşyrymlaşan döwükleri hakda neýrohorurgiýa kitabynda doly berilen.

# X bap

# ÇANAKLYK SÜŇKLERINIŇ ZEPERLENMELERI

Çanaklyk süňkleriniň zeperlenmeleri agyr şikeslere girýär we ähli süňkleriň döwükleriniň 5-7%-ni tutýar. Çanaklyk süňkleri göwräniň agramyny aşaky ujaklara geçirip, göwräniň daýanjy bolup hyzmat edýär. Çanaklyk süňkleri öýjük-öýjük (gubka) görnüşli süňkler bolup, olaryň döwükleri uly ýerli gan akma, takmynan 1,5-2 litre çenli gan akýar, we nerw damarlarynyň şahalary bilen hemme taraplaýyn örtülendigi üçin şikeslerinde ýiti agry ýüze çykýar we onda şok ýagdaýy kän gabat gelýär.

**Çanaklyk süňkleriniň döwükleriniň bölünişi (toparlamasy):**

1. Çanaklygyň gyralarynyň döwükleri çanaklyk halkasynyň emele getirmäge gatnaşmaýan agzalarynyň döwügi. Ýanbaş süňküniň ganatlary, çykyntgylary, otyrýer süňkleriniň tümmejikleriniň, guýmaç süňküniň kese we türre süňküniň döwükleri.

2. Çanaklyk süňküniň çanaklyk halkasyny emele getirýmäge gatnaşýan, ýöne onuň yzygiderliligini bozmaýan döwükler bir ýa-da iki taraplaýyn gasyk süňküniň bir şahasynyň, bir ýa-da iki taraplaýyn, otyrýer süňküniň şahasynyň, gasyk süňki bir tarapyndan we otyrýer süňki beýleki tarapyndan döwülen şikesler girýär.

3. Çanaklyk süňkleriniň çanaklyk halkasyny emele getirip, onuň yzygiderliligini bozýan döwükleri. Guýmaç süňküniň dik döwükleri, guýmaç ýanbaş çatynyň açylmagy, ýanbaş süňkleriniň dik döwükleri, gaşyk süňküniň şahajyklarynyň ikisiniňem bir ýa-da iki taraplaýyn döwügi, gaşyk we otyrýer süňkleriniň bir ýa-da iki taraplaýyn döwükleri (kebelek görnüşli döwük) we oňki çatyň açylmagy girýär. Şular ýaly şikeslerde çanaklygyň daýanç hyzmaty ýitýär.

Çanaklyk süňkleriniň öňki we yzky ýarym halkalarynyň birden döwülmegi (Malgeniň döwükleri). Şu döwüklerde çanaklygyň daýanjy iki taraplaýyn ýitýär. Şikes çanaklyk halkasynyň bir ýa-da iki taraplaýyn döwülmegi, bilen ýa-da yzky halka üzülip öňünden çat açylmagy bilen tapawutlanýar (*64-nji surat*).

**Ýanbaş süňküniň aýlawaç çukrunyň döwükleri.** Aýlawaç çukrunyň gyralarynyň, üçeginiň we düýbüniň döwükleri girýär. Düýbüniň döwükleri but süňküniň kellejiginiň merkezi çykygy bilen gabatlaşyp gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Çanaklygyň şikesleriniň köpüsi şok ýagdaýyna getirýär. Güýçli agyry we köp gan ýitirme şikesi agyrlaşdyrýar. Garyn boşlugynyň arka tarapyna, böwrege golaý kletçatka gan toplumy ýygnananda peritonitiň klinikasyny berýär.

Tapawutlandyrmak üçin ultrases, kompýuter tomogrammasy uly kömek berýär. Kähalatlarda laprosentez-laproskopiýa operasiýalaryny geçirip anyklamaly bolýar. Umumy agyrsyzlandyrmadan başgada, hökman ýerli nowokain blokadasyny geçirmeli ýogsam barlanan wagty, şok ýagdaýyna düşmegi mümkin.



**64-nji surat. Çanaklyk süňkleriniň döwükleri**

*Ýerli Skolnikow-Seliwanowyň nowokain blokadasynyň usuly.* Näsagy arkan ýatyrylýar, ýanbaş süňküniň öňki ýokarky çykyntgysyndan 1 sm iç ýüzünden uzyn 14-15 sm iňňäni dik sançmaly, iňňäň hereketi 0,25%-li nowokain ergininiň goýberilmegi bilen amala aşyrylýar. Iňňäň ujy ýanbaş süňküniň içine sydyrdyp gitmeli we 12-15 sm çuňlukda iňňäň ujy ýanbaş süňküniň düýbine, direýär şol ýerik 0,25%-li nowokain ergininiň 200-250,0 ml goýberilmeli. Eger şikes iki taraplaýyn bolsa, blokadany iki taraplaýyn geçirmeli.



**65-nji surat. Oňurgalar we çanaklyk süňkleri döwülende näsagy ýatyrmaklyk usuly (Wolkowiçiň usuly)**

## Çanaklygyň gyralarynyň döwükleri

Çanaklygyň öňki ýokarky çykyntgysynyň döwügi. Ýerli agyry, çiş, ganöýme bolýar. Döwülen çykyntgy birigýän muskullaryň dartylmagynda aşaky-daş tarapa süýşýär. Kähalatlarda näsag öňe ýörejek bolanda muskullaryň döwük bölegini dartyp agyryny güýçlendirýär, şonuň üçin näsaglar yzyna ýöränini kem görmeýär (Losinskiniň simptomy).

**Bejerilişi.** Döwülen ýere 1%-li nowokain ergininiň 15-20,0 ml goýbermeli, aşagy gaty düşekde arkan iki hepde ýatyrmaly. Analgetikleri sanjym etmeli.

## Ýanbaş süňküniň ganatynyň we aýlawaç çökediniň gyralarynyň döwükleri

Ýanbaş süňküniň ganatyna basanyňda güýçli agyry ýüze çykýar. Çiş, ganöýme we süňk bölekleriniň şykyrdysy bildirýär (*66-njy surat*).

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma geçirip näsagy arkan ýatyrmaly aýagyny Belleriň seýginde gomaly. Fizioterapiýa, bedenterbiýe bejergilerini geçirmeli. Ýanbaş süňküniň ganaty döwülip ýerinden gaty süýşen bolsa, näsagy gamakda ýatyryp süňkleri seýiklemeli.



**66-njy surat. Çanaklyk süňküniň aýlawaçlar çökediniň döwükleriniň görnüşleri**

## Guýmaç we türre süňkleriniň kese döwükleri

Ýerli agyry, çiş, ganöýmeden başga-da, näsag oturanda uly täretinde agyry güýçlenýär. Eliň bilen daşyndan we barmak bilen göni içegeden sypalaňda ýerli agyry bildirýär. Rentgen şekilleri we kompýuter tomogrammasy şikesi anyklaýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrmany 1%-li nowokain ergininiň 20,0 ml goýberip geçirilýär. Näsagy arkan şitli krowatda ýatyrmaly we pagtaly ýassyjaklaryň kömegi bilen şikesli süňk düşege degmez ýaly ýagdaý döretmeli ýa-da gamakda ýatyrmaly, içini ýumşadyjy dermanlary, melekli şemjagazlary ulanmaly.

Türre süňküniň çykygynda göni içegeden barmak bilen ýerine salyp bolýar. Türre süňküniň döwüginde içegäň içinden basyp seýiklemek gadagandyr, sebäbi ownuk süňk bölekleri içegäni ýaralamgy mümkin.

## Çanaklyk süňkleriniň çanaklyk halkasynyň yzygiderliligini bozmaýan döwükleri

Göni şikeslenmede ýüze çykýar, kähalatlarda çanaklyk iki taraplaýyn gysylsa döwülýär. Näsaglaryň umumy ýagdaýlary orta tapda, gasyk süňki döwülende çata basaňda agyry güýçlenýär, otyrýer süňki döwülende agyry ýamzynda hereket edende has artýar. Köplenç Gabaýyň simptomy gabat gelýär-näsag ýatan ýerinden beýleki gapdalyna agdarlanda şikesli aýagyny şikessiz aýagynyň injigi we dabany bilen saklaýar. Çanaklygy gapdal taraplaryndan basanyňda döwülen ýerde agyry artýar. Kähalatlarda näsaglar şikesli tarapynda ökjesini ýerden galdyryp bilmeýär.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma geçirilenden soň näsag aşagy şitli krowatda arkan ýatmaly. Şikesli tarapyndaky ujagy Belleriň seýginde goýmaly, iň gowysy näsag Wolkowiçiň usuly boýunça ýatsa amatly (gurbaga görnüşli). Näsagyň dyzynyň aşagynda eplenen düşek goýmaly dyz bognuny iki gapdala açyp ökjeler bir-birine degip durmaly (*65-nji surat*). Düşekde 5-6 hepde ýatmaly fizioterapiýa, bedenterbiýe bejergileri görkezilen. Işe ukyplylygy 10-12 hepdeden dikelýär.

## Çanaklyk süňkleriniň çanaklyk halkasynyň yzygiderliligini bozýan döwükleri

Çanaklygyň öňki ýarym halkasy üzülende näsaglar gasyk-ýamyz böleginde agyryň bardygyna arz edýärler, ujaklaryň hereketi örän agyrly. Çanaklygy gapdallaryndan gysmaklyk agyrynyň güýjemesine getirýär. Näsaglar belli bir kadaly ýagdaýy saýlap alýarlar we şol görnüşde ýatýarlar. Näsag şikesli tarapynyň ökjesini ýerden galdyryp bilmeýär (ýelmeşen ökjäň simptomy). Rentgen şekilleri şikesiň görnüşini anyklamaga uly kömek berýär.

**Bejerilişi.** Çanaklygyň öňki ýarym halkasy üzülen döwüklerinde näsag aşagy şitli krowatda Wolkowiçiň hödürlän usuly boýunça arkan ýatmaly we iki hepdeden fizioterapiýa we bedenterbiýe bejergilerine başlamaly. Düşekde 6-7 hepde ýatmaly.

Iki taraplaýyn döwülip ýerinden süýşen döwüklerde gamakda ýatyrmak has amatly we süňkleri seýiklemäge ýardam berýär. Öňki çatyň açylmagynda ýerli agyry, basyp göreniňde çata barmak sygýar, ýörände gaz basyşly ýaýkydyklap ýöreýär. Çatyň açylmagy köplenç zenanlarda akuşer tejribesinde gabat gelýär, ýagny çaga uly bolup çanaklyk halkasy dar bolsa, çaga doganda çat açylýar.

Näsaglary gamakda ýatyrmaly we rentgen şekilleriniň görkezişi boýunça ýüki ylaýyklamaly. Eger çat ýerine barmasa we açyklyk 3-4 sm uly bolsa, operasiýa edip ýerine çatmaly. Erkek adamlarda demir plastina bilen berkidilsede bolar. Zenanlarda operasiýa edilip demir bilen berkidilse hökman 5-6 aýdan aýyrmaly.

**Yzky ýarym halkanyň üzülen döwüklerinde** – näsag sag gapdalyna gyşaryp ýatýar, ujaklaryň hereketi agyry sebäpli çäklenen. Eliň bilen sypalap görülende deformasiýany, ýerli agyryny, süňkleriň şykyrdysyny anyklanýar. Rentgen şekilleri we kompýuter tomogrammasy şikesi doly anyklaýar.

**Bejerilişi.** Ýerli agyrsyzlandyrma geçirilenden soň gamakda 6-8 hepde möhlet bilen ýüzün ýatmaly. Ýerinden gaty gozganan döwükde şikesli tarapynyň ujagyndan skelet çekiji ulgama goýulýar. Işe ukyplylygy 3-4 aýdan dikelýär.

**Çanaklyk süňkleriniň döwülip öňki we yzky ýarym halkaň yzygiderliligi bozulan döwükleri (Malgeniň döwükleri).** Iň agyr şikesleriň hataryna girýär we köplenç şok ýagdaýy ýüze çykýar. Seredilende çanaklyk bir tarapa gyşaran, assimetriýa. Ganöýme we çiş ýanbaşyna, ýamzyna ýaýraýar. Çanaklygyň assimetriýasy döş süňküniň aşak başyndan çanaklygyň öňki ýokarky çykyntgylarynyň aralaryny iki taraplaýyn ölçäp bilip bolýar. Rentgen şekilleri we kompýuter tomogrammasy şikesi anyklamaga ýardam berýär. Şikesde çanaklygiçre ýerleşen synalaryň esasan, peşew çykaryjy synalaryň zeperi gabat gelmegi mümkin we haýal etmän anyklap urologyň seretmegi hökmandyr.

**Bejerilişi.** Çanaklygiçre Skolnikow-Seliwanowyň blokadasyny ýerine ýetirmeli. Şoga garşy göreş çäreleri kän gan ýitiren bolsa, gan we ganyň komponentlerini guýmaly. Näsag düşekde şitli krowatda arkan ýatyrylýar we iki taraplaýyn skelet çekiji ulgam goýulýar. Agramy kem-kemden 14-15 kg ýetirmeli. Aşaky ujaklary iki gapdala açmaly, agyr ýüki näsag saklap bilmese krowadyň aýak ujyny galdyrmaly ýa-da egninden halkalary geçirip baş ujyna daňmaly. Eger yzky döwükler öň tarapyndan çatyň açylmagy bilen gabat gelse, ujaklaryň çeküwini gamakda ýatyrmak bilen bile geçirmeli-düşekde ýatmaly möhleti 10-12 hepde.

**Aýlawaç çökediniň döwükleri.** Eger aýlawaç çökediniň düýbi döwülse we but süňküniň kellesi merkezi çykyk ýagdaýynda bolsa-bogunda hereket gaty çäklenen we örän agyrly, but süňküniň uzynlygy gysgalan. Uly aýlawajyň ýokarkysy gyrasy Rozer-Nelatonyň çyzygyndan ýokarda ýerleşýär.

**Bejerilişi.** Ýerli nowokain blokadasyny boguna 2%-li nowokain ergininiň 20,0 ml goýberip geçirmeli. Aşaky ujagy skelet çekiji ulgamda 7-8 kg ýük bilen ugruna çekmeli. Rentgen şekillerinde but süňküniň kellesi öňki kaddyna gelenligi anyklanýar we 6-7 hepde şol görnüşde ýatýar. Çökediň üçegi ýa-da yzky gyrasy döwülse skelet çekiji ulgam goýup süňk bölekleri seýiklenýär. Eger seýiklemek başartmasa operasiýa etmeli döwülen bölegi ýerine getirip çişleriň ýa-da burmaly çüýüň kömegi bilen berkidilýär. Fizioterapiýa we bedenterbiýe bejergilerini geçirmeklik artroz ýagdaýynyň öňüni almaklyga ýardam berýär.

## XI bap

# SÜŇK ŞIKESLERINDE GABAT GELÝÄN ÇYLŞYRYMLAŞMALAR WE BEJERGI DÖWRÜNDE GOÝBERILÝÄN ÝALŇYŞLYKLAR

**Trawmatiki şok.** Şikes sebäpli güýçli agyrynyň we köp gan ýitirmekligiň netijesinde ýaşaýyş üçin möhüm ulgamalaryň kadadan çykmagyna trawmatiki şok diýilýär.

Şok ýagdaýy çanaklyk, döş, oňurga, but we injik süňkleri bölekleýin döwülende esasan, köp we utgaşyk şikeslerde köp gabat gelýär we ähli şikesleriň 2-3%-ini tutýar.

Beden şok ýagdaýyna düşende gan aýlanyş, ýürek-damar, dem alyş ulgamlary, bikada işläp kislorod ýetmezçiligi, ýagny gipoksiýa ýagdaýy ýüze çykýar. Näsagyň şok ýagdaýyna düşmekligine şikesden başga-da, sosial ýagdaýy, aç-hor bolmagy, howanyň aşa sowuk ýa-da gyzgyn bolmagy ýagdaýyny has agyrlaşdyrmagy mümkindir.

1. Erektil fazasy - näsag aňynda, ýüzi ak bolup köp gepleýär, ýöne näme gürleýänini bilmeýär kähalatlarda soraga dogry jogap berýär, gygyrýar özüne näme bolanyny bilmän ýerinden galjak bolýar. Muskullaryň güýçli dartylmagy sebäpli näsagy bir ýagdaýda saklamak örän kynçylyk döredýär. Dem almasy kadadan çykýar we çaltlaşýar. Pulsy güýçlenýär gan basyşy gan damaryna adrenaliniň köp gelmegi sebäpli wagtal-wagtal ýokarlanýar. Erektil faza näçe gysga wagt dowam etse, şok ýagdaýy şonça-da agyr geçýär.

2.Torpid fazasy. Näsagyň psihikasy üýtgeýär, aňy peselýär, soraglara jogap bermeýär, agyryny duýujylygy pese gaçýar ýa-da ýitýär, damarynyň urşy çaltlanýar we durnuksyz, gan basyşy gitdigiçe pese gaçýar. Endamy ap-ak bolup, owunjak derleýär, refleksleri ýitýär, ýokardan çalt-çaltdan bikada dem alýar.

Kliniki alamatlaryna görä şok ýagdaýy yzygiderli dört derejä bölünýär: 1. Şoguň 1-nji derejesi (ýeňil şok)-näsag aňynda, umumy ýagdaýy orta tap. Göreçleri ýagtyny duýýar, gan basyşy 100 mm simap sütüninde, pulsy bir minutda 100 urgy. Aýlanýan ganyň mukdary (Agm) 30%-çenli azalan, dem alyşy bir minutda 20-20 gezek.

2. Şoguň 2-nji derejesi - näsagyň ýagdaýy agyr, aňynda, soraglara dogry jogap berýär, endamy ak, owunjak derleýär, göreçleriň ýagtyny duýujylygy peselen. Gan basyşy 90/50-80/40 mm sim. süt., pulsy 120 urgy bir minutda, demini ýokardan çalt-çaltdan alýar, Agm-35% çenli azalan.

3. Şoguň 3-nji derejesi - näsagyň ýagdaýy örän agyr, gan basyşy 70/30-60/30, pulsy bir minutda 130 we ondan hem köp urgy, Agm-45% çenli azalan, dem almasy ýokardan bikada we çalt-çaltdan alýar.

4. Şoguň 4-nji derejesinde-näsag terminal ýagdaýda, gan basyşyny ölçäp bolmaýar pulsy diňe uly damarlarda çala tirpildäp bildirýär, dem alyşy Çeýn-Stoksyň ýa-da Kusmulyň beýan edişi ýaly we şu ýagdaý ölüm halynyň öň ýany, ölüm halynda we kliniki ölüm ýagdaýy diýlen yzygiderli 3 görnüşe bölünýär.

**Bejerilişi.** Näsagy ýyly otagda ýatyrmaly, agyryny aýyrmaly. Agyryny aýyrmak üçin narkotiki dermanlary (promedol 1%-li-1,0, pantoponyň 1%-li-1,0, morfiniň 1%-li-1,0) haýsam bolsa, birini sanjym etmeli. Näsagyň ýaýjyk asty wenasyna katetr goýmaly we:

1.Poliglýukiniň 450,0 d/i

2,5%-li glýukozanyň 500,0 ml erginini + Wit C 5%-li-8,0 + insulin G birligini garyp goýbermeli.

3.Gan basyşy gitdigiçe aşaklap ugrasa narkotiki dermanlary sanjym etmeli däldir, sebäbi olar merkezi beýni ulgamyna dem alyş merkezini täsir edip ýagdaýy has agyrlaşdyrmagy mümkindir.

4.Trawmatiki şikeslerde agyryny nowokain blokadalarynyň kömegi bilen aýrylsa gowy: ujaklaryň şikeslerinde ýerli blokadal, çanaklygyň zeperlerinde Skolnikow-Seliwanowyň usuly boýunça, ýanbaşyň, oňurganyň we garnyň zeperlerinde-böwrege golaý nowokain blokadasy we başgalar.

5.Dem almany kadalaşdyryjy dermanlary (mezaton, lobelin, eufilin) sanjym etmeli.

6.Ýürek-damar ulgamynyň kadaly işlemegine ýardam beriji dermanlar (sulfokamfokain, kamfora, ýürek glikozitleri).

7.Reopoliglýukiniň erginini 450,0 ml.

8.Ganyň natiw plazmasyny 200,0-400,0 ml.

9.Näsag gan ýitiren bolsa, az-azdan bir topary gan goýbermeli.

10.Kortikosteroid gormonlary, witaminleri sanjym etmeli.

Näsag terminal ýagdaýda bolsa, ilki ýüregiň işini kadalaşdyrmaly, daşky owkalama, kardiostimulýatorlary ulanmaly.

Dem almany kadalaşdyrýan çäreleri geçirmeli we özi alyp bilmese emeli dem aldyrýan apparata geçirmeli.

**Tromb-emboliýasy.** Trombo-emboliýa çylşyrymlaşmasy uly süňkler döwülende esasanam, but, injik, çanaklyk süňkleriniň ýapyk döwüklerinde gabat gelýär. Süňk döwülende ýakynyndan geçýän gan damarlarynyň ujunda gan lagtalanýar we tromba öwrülýär, tromb damaryň içinde damaryň diwaryna ýelmeşip durýar. Näsag bijaý hereket etse ýa-da näsagy agdarlanda, gips sargysyny goýmaga äkidilende tromb ýelmeşip duran ýerinden gopýar we öýken arteriýasyny bitirýär. Trombo-emboliýa çylşyrymlaşmasy şikesliniň trobm wena damarlarynyň ýetmezçiliklerinde, flebitlerde, bertiklerde, damarlaryň şikeslerinde köp gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary** - döş kapasasynyň bir böleginde güýçli agyry ýüze çykýar, dem ýetmezçiligi, gorky, ýürek bulanma, baş aýlanma bir salymdan endamynyň gyzgyny galýar, g/b pese gaçýar. Ýürek urgysy çaltlanýar, dodaklary gögerýär, duluklary gyzarýar, demi gysýar we endamy ap-ak bolýar. Auskultasiýa zeper ýeten tarapynda demi peselýär az wagtdan plewranyň sürtülmegi eşdilýär. EKG-infarktyň alamatlaryna meňzeş bolýar, rentgen şekilinde döş kapasasynda pnewmoniýanyň alamatlary gabat gelýär.

**Öňüni alyş çäreleri** - şikes alana ilki sagatlary hökman gany suwuk ýagdaýda saklar ýaly damaryndan 5%-li glýukoza, natriý hlor, dekstroza Ringeriň ergini ýaly dermanlary goýbermeli.

Antikoagulýant dermanlaryň (aspirin, trantal) birini bermeli.

**Bejeriş çäreleri** geparin d/i 100000 bir we 100000 birlik fibronilizin ýa-da streptaza damja görnüşde 6 sagadyň dowamlygynda. Ganyň lagtalanmagyny 20 min geçirilýär çenli peseltmeli.

Soňra geparin her dört sagatdan 5000 birlik goýbermeli. Iki gün geçgenden soň gepariniň bir günki dozasyny 2000, dört gün 1000 birlik getirmeli, alty günden soň ganyň lagtalanmagy kadalaşan soň antikoagulýantlaryň göni däl täsir edýän dermanlaryna fenilin 0,03 x 3 gezek, reopoliglýukin 800,0 g/i, Wit.PP-3,0, wit.C 5%-li-4,0; 0,25%-li -150,0 nowokain; 5%-li glýukoza, no-şpa-2,0; skopolamin 2,0 m/i.

Angiografiýa anyklaýjy enjamlaryň ösmegi bilen wagtynda anyklap we katetriň kömegi bilen trombda kanal döredip, soňra tromby eredýän erginleri göni öýken arteriýasyna goýberip (streptaza) 250,000 birlik 15-20 min dowamlylygynda, soňra 1000000 birlik streptazany damja görnüşde 6-7 sagadyň dowamlylygynda goýbermeli.

**Ýagly emboliýa** - uly süňkler döwülende gabat gelýän çylşyrymlaşmalaryň biri, esasan but, injik, çanaklyk, çigin süňkler döwülende köp gabat gelýär. Şikes alan 20-30 ýaşyndaky uly injik süňki, 60-70 ýaşda but süňküniň boýunjygy döwülende köp gabat gelýär. Uly süňkler döwülende süňküň içindäki ýaglar ýag damjajyklary limfa we wena gan damaryna düşüp öýkeniň kapillýarlaryny bitirýär.

Iki nazaryýetiň esasynda güýçli agyrynyň we ganyň ýitirilmeginde damaryň içindäki ergin ýag emulsiýasy ýag damjajyklaryna öwrülip öýken kapillýarlaryny bitirýär kiçi ýag damjajyklary kapillýarlardan geçip beýniň kapillýarlaryny hem ýapmagy mümkin, şonuň üçinem ýag emboliýasynyň öýken we beýni görnüşleri bolup bilýär we kähalatlarda iki görnüşiniň hem bir näsagda gabat gelmegi mümkin.

**Alamatlary.** Döş kapasasynda owunjak ganöýmeler, owunjak örgünler eliň iç tarapynda, garynda, gözüň agynda, agyz boşlugynda-da gabat gelýär. Näsagyň peşewinde ýag bolýar. Ganyň analizinde HB-pese düşýär. Öýken formasynda näsagyň demi gysýar, dodaklary gögerýär, üsgürýär, ýüregi çalt urýar, g/b pese gaçýar. Öýken arteriýasyny uly şahalarynyň biri bitse, onda ýiti howa ýetmezçiligi ýüze çykyp näsag tiz ýogalýar. Beýni formasynda-näsagyň başy aýlanýar, kellesi agyrýar, gözleri garaňjyraýar, aňy ýitýär, gusýar, damarlary çekýär.

**Bejerilişi.** Näsag düşekde ýatmaly, antikoagulýant dermanlary bermeli, proteaz fermentleriň ingibitorlary bolan trasilol, kontrikal, amino-kapron turşusyny sanjym etmeli, gemodez, reopoliglýukin, eufillin, kokarboksilaza, gidrokartizon, kordiamin, strofantin dermanlaryny bir hepde bermeli, damariçre glýukozanyň, dekstrozanyň erginlerini antigistamin dermanlar bilen sanjym geçirmeli.

Gerek bolan ýagdaýynda kislorod ingalýasiýasyny geçirmeli.

**Öňüni alyş çäreleri** - döwük ýerlerini hereketsizlendirmeli, agyryny aýyrmaly, şoga garşy göreş çäreleri, ýapyk döwüklerde döwülen ýerine ýygnanýan gany punksiýa edip aýyrmaly, operasiýa wagtynda süňküň içindäki gan damara düşmez ýaly çäreleri geçirmeli.

**Osteomiýelit** - süňküň içine, süňk örtügine we süňki örtýän ýumşak dokumalara hapa düşüp iriňlemegine aýdylýar. Köplenç ýagdaýda süňk ýiligine stafilakokk mikroby düşýär. Osteomiýelit ýagdaýy ok ýaralarynda, ýa-da açyk döwüklerde ýumşak dokumalar mynjyrap ýara toprak düşende köp gabat gelýär. Osteomiýelitiň görnüşleri:

1. Eger gan bilen mikrob baryp döwük ýerini ýa-da süňki iriňletse oňa gan osteomiýeliti diýilýär (gematogennyý).

2. Ok ýarasyndan mikrob düşüp iriňlese-okdan ýeten ostemiýelit diýilýär.

3. Döwük ýerindäki gan toplumyna mikrob düşüp iriňlese, onda trawmadan soňky osteomiýelit diýilýär.

4. Operasiýa edilende mikrob düşüp ýara iriňlese-operasiýadan soňky osteomiýelit diýilýär. Şikes alanlaryň osteomiýelit bolanlaryň 50% trawmadan soňky 3%-li-oprerasiýadan soňky osteomiýelitdir. Açyk döwüklerde osteomiýelit ýagdaýy ýüze çyksa, onda ilkinji hirurgiki operasiýanyň doly göwrümde edilmändigini, drenažlaryň goýulmandygyny, gan akýan damarlaryň saklanmandygyny aňladýar.

Açyk ýaralarda operasiýa edilende aseptikanyň we antiseptikanyň kadalary doly berjaý edilmese, ilki operasiýa edilen ýeri iriňleýär, ownuk süňk bölekleri iriňläp ýaradan çykýar. Oňa sekwestrler diýilýär, eger süňküň içine demir fiksatorlar kakylanda iriň süňküň içine ýygnanyp hemme ýerine barýar.

**Alamatlary.** Döwük ýeri, ýara operasiýa edilen ýeri agyrýar, gyzgyny galýar, üşedýär, derleýär, palpasiýa edilende döwük ýere suwuklyk ýygnanany mälim bolýar, ýara açylanda ol ýerden iriň çykýar. Wagtynda öňüni almasalar könelşen osteomiýelite (hroniçeskiý) geçýär, onda ýara ýerinde iriň çykyp duran deşik emele gelýär, agyry peýda bolýar, kähalatlarda swişlerden süňk bölejikleri çykýar. Osteomiýelit bolan ýagdaýynda süňküň döwülen ýeri bitmän ýalan



**67-nji surat. Uly injik süňküniň ýalan bogny**

bogunlar, eger uly süňk bölegi çüýrän sekwestr bolup çyksa, onda süňk ýetmezçiligi (defekt) ýüze çykýar.

**Bejergi çäreleri** - antibiotiklermikroby barlap haýsy antibiotigiň gowy täsir edýändigini bilmeli. Operasiýa – – (osteomiýelit) bolan ýerini giň açyp drenirlemeli: çüýrän çüňkleri aýyrmaly. Intoksikasiýany peseldiji dermanlary sanjym etmeli. Eger operasiýadan soň iriňläp osteomiýelit bolan bolsa, onda içindäki fiksatory aýyryp Ilizarowyň apparatyny ulanmaly.

**Ýalan bogunlar** - iki görnüşde bolýar: 1) doga ýalan bogunlar, bu ýagdaý çaga dogmanka enesi ýa-da çaga kesellese haýsy hem bolsa süňk osteogenezinde ýetmezçilik bolan ýagdaýynda emele gelýär. Süňkler döwülende esasanam, açyk döwüklerde, ok ýaralarynda, ýara iriňlese döwülen ýeri bitmän emeli ýalan bogun emele gelýär. Köplenç halatda ýalan bogun uly injik süňküniň orta we aşaky bölegi döwülende, but süňkünniň boýunjygy döwülende, goşar süňkleriniň orta böleginde emele gelýär, but süňküniň we çigin süňküniň döwüklerinde az gabat gelýär. Ýalan bogun süňkleriň ýumşak dokumalar bilen sähelçe örtülen ýerlerinde, gan aýlanyjy az ýerlerde köp gabat gelýär (*67-nji surat*).

Ýalan boguna eltýän halatlar:

1. Süňkler dogry we doly seýiklenmedik ýagdaýynda.
2. Süňk bölekleriniň arasynda ýumşak dokumalar düşende.
3. Nädogry ýa-da gaýta-gaýtadan hereketsizlendiriji sargylar çalşylyp durulsa.
4. Süňk ýetmezçiligi ýüze çykanda.
5. Operasiýa edilende fiksatorlaryň ylaýygy ulanylmadyk bolsa (*68-nji surat*).

**68-nji surat. Çigin süňküniň operasiýadan soňky ýalan boguny**

6. Skelet çekiji ulgam goýulanda gereginden artyk ýük asylan bolsa.

7. Owkalama, bedenterbiýe bejergileri örän ir döwürlerinde ulanylsa.

8. Operasiýada ýumşak dokumalary zaýalansa ýa-da operasiýadan soň gowy hereketsizlendirilmese.

9. Osteomiýelit ýagdaýy ýüze çyksa.

Bulardan başga-da, käbir ýagdaýlar, ýagny: näsag endokrin keselleri bilen ejir çekýän bolsa, ýokanç keseller bilen kesellese, şöhle keseli bilen kesellese, köp ýerinde esasan, beýnä agyr şikes ýeten bolsa, ýalan bognuň döremegine getirip biler.

**Alamatlary.** Döwük ýeri bitmän şol ýerde bitmeli wagtyndan soň hereket ýüze çykýar, näsag agsaklaýar, ýumşak dokumalarda atrofiýa we deformasiýa bolýar. Rentgen şekilinde döwük ýeri bitmän, bitmedik zolak görünýär, süňk kanalynyň uçlary bitýär, süňklerde osteoporoz ýagdaýy görünýär.

**Bejerilişi.** Operasiýa etmeli, açyk ýa-da iriňli ýaralar bolsa, süňkde defekt bolsa, onda Ilizarowyň apparatyny goýmaly. Operasiýa edilýän wagty süňk kanallaryny açmaly, süňkleri ýerbe-ýer goýmaly we berk berkitmeli. Örän köp operasiýa görnüşleri hödürlenen, şolaryň esasylary goşmaça döwülen ýere başga ýerden alyp süňk transplantatyny goýmakdyr.

**Bogun kontrakturasy**. Bogna golaý süňk döwüklerinde, bogny emele getirýän baglaýjylaryň, ýumşak dokumalaryň şikeslerinde, süňkler dogry seýiklenmese, döwük ýeri gereginden artyk gips sargylarynda dursa - bogunlarda hereket çäklenýär we şoňa kontraktura diýilýär. Kontrakturanyň amplitudasy burç ölçeýjiler bilen ölçelýär. Bogunda (razgibaniýe) çäkli bolsa, onda (sgibatelnyý) kontraktura diýilýär we tersine bognuň haýsy hereketi çäklense garşydaş hereket ediji muskullar kontraktura ýagdaýynda bolýar we şoňa görä-de atlandyrylýar.

Gelip çykyşyna görä kontrakturalaryň birnäçe görnüşi bolýar:

1. Bogun kontrakturasy (artrogen) bu ýagdaý bogunlaryň kesellerinde (poliartrit, artrit, inçekesel we sifilis artritleri), şulardan başgada, bogny emele getiriji dokumalaryň şikeslerinde gabat gelýär.

2.Deri kontrakturasy (desmogen) ýanyklardan soň, operasiýalardan soň deride çekiji rubesleriň bolmagy sebäpli bolýar.

3. Baglaýjylaryň kontrakturasy (tendogen) - baglaýjylaryň we siňirleriň şikeslerinde, ýumşak muskul bilen birigende emele gelýän ýagdaý.

4. Muskullaryň kontrakturasy (miogen)-muskullaryň zeperlerinde we üzülmeginde emele gelýär.

5. Nerw kontrakturasy (newrogen)-bogunlarda hereket edende agyry peýda bolsa we belli bir ýagdaýda agyrysy aýrylsa näsaglar agyrmaýan ýagdaýda saklap uzak hereketsiz bolup, kontraktura ýagdaýyna getirýär.

6.Ysmaz kontrakturasy (paralitik)-merkezi beýnä ýa-da oňurga beýnisine şikes ýetende elde ýa-da aýakda ysmaz ýagdaýy emele gelip, soňra bogunlarda hereketiň çäklenmegine getirýär.

Dýupýutreniň kontrakturasy-bu keseliň etiologiýasy näbelli we aýanyň aponewrozy fibroz dokumalar bilen örtülip aşaky dokumalar, siňirler; damarlar we deri bilen birigýär, munuň özi barmalaryň ýuwulmagyna we hereketiniň çäklenmegine getirýär. Bu kesel IV-V barmaklary kähalatda III barmagy hem çäkli saklaýar. Bu kesel bilen kesellän näsaglaryň iş ukyplylygy pese gaçýar, barmaklary ýazylmaýar. Esasan, keseliň 80-90% erkek adamlarda gabat gelýär, agyrysy bolmany üçin lukmana giç ýüz tutýarlar.

**Bejerilişi.** Operasiýa edip zeper ýeten aponewrozy emaý bilen kesip aýyrmaly.

**Folkmanyň kontrakturasy** - gaýrüzülmäniň gelip çykyşyny we alamatlaryny ilkinji bolup 1881-nji ýylda Folkman ýazypdyr. Bu kontraktura esasanam, ýaş çagalarda köp gabat gelýär. Çigin süňküniň aşaky bölegi döwülende we goşar süňkleriniň aşaky bölegi döwülip gips sargysy goýulanda, sargy gysyp geçýän gan we nerw damarlaryny gysýar, eger wagtynda bilinip sargy gowşadylmasa kontraktura emele gelip bejermesi kyn çylşyrymlaşmalara getirýär. Şikes alyp gips sargysy goýulandan soň 7-10 sagadyň dowamynda barmaklary gögerse, sowuk bolsa, güýçli agyry bolsa, çiş ulalyp barmaklar duýujylygy ýitirýär, goşarda damaryň urgysy çala ýa-da düýpden ýitýär. 2-3 günden soň barmaklar ýumulyp ýazmak örän agyrly ýa-da ýazdyrman durýar.

Folkmanyň kontrakturasy ýüze çykandaky alamatlar bolsa, haýal etmän gips sargysyny gowşatmaly ýa-da aýyrmaly. Şonda eger damarlarda tromb emele gelmedik bolsa, damarda puls peýda bolýar, eger nerw damary gysylan bolsa, duýujylygy haýal gelýär. Eger döwülen ýerde gan üýşen bolsa we damary gysýan bolsa, onda operasiýa edip gysýan ýerini açmaly. Folkmanyň kontrakturasy doly ýüze çykan ýagdaýynda ýumşak dokumalaryň atrofiýasy, barmaklaryň ýumulmagy, näsag penjesi bilen hiç zat göterip ýa-da alyp bilmeýär.

**Bejerilişi.** Başda fizioterapewtik bejergileri, witaminler, gimnastika, öte geçen görnüşinde operasiýa edip baglaýjylary uzaltmak, bilek we tirsek süňklerini gysgaltmak, eger has öte geçen görnüşinde bogynlaryň kadaly ýagdaýynda artrodez operasiýasy edilýär.

**Ankiloz** - bogunlaryň doly hereketlerinden galmagyna ankiloz diýilýär. Süňkleriň bogun bölegi döwülende we seýiklenmedik ýagdaýynda esasan, ok ýaralarynda, osteomiýelit hem artrit ýagdaýlarda bogunlaryň ýapylmagy mümkin. Ankiloz iki görnüşli bolup:

1.Fibroz ankilozy-bogun boşlugy fibroz dokumalardan dolup hereketi ilki çäklendirýär, soňra doly togtadýar.

2.Süňk ankilozy-bu örnüşinde bogun emele getirýän süňkler birbiri bilen bitýär.

Bogunlaryň ankiloz ýagdaýynda endoprotez operasiýasy edilýär. Köplenç ankiloz ýagdaýy ýöremäge ýa-da işlemäge päsgel berýän

bolsa, onda bogunlary kadaly ýagdaýda ankiloz bolar ýaly edýärler. Şular ýaly operasiýalarda artrodez operasiýasy diýilýär.

**Gan toplumynyň gatamagy** (gematomanyň ossifikasiýasy) - - kähalatlarda süňk döwülende ýygnanan gan toplumy ýaýraman lagtalanyp dura-bara gan toplumyna süňkleriň döwülen ýerindäki süňk regenerasiýasy geçýär we ýygnanan gan toplumy gaty süňk görnüşli dokuma öwrülýär. Süňke öwrülen gan toplumy damara ýakyn ýerde bolsa, nerw we gan damaryny gysýar ýa-da muskullaryň hereketini çäklendirýär.

**Öňüni alyş çäreleri.** Süňk döwülende ýygnanan gan toplumyny mümkin bolan ýagdaýda punksiýa edip aýyrmaly. Gan toplumy gataman ýaýrar ýaly gyzdyryjy fizioterapewtiki bejergileri geçirmeli.

**Bejerlişi.** Eger gatap süňke öwrülen gan toplumy eliň ýa-da aýagyň hereketini çäklendirse, nerw we gan damaryna päsgel berse, onda operasiýa edip aýyrmaly.

**Haýal bitýän döwükler** - şikes alan şikesi köp ýerinden alan bolsa, ýa-da başga keseller bilen ejir çekýän bolsa, ýaşy ötüşen bolsa, endokrin keseller bilen esasan, süýji keseli bilen kesellän bolsa, beden alyş-çalyş ulgamy bozulan bolsa, ýa-da süňk regenerasiýasyna gerek bolan mikroelementleriň ýetmezçiligi bolsa, döwülen ýerde süňk regenerasiýasy haýal bolýar we bitmeli wagtyndan gijigip bitýär.

**Bejerilişi.** Witaminler, anaboliki gormonlary sanjym etmeli, kalsiniň dermanlaryny içirmeli, beloga baý iýmitleri bermeli, has uzaga çekse, Ilizarowyň apparatyny goýup süňk regenerasiýasyny çaltlandyrmaly.

**Pnewmoniýa** - eger şikes alan agyr halda bolsa we düşekde uzak wagtlap arkan ýatsa, emeli dem beriji apparatlar ulanylan bolsa, şok ýagdaýy ýa-da ýaşy garry bolsa, öýken doly ýazylyp bilmän aşaky böleklerinde pnewmoniýa keseli ýüze çykýar. Öňüni alyş çärelerinäsagyň arkasyna, döşüne günde spirtli ergin sürtmeli, hereketini artdyrmaly, öýkeni şarlaryň kömegi bilen çişirmeli, antibiotikleri, fitonsitler ingalýasiýa etmeli.

**Bejergi döwründe goýberilýän ýalňyşlyklar we säwlikler.** Süňk şikeslerinde ýokardaky agzap geçen gaýrüzülmelerden başga-da, bejergi döwründe lukmanlar tarapyndan kähalatlarda ýalňyşlyklara we

säwlikler ýol berilmegine duş gelinýär. Trawmatologiýa, ortopediýa lukmany yzygigerli öz ylym we hünär derejesini artdyryp durmaly we döwrüň talabyna görä täze ýola goýlan bejergi usullaryny yzygiderli öwrenmeli.

Agyr şikesli näsaga seredilende eger mümkinçilik bar bolsa, beýleki lukmanlara görkezmeli, hiç wagt adamyň ykbalyny ýeke özüň çözmeli däl, eger ýalňyşlyk göýberseň näsagy maýyp etmegiň mümkin. Ýokardakylary göz öňüne tutup lukmanlar tarapyndan göý-berilýän ýalňyşlyklara we säwliklere ýene bir sapar ünsüňizi çekmegi makul bildik.

1. Gips sargysyny elmydama ilki longeta görnüşinde goýmaly we ertesi hökman oňa lukmanyň gözegçiligini geçirmeli. Gips sar-gysy dogry goýulmasa onuň gysyp ujagyň nekrozyna ondan başga--da, bejermesi kyn kontrakturalarda getirmegi mümkin.

2. Uly bogunlaryň çykyklarynda ujagyň duýyjylygyny we gan damarynyň urgysyny barlap olaryň zeperiniň ýokdygyny anyklamaly. Eger mümkinçilik bar bolsa, usumy narkozyň täsiri astynda ýerine salmaly.

3. Iki süňkli segmentler barlananda hökman döwülen ýeriniň iki tarapyndaky bogunlara üns bermeli gerek bolsa, rentgen şekillerine düşürmeli.

4. Eger şikeslenme alan näsag agyr şok ýagdaýynda bolsa, ony reanimasiýa bölümine geçirmeli we ähli anyklaýyş çärelerini ýerinde geçirmeli.

5. Süňk döwüklerinde bejerginiň esasyny ony dogry seýiklemek we berk berkitmeklik tutýar. Eger döwük ýeri göwnejaý berkidilmesi ýalan bogn gaýrüzülmesi ýüze çykmagy mümkin.

6. Gips sargysyny ahyryň kadaly ýagdaýynda goýmaly we onuň durmaly möhletini takyk anyklamaly.

7. Operasiýa bejergide berkidijileri dogry saýlap almaly.

## III bölüm

# ORTOPEDIÝA

## I bap

## SÜŇK SKELETINIŇ NESILDEN GEÇÝÄN KESELLERI

### Hondrodistrofiýa



**69-njy surat. Hondrodistrofiýa**

Hondrodistrofiýa - skeletiň köp süňkleriniň distrofiýasy esasynda döreýär we näsaglaryň boýunyň pesligine getirýär (*69-njy surat*).

Keseliň sebäbi endokrin mäzleriň näsazlygydyr.

Alymlaryň aýtmagyna görä çaga düwünçeginde birleşdiriji, ketirdewük we süňk dökumalarynyň emele gelýän wagtynda endokrin mäzleriň sazlaşykly işi bozulan ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Keseli anyklamakda rentgen şekilleri, barlaglardan başga-da, maşgalanyň genetikasyny ýagny, neslini öwrenmeklik uly kömek berýär.

**Kliniki alamatlary.** Näsagyň boýy pes, kellesi uly esasan, maňlaýy we çekgeleri çykyp duran bolýar. Boýny gysga, eginlek, döş kapasasy giň, garny çykyp duran görnüşi alýar. Seredilende bil oňurgasy içine çöken (lordoz), ujaklary egrelen, bogunlary ulalan

we bigörk, goşary, dabany we olaryň barmaklary kiçi. Näsaglaryň boýy 120 sm geçmeýär. Içki synalarynda we psihikasynda üýtgeşmeler bolmaýar.

Hondrodistrofiýaly çaga dogsa, ol lukmanyň gözegçiliginde bolmaly we deformasiýalaryň öňüni alyş çärelerini geçirmeli. Çagany ir ýöretmeli däl we ýöredilende ortopediki apparatlary ulanmaly.

**Bejerilişi.** Anaboliki gormonlary, witaminleri sanjym etmeli. Balyk ýagyny we düzüminde demir saklaýan toşaplary, miwe suwlaryny bermeli.

Ujaklaryň egriligini korrigirleýji osteotomiýa operasiýalary bilen düzedip bolýar. Soňky döwürlerde näsagyň ujaklaryny uzaltmak maksady bilen Ilizarowyň kompressiýa we distraksiýa beriji apparatyny ulanyp boýy uzaldylýar.

## Dishondroplaziýa (Olýeniň keseli)

Ketirdewük displaziýasy-metafizar displaziýa girýär. Keseliň gelip çykyşy anyklanmadyk, ýöne tebigy faktorlaryň täsiriniň ýetýändigi anyklandy.

Keseliň patogenezinde süňki emele getirýän elementleriň ýetmeýändigi subut edildi.

Süňk ösmegine derek ketirdewük dokumalarynyň artyk ösmegi bolyp, metafizar zolagy ketirdewük tutýar. Kesel köplenç goşaryň, dabanyň we uly süňkleriň metafizar bölegine ýaýraýar.

**Kliniki alamatlary.** Näsagyň boýy gysga, ujakalary egrelen, agsaklap ýöreýär we köplenç çanaklyk süňkleri bir tarapa gyşarýar.

**Bejerilişi.** Näsaga ir döwürden ortopediki apparatlaryň kömegi bilen ýöremekligi maslahat bermeli. Ujaklaryň deformasiýalaryny Ilizarowyň, Kalnzbergiň, Tkaçenkanyň apparatlaryny goýup uzynlygyna çekilse ketirdewük dokumalar gatap süňk dokumalaryna öwrülýär.

## Fibroz osteodisplaziýasy
## (Braýsew-Lihtenşteýniň keseli)

Fibroz displaziýasy doga keselem bolsa, 10-12 ýaşyndaky çagalarda-da giç ýüze çykyp bilýär. Köplenç synalarda gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Süňkleriň deformasiýasy, aşaky ujaklaryň egriligi we gysgalygy sebäpli näsag agsaklap ýöreýär. Fibroz öýjükleriň ösmegi bilen süňkler galňaýar, formasy özgerýär, aşaky ujaklarda esasan, but we uly injik süňkleriniň ýokarky uçlarynda bulardan başga-da, kelläň we ýüzüň süňkleri gyşaryp ýüzüň assimetriýa ýagdaýyna getirýär. Aşaky ujaklaryň süňklerinde patologiki döwükler bolmagy mümkin. Kähalatlarda deri örtüginiň patologiki pigmentasiýasy we jyns synalaryň hyzmaty peselýär.

**Bejerilişi.** Süňküň kesel ýeriniň ulalyp patologiki döwük ýagdaýy ýüze çykmagy gorkusy bolan halatynda, güýçli agyry we deformasiýalar bolsa, operatiw bejergi görkezilendir. Operasiýada pahna görnüşli rezeksiýa we korrigirleýji osteotomiýalary ulanyp ujagy gönlemeli. Süňküň keselli ýeri döwülip ýalan bogun emele gelse, Ilizarowyň apparatyny goýyp ujagy göneldip ýalan bogun emele gelen ýeriniň bitmekligini gazanyp bolýar.

## Doly süňkleşmedik kesel

Doly süňkleşmedik kesel-çaga düwünçeginiň osteogeneziniň bozulmagynda ýüze çykýar we anomaliýa ýagdaýydyr.

**Kliniki alamatlary.** Ujaklaryň süňklerinde sähelçe şikese döwükler ýüze çykýar kähalatlarda näsaglar şikes alanyny ýatlap bilmeýärler. Keselli çagalaryň hossarlary seresapsyz eşik geýdirjek bolanynda ýa-da oýnap ýörkä ýykylanda şikes aldy diýlip aýdýarlar.

Näsaglaryň süňkleri port bolýar, gözüniň agy gögümtil reňkde, dişleri gädik-gädik, muskullaryň atrofiýasy, gulagy agyr ýa-da sesi eşitmeýärler. Içki mäzleriň hyzmatlarynyň näsazlygy goşmaça keseller bilen birigip agyr ýokanç keselleriň ýolukmagy mümkin.

Rentgen şekillerde süňkleriň osteoporozy, kortikal gatlagyň ýukalygy we gubka görnüşli süňklerde öýjük-öýjük gurluşyny görmek bolýar.

**Bejerilişi.** Näsaglara ortopediki apparatlarda hereket etmegi maslahat bermeli. Süňkler egrelen ýagdaýynda osteoklaziýa ýa-da osteotomiýa operasiýalaryny geçirmeli.

Ujaklaryň süňk döwükleri döwülşi ýaly hem bahym bitýär. Şonuň üçin döwükleri tiz we dogry seýiklemeli-seýiklenmedik ýagdýda süňkleriň gyşyk bitmegi mümkin.

## Rahit keseli

Bedene D-witamini ýetmese rahit keseli ýüze çykýar. Witamin D-bedende minerallaryň çalşygyny esasan, kalsiniň we fosforyň çalşygyny kadalaşdyrýar. Kesel köplenç 1-2 ýaşly çagalarda D-witamininiň ýetmezçiligi ýüze çykan ýagdaýda täze ören osteoid dokumalar gatap süňke öwrülip bilmeýär.

**Kliniki alamatlary.** Çagada ganazlygy (anemiýa), agramy köpelmeýär, derleýär, işdäsizlik, daşky limfa mäzleriniň ulalmagynyň bolmagy mümkin. Çaga igleýär.

Gapyrgalaryň ketirdewük bölegi ýasalýar. Aşaky ujaklarynda O we X-görnüşli deformasiýalar gabat gelýär.

Bejerilmedik ýagdaýda ýaşynyň ulalmagy bilen bogunlaryň artrozy ýüze çykýar.

**Bejerilişi.** Öňüni almaklykda çagalar iglese witamin D-dermanyny içirmeli. Ujaklary egrelse operatiw bejergi görkezilen ýagny, pahna görnüşli osteotomiýa geçirip ujagy dogrulamaly. Operasiýalary 5-6 ýaşyndaka geçirmeli.

# II bap

# UJAKLARYŇ DOGA KEMLIGI

Keseliň nesilden geçýän görnüşleri bilen göwrelilik döwrüniň 3-7 hepdelerinde ekzogen faktorlaryň täsiri astynda doga kem çagalaryň dogmagy mümkin.

**Ujaklaryň doga amputasiýasy.** Eger ujaklaryň distal böleginiň bolman proksimal böleginiň kemsiz bolmagyna ektromiýeliýa

diýilýär. Eger ujaklar doly bolmasa gemimiýeliýa diýilýär. Häzirki döwürde göwreli gelinlere maşgala lukmanlary tarapyndan doly gözegçilige alnaly bäri ady agzalan kemçilikler gaty seýrek gabat gelýär.

Ujaklary kem dogan çagalara elmydama ýaşyna görä protezleri ýasap hereketden galmaz ýaly mümkinçilikleri döretmeli.

**Ujaklaryň kem-käsleýin kemligi.** Ujaklaryň süňkleriniň belli biriniň ters ösmeginden ýa-da ösüşden galmagy netijesinde emele gelen ýetmezçiliklere fokomeliýa diýilýär.

**Bejerilişi.** Operasiýa edip ujaklarda korreksiýa geçirmeli we operasiýany geçirende soňky döwürde ortopediki köwüşleri ýa-da protezleri geýip ýöremekligi maslahat bermeli.

**Doga ýalan bogunlar.** Köplenç aşaky ujaklarda esasan, injikde gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Ujagyň diafiziniň uzynlygynda hereket bolýar, çaga keselli aýagyna daýanyp duryp bilmeýär, ujak ösüşden galýar, muskullarda atrofiýa bolýar.

**Bejerilişi.** Operatiw bejergi görkezilen. Kompressiýa we distraksiýa beriji apparatlar bolan Ilizarowyň, Kalnzbergiň ýa-da Wolkow-Oganesýanyň apparatlaryny ulanyp ýalan bogun ýerini bitirip ujagyň gysgalygynyň öwezini birden dolyp bolýar.

## Ýokarky ujaklaryň doga kemligi

**Penjäň I barmagynyň gipoplaziýasy.** Çaga doganda I barmagynyň bolmazlygy ýa-da çala bildirýän görnüşi bolmagy mümkin. Eger barmak ýerinde bar bolup, ýöne kiçi kemli bolsa, bedenterbiýe gimnastikasy, owkalama bejergilerini yzygiderli geçirmeli.

Kä görnüşlerinde süňk transplantatlaryny ulanyp barmagy berkitmeli we siňir-muskula plastikasyny geçirmeli.

**Ektrodaktiliýa** - aýaň ortasynyň açylmagy - kemlik II-III barmaklaryň arasyndan goşar süňklerine çenli yşyň emele gelmegi, kä görnüşlerinde III aýa süňki bolman ýerinde açyklyk emele gelýär. Barmaklarda hereket çäklenip kontrakturalar gabat gelýär.

**Bejerilişi.** Çaga 4-5 ýaşyndaka barmaklary redresasiýa edip gips sargylaryny goýup kontrakturalary aýyrmaly. Goşaryň gimnastikasyny, owkalama bejergileri yzygiderli geçirmeli. I barmagyň hereketi doly göwrüminde bolsa, plastika operasiýalary geçirip emele gelen defekti aýyrmaly.



**70-nji surat. Sindaktiliýada ulanylýan kesimler**

**Sindaktiliýa** - Penjäň barmalarynyň bir-biri bilen birikmegine aýdylýar. Barmaklaryň hemmesiniň birikmegi gaty seýrek gabat gelýär, köplenç iki barmagyň esasan, III - IV barmaklaryň birikmegi gabat gelýär. Eger iki barmagyň süňki birleşen bolsa – süňk sindaktiliýasy, iki barmagyň derisi birigen bolsa-deri sindaktiliýasy diýilýär. Kähalatlarda iki barmagyň arasynda deriden köpri görnüşli birikmeler, iki barmagyň uçlary birigip aşaklary birikmedik bolýar.

**Bejerilişi.** Operatiw bejergi görkezilen. Iň köp ulanylýan operatiw usul Didonyň we Djanelidzäniň deri plastikasy (*70-nji surat*).

**Polidaktiliýa** (artyk barmaklylyk). Köplenç 6 barmak duş gelýär, ýöne gaty seýrek 8-10 barmaklar hem duş gelýär.

**Bejerilişi.** Operatiw bejergi görkezilen. Operasiýa edip artyk barmaklary düýbinden aýyrmaly.

**Doga gyşyk penje.** Bilek süňkleriniň biriniň doga ösüşden galmagy, kähalatlarda bilek ýa-da tirsek süňki doga bolmaýar. Birinji barmagy ýa-da birinji aýa süňki bolmadyk ýagdaýynda-da penje bir tarapa gyşaryp biler. Eger penjäň gyşyklygy iki taraplaýyn bolsa, näsagyň öz-özüne hyzmat etmekligi kynlaşýar.

**Bejerilişi.** Operatiw bejergi görkezilen. Soňky döwürde kompressiýa we distraksiýa beriji apparatlaryň kömegi bilen penjäň gyşyklygy düzedilýär.

**Madelungyň keseli.** Gaty seýrek gabat gelýän bilek-goşar bogunynyň doga deformasiýasy. Köplenç 13-14 ýaşly gyzlarda gabat gelýär. Keselde bilek süňküniň epifizinde ketirdewük displaziýasy bolýar.

Madelungyň keselinde bilek-goşar bogunynda hereket çäklenýär, bilek süňki ösüşden galyp gysga, tirsek süňki beýleki süňkler bilen birikmän öňe çykyp duran görnüşde bolýar. Näsagyň işe ukyplylygy çäklenen.

**Bejerilişi.** Operatiw bejergi görkezilen. Näsag 14 ýaşyndan geçende operasiýa etmeli.

Operasiýanyň göwrümi tirsek süňküniň öňe çykan bölegini kesip aýyrmaly we bilek süňküniň pahna görnüşli osteotomiýasyny ýerine ýetirip Ilizarowyň apparatynda berkitmeli.

# III bap

# BOÝNUŇ, EGNIŇ WE DÖŞ KAPASASYNYŇ DEFORMASIÝALARY

Boýnuň deformasiýalary kelläň haýsam bolsa, bir tarapa gyşyklygy bilen kesgitlenýär.

Etiologiýasynda kelläň gapdala gyşarmagy ýumşak dokumalaryň näsazlygynda, boýun oňurgalaryň anomaliýasynda, gan we nerw damarlarynyň ýetmezçiliklerinde ýüze çykýar.

## Boýnuň doga gyşyklygy

Boýnyň doga gyşyklygy köplenç gyzjagazlarda we köplenç sag tarapyna gyşarýar. Boýnuň doga gyşyklygy ähli doga deformasiýalaryň 8-10%-ni tutýar. Keseliň sebäbi belli däl, ýöne döş-ýaýjyk-emzik görnüşli muskulyň ösüşden galmagy diýip hasap edilýär.

**Kliniki alamatlary.** Çaga bir aýlykdaka ilkinji alamatlary görüp bolýar, boýnuny elmydama bir tarapa gyşardýar. Döş-ýaýjyk-emzik

görnüşli muskulyň gyşaran tarapyndakysy gataýar. Kellesiniň iki ýana hereketi çäklenen. Çaganyň ýüzünde assimetriýa. Onuň gatan muskuly gaty gatamadyk halatynda, kellesini dogry goýup çalaja owkalama edilen ýagdaýynda öz-özi düzelip gidýär. Kesel doly ýüze çykan ýagdaýynda 5-6 ýaşda boýny bir tarapa doly gyşarýar, boýunda we kellesinde, ýüzünde assimetriýa bolup, egni ýokary galýar. Boýny gyşyklyk uzagyndan oňurganyň egrelmegine (skolioza) getirýär. Näsagyň boýny gyşaran tarapynda gaşy we gözi sag tarapyndan aşagrakda ýerleşýär. Näsagda kähalatlarda äňleriniň, burnunyň we ýüzüň beýleki agzalarynyň nädogry ýerleşendigi bildirýär. Seýrek iki taraplaýyn boýny gyşyklyk gabat gelýär we ýeňsesi arka tarap, ýüzüni ýokaryk tutýar oňurgada kifoz gyşyklygy bolmagy mümkin.

Doga boýnuň gyşyklygyny şoňa golaý kesellerden tapawutlandyrmaly:

1. Trapesiýa görnüşli muskulyň ýetmezçiliginde dörän boýny gyşyklykdan.
2. Ganat görnüşli boýundan.
3. Boýun oňurgalaryň birikmeginden (Klippel-Feýliň keselinden).
4. Boýun gapyrgalaryň barlygyndan.
5. Pahna görnüşli boýun oňurgalaryndan.

Soň ýolugan boýun gyşyklygyny aşakdaky kesellerden tapawutlandyrmaly: spastiki boýun gyşyklygyndan, Grizeliň keselinden, deriň zeperlenmesi astynda dörän deformasiýalardan.

**Bejerilişi.** Keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykanda başlamaly we bedenterbiýe gimnastikasyny günde 4-5 gezek 5-10 minutyň dowamlylygynda kelläni we boýny ters tarapa aýlamaly. Çaga kiçi ýaşda bolsa, bejergi gimnastikasyny ene-atasy ýerine ýetirmeli. Fizioterapewtiki bejergilerden UWÇ we muskullaryň owkalama gowy täsir edýär. Kaliý-ýodid ergini bilen elektrofarezi her 4 aýdan gaýtalamaly. Bejergide ýetilen korreksiýany Şansyň ýakasy bilen ýa-da pamykdan ýasalanja ýassyjaklary ulanyp boýny gyşyklyk tarapyna gitmez ýaly etmeli. Eger bejergi wagtynda we yzygiderli dogry geçirilse boýnuň gyşyklygynyň çala bildirýän görnüşleri çaga 1-2 ýaşyndaka gutulýar, keseliň düýpli bildirýän görnüşinde konserwatiw bejergini yzygiderli çaga üç ýaşaýança geçirmeli.

Konserwatiw bejergiden çaga gutulmasa, ýüzüniň assimetriýasy beterleşse operatiw bejergi görkezilen.

Žasepiniň operasiýasynda-döş-ýaýjyk-emzik muskulyň ýaýjyk süňküne birigýän ýerini kesmeli we boýnuň iň daşky fassiýany gapdal üçburçlykda kesip näsagyň kellesini ters tarapyna gyşardyp döş-kelle gips sargysyny 3-4 hepde möhlet bilen goýmaly.

Lawsan lentanyň kömegi bilen döş-ýaýjyk-sossewid muskuly kesip uzaltmaly we ýokardaky ýaly gips sargysyny goýmaly.

## Feýl-Klippeliň keseli

Seýrek duş gelýän kesel, boýun oňurgalaryň bir-biri bilen bitişmegi bolýar we şonuň esasynda olaryň sany azalýar. Kähalatlarda birinji boýun oňurga ýeňse süňki bilen birigýär.

**Kliniki alamatlary.** Näsagyň boýny gysga, keseliň agyr görnüşlerinde näsagyň boýny ýok ýaly bolyp, kelle göwrä birigen ýaly görünýär. Ýeňsäň saç örtügi aşak pilçeleriň üstüne çenli ýaýraýar. Näsagyň ýüzi aşak bakýar we eňegi döşüne degip duran ýaly bolýar. Boýnuň hereketi çäklenen, ýüzünde we kellesinde assimetriýa bolup, oňurga sütüni skolioz ýa-da kifoz görnüşde egrelen, eginleri ýokarda durýar.

Agzalan alamatlardan başga-da, parezler, paraliçler ýagny, ysmazlar, duýujylygynyň peselmegi we ýitmegi mümkin.

**Bejerilişi.** Näsaga ýaş wagty bedenterbiýe gimnastikalaryny, owkalama we beýleki fizioterapewtiki bejergiler başlansa, boýnuny dogry saklar ýaly sargy (tutor) geýse gowy netijeler berýär. Bejerginiň esasy maksady boýnunda hereketi dikeltmekdir. Näsaga bäş ýaşdan soň konserwatiw bejergiler netije bermese operatiw bejergiler görkezilen. Operatiw bejerginiň görnüşi her näsag üçin aýrydyr we esasynda birigen oňurgalaryň arasyny açmak, goşmaça ýa-da deformirlenen gapyrgalar bolsa olary aýyrmak, muskullaryny plastika etmek, pilçeleri aşak düşürmek bolup durýar.

## Grizeliň keseli

Kesel ýokarky dem alyş ýollarynyň sowuklamagy zerarly ýüze çykýan çylşyrymlaşmalaryň biridir. Sowuklama oňurga golaý muskullaryň dartylyp kontraktura ýagdaýy emele gelýär we atlanty kesel ýüze çykan tarapy çekip ýerinden üýtgdýär, boýnuň gyşarmaklygyna getirýär.

**Kliniki alamatlary.** Kesel, köplenç, 5-10 ýaşly gyzjagazlarda gabat gelýär. Ýokary dem alyş ýollarynyň sowuklamagy zerarly näsagyň gyzgyny ýokary galýar we irden turanda boýnunyň birtarapa gyşaryp durandygy bildirýär. Döş-ýaýjyk-emzik muskuly bir tarapynda gatap dartylyp durýar beýleki tarapynda gowşak bolýar we kellesiniň gyşaran tarapynda merdiwan hem yzky boýun muskullary gatap dartylýar. Eliň bilen sypalap görülende ýeňsesinde 2-boýun oňurganyň ostist ösüntgisi çykyp duran bolýar, eliňe bokurdagyň arka tarapynda atlantyň ýerinden süýşmegi zerarly kellesini hereketlendirende ulalyp kiçelip duran gaty tümmü bildirýär. Kelläniň diňe gyşaran tarapyndan galdyrmaklygy çäklenen beýleki hereketleri doly göwrümde. Ýörite düşürülen rentgen şekillerinde atlantyň öňe süýşüp towlanandygyny görüp bolýar.

**Bejerilişi.** Ýokarky dem alyş ýollaryndaky sowuklama keselini bejermeli, UWÇ we beýleki fizioterapewtiki bejergileri bellemeli. Boýnuň gyşyklygyny Glissonyň halkasyny geýdirip kem-kemden çekseň aýrylýar. Köplenç esasy keseli bejerip, bedenterbiýe gimnastikalaryny, owkalama, ýylylyk bejergileri geçirilse gutulýar. Keseli wagtynda bejermeseň boýny gyşyklyk uzak wagtlap durýar we dura-bara ýüzüniň assimetriýasyna, oňurga sütüniniň gyşarmaklygyna getirýär.

## Boýun gapyrgalary

Boýun oňurgalaryndan goşmaça gapyrgalaryň çykmagy köp gabat gelýän anomaliýalaryň biri bolyp adamlaryň 1%-ne golaýynda gabat gelýär. Zenanlarda iki esse köp gabat gelýär.

**Kliniki alamatlary.** Ýaýjyk süňküniň 1-2 sm ýokarsynda deformasiýa ýagny, eliňe bildirip duran çiş bolýar, ýaýjygasty arteriýanyň urşy gözüňe görünýär. Ýokarky ujakda agyry, bilek nerwisiniň innerwasiýa edýän meýdanynda duýujylyk pese gaçýar, keseliň ötüşen görnüşinde ysmaz we agyryny duýujylygy ýitýär.

**Bejerilişi.** Newrologiki alamatlaryň çala ýüze çykan görnüşinde fizioterapewtiki bejergiler gowy netijeleri berýär, agyry we beýleki newrologiki alamatlar uzak wagtlap aýrylmasa, geçirilen konserwatiw bejergiler netije bermese operatiw ýagny, goşmaça gapyrgalary aýyrmaklyk gowy netijeleri berýär.

## Ganat görnüşli boýun

Doga gabat gelýän kesel. Kitaplarda Şereşewskiň-Terneriň ýa-da Bonnew-Ulrihiň sindromy diýlip gabat gelýän ýerleri bar.

**Kliniki alamatlary.** Çigin bogunlaryndan boýna çenli ýelken görnüşli deri ganatlary gidýär.

## Şpringeliň keseli

Embriogeneziň bozulmagynda öýjüklerinde emele gelen nädogry hataryndan ýüze çykýan kesel. Näsagda süňk skeletiniň dürli deformasiýalary bilen utgaşyp gelýär: gapyrgalaryň ikä bölünmegi, pahna görnüşli döş oňurgalary, oňurgalaryň birikmegi we beýleki deformasiýalar.

**Kliniki alamatlary.** Kesel doga anomaliýalara girýär we pilçäniň ýokaryk galyp çala towlanmagyna getirýär. Köplenç çep tarapda gabat gelip ini-boýy sag tarapyndan 1-2 sm kiçidir. Näsagyň keselli tarapynyň egni ýokarda-pilçäň çüňki boýnuň gapdalyndan gaňyrçak görnüşli bildirip durýar. Kesel näsaga kosmetiki bigörklikden başgada, çigniň hereketini çäklendirýär.

**Bejerilişi.** Operatw bejergi görkezilen we pilçäni aşak düşürip berkitmeli (Ternowskiniň operasiýasy).

## Ganat görnüşli pilçe

Kesel doga gabat gelýän deformasiýa bolup, pilçäň iç ganaty arkada döş kapasasyndan daşlaşýar we köplenç iki taraplaýyn bolýar.

**Bejerilişi.** Bedenterbiýe gimnastikasy, owkalama keseliň çala ýüze çykan görnüşinde gowy netijeleri berýär.

Kesel bir taraplaýyn bolup, deformasiýa hereketini çäklendirse ýa-da aşa bigörklige getirse operatiw bejergi görkezilen, ýagny pilçäniň iç tarapyny 8-nji gapyrga berkitmeli.

## Döş kapasasynyň deformasiýalary

Döş kapasasynyň doga deformasiýalary gapyrgalaryň, pilçäniň we döş süňküniň ýetmezçiliginde duş gelýär, soň ýolugan deformasiýalary rahit, süňk inçekeselinde, öýkeniň öte geçen iriňli kesellerinde gabat gelýär. Döş kapasasynyň käbir deformasiýalary diafragmanyň, öýkeniň, ýüregiň işleýşine oňaýsyz täsir edýär.

## Guýguç görnüşli döş kapasasy (ädikçiniň döşi)

Keseliň doga we ýolugan görnüşleri bolup, esasynda gapyrgalaryň ketirdewük böleginde displaziýa üýtgeşmeler ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary.** Döş süňki içine içine çöküp guýguç görnüşli oý emele gelýär. Emele gelen oýuň gyralary gapyrgalaryň ketirdewük uçlary has öte geçen görnüşinde gapyrgalaryň ortaky goltukçyşygyndan bärsini tutýar. Döş kapasasy inine giňeýär, oňurga sütüniniň döş böleginde egrelmeler bolýar. Näsagyň ýaşy ulaldygyça deformasiýa ulalýar we şonça-da döş süňki içine çökýär.

Döş kapasasy deformasiýaly çagalar iglän bolup, ösüşden galýar, sistoliki gan basyşy aşak, diastoliki gan basyşy ýokary galýar. Deformasiýanyň ýüze çykanlygyny ölçäp üç derejä bölýärler.

1-nji derejede-emele gelen oýuň düýbi 2 sm çenli we ýürege täsir etmedik.

2-nji derejede oýuň çuňlygy 4 sm çenli – ýürek 2-3 sm gapdala gysylyp süýşýär.

3-nji derejede oýuň çuňlygy 4 sm ýokary, ýürek gapdala 3 sm köp süýşýär.

## Peteke görnüşli döş kapasasy

Näsagyň döşi towugyň petekesi ýaly öňe çykyp durýar. Döş kapasasynyň peteke görnüşli deformasiýasy gemodinamiki görkezijileri üýtgedenok, sebäbi ýüregi we öýkeni gysmaýar.

**Bejerilişi.** Keseliň öte geçen görnüşlerinde döş kapasasynyň içindäki synalaryň bikadalygy ýüze çykanda operatiw bejergi ýagny, döş kapasasynyň plastikasy geçirilýär. Operatiw bejerginiň göwrümi her näsag üçin özbaşdakdyr we deformasiýa baglydyr.

# IV bap

# ADAMYŇ KADDYNYŇ NÄSAZLYGY

Bu tema örän derwaýyş mesele - adamyň kaddynyň owadanlygyna bagyşlanan. Hemme adamlar öz kaddynyň, göwresiniň owadan bolmagyny isleýär. Häli-häzire çenli antik, gadymy heýkelleriň owadanlygy adamlary haýran galdyrýar. Soňky döwürlerde bizde-de owadanlyk konkurslaryny geçirmek adat bolup galdy.

Esasy meselä geçmezden öň käbir kesgitlemeleri, adalgalary ýatlalyň.

Kifoz-diýlen adalga oňurganyň arka tarapa egrelmegini aňladýar. Ol döş oňurgasyna mahsusdyr.

Lordoz-oňurganyň öňe egrelmegini aňladýar. Ol adamyň boýun hem-de bil oňurgasyna mahsusdyr.

Şeýlelikde, adamyň oňurgasy taýak ýaly gös-göni däl-de, onuň fiziologiki egrilikleri bardyr. Ýogsam, oňurgany oňurga sütüni hem diýlip atlandyrýarlar. Şol egrilikler öz bolmalysyndan uly ýa-da kiçi bolup bilýärler. Ol hem adamyň kaddynyň, durkunyň, (osankasynyň) bozulmagyna getirýär.

Hemme adamlaryň özboluşly, özüne mahsus bolan durky, kaddy, osankasy bolýar. Şonuň üçin tanyş adamlaryňy daşdan, entek onuň ýüz keşbi saýgartmasa-da, tanap bolýar. Diýmek, adamyň kaddy durky, (osankasy) diýlip, adamyň göwresiniň daşky görnüşine, suratyna düşünmek bolýar. Adamyň durky, (osankasy), esasan, oňurga sütüniniň ýagdaýyna bagly. Galyberse-de, el-aýagyň uzynlygyna,

endamyň propersionallygyna bagly bolýar. Adamyň (osankasy), durky bir günüň özünde-de üýtgäp bilýär-irden gowy, agşamara, adam ýadasa osankada (durky) üýtgäp bilýär.

Adamyň daşky durkuna, (osankasyna) seredip, hatda adamyň häsiýetini kesgitlemek bolýar. Utanjaň, ýygra adamlarda döş oňurganyň kifozy ulurakdyr.

Adamyň daşky durkyna, kaddyna seredip onuň kärini hem bilse bolýar: boksiýorlar hemişe egilip goranany üçin olar küýküräk bolýar.

Ýaş gyzlar çekinjeň bolýarlar, öz döşüni (göwsüni) bir neme gizlejek bolup, eginlerini öňe itekleýärler, we olaryň ýagyrnysy küýküräk bolýar-döş oňurgasynyň kifozy artýar.

Umuman, çagalaryň ýetginjeklik döwri hem-de ilkinji mekdebe gatnap başlan ýyly adamyň daşky durkynyň, osankasynyň erbetleşäýjek wagty. Şol wagtlar ene-atalar, maşgala lukmanlary gaty häzir bolmalydyrlar.

Adamyň kaddy-kamaty hakynda türkmen dessanlarynda hem köp ýatlanylýar, Ýusup-Züleýha dessanynda Ýusubyň owadanlygy taryplanýar. Şonda Ýusubyň kakasy Ýakup Ýusuby awa goýbermejek bolup şeýle diýýär:

Ýakubyň ne geçer haly-ahwaly,  
Görmese Ýusupnyň kaddy-nahaly.  
Züleýhanyň aýdany:  
Ol serwi-kaddyň jany,  
Ýandyrdy Züleýhany.

Umuman, dessanlarda adamyň kaddyny, owadanlygyny serwi agajyna deňäpdirler. Ol agaç syrdam, owadan bolýar.

Ýene-de:

Elip kaddym ýaý boldy.

Elip arapça dik gönü I çyzyk bolýar, ýaý bolsa egri.

Adamyň durky, kaddy, şekili, (osankasy) köp zatlara bagly bolýar. Ol adamyň öz ömrüniň dowamynda, hatda bir günüň özünde-de üýtgäp bilýär. Adamyň kaddynyň, (osankasynyň) belli bir şekile gelmegini adamyň endamynyň anatomiýasy we fiziologiýasy, onuň nerw ulgamy, ene-atasyndan alan genleriniň jemi, filogenez (görnüsiň ewelýusýasy), ontogenez (dogulanyndan ölýänçä geçen ösüş ýoly) uly täsir edýär.

## Anatomiki sebäpler

Daşky şekiliň, kaddyň, osankanyň esasyny oňurga, oňurga sütüni we onuň çatalba bilen birikmesi düzýär. Bir wagtlar ähli Ýer ýüzündäki jandarlary diňe iki topara-oňurgalylyra we oňurgasyzlara bölüpdirler. Oňurga sütüni 24 oňurgadan: 7 sany boýun, 12-döş, 5-bil oňurgadan durýar. Beýleki bäş sany çanaklygyň deňindäki guýmaç, hem-de bäş sany türre oňurgalary şekile uly täsir etmeýärler, sebäbi olar bir durşuna durýarlar (gymyldamaýarlar). 24 oňurga bolsa, bir-biri bilen ketirdöwügiň we siňirleriň kömegi bilen maýyşgak birleşendirler. Oňurga sütünine 300-den gowurak muskullar täsir edýärler. Şeýlelikde, 24 oňurganyň her biriniň, olaryň arasyndaky baglaýjy ketirdöwügiň, siňirleriň ýa-da muskullaryň haýsy birinde kemçilik bolsa hem, adamyň kaddynyň, kamatynyň üýtgemegine getirýär.

## Filogenetik sebäpler
## (Filogenez görnüşiň ewolýusiýasy)

Adama öz ata-babalaryndan tapawutlylykda dik durup ýöremeklik mahsus. Adamyň dik ýagdaýa geçmegi, onuň iki eliniň daýanç organlygyndan zähmet we goranmak guralyna öwrülmegine getirýär. Şeýle-de bolsa, adamyň endamynyň käbir ýerleri entegem dört aýakly haýwanlaryňka gabat gelýär. Meselem, gapyrgalaryň arasyndan geçýän wenalar haýwanlarda dik ýagdaýda ýerleşýärler, şonuň üçin hem, olaryň klapanlary bolýar. Şol klapanlar adamda-da bar, ýogsa adamda şol wenalar kese ýagdaýda ýerleşen, klapanlar gerek hem däl. Oňurganyň öňünden geçýän uly wena haýwanlarda kese ýagdaýda durýar. Şonuň üçin hem klapany ýok. Şol klapan adamda-da ýok, ýogsa ol dik ýagdaýda ýerleşýär. Bu bolsa gan aýlanşyga zyýan ýetirýär (babasyl, warikosele, aýakdaky wenalary giňelmegi-warikoz). Haýwanlaryň dem almasy aňsat bolup geçýär, onuň üçin gapyrgalaryň arasyndaky muskullaryň sähelçejik işlemegi ýeterlik. Adamda bolsa, gapyrgalary kese ýagdaýdan galdyrmak we dem almak üçin muskullaryň uly iş etmegi gerek bolýar. Ýöne şol sebäpli adamda pnewmoniýa (öýken çişli sowuklama) keseli köp duş gelýär. Haýwan-

larda bolsa, ol seýrek duş gelýär. Haýwanlarda kese ýerleşen oňurga sütünine berkidilen içki synalar bir-birine zyýan etmän sallanyşyp durýarlar. Adamda bolsa, şol organlar bir-biriniň üstünde durup, agram salýarlar we aşaklygyna süýşmegi hem mümkin. Has hem inçe uzyn adamlarda aşgazanyň, böwregiň aşak süýşmegi mümkin we şol synalaryň näsaz işlemegine getirýär. Ewolýusiýanyň netijesinde entek adamyň çanaklygy doly dikelip bilmändir, ol erkeklerde 310 zenanlarda 280 gyşyk durýar. Şonuň üçin hem bil oňurgada lordoz emele gelýär. Ol bolsa, çanaklyk süňküniň içine abanyp duran promontoriumy emele getirýär. Ol bolsa, öz gezeginde aýallarda çaganyň dünýä inmegine uly kynçylyk döredýär.

Haýwanlaryň kellesi oňurganyň ujyndan sallanyp durýar, şonuň üçin hem, kelläniň oňurga birikýän ýeri yzda ýerleşýär. Adamda oňurganyň birleşýän ýeri kelleçanagyň öňürägine süýşipdir, emma, entek ortasyna ýetmändir, şonuň üçin hem kelle hemişe öňe ýykyljak bolup durýar, ony saklamak üçin muskullar hemişe kömek berýärler, hem-de boýunda lordoz emele gelýär.

## Ontogenetiki sebäpler

Ontogenez bir adamyň öz ömründe geçýän ösüş ýoly. Ontogenez filogeneziň gysgajyk ösüş taryhyny gaýtalamakdyr diýilýär. Çaga enesiniň içindekä oňurga tutuşlaýyn kifoz görnüşündedir. Täze bolan çagada oňurga gönülenýär. Emma, 2-3 aýdan boýun muskullaryna güýç gelip başlandan, boýun oňurgada lordoz emele gelýär. Haçanda çaga oturup başlanda döş hem bil oňurgada tutuşlugyna kifoz emele gelýär. Çaga ilkinji ädimleri ätlände hem şu ýagdaý saklanyp galýar. Çaga gowy ýöräp ugranda, bil oňurgada lordoz emele gelýär. Çaga ilki ýöräp başlanda şeýle şekili, osankasy, durky bolýar: boýnunda mese-mälim bildirip duran lordoz, ýagyrnysynda çala bildirip başlan kifoz, ep-esli çykyp duran garynjygy, bilinde ýaňy bildirip başlan lordoz, çüýjük we dyz bogunlarynda aýaklary çalaja epilip durýar. Mekdebe gidip başlanda çaganyň garny kiçelip ugraýar, bilindäki lordoz ulalýar. Ýetginjeklik döwüründe, çaga ýetişip ugranda, gormonlaryň

täsiri bilen bedeniň gurluşynda, adamyň psihikasynda uly üýtgeşikler bolup geçýär we şonda her bir adama mahsus bolan daşky şekil, durk, osanka emele gelýär. Bu prosess 20 (gyzlarda)-25 (oglanlarda) ýaşa çenli dowam edýär. Adamyň durkunyň bozulmagy çaganyň aýratyn çalt ösýän wagtlary bolup geçýär, esasan hem ýetginjeklik döwüründe.

## Daşky şekile täsir edýän faktorlar

1. Çaganyň gowşak, az hereketde bolmagy, ýa-da aýratyn köp hereketde bolmagy.

2. Ýaramaz iýmitlenmek, köp kesellemek.

3. Ene-atasynyň şekili (astenik, giperistenik, normastenik).

4. Göwnaçyk, şadyýan häsiýetli çagalaryň şekili gowy bolýar, göwni çökgün, keýpi ýok çagalaryň şekili, kaddy gowy bolmaýar.

5. Işde ýa-da okuwda uzak wagtlap belli bir durkunda oturmak ýa-da durmak hem zyýanly.

35 ýaşdan soň ýene-de adamyň garny salparyp başlaýar. Garry adamlarda ýagyrnysyndaky kifoz ulalyp başlaýar, oňurgalaryň beýikligi peselýär. Şonuň üçin garry adamlar gysgalan ýaly bolaýýar.

## Gorward usuly boýunça daşky şekiliň, durkuň, osankanyň görnüşleri

**A** - has gowy, iň gowy şekil: kelle, boýun döş kapasasyna, butlara, dabanlara görä göni ýerleşýärler. Döş kapasasy silindr görnüşde. Garyn ýasy, içine çekilip duran, lordoz hem kifoz çala bildirip durýar. Çanaklyk, çatalba süňkleri erkeklerde 310 zenanlarda 280 egilip durýar.

**B** - gowy şekil: kelle çalaja öňe çykyp durýar. Döş kapasasy azajyk ýasyrak, garyn ýasy, emma, gaty içini çekilip duranok. Kifoz, lordozlar öz durkuragynda.

**Ç** - gelişiksiz şekil: kelle döş kapasasyndan öňe çykyp dur. Döş kapasasy ýasy, garyn salparyp dur. Kifoz hem lordozlar öz gereginden uly.

**D** - has betgelşik şekil: kelle döşden has öňe çykyp dur. Döş kapasasy ýasy. Garny has öňe salparyp dur. Oňurganyň egriligi biçak bildirip durýar.

**Ýaramaz şekilleriň, osankalaryň görnüşleri:**

1. Küki şekil, ýagyrnynyň küýkermegi, döş oňugasynyň kifozynyň ulalmagy.

2. Tegelek ýagyrny, tegelek arka - döş oňurgasynyň kifozynyň ulalmagy bilen bilelikde bil oňurganyň lordozynyň artmagy.

3. Ýasy arka, ýasy ýagyrny-döş oňurganyň kifozynyň kiçelmegi, bil oňurganyň lordozynyň arytmagy. Adam arkan gaýyşyp duran ýaly bolýar. Bu köplenç inçe uzyn adamlarda bolýar. Ýasy arkanyň başga skolioz diýen kesele (oňurganyň gapdala gyşarmagy) getirmegi mümkin.



1 2 3

**71-nji surat. Oňurga sütünininiň gyşarmaklygynyň görnüşleri**

1. Kifoz 2. Skolioz 3. Lordoz

**Ýaramaz şekiliň öňüni almak.** Aýdylanlardan bilişiňiz ýaly gowy, owadan şekil beden saglygynyň alamaty.

1. Keselleri wagtynda bejermek ýaramaz şekiliň profilaktikasydyr. Çagalary rahyt keselinden, sowuklamalardan goramaly.

2. Dogry iýmitlenmegi guramaly. Käbir eneler çagalaryna süýtli aşlardan gereginden artyk berýärler. Ol bolsa aşgazanyň giňelmegine, garnyň salparmagyna we bil oňurganyň lordozynyň ulalmagyna getirýär.

3. Çaga mekdebe ilkinji gezek baranda, birinji ýylynda häzir bolmaly. Oturgyçda dogry oturmagyny, wagtly-wagtynda iýmitlenmegini, bedenterbiýe we giminastika bilen meşgullanmagyny gazanmaly.

4. Ýetginjeklik döwründe aýratyn ünüs bermeli. Birnäçe adamlar öz çagalaryny bedenterbiýe sapagyndan boşatjak bolup, azara galýarlar, ol bolsa adamyň kaddynyň bozulmagyna getirmegi mümkin.

5. Adamyň nädogry dem alyşyny bejermeli-burun dykylýan bolsa, açmaly.

6. Aýakdaky kemçilikleri, deňsizlikleri düzetmeli.

7. Çaganyň gözüniň görüşi ýaramaz bolsa, ony düzetmeli (äýnek götermeli).

**Ýaramaz şekiliň düzedilişi:**

1. Ýaramaz şekile getirýän ähli faktorlary aýyrmaly.

2. Hemişe düzediş giminastikasyny geçirip durmaly. Iň gowy giminastika-suwda ýüzmeklik. Ylgamaklyk hem osankany düzetmäge kömek edýär.

## Oňurganyň osteohondrozy

Oňurganyň osteohondrozy, şeyle bir kesel, onuň esasynda oňurgalaryň arasyndaky diskiň degeneratiw distrofiki üýtgeşmeler ýatýr, soňra bolsa gapdalky oňurgalaryň korpusy we baglaýjy apparat hem gatnaşýar, hem-de ýaş hem orta ýaşly adamlaryň işe ukyplylygynyn yitmeginiň esasy sebäbi bolyar. Bilagyrynyň 60%-i osteohondroz sebäpli döreýär. Diskdäki degeneratiw üýtgeşmeleriň esasynda onuň amortizirleýji mümkinçiligi peselýär, şonuň üçin adam arkan gaýşaranda ýokarky oňurga yza süýşýär (psewdospondilolistez). Şeýle patologik hereket sebäpli we gapdaldaky oňurgalaryň hemişe şikes alyp durandan soň (amortizasiýa ýoklugy üçin) baglaýjy plastinanyň sklerozy bolup geçýär, hem-de süňk ösüntgileri emele gelýär (osteofitler).

Diskiň degenerasiýasy we hemişe agramyň düşmegi oňurgalaryň arasyndaky aralygyň peselmegine (azalmagyna) getirýär. Haçanda prosess fibroz halkanyň yzky tarapyna we nerw ösüntgilerine baý bolan yzky dik baglaýjysyna geçende, nerw kökjagazlaryny, kä wagtlar bolsa, oňurga ýiligini gysanda kliniki alamatlar ýüze çykýar.

Esasy kliniki alamaty ýerli agyry bolup, ol lokal (yerli) (lümbalgiýa, serwikalgiýa, işalgiýa) ýa-da irradirleýji (kökjagaz ýa-da we-

getatiw) hasiýetde agyry gabat gelýär. Kliniki suratlandyrmasy prosessiň ýerleşişine bagly.

**Boýunoňurganyň osteohondrozy:**

1. Ukudan, soň başlaýan we kelläňi öwürjek bolaňda güýçlenýän boýundaky agyry.
2. Kelläniň belli bir ýagdaýda durmagy (mejbury ýagdaýda).
3. Boýundaky lordozyň kiçelmegi.
4. Boýun muskullarynyň dartylmagy we hereketiň çäklenmegi.
5. Agyrynyň egine, çigine, garynyň daş ýüzüne we I-II barmaklara ýaýramagy (irradiýasiýasy).
6. Stenokardiýanyň agyrysy görnüşli wisseral näsazlyklar.
7. Rentgen alamatlary - diskiň beýikliginiň peselmegi, oňurgalaryň korpusynyň nätekizligi, osteofitler, boýun lordozynyň kiçelmegi.



1 2

**72-nji surat.**
1. Oňurga beýnisiniň osteofitler bilen gysylmagy 2. Oňurga beýnesiniň oňurga ara ketirdewik bilen gysylmagy (oňurgara diskiň ingisi)

**Konserwatiw bejeriş.** Aňryçäk dynçlyk, aşagy düz düşekde we pessejik ýassykda ýatmaly, Glissonyň halkasynda çekmeli. Ýöränlde Şansyň ýakasyny götermeli (worotnik Şansa).

Derman bilen bejermek: Witamin-B topar ($B_1$, $B_6$, $B_{12}$), reopirin, analgin. Fizioterapiýa. Balneoterapiýa. Eliň we boýnuň owkalamasy.

**Operatiw bejergä görkezmeler:**

1. Oňurganyň korpusyndan yz tarapa ösüntgileriň (ostiýofitler) çykmagy.
2. Oňurganyň diskiniň yz tarapa ingisi (gryžasy).
3. Oňurganyň durnuksyzlygy.

Operasiýanyň görnüşleri: läminektomiýa we yzky spondilodez, diskotomiýa, öňki spondilodez.

**Döşoňurganyň osteohondrozy.** Döşoňurgalarynyň hereketi az bolany üçin ostehandrozyň iň amatly geçýän görnüşi.

**Klinikasy:**

1. Esasan ýerli agyry.
2. Agyrynyň içki synalara (irradiýasiýasy) ýaýramagy.
3. Kifozyň ulalmagy.

**Konserwatiw bejerilişi:**

Dynç bermek (şitiň üstünde ýüzin ýa-da arkan ýatmaly), halkalaryň kömegi bilen gyýtak tekizlikde näsagyň goltugyndan çekmek, öňki agzalan dermanlary ulanmak.

**Operasiýa arkaly bejerilişi:**

Läminektomiýa we yzky spondilodez (gaty agyranda).

1-2 oňurga sebäp bolanda-diski aýyrmak we öň tarapky spondilodez. Köp oňurga zaýa bolanda-yzky spondilodez.

**Bil oňurganyň osteohondrozy. Klinikasy:**

1. Lýumbalgiýa, lýumbaişalgiýa, işalgiýa.
2. Duýujylygyň bozulmagy-lampas görnüşli ýanbaşyň, buduň, injigiň, dabanyň daş ýüzünden.
3. Položitel dartylyş alamaty (Lasegiň alamaty).
4. Deriniň guraksylygy, kesmeklemegi.
5. Peşew haltasynyň we ýogyn içegäniň disfunksiýasy.
6. Bil lordozynyň kiçelmegi.

Rentgen alamatlar: diskiň beýikliginiň peselmegi, oňurganyň korpusynyň plastinkasynyň sklerozy, osteofitler.

**Konserwatiw bejerilişi:**

1. 8 - 10 gün düşekde şitiň üstünde (arkan ýa-da ýüzin) ýatmaly.
2. Halkalaryň kömegi bilen gyýtak tekizlikde näsagyň goltugyndan çekmek, (şol sanda suw asty çeküw).
3. Bejeriş beden-terbiýesi.
4. Owkalama.
5. Analgetikler.
6. Fizioterapiýa.
7. Balneoterapiýa.

Operatiw bejergisi:

Konserwatiw bejerigiler kömek etmedik ýagdaýynda diskotomiýa we öňki spondilodez edilýär.

**Osteohondroz keseliniň öňüni alyş çäreleri:**

1. Oňurganyň şikeslenmesine ýol bermeli däl.
2. Oňurga agram dňşmegini azaltmaly (semremekden gaça durmaly).
3. Uzak wagtlap bir ýagdaýda durmaly däl (işiň dowamynda arakesme etmeli).
4. Ýüki düzgün boýunça götermeli.
5. Bejeriş bedenterbiýesi-bedeniň muskullaryny güýçlendirmeli.

**Osteohondrozyň gaytalanmagynyň öňüni almak:**

1. Hemişe gaty düşekde ýatmaly.
2. Bejeriş bedenterbiýesini ulanmak.
3. Arka muskullaryny owkalama etmeli.
4. Mümkin boldugyça yzygiderli suwda ýüzmeli.
5. Artykmaç agramdan dynmaly (semremeli däl).
6. Iş ýeriňi we işiň dowamlylygyny dogry guramaly
7. Iş wagtynda ýeňiljek korset götermeli.

## Skolioz

Skolioz - oňurganyň gapdala gyşarmasydyr we kesel çagalarda duş gelýän deformasiýalaryň iň köp gabat gelýänidir.

**Toparlamasy.** Köp toparlamalar hödürlendi, ýöne şolaryň içinden Kobbanyň toparlama oňat hasaplanýar. Ol skoliozy etiologiýasyna baglylykda bäş topara bölýär:

1. Ýumşak dokumanyň hem-de baglaýjy apparatyň ýetmezçiligi esasynda ýüze çykýan skolioz. Bu topara rahit keseli esasynda döreýän skolioz hem girýär.
2. Nerwiň ýetmezçiligi esasynda döreýän skolioz (Poliomielitden soň, merkezi nerw ulgamy bilen baglanşykly ysmazlar).
3. Oňurga we gapyrga ýetmezçiligi esasynda döreýän skolioz.
4. Döş kapasanyň keselleri (empiýema, ýanyklar, amalyýetden soň) esasynda döreýän skolioz.
5. Idiopatiki skolioz – döreýşi belli däl.

Haýsy gapdala gyşaranlygyna baglylykdaky toparlama:

1. Sag gapdallaýyn.

2. Çep gapdallaýyn.

3. S-şekilleýin.

Skolioz agyrlygy boýunça 4 derejä bölünýär (W. D.Çaklin):

1. Gapdala sähelçe gyşarmaklyk (5-100). Diňe rentgen şekilinde bilmek bolýar.

2. Gapdala gyşarmak gowy bildirýär (11-300). Gapyrganyň güberçegi mese-mälim bildirýär.

3. Oňurganyň gyşarmasy 31-600. Adamyň dem alyşy we pulsy çaltlaşýar. Deformasiýany bejermeklik kyn düşýär.

4. Oňurganyň gyşarmagy 61-900. Göwräniň deformasiýasy gaty agyr. Gapyrganyň güberçegi dem almagy we ýüregiň urmagyny dynçlyk ýagdaýda-da hem kynlaşdyrýar.

Köp awtorlar gyşarmagyň derejesine keseliň stadiýasy hökmünde garaýarlar. Derejelere bölmegiň ähmiýeti uly, sebäbi bejermegiň usuly (konserwatiw, operasiýa), bejerginiň netijesi skoliozyň derejesine bagly. Kesel näçe ir we pes derejede wagtynda anyklansa şonçada bejergisi ýeňil we netijesi gowy bolýar.

## Etiopatogenezi

Keseliň etiopatogenezi näsagda skoliozyň haýsy görnüşiniň barlygyna bagly. Dogabitdi skoliozyň döremegine oňurganyň we gapyrgalaryň dogabitdi keselleri sebäp bolýar (goşmaça ýarym oňurga, dogabitdi artykmaç gapyrga, birnäçe oňurganyň birleşmegi). Bu kesel çaga kiçijek wagtynda ýüze çykýar. Ahyrky netijesi gowy. Çaga boýuny alandan soň deformasiýa artmaýar. Diňe bil oňurganyň deformasiýasynyň artmagy mümkin.

Miopatiki skolioz muskulyň gowşaklygy netijesinde ýüze çykýar. Köplenç mekdep ýaşly çagalarda duş gelýär. Partada nädogry oturmagy, az hereketde bolmagy bu keseliň ýüze çykmagyna ýardam edýär.

Oňurganyň oý tarapyna basyş köp düşýänligi sebäpli oňurganyň korpusy ösmeýär. Oňurganyň güberçek tarapy bolsa kadaly ösýär. Şonuň üçin wagt geçdigiçe, çaga ulaldygyça deformasiýa artýar. Oňurga gapdala gyşardygyça, ol dik okunyň daşynda towlanýar. Bu bolsa näsagyň arkasynda gapyrgalaryň gübermegine getirýär. Oňurganyň oý tarapynda diskleriň hem beýikligi peselýär.

**Klinikasy.** Skoliozyň klinikasy onuň görnüşine we agyrlyk derejesine bagly. Adatça, bu kesel çagalar baglarynda, mekdeplerde geçirilýän profilaktiki barlaglaryň netijesinde ýüze çykarylýar. Başda çagalar hiç zada arz etmeýärler. Ikinji derejeden başlap deformasiýa ýüze çykýar. Üçünji derejede çagalar fiziki zähmet wagtynda, ylganda ýürek urgusynyň we dem alşynyň çaltlaşýanlygyna arz edýärler. Dördünji derejede dynç wagty hem ýürek urgysynyň we dem alşynyň çaltlanmagyna arz edýär. Keselini anyklamak üçin oňurga sütüniniň iki proýeksiýada (öňki, gapdal) düşürilen rentgen şekili gerek.

**Skoliozyň öňüni alyş çäreleri.** Hemme kesellerde boluşy ýaly skoliozda hem öňüni alyş çäreleri kesel bejermekden has aňsat bolýar. Çagalaryň fiziki ösüşine gözegçilik edip durmaly. Partada dogry oturmagyny gazanmaly, görüşi pes bolan çagalara äýnek dakynmaklygy maslahat berilýär, bir aýagy gysga bolsa ony deňleşdirilmegini gazanmaly. Muskullyry gowşak çagalarda owkalama we giminastika geçirmeli. Skoliozyň öňüni alyş çäreleriň biri bu keseli ir anyklamkdyr.

**Bejerilişi.**

1. Koserwatiw bejergi.
2. Operasiya.
3. Kombinirlenen usul.

Bejerginiň haýsy usuly ulanylsa-da üç pursady göz öňünde tutmaly:

1. Oňurgalary mobilizasiýa (gymyldar ýaly) etmeli.
2. Oňurga sütüniniň gyşyklygyny düzetmeli.
3. Gönelen oňurga sütünini berkitmeli.

**Konserwatiw usula degişli:** Umumy berkidiji bejergi, owkalama, gimnastika, oňurgany çekmek, fizioterapiýa, gips we ortopediki korsetler, gips krowaty, suwda ýüzmek. Owkalama we giminastika adamyň muskula korsetini berkitmäge gönükdirilendir. Operatiw usuly-oňurgany açyp korrigirlemek (göneltmek) we berkitmek. Esasan iki tapgyrda geçirilýär (A. I. Kazmin). Çagalarda 2-3 derejeli skolioz bolanda oňurganyň güberçek tarapynda epifizeodez operasiýa geçirilýär.

## V bap

# BOGUNLARYŇ ARTROZY

Deformirleýji artroz, deformirleýji artrit, deformirleýji artropatiýa, osteoartroz, osteoartrit-bu atlaryň hemmesi bir kesele-bogunyň içinde degeneratiw üýtgeşmeler bilen geçýän kesele degişlidir.

**Toparlanmasy:**

1. Ilkinji (birinji) artrozlar. Olaryň sebäbi belli däl. Bognuň mümkinçiligi bilen oňa düşýän agramyň gabat gelmezligi esasy sebäp hasaplanýar. Agyr fiziki zähmet, rekord üçin sport, göwräniň agramynyň artmagy bogunlar üçin agyr synag bolýar we deformirleýji artroza getirmegi ähtimal. Mümkin haýsydyr bir endogen faktorlar ketirdöwük dokumalaryň gaýtadan dikelmek ukybyny kemeldýän bolmaly. Madda çalyşmagyň bozulmagy, garrylyk hem şeýle ýagdaýa getirýär.

2. Ikilenji (ikinji) artrozlar. Bu artrozlar haýsydyr bir başga sebäpleriň netijesinde döreýär. Ol sebäpler dogabitdi ýa-da soň döräp bilýär. Meselem, dogabitdi çykyklar, displaziýalar, epifiziň ösüş zolagy bozýan keselleri we başgalar. Ýaşaýşyň dowamynda ýüze çykýan kesellere mysal edip şikesleri, bogna geçýän ýaralary we ş. m. alsa bolar. Epifiziň döwükleri, esasan hem nädogry bejerilen bolsa soňundan deformirleýji artroza getirýär. Eger-de bognuň içine geçýän ýaralar bolsa, onda infeksiýa hem deformirleýji artroza getirmegi mümkin, hatda epifiz döwülmedik hem bolsa.

## Bogun ketirdewüginiň gurluşy

Deformirleýji artrozyň etiologiýasynyň, patologik anatomiýasynyň we kliniki alamatlaryň baglanyşygyna düşünmek üçin hökman bognuň gialin ketirdöwüginiň gurluşy bilen tanyşmak gerek. Bilişimiz ýaly, bogun emele getirýän süňkleriň uçlary gialin ketirdewük bilen örtülen. Bogun ketirdewüginiň 4 gatlagy bolýar:

1) ýüzleý gatlagy, (tangensial zolak) ol maýda, tegelejik ýasy öýjüklerden durýar. Ol gatlak bogun üstüne parallel ýerleşendir;

2) geçiş gatlagy (perehodnaýa zolak), ol nädogry tegelek görnüşli öýjüklerden durýar. Olar köp tekizlikde we toplum bolup ýerleşýärler;

3) radial gatlak. Bu gatlagyň öýjükleri bogun üstüne görä perpendikulýar ýerleşendirler. Ol gatlagyň öýjükleri süýri görnüşde we şu gatlagyň galyňlygy näçe uly bolsa, bütin ketirdewügiň galyňlygy hem şonça galyň bolýar. Diýmek ketirdewügiň galyňlygy şu gatlagyň galyňlygyna bagly.

4) Özünde süňk öýjüklerini ýygnaýan, süňke öwrülýän gatlak, bu gatlak gönüden göni süňk bilen galtaşýar.

Ketirdewük öýjikler gialin esasly maddada ýerleşýärler. Ýekebara we toparlaýyn ýerleşen ketirdewük öýjikleriň arasynda süýümjikler ýerleşýärler. Radial gatlakda bu süýümjikler bognuň üstüne parallel ýerleşýärler, emma ýokarky, ýüzleý gatlakda olar bogunyň üstüne dikligine ýerleşýärler. Nirede ýerleşselerde süýümjikler gotiki gümmezleri ýada salýar, olaryň içinde bolsa ýekebara ýa-da toparlaýyn ketirdewük öýjükler ýerleşýärler. Esasy gialin madda süýümleri biri-biri bilen berk ýelmeşdirýär we bogun emele getirýän süňküň üstini aýna ýaly ýylmanak edýär.

Bogun ketirdewüginiň degeneratiw üýtgeşmeginiň ilkinji alamaty bogun üstüniň süýümleriniň dargamagy we onuň ýylmanak häsiýetini ýitirmegidir.

Hereketde basyşyň we sürtelmäniň goşulyşmagy esasy orny oýnaýar. Bogun ketirdewügi hemme zatdan öň hereketiň hiç bir sürtelmesiz tekiz geçmegini üpjün etmeli. Ketirdöwük süňküň gödek nätekizliklerini ýylmamaly we hereket wagtynda ýüze çykýan itergi güýjüni peseltmeli (ýagny, amortizator funksiýasyny ýerine ýetirmeli). Bu bolsa ketirdewügiň gysylyp bilmeginde, maýyşgaklygy netijesinde mümkin, sebäbi hereket gutarandan soň ýene öňki durkyna gelýär. Ketirdewükleriň maýyşgak üstleri bir-biri bilen gysylanda ketirdewükleriň galtaşýan ýerlerinda olaryň durky üýtgeýär. Galtaşma nokatlaryndaky durkynyň üýtgemegi dinamiki güýjiň basyşy esasynda ýüze çykýar we hereket wagtynda döreýän itergi güýjüni azaldýar. Durkunyň galtaşmada ýüze çykýan üýtgemegi sürtülmäniň azalmagyna ýardam edýär, sebäbi hereket wagtynda täze ýerler gezekleşip gysylýar, gysylmadan boşan ýerlerde bolsa ketirdewük öňki durkyna gelýär.

Bogunlaryň we olaryň aýratyn bölekleriniň maýyşgaklygy bir meňzeş däldir. Bogunlaryň oýjükleri, bogunlaryň kellejigine görä ýumşagrakdyr. Dowamlaýyn basyş ketirdewügiň maýyşgaklygynyň peselmegine getirýär. Ketirdewügiň gurluşynyň islendik üýtgeşmesi onuň maýyşgaklygynyň peselmegine getirýär.

Ketirdewük özüniň ösüşini togtadýan hemişelik basyşy hemme zatdan agyr geçirýär, yzygiderli üýtgäp durýan basyş bolsa ketirdewügiň ösmegine kömek edýär. Ketirdewügiň galyňlygy 0,2-6 mm çenli aralykda bolýar (haýsy bogundalygyna baglylykda).

Eger-de ketirdewükler bir-biri bilen galtaşmasalar hem edil biri-biri bilen berk basyşyp, gysylyp durandaky ýaly degenerasiýa sezewar bolýarlar.

Şeýlelikde, deformirleýji artrozlaryň etiologiýasy hakynda gürrüň edilse ýaňky aýdylanlary ýatlamaly. Ýagny ketirdewükleriň hemişe gysylyp durmagyna ýa-da olaryň bir-birine galtaşman durmagyna getirýän faktorlar deformirleýji artrozlaryň döremegine sebäp bolýarlar.

## Patomorfologiki üýtgeşmeler

Deformirleýji artrozlara mahsus bolan degeneratiw üýtgeşmeler ketirdewügiň zaýalanmagyndan başlanýar. Ilkinji göze görünýän alamaty-gialin ketirdewügiň özüniň aýna şekilli tekizligini ýitirmegi. Ketirdewügiň süýümleri gopýarlar, şonda ketirdewügiň üstünde nätekizlikler emele gelýärler. Süýümjikleriň gopan ýeri çukanak bolup galýar, gopan süýümler bolsa bogunyň içinde aýratyň bölekler görnüşinde ýatýarlar. Ketirdewügini ýitiren süňk hem ýukalyp başlaýar.

Irki mikroskopik üýtgeşmelerden ketirdewügiň fibrillýasiýasy mahsusdyr. Ketirdewükdäki çukanaklar, olarda gopan ketirdewük öýjükleri ýerleşýär. Ketirdewügiň aşaky gatlaklarynda dänejikler görnüşinde kalsiniň çökündileri görünýär. Öýjükleriň arasyndaky gialin esaslaryň mukoid üýtgeşmeleri bolup geçýär. Süňk ýiligi aktiwleşýär, dil görnüşinde ketirdewügiň aşaky gatlaklaryna aralaşýar we şol ýerde ketirdewükde süňküň emele gelmegine getirýär. Ketirdewük bogun üstüniň merkezinde ölýärler, gyralarynda bolsa

işjeňleşýär. Ketirdewügiň aşaky gatlaklarynda kistalar, boşluklar emele gelýär. Käbir kistalar bogun boşlugyna açylýarlar, bu bolsa şol kistalaryň emele gelmegine bogun suwuklygynyň täsiri bolmagynyň mümkindigini aňladýar. Şol kistalaryň içinde süňk öýjükleri ölýärler, gyralarynda bolsa süňk ösýär.

Bogun (kapsulasy) haltajygy galňaýar, fibroz gatlak galňaýar we gataýar. Sinowial gatlak hem galňaýar, çişýär, giperemirlenýär we ″seçeklenýär″. Kapsulanyň düzümünde ketirdewük we süňk öýjükleri gabat gelýär (*73-nji surat*).



**73-nji surat. Dyz bognuň artrozynyň döwürleri**

**Deformirleýji artrozyň alamatlary.** Deformirleýji artrozyň alamatlary kem-kemden ýüze çykýar. Ilki bilen çalt ýadamaklyk ýüze çykýar, soňra bogunlarda agyry peýda bolýar.

**Keseliň geçişi birnäçe ýagdaýlar bilen kesgitlenýär:** bogna funksional agram düşüşi, adamyň öz agramy, konstitusiýasy, ýaşaýyş şerti, gormonlaryň täsiri, göwrelilik we çaga dogurmaklyk bilen. Ýadawlylyk we agyry ilki bada köp wagt ýörese ýüze çykýar we dynç alsa derrew aýrylýar. Ýuwaş-ýuwaşdan ýadamaklyk we agyry tiz--tizden duýulýar hem-de uzaga çekýär. Agyry köplenç dyz bognundan başlaýar. Adatça, agyry adam ýöräp ýörkä başlaýar we otursa kesilýär. Seýrek wagtlarda näsaglar gijeki agyrada arz edýärler.

Keseliň güýjemegi bilen bogunyň hereketi azalýar. Ilki bilen ahyry ýazmak, soňra - iç tarapa towlamak, egmek we daş tarapa gyşartmak kynalýar. Köplenç egilen we iç tarapa gyşaran kontraktura emele gelýär.

Ýuwaş-ýuwaşdan näsaglarda ýönekeýje adaty hereketleri hem ýerine ýetirmek kynçylyk döredýär: aýagyny galdyrmak, oturmak, turmak. Näsaglar howanyň, atmosferanyň basyşynyň üýtgemegine, çyglylyga duýgur bolýarlar.

## Deformirleýji artrozyň bejerlişi

Deformirleýji artrozyň bejerlişini belli bir bogunyň - çüýjüklik bognunyň mysalynda alsak gowy bolarmyka diýýän. Sebäbi, birinjiden bu bognuň artrozy köp duş gelişine görä birinji ýerde durýar, ikinjiden näsaglar bu artrozlardan başga bogunlaryň artrozyna garanda has köp kynçylyk çekýärler, üçünjiden şu bognuň artrozynda ulanylýan bejergiler başga bogunlaryň artrozynda hem ulanylýar.

Bejerginiň esasy maksady-agyryny aýyrmak. Agsamaklyk, hereketiň doly däldigi näsaglary agyra görä az azar berýärler.

**Konserwatiw bejerilişi.** Bejergini hemişe konserwatiw bejergiden başlamaly. Kesel ilki başlanda konserwatiw bejergi bilen näsaglara kömek etse bolýar. Bognuň näsaz hereketi agyry döredýär, agyry muskullaryň (spazmyna), gysylmagyna getirýär, bu bolsa, öz gezeginde bognuň işini ýaramazlaşdyrýar, we keseliň güýjemegine getirýär.

Şeýlelikde, näsaz reflektor halka emele gelýär, agyryny aýyrmaklyk şol näsaz zynjyryň (üzülmegini) gazanýar. Şonuň üçin agyryny aýyrmaklyk muskullaryň işini gowulandyrýar, spazmyny, gysylmagyny aýyrýar, kontrakturalar azalýar, hereketiň göwrümi artýar. Şeýdip keseliň güýjemegini saklamak başardýar.

1). Bogna düşýän agramy doly aýyrmaly. Onuň üçin näsagy düşekde ýatyrmaly-turmaga, ýöremäge rugsat bermeli däl. Düşeginiň aşagy tekiz we gaty bolmaly (tagta-şit goýmaly). Aýagyna çekuw ulgamyny goýup, kiçiräk ýük bilen çekmeli. Skelet çeküwini uly injik süňküniň tümmejiginden ýa-da ökjeden (eger dyz hem agyrýan bolsa) çekse bolýar. Ýüki ilki azyrak agram bilen (2-3 kg), soňra ýuwaş-ýuwaşdan 8-10 kg ýetirmeli.

2). Bogna nowokain erginini goýbermek. Punksiýa üçin 0,5 %-li nowokain ergini ulanylýar. Bogna düşeniňden soň, artykmaç sinowial suwuklygy aýyrmaly, bogunyň içine nowokainiň 2 %-li erginini (20-30 ml) goýbermeli. Bu agyryny aýyrmakda, näsaz halkany (üzmekde) uly orny oýnaýar.

3). Analgetikleri ulanmak. Analgetikler hem agyryny aýyrmakda gowy kömek berýär. Morfin ýa-da şoňa meňzeş narkotikler ulanmak bolmaýar. Ulanylýan dermanlar: analgin, dimedrol, spazmalgon, reopirin we ş. m.

4). Fizioterapiýa. Bejergi esasan gan aýlanşygy gowulandyrýar, ol bolsa, bognuň dokumalarynyň trofikasyny gowulandyryp keseliň güýjemegini saklaýar. UWÇ, ionoforez, ultrases, lazer bejergileri has ähmiýetlidir.

5). Şypahana bejergisi. Bu bejergi agyrylar gowşap, näsag ýöräp başlanyndan soň maslahat berilýär. Arçmanda kükrtli mineral suwuň kömegi bilen bejerýärler, Mollagarada - ýörite derman palçyk we ýokary konsentrasialy duzly suwuň kömegi bilen. Şypahanalarda fizioterepiýa, owkalama, bejergi giminastikasy hem ulanylýar.

Konserwatiw bejergi diňe keseliň güýjemegini saklaýar, ony doly bejerip bilmeýär. Eger-de bogundaky näsaz üýtgeşmeler gaty ötüşen bolsa, onda operatiw bejergini peýdalanmaly bolýar.

**Deformirleýji artrozlaryň operasiýa bejergisi.** Operatiw bejerginiň hem esasy maksady agyryny aýyrmak. Şondan soň birnäçe ýylyň dowamynda agyry duýulmaýar. Eger agyry aýrylsa, hereket we agsamaklyk gowulaşmaýanda-da operasiýanyň netijesi oňat hasaplanýar. Kä operasiýalardan soň hatda agsamaklyk beterleşýär. Şonuň üçin operasiýadan öň näsaga keseliniň ýagdaýyny, operasiýadan soň nähiliräk netije boljakdygyny düşündirmeli. Haýsy bir operasiýa üçin görkezme bellenende şu zatlary hasaba almaly: ýaşy, käri, ýaşaýyş şertleri, bogunyň hereketi, rentgen üýtgeşmeler, keseliň bir ýa-da iki taraplaýyndygy.

1). Ýumşak dokumalarda Adduktorlaryň miotomiýasy, Fossanyň operasiýasy. But süňküniň deformirlenen kellejigine iki mehaniki faktorlar täsir edýärler: näsagyň bedeniniň agramy we dartylýan kontrakturadaky myşsalaryň basyşy. Birinji faktor diňe adam ýörände täsir etse, ikinji faktor hemişe täsir edip durýar. Şonuň üçin muskullaryň basyşyny gowşatmaklyk agyryny aýyrmaga kömek edýär. Bu operasiýalaryň iň köp ulanylýanlary:

***Buduň adduktorlarynyň miotomiýasy we Fossanyň operasiýasy.***

Fossanyň operasiýasynda adduktorlaryň miotomiýasyndan başga kiçi (wertel) aýlawaç we uly aýlawajyň ujyny goparýarlar, Şonda şol ýerlere birigýän muskullar gowşaýarlar, kellejige bolan basyş hem azalýar.

2). Korrigirleýji osteotomiýalar. Bu operasiýa hem bogna düşýän agramy azaltmaga gönükdirilendir, hem-de kontrakturalar kiçelýärler, ondan başga-da, bognuň trofikasy gowulaşýar. Osteotomiýalaryň içinde Mak-Marreýanyň osteotomiýasy has köp ulanylýar. Onda osteotomiýa çyzygy uly aýlawajyň aşagyndan, kiçi aýlawajyň üstünden geçýär. Osteotomiýadan soň aşaky süňk bölegi iç tarapa süýşirilýär we metal konstruksiýalaryň kömegi bilen osteosintez geçirilýär. Bu operasiýalar soň bognuň süňklerinde uly özgerişlikler bolup, ýumşak dokumalarda geçirilen ýa-da geçiriljek operasiýalar kömek bermese ulanylýarlar.

3). Artrodez. Bu operasiýa bogun emele getirýän süňkleriň epifiziniň üstündäki ketirdewügi aýyryp iki süňk bir-biri bilen biter ýaly şert döredýär we bogunda hereket bolmaýar. Deformirleýji artrozlarda agyry esasan, hereket wagty döreýär, artrodezden soň bolsa hereket bolmaýar we näsaglar agyrydan dynýarlar. Bogunda hereketiň ýoklugynyň öwezini agyrynyň aýrylmagy, näsagyň aýagyna doly agram salyp ýöräp bilmegi dolýar. Bu operasiýa beýleki bogunda oňuşarlyk hereket bar bolsa ulanylýar.

4). Artroplastika. Soňky döwürlerde artroplastika endoprotezleriň hasabyna geçirilýär. Eger iki çüýjiklik bogunundа hem deformirleýji artroz bolan bolsa, onda birinde hökman endoprotez ulanýarlar, beýlekide artrodez etseň hem bolýar. Häzirki wagtda endoprotezleriň dürli görnüşleri bar.

# VI bap

# OSTEOHONDROPATIÝALAR

Osteohondropatiýalar - süňk-bogun apparatynyň çagalarda we ýetginjeklerde gabat gelýän hem başdan dowamly ýagdaýa geçýän keseldir. Bu keselde käbir süňkleriň epifiziniň subhondral böleginiň zeperlenmesi bolýar: köp gaýtalanýan trawmalaryň, adatdan daşary agram düşmeginiň we nerw trofikasynyň bozulmagynyň täsirinde süňk dokumasynyň aseptik nekrozy ýüze çykýar. Osteohondropatiýalaryň geçişinde bäş döwri tapawutlandyrýarlar. Birinji döwürde - gan

aýlanşygyň bozulmasy netijesinde süňk dokumasynyň aseptik nekrozy; ikinji - impression döwük, ýalan gatamaklyk netijesinde; süňk sütünjikleriň gysylmagy we myşşarmagy. Üçünji böleklenmek - (fragmentizasiýa) nekroz bolan, sorulan süňk dokumalarynyň ýerine birleşdiriji dokumalaryň ösmegi netijesinde bolup geçýär; dördünji öndürijilikli - (produktiw), ýa-da reparatiw döwri (täze süňküň emele gelmegi); bäşinji - şikes ýeten süňkleriň eger-de bejergi dogry geçirilen bolsa gurluşynyň we görnüşiniň dikelmegi. Eger-de bejergi dogry geçirilmedik bolsa, onda süňkleriň morfologiýasy we hyzmaty bozulýar.

Kesel iki ýyldan 3-4 ýyla çenli dowam edýär. Klinkasy agyry we bogunlaryň hyzmatynyň bozulmagy bilen baglanyşykly.

**Bejerilişi.** Agram salmaly däl, bejerşi bedenterbiýesi, owkalama, witaminler, bedeni umumy berkidýän terapiýa. Fizioterapiýa, balneoterapiýa we suwdaky bedenterbiýe hem gowy kömek edýär.

Süňküň haýsy epifizinde kesel barlygyna görä, şol keseli ýazan awtorlaryň ady bilen atlandyrylýar. Şolaryň iň agyr geçýäni but süňkiniň kellejiginiň osteohondropatiýasy - Leg-Kalwe Pertesiň keseli.

## But süňküniň kellejiginiň osteohondrapatiýasy

But süňkiniň kellejiginiň osteohondropatiýasy ýa-da Legg - Kalwe - Pertesiň keseli osteohondropatiýalaryň iň köp duş gelýänleriniň we agyr geçýänleriniň biri. Bu kesel 4-12 ýaşly çagalarda, köplenç hem oglanlarda ýüze çykýar. Ol bir we iki taraplaýyn bolup bilýär. Köplenç şol çagalarda birnäçe gezek yzygiderli mikrotrawma bolanlygy anamnezinden bilinýär. Çüýjükligiň dogabitdi çykyklary ýerine salynandan soň hem bu kesel ýüze çykmagy mümkin.

Kesel ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykýar. Çaga ilki köpräk ýörese ýadowlyk duýýar, agyry döreýär, agsap başlaýar. Wagt geçmegi bilen budyň we ýanbaşyň muskullary atrofirlenýär, inçelýär, hereketiň göwrümi azalýar, esasan daş tarapa gyşarmagy we rotasiýasy kemelýär, çüýjüklik bogunynda kontraktura ýüze çykýar. Agyrýan aýagynyň azyrak keltelmegi hem mümkin. Trendelenburgyň alamaty

položitel bolup bilýär. Ýerli we umumy temperatura ýokarlanmaýar, infiltrat bolmaýar, ýagny tuberkulez we beýleki jerhetli keselleriň alamatlary bolmaýar.

Rentgenografiýa barlagy kesgidi anyklamaga kömek edýär. Rentgen alamatlar keseliň döwrüne bagly. Birinji döwürde rentgende üýtgeşme bolmazlygy hem mümkin ýa-da bogun emele getirýän süňkleriň arasyndaky (boşluk) çalaja giňelýär, ikinjide - but süňkiniň kellejigi özüne mahsus bolan trabekulýar gurluşyny ýitirýär, deformirlenýär (agram düşmek faktory); üçünjide - bogun (yşy) (bogun emele getirýän süňkleriň arasyndaky (boşluk) giňelen but süňkiniň kellejigi maşşaran we birnäçe bölejiklere bölünen (fragmentasiýa); dördünjide - täze süňk balkajyklarynyň emele geleni bildirýär; bäşinjide - stadiýa kellejik öňki gurluşyna we formasyna ýakyn gelýär, eger-de bejergi dogry geçirilmedik bolsa, onda bu döwürde but süňkiniň kellejigi kömelegi ýada salýar, deformirleýji artroz ýüze çykýar.

**Bejerilişi.** Bejergide iň esasy zat kesel bildirenden bada-bat we uzak wagtlap aýaga agram salmaly däl. Şeýle edilse but süňküniň kellejigi öz görnüşini saklaýar, deformirlenmeýär. Aýaga agram salmazlyk üçin näsagy düşekde ýatyrmaly, aýagyndan ýük bilen çekiji ulgama goýmaly. Eger-de ýöremek rugsat beriläýse-de pişekli ýöremeli. Bogna agram salynmasa-da hereket etmek hökman gerek. Fizioterapiýa bogunda gan aýlanşygy gowulandy polojitel täsir edýär. Witaminleriň B - toparyny we beýleki bedeniň umumy ýagdaýyny gowulandyrýan bejergi geçirmeli. Arçman şypahanasynyň suw bejergisi we Mollagara şypahanasynyň palçygy hem bognuň trofikasyny gowulandyrmaga kömek edýär. Eger-de çagany düşekde saklamak başartmasa, onda koksit gips daňysyny 4-6 aýlyk goýýarlar. Uzak wagt gips daňysyndan soň rentgenografiýa edip, eger-de kesel soňky döwürlerine geçen bolsa, reabilitasiýa bejergi bellenýär.

Eger-de kesel wagtynda bilinip, degişli bejergi geçirilse, onda bogun doly dikelip bilýär. Eger kesel giç bilinse, bejergi nädogry geçirilse, onda deformirleýji artroz ýüze çykýar. Onuň bolsa agyr keseldigini, bejergisiniň kyndygyny ýatlap geçmeli.

## Uly injik süňküniň tümmejiginiň osteohondropatiýasy

Bu keseliň başgaça ady Osgud - Şlýatteriň keseli. Bu kesel 10-15 ýaşly çagalarda, esasan oglanlarda ýüze çykýar. Näsaglaryň anamnezinden belli bolşy ýaly olaryň köpüsi sportsmen çagalar, esasan buduň 4 kelleli muskula köp agram düşýän bolsa.

**Kliniki alamatlary.** Kesel aýagynda uly injik süňküniň tümmejigi ulalýar, şol ýerde agyry duýulýar. Agyry dyz bogunda hereket wagty artýar, Rentgenografiýada uly injik süňküniň tümmejiginiň ösüş zolagy giňiräk bolup biler, araçägi bulaşygyrak, tümmejigiň özi birnäçe böleklere bölünen bolmagy mümkin.

**Bejerilişi.** Bu keselde-de agram salmaly däl. Näsagy düşekde saklamaly, aýagyna gips longetasyny goýmaly. Gips longetasy fizioterapiýalary almaga mümkinçilik berýär.

## Dabanyň gaýyk görnüşli süňküniň osteohondropatiýasy (Kelleriň birinji keseli)

Kesel 4-10 ýaşly çagalarda, oglanlarda köpräk gabat gelýär, özi hem iki taraplaýyn bolýar. Ilkinji alamatlary: gaýyk görnüşli süňküň töwereginde agyry, çiş agsamaklyk, ýadowlyk dabanyň uzynlygyna bolan gümmezi peselýär. Hereket wagty gaýyk şekilli süňke bassaň agyry güýçlenýär. Näsaglara mahsus bolan ýöreýişi bolýar: näsag dabanyň daş gyrasyna basyp ýöreýär, iç gyrasyna agyry sebäpli basmaýar, ony aýap saklaýar. Rentgen alamatlary: ilki gaýyk görnüşli süňk (gataýar) (rentgen kontrastlygy artýar), soňra bu süňk kiçelýär we fragmentirlenýär (böleklere bölünýär). Dabanyň dikligine gümmezi peselýär (ýasy daban).

**Bejerilişi.** Dabanyň dikligine gümmezini mümkin boldugyça doly saklap töwerekleýin gips danysyny goýmaly (ädijek), 5-6 aýlap aýagyny basman, pişekde ýöremeli. Fizioterapiýa we umumy bejergi almaly. Soňra birnäçe ýyllap köwşüniň içinde petek-supinator götermeli. Ol gaýyk görnüşli süňke agram düşmeginiň peselmegine kömek edýär we ýasy dabanyň öňüni alýar.

## Daraklyk süňkleriniň kellejiginiň osteohondropatiýasy (Kelleriň ikinji keseli)

Kesel esasan, zenanlarda duş gelýär. Köplenç II-daraklyk süňküniň epifizinde, oňa görä seýregräk III-daraklyk süňkünde, kä halatlarda bolsa II-III daraklyk süňklerinde gabat gelýär.

Kesel ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykýar. II-III daraklyk süňkleriniň töwereginde ýöränде güýçlenýän agyry düýulýar. Näsag ýörände dabanyň öň tarapyna agram düşürmejek bolup agsaýar. Şol ýerini elläniňde çiş we agyry duýulýar. Rentgen alamatlary: ilki II-III daraklyk süňkleriniň kelejikleri (gataýar), soňra fragmentirlenýär, bogun boşlügy giňelýär, kellejikler myşşarýar, soňra deformirleýji artrozyň alamatlary ýüze çykýar.

**Bejerilişi.** Dabanyň dikligine we keseligine gümmezlerini mümkin boldugyça doly saklap, aýlawly gips daňysyny goýmaly (ädijek), 5-6 aýlap aýagyny basman, pişekde ýöremeli. Fizioterapiýa we umumy bejergi almaly. Soňra birnäçe ýyllap köwşüniň içinde petek-supinator götermeli. Ol gaýyk görnüşli we daraklyk süňklerine agram düşmeginiň peselmegine kömek edýär we ýasy dabanyň öňüni alýar.

## Oňurganyň korpusynyň apofiziniň osteohondropatiýasy (Şoýerman - Maunyň keseli).

Bu kesel köplenç 11-18 ýaşly ýigitlerde ýüze çykýany üçin oňa ýetginjekleriň kifozy diýip hem atlandyrýarlar. Oňurganyň korpusynyň apofizinde bolup geçýän üýtgeşmeler ýuwaş-ýuwaşdan döş oňurganyň kifozynyň ulalmagyna getirýär. Apofizleriň keseli oňurganyň korpusynyň dogry ösmegine päsgel berýär, oňurganyň öň tarapy ösüşden yza galýar, şol sebäpli oňurganyň korpusy pahna (kliň) görnüşe eýe bolýar, ol bolsa oňurganyň kifozynyň artmagyna getirýär. Bu keselli näsaglarda köplenç endokrin ulgamlarynyň hem näsazlygyň bardygy ýüze çykýar.

**Alamatlary.** Kifozyň artmagy, näsagyň basym ýadamagy, arka muskullaryň gowşaklygy, oňurganyň apofizleriniň tekiz däldigi (diş-diş bolmagy), oňurganyň korpusynyň pahna görnüşine gelmegi, şol

oňurgalaryň arasyndaky diskleriň hem üýtgeşmegi (Şmorlýanyň düwüni) bolup geçýär.

**Bejerilişi.** Ilki bilen oňurga agram düşmez ýaly etmeli-näsagy gaty, tekiz düşege arkan ýatyrmaly, bil oňurganyň aşagyna kiçiräk ýassyjak goýmaly. Arka muskullarynyň owkalamasy. Bejergi gimnastikasy. Suwda ýüzmek. Beýleki osteohondropatiýalardaky ýaly umumy bejergi hem geçirmeli.

## Oňurganyň korpusynyň osteohondropatiýasy (Kalweniň keseli)

Bu kesel 6-10 ýaşly çagalarda ýüze çykýar, oňurganyň apofiziniň osteohondropatiýasyna garanyňda has seýrek duş gelýär.

**Alamatlary.** Oňurganyň ýadowlugy, agyrýan oňurgalara basylanda agyry artýar, oňurganyň myşsalary inçekesel spondilitindäki ýaly dartylyp durýar. Ýöne tuberkulýoz spondilitden tapawutlylykda näsagyň umumy ýagdaýy agyr däl, temperaturasy ýokarlanmaýar. Rentgen alamatlary: kesel oňurgalar (dykyzlanan), oňurganyň beýikligi tutuşlaýyn peselen (pahna görnüşli däl), oňurgalaryň arasyndaky (boşluk) giňelen.

**Bejerilişi.** Oňurganyň apofiziniň osteohondropatiýasyndaky ýaly.

# VII bap

# YSMAZ DEFORMASIÝALARY

## Poliomiýelitden soň galan deformasiýalaryň öňüni alyş we bejeriş çäreleri

Gowşak ysmazlaryň mysaly edip poliomielitden galan ysmazlary almagy makul bildik.

Poliomielit, çagalaryň oňurga ýilik ysmazy – bu oňurga ýiliginiň öňdäki (şahjagazlaryna) zeper ýetirýän ýakanç epidimiki kesel. Keseli 1840-njy ýylda Geýne diýýän alym açypdyr, 1890-njy ýylda Medina bu keseliň infeksion (ýokanç) keseldigini takyklapdyr. Şonuň üçin bu kesele Geýne-Medinanyň keseli hem diýilýär.

Keseli döredýän polimielitiň wirusydyr. Bu keseliň wirusy bedene giriş derwezesi - burundamak, iýmit siňdiriş ýollary. Polimielit bilen 2-3 ýaşly çagalar keselleýärler, emma, epidemiýa wagtynda uly ýaşly çagalar, hatda ulular hem keselläp bilýär. Keseliň döremegine ýardam edýän faktorlar: bokurdak mäzleriniň we adenoidlaryň aýrylmak amalyýeti, çagalaryň käbir ýokanç keselleri geçirmegi (gyzamyk, gök bogma, garamyk, täjihoraz...), awitaminoz A we C, şikes, gaty ýadawlylyk, endokrin näsazlyklar we ş.m.

Wirusyň täsiri astynda oňurga ýiliginde (esasan hem onuň öň şahalarynda) agyr morfologik üýtgeşmeler bolup geçýär. Üýtgeşmeler kelle beýnä we onuň gabyklaryna hem ýaýraýar. Keseliň geçişinde 4 – döwri tapawutlandyrýarlar: 1) Başky ýa-da paraliçden öňki; 2) ysmazlyk (paralitik); 3) Dikeliş; 4) Rezidual ýa-da çiçki döwrüdir. Gizlin döwründe umumy gowşaklyk, işdäsiniň kesilmegi iýmit siňdirişiň bozulmagy (ýürek bulanmak, gaýtarmak, içiniň geçmegi).

Birinji döwri, paraliçden öňki döwür gaty gysga wagtlyk bolýar we derrew ikinji, ysmazlyk döwrüne geçýär, şonuň üçin bu döwürleri birikdirip (ýiti) döwri diýip hem alýarlar.

Kesel duýdansyz temperaturanyň gaty ýokarlanmagy bilen, kelleagyry, huşunyň bozulmagy, iýmit siňdirişiň bozulmagy bilen başlaýar. Soňra meningitiň alamatlary: ýeňsäniň muskullarynyň gatamagy, umumy gipertenziýa ýüze çykýar. Näsaglaryň köpüsünde eýýäm 3-4--nji günleri ysmaz ýüze çykýar. Kä wagtlar ysmazlyk ähli muskullara, şol sanda dem alyş muskullara-da ýaýrap, çaga asfiksiýadan ölüp bilýär. Bu döwre mahsus alamatlary oňurga ýilik suwuklygynyň basyşynyň artmagy we ondaky öýjükleriň (leýkositleriň) artmagyny ýatlamak bolar.

Dikeldiş döwründe - ýüze çykan alamatlaryň ýuwaş-ýuwaşdan kemelmegi bolup geçýär. Bu döwrüň, hatda 4-5 ýyla çekýänligi elektrofiziologiýa barlaglaryň netijesinde belli edildi.

Çiçki döwri – rezidual döwründe oňurganyň we ujaklaryň (el-aýagyň) dürli deformasiýasy mahsusdyr, sebäbi käbir myşsalaryň ysmazlyk netijesinde hyzmaty bozulýar.

Ysmaz bolan ujak (el-aýak) elläninde sowuk, muskullary atrofirlenen, baglaýjy apparaty süýnen, hyzmaty nerw-muskul

apparatynyň ysmazlygynyň agyrlygyna görä bozulan. Bu üýtgeşmeler näsagyň hereketini kynlaşdyrýar, täze ýagdaýa uýgunlaşjak bolmagy näsaglaryň ujaklarynyň bogunlarynda dürli deformasiýalaryň ýüze çykmagyna getirýär. Gistologiýa barlaglarynyň görkezmegine görä myşsalar atrofirlenen, kä ýerlerinde ýag dokumalaryna öwrülen. Süňkleriň dykyzlygy kemelýär, inçelýär.

**Öňüni alyş çäreleri.** Hemme kesellerde boluşy ýaly bu keselde hem profilikatika bejergä garanyňda has ýeňil. Keseliň öňüni alyp bolmasa, onda iň bolmanda agyr deformasiýalaryň öňüni almaly.

Esasy profilikatika immunizasiýadan başlanýar, onuň üçin ýörite waksinalar ulanylýar. Häzirki döwürde, eger-de waksina dogry ulanylsa kesel döremeýär, döräýse-de ýeňil görnüşde geçýär. Alymlaryň, lukmanlaryň işleri netijesinde köp wagtdan bäri bu keseliň epidemiýasy bolanok, emma, birdir-ikidir keselleýän çaga bolaýýar. Eger-de çaga kesellände-de, bada-bat ortopediki çäreler görülse daýanç - hereket ulgamynda uly deformasiýalar bolmaýar. Türkmenistanda tutuşlaýyn hemme çagalara poliomielitin garşysyna waksinasiýa edilýär we onuň netijesinde şu kesel düýpgöter ýok edildi diýlip yglan edildi we biziň ýurdumyz Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň sertifikatyna eýe boldy.

**Bejeriş işleri.** Bejeriş çäreleri umumy häsiýete eýedir, sebäbi edil bu wirusyň garşysyna derman ýok. Umumy çärelere girýär: arassa howa, gowy gigiýena şertleri, dogry we rasional iýmit, nerw ulgamyna täsir edýän dermanlar (prozerin, dibazol, B topara degişli witaminler). Näsag gaty (şit) tekiz düşekde ýatmaly, eli-aýagy mümkin boldugyça göni ýagdaýda bolmaly. Esasan hem dabanyň ýagdaýlaryna seretmeli: daban 90° epilen bolmaly, bu ýagdaýy zylça longetasyny goýup saklap bolýar. Oňurga gyşarmaz ýaly näsagy zylça krowatynda ýa-da başga ýörüte krowata ýatyrmaly.

Näsaglar ortopede eýýäm daýanç-hereket ulgamynda deformasiýalar ýüze çykanyndan soň ýüz tutýarlar. Poliomielitden galan deformasiýalary bejermekde konserwatiw we operatiw usullardan peýdalanýarlar. Konserwatiw bejergä nerw ulgamynyň işini kadalaşdyrýan: dermanlar bilen, fizioterapiýa, funksional usuly we ortopediki bejergiler bellenilýär.

Derman bilen bejergini eýýäm ýatladyk. Fizioterapiýa: ýyljak suw, ýyljak düýe ýüňünden örülen matalara dolamak, faradizasiýa, iono-galwanizasiýa, ipoterapiýa.

Funksional usul: bejergi bedenterbiýesi, owkalama.

Ortopediki usul: gipsden, plastmassadan şinalar, ortopediki ap-parat, korset, ortopediki köwüş.

Operasiýa arkaly bejeriliş: ýumşak dokumalarda, süňkde we oňurgada geçirilýär. Birinji operasiýalara girýär: muskullarda plastika - miotomiýa, olaryň birigýän nokadyny üýtgetmek, ikinjilere - osteo-tomiýa, artrodez, spondilodez.

Operasiýa arkaly bejeriliş diňe dördünji döwri ulanylýar. Plas-tika üçin diňe şikes ýetmedik muskullar ulanmaly, iň bolmanda dört ball güýçli bolmaly. Muskullar (göçürilende) eplenmeli däldir, uçlary hökman süňkden geçirilen kanaljykda berkidilmeli.

**Aşaky ujaklaryň deformasiýasy.** Çüýjüklik (çatalba, çanak-lyk-but) bogunynda kontraktura we patologiki çykyk bolup bilýär. Deformasiýalaryň görnüşi haýsy muskullaryň şikes alanyna bag-ly. Köplenç gabat gelýän deformasiýa - buduň egilen we iç tarapa gyşaran kontrakturasy. Daş tarapa gyşaran kontraktura gaty seýrek duş gelýär. Bejergini hemişe konserwatiw usuldan başlamaly - etaplaýyn tredressasiýa, (gips daňysy bilen), bejergi beden terbiýesi, owkalama, ýyljak suw bilen. Operasiýa arkaly bejerilişi ýumşak dokumalardan başlamaly, onda bolmasa süňke geçmeli.

Ýumşak dokumalarda geçirilen operasiýadan soň 3-4 hepde, süňkde geçirilen amalyýetden soň 2-4 aýlap (näsagyň ýaşyna görä) gips daňysy bilen immobilizasiýa etmeli.

Patologiki çykyklarda - çykygy açyp ýerine salmaly we Wolýa-mi-nin amalyýetini geçirmeli.

Dyz bognunda köplenç egilen kontraktura bolýar. Konser-watiw bejergi-gips bilen tapgyrlaýyn redressasiýa, eger düzetmese, onda operasiýa edilýär. Dört kelleli muskulyň ysmazynda iki kelleli muskuly onuň ýerine geçirmeli (daş tarapdan) we ýarym siňir we näzik myşşany iç tarapdan dyzçanaga göçürmeli. Skeletde geçirilýän amalyýetler: Repke boýunça osteotomiýa, Wreden boýunça meta-plaziýa, soňra gips goýmaly. Gips daňysy aýrylandan soň bir ýyllap ortepediki apparatda gezmeli.

**Dabanyň ysmazyndaky deformasiýalar.** Dabanda dürli-dürli deformasiýa bolup bilýär - iç we daş tarapa gyşarmagy, aşak we ýokaryk egilmegi, olaryň kombinasiýasy. Operasiýalar - siňir - muskul apparatynda, ökje üstü sünk bilen ökje sünküniň arasynda artrodez, dabanyň sünkünde operasiýa.

Daban daş tarapa gyşaranda: öňdäki ýa-da yzdaky uly injik muskulany dabanyň daş gyrasyna geçirmek.

Daban daş tarapa gyşaranda: kiçi injik muskulyň uzynyny dabanyň iç tarapyna geçirmek, agyr ýagdaýlarynda ökje we ökje üsti sünkleriň arasynda artrodez geçirilýär. Dabanyň öň tarapy aşak egilende: ahilloplastika, Wreden boýunça tenodez.

Dabanyň öň tarapy ýokaryk egilende (ökje daban): a) ahil siňirini gysgaltmak; b) kiçi injik muskullaryň uzynyny we uly injik muskullaryň yzkysyny ökje sünküniň ösüntgisine geçirmek.

Paralitiki gyşyk daban (azyndan üç deformasiýa kombinasiýasy) 1) dabanyň iç tarapyna gyşarmagy, 2) dabanyň öň tarapynyň aşak egilmegi, 3) dabanyň daş tarapa towlanmagy - supinasiýa): Paralitiki gyýşyk daban deformasiýasynda opratiw bejerginiň meýilnamasy: ahill siňiriniň Zet - görnüşli uzaldylmagy, uly injik muskullaryň öňdäkisini ýa-da yzyndakysyny dabanyň daş tarapyna geçirmek. Ökje we ökje üsti süňkleriniň arasynda artrodez.

Gyýşyk dabanyň has agyr görnüşinde: ýaňky operasiýalardan başga Kuslik boýunça dabanyň orak şekilli rezeksiýasy ýerine ýetirilýär.

**Aýagyň keltelmegi.** Poliomielitden soň ysmaz bolan aýak adatça ösüşde beýleki aýakdan yza galýar (keltelýär), bu aýagyň funksiýasynyň we nerw-trofikasiýasynyň bozylmagy bilen bagly. Aýagyň deňlenişiniň usullary:

1. Ysmaz aýagynyň ösüş zolagyny güýçlendirmek.
2. Abat aýagynda epifizeodez amalyýeti.
3. Kelte aýagyny uzaltmak (Dedowanyň we Ilizarowyň usuly bilen)
4. Uzyn aýagyny kelteltmek.

**Ýokarky ujaklaryň (elleriň) deformasiýasy.** Köplenç çigin bogunyna şikes ýetýär. Delta görnüşli muskulyň ysmazynda - Peçýonkin boýunça plastika geçirilýär. Çigin bognunyň hemme muskuly ysmaz

bolanda; goşar bognunyň epilen kontrakturasynda – artrodez operasiýasy geçirilýär.

Poliomiýelitde öňüni alyş çäreleri uly orun tutýar. Häzirki döwürde çaganyň poliomielit bilen kesellemegi adatdan daşary wakadyr. Eger-de çaga kesellände, onda ortropediki deformasiýa ýüze çykaýsa, onda bejergini ilki konserwatiw usullardan başlamaly, soňra amalyýyetlere geçmeli. Ýene bir ýatda saklamaly zat-poliomýelit bilen kesellän çagalar köplenç tertipli bolýarlar, bejergä işjeň kömek berýärler, sähelçe ýagdaýy gowulansa - da şoňa begenýärler (Littliniň keseli bilen kesellän çagalardan tapawutlylykda).

## Merkezi nerw ulgamy bilen baglanyşykly ysmazlar

Bu ysmazlar dogabitdi, çaga dogýan wagtynda (çaga dogulmasy kyn bolanda), dogulanyndan soň, ýaşaýyş dowamynda dürli keselleriň we trawmalaryň netijesinde ýüze çykyp bilýär.

Bu ysmazlara mahsus keseliň biri Littlliň keseli, çaga dogýan wagtynda dörän ysmazlar. Bu keseli birinji gezek 1853-nji ýylda Littll ýazypdyr (aýtmaklaryna görä onuň özi hem şu keseliň ýeňilräk görnüşi bilen keselläpdir).

Çaga dogulanda onuň kellesiniň ululygy (razmeri) çanaklyk süňkleriniň çykalgasynyň ölçeginden uly bolsa, depe süňkleri bir-biriniň üstüne süýşýärler, şonda kelle beýni, onuň gabyklary, wena damarlary zeper alýar.

Patalogoanotamiki üýtgeşmeler: beýniniň atrofiýasy, defekti, gan öýen ýeriniň ýumşap zaýa bolmagy, kistanyň we gaty bölejikleriň emele gelmegi.

Akuşerçilik gysaçlar çaga dogulanda ulanylsa hem bu kesele getirip biler. Kesellän çagalaryň köpüsiniň wagtyndan öň dogulandygy hem anyklanypdyr.

Keseliň agyrlygy kelle beýnisiniň näçeräk bölegine şikes ýetenligine bagly. Agyrlygyna görä üç topara bölýärler: ýeňil, orta agyrlykdaky we has agyr derejesi. Ýeňil derejesinde çagalar özleri ýöräp bilýärler, öz-özüni oňarýarlar (iýmek –içmek, uly we kiçi meýdany), köpüsinde intelekti galan (kanagatlanarly) - adaty mekdepde okap bilýärler, zähmet endikleriniň käbirini başarýarlar.

Orta agyrlykdakylar-pişekleriň kömegi bilen hereket edip bilýärler, özüni oňarmasy kyn. Köplenç görüşiniň, eşidişiniň we intelektiniň kemçiligi bar. Bu çagalaryň köpüsi adaty mekdepde okap bilmeýärler, zähmete ukyby bolmaýar.

Bu keseliň agyr görnüşinde näsaglar özüni oňarmaýarlar, ýöräp bilmeýärler, köpüsiniň psihikasy, gepleýşi, görüşi, ýady bozulan.

Näsaglaryň özüne mahsus ýöreýsi bolýar: aýagynyň daraklygyna basýarlar (ökjesi ýere ýetenok) , dyzlarynda we çüýjüklikde egilen kontraktura. Aýaklary iç tarapa gyşaran we towlanan, dyzlary birbirine sürtelip, dabanlary çolaşyp durýar. Ýokarky ujaklary (elleri) bedene gysylyp durýar, tirsek we goşar bogunlarynda egilip durýar, barmaklary hem epilen kontraktura ýagdaýynda. Näsaglaryň umumy görnüşleri hem özboluşly: agzy hemişe açyk, gulagy akyp durýar. Has agyrlarynda - giperkinez, atetoz, kemakyllylyk.

**Bejerilişi.** Bu näsaglarda palliatiw bejergiler ulanylýar. Bejerginiň maksady: bogunlaryň kontrakturasyny aýyrmak, dartylyp duran myşsalary gowşatmak, näsaglaryň ýöräp bilmegini gazanmak. Öňüni alyş çäresi: Uly agramly çaga doganda operasiýa edip almaly.

**Konserwatiw bejerlişi:**

1. Bejergi bedenterbiýesi - dem alyşyny gowulandyrýar, gowşak myşsalary berkidýär, gaty gysylyp duran muskullary gowşadýar, ýöremegine komek edýär.

2. Gips daňysy bilen redressasiýa - kontrakturalary aýyrmaga kömek edýär, soň bolsa kontrakturalaryň gaýtalanmazlygyna ýardam berýär.

3. Ortopediki köwüş we apparatlar - näsagyň ýöremegine we kontrakturalaryň gaýtalanmazlygyna kömek berýär.

4. Derman bilen bejergi - beýleki agzalan bejergileriň netijeliligine kömek edýär. Muskullaryň tonusyny peseldýän dermanlar: glýutamin turşusy, dibazol, Witaminlerden B topar we E ulanylýar.

5. Fizioteropeftiki bejergi: Elektro bejergiler, suw bejergisi we nebitdakyl parafin ýapgylary.

**Operasiýa arkaly bejerilişi.** Operasiýa bejergi usullaryny 6 topara bölýärler: 1) kelle beýnisinde; 2) oňurga beýnisinde ýiliginde; 3) wegetatiw nerw ulgamynda; 4) periferiki nerw damarlarynda; 5) muskullarda we siňirlerde; 6) süňklerde we bogunlarda.

Birinji üçüsi häzirki wagtda köp ulanylmaýar peýdasynyň azlygy we operasiýalaryň agyrlygy sebäpli. Beýleki üçüsi bäş ýaşdan uly çagalarda ulanylýar.

**Aşaky ujaklarda ulanylýan operasiýalar.** Çüýjüklik bogunynda epilen we iç tarapa gyşaran kontrakturalarda: 1) arkanyň muskullaryny aşak (süýşürmek); 2) adduktorlaryň miýotomiýasy; 3) Ýapyjy nerwiniň öňki şahasynyň rezeksiýasy. Budyň patologiki çykygynda-çykygy açyk ýerine salmak.

Dyzlaryň epilen kontrakturasynda: 1) Eggersiň operasiýasy; 2) yzky injik myşsalarynyň (baldyr muskuly) but süňkine birikýän ýerini injige geçirmek.

Topugyň we dabanyň deformasiýasynda: 1) ahilloplastika; 2) Silwerşteýniň operasiýasy; 3) artrodez; 4) Ştoffel-II amalyýeti.

**Ýokarky ujaklardaky (eldäki) operasiýalar.** Eliň deformasiýalarynda operatiw bejerginiň mümkinçiligi az. Tirsek bognunyň epilen kontrakturasynda deri-muskul nerwiniň rezeksiýasy (Ştoffel -I). Goşaryň epilen kontrakturasynda-artrodez operasiýasy geçirilýär.

Bejergi başlanmaka näsagyň intelektiniň ýagdaýyny hasaba almaly (göz öňünde tutmaly). Agyr näsaglarda, intelekti saklanmadyk bolsa bejergi netije bermeýär.

Bejermegiň maksady diňe el-aýagyň gönüligini gazanmak däl-de, olaryň hyzmatynyny gowulandyrmak, ýöremegine, özüni oňarmagyna kömek etmek, ýönekeýje zähmet endiklerini öwretmek. Zähmete bolan endiklerini öwretmeklik diňe näsagy ýaşaýyş şertlerine uýgunlaşdyrman, eýsem bejergi netijesinde gazanylanlary berkitmek üçin gerek, sebäbi deformasiýalar residiw berýärler (gaýtalanýarlar).

## VIII bap

## DABANYŇ DEFORMASIÝALARY

Dabanlar adam üçin berk, durnukly hem-de maýyşgak daýanç synasy bolup hyzmat edýär. Şeýle ygtybarly organ bolany üçin adam arkaýyn ýöräp, ylgap, böküp, bilýär, umuman, durmuşdan doly lezzet alyp bilýär. Dabanlaryň deformasiýasy dörände işlemek, goşunda

gulluk etmek beýlede dursun, hatda adam üçin öz gününi görmek hem kyn bolýar.

Dabanyň ähli deformasiýalarynyň köp bölegini (61%-i) statiki deformasiýalar tutýar (injigiň, dabanyň süňkleri, muskullary, baglaýjylary gowşak bolup, adamyň agramyna çydamaýarlar). Adamyň oturyp ýa-da dik durup zähmet çekýänligine garamazdan dabanyň deformasiýalary deňiräk gabat gelýär, emma, şeýle bolsa-da, uzak wagtlap dik durup işleýän adamlarda dabanyň agyrysy iki esse köp bolýar.



**74-nji surat. Dabanyň deformasiýalarynyň görnüşleri:**
boş daban, ýasy daban, dabanyň içine gyşarmagy, dabanyň daşyna gyşarmagy, çekiç görnüşli barmak.

**Ýasy daban.** Bular iki hili bolýarlar: keseligine ýasy daban, hem-de dikligine ýasy daban. Dabanyň aşaky tarapy kadada tekiz bolman iki sany "gümmezi" bolýar-öň tarapda keseligine, ortada dikligine. Kese gümmez birinji daraklyk süňküniň kellejigi bilen bäşinji daraklyk süňküniň kellejigi aralykda ýerleşýär. Dikligine (gümmez) daraklyk süňkleriniň kellejikleri bilen ökzäniň aralygynda ýerleşýär. Eger-de kese (gümmez) kiçelen ýa-da tekizlenen bolsa, onda kese ýasy daban diýilýär. Çünki dikligine (gümmez) tekizlenen bolsa, onda dikligine ýasy daban diýilýär.

Kese ýasy daban bolanda dabanyň uzynlygy (başam barmagyň ujy bilen ökjäniň yz tarapy aralyk) kiçelýär, dikligine ýasy daban bolanda dabanyň uzynlygy artýar.

Ýasy dabanlylyk adamyň agramyna gös-göni baglydyr-adamyň öz agramy agyr boldygyça, ýasy dabanyň derejesi hem şonça artykdyr. Dikligine ýasy daban köplenç 16-25 ýaşda, kese ýasy daban bolsa esasan, 35-50 ýaşly zenanlarda köp duşýar.

Ýasy dabanlar etiologiýasy boýunça bäş görnüşe bölünýär:

- Dogabitdi ýasy daban adyndan belli boluşy ýaly, çaga dogulanda şu deformasiýa bilen dogýar. Emma, 5-6 ýaşa çenli anyklap bolmaýar, sebäbi şol ýaşa çenli çagalaryň hemmesinde-de ýasy dabanyň alamatlary bolup bilýär.

- Trawmatik ýasy daban-topuklaryň, ökje süňküniň, daraklyk süňkleriniň we dabanyň beýleki süňkleriniň döwülmegi netijesinde peýda bolýar.

- Ysmazlykdan galan ýasy daban (paralitiki) - injigiň, dabanyň myşsalary ysmazy netijesinde (poliomiýelitden soň) ýüze çykýar.

- Rahitiki ýasy daban iglän rahit geçiren çagalarda süňkler, baglaýjylar gowşak wagty ýöränlerinde emele gelýär.

- Statiki ýasy daban (iň köp duş gelýän - 80%) injigiň, dabanyň muskullarynyň, baglaýjylarynyň, süňküniň agramyna, uzak wagtlap aýak üstünde duranynda, ýöräninde döreýär.

Ýasy dabanyň diagnostikasy. Ýasy dabanyň agyr derejesini kesgitlemek aňsat-göreniňden bilse bolýar. Emma, ýeňiliräk derejelerini takyk biljek bolsaň ýörite usullara daýanmaly. Giň ýaýran usullaryň biri Fridlandyň usuly - podometriki indeksi hasaplamak. Onuň üçin şu formuladan peýdalanmaly:

$$\text{Dabanyň indekisi} = \frac{\text{Dabanyň uzynlygy ( l ) x 100}}{\text{Dabanyň beýikligi ( h )}}$$

Kadada - 31-29. 29-27-dabanyň gümmeziniň peselmegi.

Eger-de indeks 25-den aşak bolsa, onda ýasy dabanyň ýokary derejesi.

Plantografiýa-da ýasy dabanyň derejejsini bilmäge kömek edýär. Onda näsaglaryň aýagynyň aşagyna reňk çalyp, ak kagyzyň üstüne basdyrmaly.

Adam aýagyny basyp duran wagty gapdallaýyn alnan rentgenografiýa hem ýasy dabanyň derejesini bilmäge kömek berýär.

Statiki ýasy daban üçin aýagyň belli-belli ýerinde agyry mahsus: 1) dabanyň aşagynda, gümmeziň ortasynda, ökjäniň iç gyrasynda; 2) dabanyň arkasynda, onuň ortasynda, gaýyk şekilli süňk bilen pahna şekilli (ökje üsti) süňkleriň arasynda; 3) içki we daşky topuklaryň edil aşak ýanynda; 4) daraklyk süňkleriň kellejiginde, 5) injigiň muskullary; 6) dyz we çüýjüklik bogunlarynda; 7) butda ýasy fassiýa agram düşeni üçin; 8) bilde biliň lordozy artany üçin. Şol agyrylar agşama ýakyn, adam ýadanda artýar, agşam dynç alandan soň agyry aýrylýar.

Ýasy dabany şu kesellerden tapawutlandyrmaly: podagra, ahillobursit, rewmatizm, ökje süňküniň osteofiti, dabanyň inçekeseli, Kelleriň keseli, bil oňurgalaryň osteohondropatiýasy, işialgiýanyň berýän agyrylary.

**Öňüni alyş çäreleri.** Özüňe laýyk köwüş geýmeli. Köwşüň ökjesi 3-4 santimetrden beýik bolmaly däl. Eger-de günuzyn aýak üstünde işlemeli bolsa, onda işden soň aýagyňy ýyljak suwda 10-15 minut saklamaly, dabanyň gümmezini saklaýan muskullary owkalama etmeli. Wagtal-wagtal aýak ýalaňaç çägede, nätekiz ýerde ýöremeli. Köwşiň içine goýulýan ýörite petek-supinator hem ýasy dabanyň öňüni almaga kömek berýär.

**Bejergisi.** Ýasy dabanyň ýeňiliräk görnüşlerini bejermek üçin ýaňky sanalan bejeriş çäreleri ulanmak bolýar. Emma, agyr görnüşlerini, haçanda agyry güýçli bolsa, onda köplen operasiýa etmeli bolýar. Ýumşak dokumalarda geçirilýän amalyýet: kiçi injik muskulynyň uzynyny dabanyň iç gyrasyna geçirmek, ökje siňirini uzaltmak. Süňklerde geçirilýän operasiýalar: ýaňky operasiýalara goşmaça dabanyň ortasyndan pahna ýa-da orak görnüşli rezeksiýa edilýär. Soňra 4-5 hepde dogry ýagdaýda zylça sargysy goýulýar.

**Boş daban. Dabanyň ekskawasiýasy.** (Bu deformasiýada dabanyň aşagyndaky dik gümmezi beýgelýär, Etiologiýasy boýunça iki hili bolýar: dogabitdi we soň ýolugan-haýsy-da bolsa, bir keselden soň döreýär (poliomiýelit, merkezi nerw ulgamy bilen baglanyşykly ysmaz, Fordreýhiň keseli we ş.m.).

**Klinikasy.** Boş daban (dabanyň ekskawasiýasy) diýilýän deformasiýanyň daşky görnüşi şeýleräk: dabanyň öň bölegi aşakda, ökjesi ýokarda (ökjesi ýere ýetmeýär); dabanyň dikligine gümmezi

gereginden (bolmalysyndan) beýik, daban asty aponewroz ýaýyň kirşi ýaly dartylyp dur, dabanyň barmaklary çekiçi ýada salýar; daraklyk süňkleriniň kellejiginiň aşagynda deri ýarsan, galňan görnüşde (natoptyş). Näsaglar daraklyk süňkleriniň kellejiginiň aşagyndaky agyra, hem-de özlerine laýyk köwüş saýlap bilmeýändiklerine arz edýärler.

**Bejerilişi.** Ýeňilräk görnüşlerinde bejeriş gimnastikasy, ýörite owkalama, fizioterapiýa, korrigirleýji (protez zawodynda ýörite tikdirilýär) köwüş. Agyrrrak görnüşlerinde operasiýa edilýär: daban asty aponewroz kesilýär, dabanyň orta böleginde pahna ýa-da orak görnüşli rezeksiýa, uç bogunda artrodez (ökje üsti bogun, ökje süňki bilen kub görnüşli süňkleriň arasyndaky bogun, ökje üsti süňk bilen gaýyk şekilli süňkleriň arasyndaky bogun). Operasiýadan soň 2,5-3 aý gips daňysy goýulýar.

## Dabanyň birinji barmagynyň daş tarapa gyşarmagy (Hallux valgus)

Bu deformasiýada kese ýasy daban bilen bit hatarda birinji barmagyň (başam barmagyň) daş tarapa gyşarmagy bolýar. Esasan, zenanlarda 35-40 ýaşdan soň köp gabat gelýär.

Bu deformasiýanyň ýüze çykmagyna daban asty aponewrozyň, dabanyň muskullarynyň we baglaýjylarynyň gowşaklygy sebäp bolýar. Deformasiýanyň nesil yzarlaýandygy hem takyklandy. Burny darajyk, ökjesi beýik köwüş geýilmegi deformasiýanyň basym ýüze çykmagyna getirýär.

**Klinikasy.** Başam barmak daş tarapa gyşaryp durýar. Birinji daraklyk süňküniň kellejiginiň töwereginde agyry, çiş, bursit bar. Näsaglar gowy köwüş geýip bilmeýändigine, diňe ýumşak şypbyk bilen oňuşyk edýändiklerine arz edýärler.

**Bejerilişi.** Konserwatiw we operasiýa usullary bar.

Konserwatiw bejergi: owkalama, bejeriş gimnastikasy, ýyljak suwda 15-20 minut saklamaly, fizio-bejergiler, ortopediki köwüş geýmek. Deformasiýanyň ýeňil derejesinde şu bejergi agyrynyň azalmagyna kömek edýär.

Deformasiýanyň agyr görnüşinde diňe operatiw bejergi kömek edýär. Operasiýa bejerginiň häzire çenli 150-ä golaý görnüşi bar diýip hasaplanýar. Bu bolsa deformasiýanyň ýeke-täk iň ygtybarly operatiw bejergisiniň ýokdygyny aňladýar. Trawmatologiýa we ortopediýa hassahanalarda soňky döwürde Şede we Rewerdeniň operatiw usullary ulanylýar.

Operasiýa usuly: 1) Birinji daraklyk süňküniň kellejiginiň ekzostozyny aýyrmak (Şede boýunça). 2) Birinji daraklyk süňküniň distal metafiziniň pahna görnüşli rezeksiýasy (Rewerden-boýunça). 3) iki sany kesişýän çişiň kömegi bilen birinji daraklyk süňküniň bölekleriniň osteosintezi.

Köp operasiýalaryň kemçiligi-deformasiýa gaýtalanýar. Şu agzalan usul bilen bejerilende keseliň gaýtalanmasy az gabat gelýär.

## Ökje süňküniň osteofiti

Bu keselde ökje süňküniň aşagyndan osteofit (süňk ösüntgisi) döreýär. Näsaglar ökjesinde ýiti agyry duýýarlar, we (edil ökjä çüý çümýän ýaly) diýip arz edýärler. Gapdaldan alnan rentgen barlagynda ökje süňkünden aşak çykyp duran osteofiti görmek bolýar.

**Bejerilişi.** Ilki konserwatiw bejergi ulanylýar: ýyljak suwda aýagy saklamak (15-20 minut), parafin ýa-da ozokerit aplikasiýasy, nowokain gabawy, ultrases, UWÇ, ortopediki köwüş geýmek. Rentgenoterapiýa hem ulanylýar (75 rentgen 3-4 günden 4-5 gezek).

Eger konserwatiw bejergi kömek bermese amalyýet edilýär - osteofit töwereginiň bursiti bilen aýrylýar we 2-3 hepdelik gips longetasy goýulýar.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy.Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2010.
5. *Abu Ali Ibn Sina.* Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. I-V tom.Aşgabat, 2004.
6. *Muhammet Gaýmaz Türkmen.* Pygamber tebipçiligi. Aşgabat, 2005.
7. *Seýit Ysmaýyl Jürjany*. Tebipçiligiň ýan kitaby – Aşgabat. 1996.
8. *Анкин. Л.Н.* Повреждение таза и переломы вертлужной впадины. Киев, 2007.
9. *Ашкенази А.И.* Хирургия кистового сустава. –М, Медицина, 1990.
10. *Волков М.В., Дедова В.Д.*, Детская ортопедия – М., Медицина, 1980.
11. *Волков М.В., Тер - Егизаров Г.М.,* Стружина В.Т. Ошибки и осложнения при лечении переломов длинных трубчатых костей у детей-М., Медицина, 1983.
12. *Гранди.Д.* Травма спинного мозга. 2004.
13. *Демьянов.В.М.* Место остеосинтеза компрессионно-дистракционными аппаратами в системе лечения диафизарных переломов длинных трубчатых костей/ортопед.травматол. 1986, N2. С. 6-11.
14. *Илизаров Г.А.,* Основные принципы чрескостного компрессионного и дистракционного остеосинтеза /Ортопедия и травматология/. 1971, N11. С.7-15.
15. *Илизаров Г.А., Швед С.И., Щигарев В.М.,* Стороженко. Чрескостный остеосинтез при лечении множественных и сочетанных повреждений /Ортопедия и травматология/. 1983. N1. С.1-4.
16. *Каплан А.В.* Повреждение костей и суставов. М., Медицина, 1974.
17. *Каплан А.В.* Травматология пожилого возраста - М., Медицина, 1977.
18. *Клюквин.И.Ю* Травмы кисти. Москва. 2009.

19. *Ключевский В.В.* Демпферированное скелетное вытяжение. Ярославль В-Волж. кн. издат, 1982, 207 с.
20. *Корж.А.А., Бредников.В.А.* Ампутация конечностей и экспрес протезирования –Киев. Здоровья, 1977.
21. *Котельников Г.П.* Закрытые травмы конечностей. Москва, 2008.
22. *Краснов А.Ф., Аршин В.М., Цейтмин М.Д.* Справочник по травматологии .М., Медицина, 1984.
23. *Лебедев В.В., Охотский В.П., Каншин Н.Н.* Неотложная помощь при сочетанных травматологических повреждениях. М. Медицина, 1980.
24. *Меньшикова И.В.* Боль в области коленного и плечевого суставов. Москва, 2007.
25. *Меньшикова. А.В.* Регенерация тканей при удлинении конечностей. Москва, 2008.
26. *Миронов С.П., Котельников Г.П.* Ортопедия. Москва, 2008.
27. *Миронов С.П., Котельников Г.П.* Травмотология. Москва, 2008.
28. *Мовшович И.А.* Оперативная ортопедия. М.,Медицина. 1983.
29. Ортопедия и травматология детского возраста/под.ред. Волкова. М.В. и Г.М.Тер-Егизарова. М., Медицина.
30. *Пожарский В.Ф.* Политравмы опорно-двигательной системы и их лечение на этапах медицинской эвакуации М., Медицина, 1989.
31. *Ревенко Т.А., Ефимов И.С.* Сочетанные повреждения грудной клетки и опорно-двигательного аппарата, Киев. Здоровья. 1980.
32. *Рожинский М.М.Жижин В.Н., Котковский Г.Б.* Основы травматологической реанимации. М.Медицина. 1979.
33. *Скалетта Т.* Неотложная травматология. Москва, 2006.
34. *Трубников В.Ф.* Заболевания и повреждения опорно-двигательного аппарата. Киев, Здоровья. 1984.
35. Улы русча-туркменче сöзлüк. – М. (Русский язык), 1987. 1-2 том.
36. *Худайбердиев. Ж.* Анатомия терминлеринин, латынча-русча-түркменче сөзлүги. Ашгабат. 1974.
37. *Чаклин.В.Д.* Основы оперативной ортопедии и травматологии. М., Медицина. 1964.
38. *Шапошников Ю.Г.* Травматология и ортопедия. Москва: Медицина, 1997.
39. *Юмашев Г.С.* Травматология ортопедия. М., Медицина. 1983.
40. *Языков Д.К.* Дифференциальная диагностика в травматолгии и ортопедии. М., Медгиз. 1963.

# MAZMUNY

Sözbaşy ..............................................................................7

**I bölüm. UMUMY TRAWMATOLOGIÝA WE ORTOPEDIÝA**
I bap. Trawmatologiýa we ortopediýa ylmynyň taryhy ..............................9
II bap. Trawma, trawmatizm we onuň görnüşleri ....................................16
III bap. Şikeslenme we zeperlenme ýeten näsaglary barlamaklygyň aýratynlyklary we usullary ......................................................................19
IV bap. Trawmatologiýa we ortopediýada bejerlişiň esasy usullary ..........................................................................................29
V bap. Süňk dokumasynyň regenerasiýasy we süňk döwükleriniň bitmegi .......................................................................................48
VI bap. Ýumşak dokumalaryň ýapyk zeperlenmeleri ...............................56
VII bap. Çykyklar .................................................................................67
VIII bap. Trawmatologiýa we ortopediýada protezleriň, ortopediki apparatlaryň ulanylşy ..........................................................................85
IX bap. Trawmatologiýa we ortopediýada näsaglarda geçirilýän reabilitasiýa hem dikeldiş bejergi çäreleri ..............................88

**II bölüm. TRAWMATOLOGIÝA**
I bap. Egniň süňkleriniň zeperlenmeleri ..................................................96
II bap. Çigniň zeperlenmeleri ..............................................................100
III bap. Goluň süňkleriniň zeperlenmeleri ..............................................122
IVbap. Penje süňkleriniň zeperlenmeleri ...............................................134
V bap. But süňküniň zeperlenmeleri ....................................................142
VI bap. Dyz bognunyň zeperlenmeleri ..................................................168
VII bap. Injigiň zeperlenmeleri ..............................................................192
VIII bap. Daban süňkleriň zeperlenmeleri ..............................................200
IX bap. Oňurganyň zeperlenmeleri .......................................................206
X bap. Çanaklyk süňkleriniň zeperlenmeleri .........................................210
XI bap. Süňk şikeslerinde gabat gelýän çylşyrymlaşmalar we bejerşi döwründe goýberilýän ýalňyşlyklar ...........................................217

**III bölüm. ORTOPEDIÝA**

I bap. Süňk skeletiniň nesilden geçýän keselleri ....................................228
II bap. Ujaklaryň doga kemligi ..................................................................231
III bap. Boýnuň, egniň we döş kapasasynyň deformasiýalary ................234
VI bap. Adamyň kaddynyň näsazlygy ......................................................240
V bap. Bogunlaryň artrozy .......................................................................252
VI bap. Osteohondropatiýalar ....................................................................258
VII bap. Ysmaz deformasiýalary ..............................................................263
VIII bap. Dabanyň deformasiýalary .........................................................270
Peýdalanylan edebiýatlar.............................................................................276

*Nyýazmyrat Batyrow, Bäşim Soltanow, Amanmuhammet Gurbanow, Akmuhammet Gurbanmämmedow, Rejep Poladow, Kakajan Taňryberdiýew, Orazsoltan Atadurdyýewa*

# TRAWMATOLOGIYA WE ORTOPEDIÝA

Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Akmyradow* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Çaryýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 01.07.2011. Möçberi 60x90 1/16. Ofset kagyzy. Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 17,5. Şertli reňkli ottiski 70,38. Hasap-neşir listi 16,9. Çap listi 17,5 . Sargyt 260. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.